**Ö.B. Muhammetberdiýew, N. Suwhanow**

# FILOSOFIÝA

Ýokary okuw mekdepleri üçin synag okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi*
*tarapyndan hödürlenildi*

**Aşgabat**
**“Ylym” neşirýaty**
**2011**

UOK 1/14:378
M 82

**Muhammetberdiýew Ö.B., Suwhanow N.**
M82 **Filosofiýa.** Ýokary okuw mekdepleri üçin synag okuw kitaby. – A.: “Ylym” neşirýaty, 2011.– 272 sah.

Kitapda filosofiýanyň esasy ugurlary bolan ontologiýanyň, gnoseologiýanyň, filosofik antropologiýanyň we sosial filosofiýanyň baş düşünjeleri, filosofiýanyň ösüş taryhyna degişli maglumatlar giňişleýin beýan edilýär.

Okuw kitaby jemi 11 baby özünde jemleýän 3 bölümden ybarat bolup, ol iki awtor – sosiologiýa ylymlarynyň doktory, professor Ö.B.Muhammetberdiýew we taryh ylymlarynyň kandidaty, dosent N.Suwhanow tarapyndan filisofiýa dersiniň okuw maksatnamasy esasynda ýazyldy.

Okuw kitabynyň sahypalaryndaky suratlar we çyzgylar, şeýle hem sahypalaýyn salgylar kitapda beýan edilýän maglumatlaryň okyjylar tarapyndan kabul edilişini ýeňilleşdirmek maksady bilen girizildi.

Kitap ýokary we orta hünär okuw mekdepleriniň talyplary, aspirantlar we dalaşgärler, umuman, filosofiýa bilen gyzyklanýan okyjylar köpçüligi üçin niýetlenilýär.

TDKP № 321 KBK 87 ýa 73

© Ö.B.Muhammetberdiýew, N. Suwhanow, 2011.
© “Ylym” neşirýaty, 2011.




TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

## TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama*:
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

## SÖZBAŞY

Täze Galkynyş we beýik özgertmeler eýýamynda Türkmenistanyň jemgyýetçilik durmuşynda bolup geçýän özgerişlikleriň sany sanardan köp. **Türkmenistanyň Prezidenti Hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň** alyp barýan parasatly we öňdengörüjilikli syýasaty netijesinde milli bilim ulgamynda häzirki döwrüň talaplaryna we bütindünýä siwilizasiýasynyň "çagyryşlaryna" laýyk gelýän düýpli reformalar we öwrülişikler amala aşyrylýar.

Geçirilýän reformalaryň netijesinde ýurduň ýokary bilim ulgamynda okuw-bilim işleriniň ýola goýluşy hem düýpgöter üýtgäp, ol işleriň derejesi öňdebaryjy halkara ülňülerine golaýlaşýar.

Bilim ulgamynda geçirilýän reformalaryň çäginde 2008-2009-njy okuw ýylyndan başlap ýurduň ýokary okuw mekdepleriniň okuw meýilnamalaryna filosofiýa, sosiologiýa, syýasaty öwreniş we ykdysady teoriýa ýaly dersler girizildi. Dünýäniň ýokary okuw mekdeplerinde ir döwürlerden bäri öwrenilip gelinýän bu dersleriň Türkmenistanyň ýokary okuw mekdeplerinde hem okadylmagynyň olarda hünärmenleriň taýýarlanylyşynyň derejesiniň halkara ülňülerine laýyk getirilmeginiň gazanylmagyny üpjün etmek bilen birlikde okuw-terbiýeçilik işleriniň hiliniň ýokarlanmagyna hem ýardam etjekligi ikuçsuzdyr.

Terbiýeçilik babatynda has wajyp we aýratyn ähmiýetli orun filosofiýa okuw dersine degişlidir. Sebäbi filosofiýa, köplenç, ylym hökmünde kabul edilmän, oňa tebigaty boýunça dine, edebiýata, sungata golaý dünýägaraýyş diýlip düşünilýär. Filosofiýa pikirlenmäni, has dogrusy, dünýäniň gurluşy, adamyň dünýädäki orny, ömrüniň manysy, jemgyýet bilen tebigatyň gatnaşygy ýaly onlarça umumy meseleler dogrusynda özbaşdak pikir öwürmäni öwredýän, giň we çuňňur dünýägaraýşy, islendik meselä akylly-başly, ylmy nukdaýnazardan çemeleşmek ukybyny we başarnygy terbiýeleýän taglymatdyr.

Eliňizdäki okuw kitaby filosofiýa dersiniň Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan 2008-nji ýylda tassyklanylyp, ýokary okuw mekdeplerine hödürlenilen mysaly okuw maksatnamasy esasynda taýýarlanyldy. Okuw kitaby taýýarlanylanda, filosofiýa dersiniň dünýäniň ýokary okuw mekdeplerinde häzirki döwürde okadylyşynyň öňdebaryjy halkara tejribesi göz öňünde tutuldy.

Kitapda filosofiýanyň esasy ugurlary bolan ontologiýa, gnoseologiýa, antropologiýa we sosial filosofiýa hakynda, filosofiýanyň esasy kategoriýalary we düşünjeleri hakynda, filosofiýanyň ösüşiniň taryhy we dürli filosofik taglymatlar barada logiki yzygiderlilikde gürrüň berilýär.

Filosofiýanyň özleşdirilmesi aňsat bolmadyk dersdigi nazara alnyp, onuň diliniň sadadan düşnükli bolmaklygyna çalşyldy, käbir çylşyrymly hasaplanylýan kategoriýalaryň has düşnükli bolmagyny gazanmak maksady bilen, olar diňe söz arkaly beýan edilmän, eýsem degişli çyzgylaryň we şekilleriň üsti bilen hem suratlandyryldy. Ol ýa-da beýleki bir kategoriýalaryň has düşnükli bolmagy üçin dürli mysallar ulanyldy. Olaryň esasy böleginiň milli öwüşginde berilmekligine çalşylyp, türkmen halkynyň durmuş tejribesine degişli mysallara we milli pähimlere salgylanyldy.

Bu kitap filosofiýa dersi boýunça ýurt Garaşsyzlygy ýyllarynda türkmen dilinde taýýarlanylan ilkinji okuw kitaplarynyň biridir. Ol Türkmenistanyň ýokary okuw mekdeplerinde sowet döwründe ulanylan okuw kitaplaryndan we gollanmalaryndan diňe bir mazmuny boýunça düýpgöter tapawutlanman, eýsem belli bir derejede dili boýunça hem tapawutlydyr.

Kitabyň ýene bir aýratynlygynyň bardygyny ýörite nygtamak isleýäris. Bu aýratynlyk kitapda dürli filosofik taglymatlaryň (esasan, materialistik we idealistik taglymatlar barada aýdylanda) deň derejede, ýagny olaryň hiç birini-de çürt-kesik ykrar etmezlik şertinde berlenligi bilen baglanyşyklydyr. Şeýle çemeleşişiň saýlanylyp alynmagy ýöne ýerden däl. Bu ýerde taglymatlaryň haýsysyna gol ýapmak isleýändiklerini “goý, okyjylaryň özleri kesgitlesin” diýlen ýörelgeden ugur alyndy.

Ilkinji synanyşyklygy üçin okuw kitabynyň käbir ownuk-uşak säwliklerden halas däldigi tebigydyr. Emma muňa garamazdan, kitap okyjylara filosofiýanyň jümmüşine aralaşmaklyga mümkinçilik berer diýlip tama edilýär.

# I bölum

# UMUMY FILOSOFIÝA

## Birinji bap
## Filosofiýa giriş

Filosofiýa – paýhasa söýgi. Filosofiýanyň predmeti. Filosofiýa we dünýägaraýyş. Filosofiýa dünýägaraýşyň teoretiki özeni hökmünde. Filosofiýada dünýägaraýşyň sistemalaýynlygy. Dünýägaraýşyň düzüminde ynançlaryň we ideallaryň orny. Filosofiýanyň meseleleri. Filosofiýanyň esasy meselesi we onuň iki tarapy. Filosoflaryň we filosofik taglymatlaryň dürli toparlary we görnüşleri. Filosofiýa usulyýet hökmünde. Filosofiýanyň esasy funksiýalary. “Filosofiýa” kursunyň ýokary okuw mekdeplerinde öwrenilmeginiň ähmiýeti. “Filosofiýa” kursunyň beýleki okuw dersleri bilen arabaglanyşygy.

### 1.1. Filosofiýa – paýhasa söýgi

“Filosofiýa” diýen söz iki sany gadymy grek (ýunan) sözünden, ýagny *“pfileo”* (sarpa, söýgi, hormat) we *“sopfio”* (paýhas, akyl, bilim) sözlerinden gelip çykýar. Bu sözi dolanyşyga ilkinji bolup girizen Gadymy Gresiýanyň beýik akyldary **Pifagor** hasaplanylýar. Onuň bilen baglanyşykly hekaýatlaryň birinde şeýle gürrüň berilýär: Pifagora okuwçylarynyň biri “Eý, akyldar!” (“O, sophicos!”) diýip ýüzlenipdir. Ol şonda okuwçysyna: “Ýok, men akyldar däl, men diňe akyla, paýhasa sarpa goýýan adam. Ähli zada diňe hudaýlar akyl ýetirip bilýär. Men bolsa diňe akyl ýetirmäge çalyşýanlaryň biri – ýönekeý filosof” diýip, jogap beripdir.


**Pifagor**

Umuman, paýhaslylyk ýa-da akyldarlyk nämäni aňladýar? Köp zady bilýän

adama akylly diýip bolarmy? Akyllylyk, paýhaslylyk diňe bilinýän zatlaryň köplügi bilen ölçenilmeýärmi? Bu sowallara jogap bermezden ötri, olar bilen baglanyşykly gadymdan belli iki sany hekaýata ýüzleneliň.

Gadymy Gresiýada **Sokrat** atly bir akyldar ýaşap geçipdir. Bir gezek adamlar Delfa şäherindäki Apollonyň ybadathanasynyň Orakulyndan (palçysyndan) “ellinleriň içinde iň akylly adam kim?” diýip soranlarynda, elmydama üzlem-saplamrak jogap berýän Orakul, “Şeýle adam – Sokrat” diýip, kesgitli jogap beripdir. Adamlar ylgaşyp, Sokratyň ýanyna gelipdirler-de, oňa Orakulyň jogabyny ýetiripdirler. Sokrat bolsa, egnini gysyp: “Men diňe özümiň hiç zat bilmeýänligimi bilýärin” diýipdir. Az salym dymyp durandan soň bolsa: “Ýöne welin, menden başgalar meniň bilýänlerimi hem bilmeýärler” diýip, jogap beripdir[1].

Gadymy Gresiýada ýaşap geçen akyldarlaryň ýene birine **Diogen**[2] ýa-da Sinopa şäherinde doglanlygy üçin oňa sinopaly Diogen hem diýýärler. Ol filosofiýada ***kinikler*** (*itler* manysynda) toparyny esaslandyryjy we ***asketizmi*** (dünýäniň lezzetlerinden daşda durmak) wagyz eden filosof hasaplanylýar. Diogeniň “dabarasy dag aşan” filosoflaryň biri bolanlygy üçin bir gezek onuň ýanyna imperator **Aleksandr Makedonskiý** hem gelipdir. Ol onuň akyl-paýhasyna haýran galyp: “Men beýik Aleksandr. Men seniň islendik haýyşyňy ýerine ýetirmäge taýýar. Islän zadyňy menden haýyş edip bilersiň” diýenmiş. Diogen bolsa oňa ýatan ýerinden: “Ýekeje haýyşym bar. Kyn görme-de, biraz beýleräk süýş, seniň kölegäň maňa öz şöhlesini eçilýän Günüň öňüni ýapýar” diýip, jogap gaýtarypdyr. Şonda Aleksandr: “Eger-de men Aleksandr bolmadyk bolsam, onda Diogen bolmaga çalşardym” diýipdir.

Başga bir gezek bolsa Diogeniň ýanyna onuň dostlarynyň biri gelip: “Gulak goý maňa, Diogen! Eger-de sen biziň hemmämizden

[1] ***Bellik.*** Bu rowaýat käbir çeşmelerde gadymy grek filosofiýasynda “ýedi akyldarlar” toparynyň wekili Fales bilen hem baglanyşdyrylýar. (Ö.M.)

[2] ***Diogen*** **(takmynan, b.e.öň 400-325-nji ýyllar)** – gadymy grek filosofy, kinikler filosofiýasynyň wekili. Onuň garaýşyna görä, ahlak azatlygy isleglerden dynmaklykdan başlanýar.

akylly bolýan bolsaň, onda näme üçin sen hemmelerden kän sorag berýärsiň?" diýenmiş. Diogen birbada jogap bermän, eline bir çöpjagaz alypdyr-da, çägäni tekizläp, ilki kiçijik tegelegiň, soňra bosa, onuň daşyndan has uly tegelegiň şekilini çyzypdyr. Kiçi tegelegi görkezip: "Ynha, bu siziň bilýän zatlaryňyzyň çägi", uly tegelegi görkezip bolsa: "Ynha, bu bolsa meniň bilýän zatlarymyň çägi. Indi bolsa haýsymyzyň bilimlerimiziň çägi näbellilik bilen köp derejede serhetleşýänligini deňeşdirip gör. Meniň köp sorag berýänligimiň sebäbi, size görä köpräk bilýänligimde we näçe köp bildigimçe, şonça-da maňa entek nämälim bolan zatlaryň köplügine göz ýetirýänligimde" diýip, jogap beripdir. Hakykatdan-da, biz näçe köp bildigimizçe, şonça-da, özümiziň aklymyzyň entek juda darlygyna, örän köp zatlardan bihabardygymyza göz ýetirýäris.

Köp bilmek üçin adama ýiti zehin-de, gowy ýat-da, bilimleri ele almaklyga bolan hyjuwdyr ymtylyş-da, erjellikdir başarnyk-da zerur. Emma adamyň akyl derejesi onuň köp bilýänligi bilen hem kesgitlenilmeýär. Ol, esasan, beýnä ornaşdyrylan düşünjelerdir bilimleriň we dürli maglumatlaryň beýniniň içinde belli bir tertipde ýerleşdirilişine bagly. Has düşnükli dilde aýtsak, köp zatlardan degişli bilimleri bolan adamyň beýnisini içi dürli hili zatdan doldurylan sandyk hökmünde göz öňüne getirmek mümkin. Eger-de onuň içindäki zatlar çem gelen ýere dykylyp, bitertip ýerleşdirilen bolsa, onda ol adam her gezek özüne gerek zady tapjak bolanynda, örän köp sermenmeli bolar. Eger-de onuň içindäki zatlar belli bir tertipde ýerleşdirilen bolsa welin, onda ol özüne gerek zady badabat tapybam biler, ulanybam. Diýmek, adamyň akyl derejesi onuň bilýän zatlarynyň köplügine we olaryň (bilimleriň) belli bir tertipde gurnalyşyna laýyklykda kesgitlenilýär.

## 1.2. Filosofiýanyň predmeti

Ylmyň predmeti diýlip, esasan, onuň öwrenýän meselelerine düşünilýär. Filosofiýa babatynda aýdylanda, onuň esasy öwrenýän meseleleri şu aşakdakylardan ybaratdyr:

**1. Barlygyň iň umumy meseleleri.** Bu ýerde biz entek “barlyk” diýen düşünjäniň manysyny doly açmakdan saklanyp, diňe onuň uniwersallaýyn (köptaraply) häsiýetdeligini belläp geçmek bilen çäklenmek isleýäris. Filosofiýanyň barlyk hakyndaky taglymatyna **ontologiýa** diýilýär.

**2. Dünýä akyl ýetirilişiniň has umumy meseleleri**, ýagny dünýä akyl ýetirmek mümkinmi, eger-de mümkin bolsa, onda onuň çägi barmy, akyl ýetirmäniň maksady nämeden ybarat we onuň usullary, hakykat näme, akyl ýetirmäniň subýekti we obýekti ýaly meseleler. Filosofiýanyň dünýä akyl ýetiriliş bilen baglanyşykly taglymatyna **gnoseologiýa** diýilýär.

**3. Jemgyýetiň hereket edişiniň we ösüşiniň umumy meseleleri.** Bu meseleler belli bir derejede barlyk hakyndaky taglymata hem girýär. Emma hut jemgyýetiň şahsyýetiň ösüşine we adamlaryň sosial sypatlarynyň kemala gelmegine täsir edýänligi üçin bu meselelere filosofiýada aýratyn bölüm berilýär. Filosofiýanyň jemgyýeti öwrenýän bölümine **sosial filosofiýa** diýilýär.

4. **Adam meselesi.** Bu bölüm hem filosofiýada aýratyn ähmiýetli bölümleriň biridir. Sebäbi aslynda filosofiki pikir ýöretmäniň hem düýp mazmuny, hakyky manysynda alnanda, adamyň dünýädäki orny bilen baglanyşyklydyr. Filosofiýanyň adamy öwrenýän bölümine **filosofiki antropologiýa** diýilýär.

Jemläp aýtsak, *filosofiýa – bu barlygyň, dünýä akyl ýetirmäniň, adamyň dünýädäki ornunyň, jemgyýetiň ösüşiniň, jemgyýet bilen şahsyýetiň arasyndaky gatnaşygynyň umumy meseleleri hakyndaky taglymatdyr*. Emma bu kesgitleme filosofiýanyň manysyny doly derejede açyp görkezmekden ejizdir. Biz onuň doly manysyny bu dersiň öwrenilmeginiň dowamynda geçiljek sapaklarda açyp görkezmeklige synanyşarys. Häzirlikçe esasy bellemeli zat, ol hem filosofiýanyň kanunlarynyň, kategoriýalarynyň we ýörelgeleriniň ählumumy häsiýete eýe bolup, olaryň ähli ylymlar üçin binýatlaýynlygydyr. Sebäbi filosofiýa dünýäniň, barlygyň, tebigatyň, adamyň, dünýä akyl ýetirilişiniň meselelerini has umumy görnüşde öwrenýän ylymdyr. Şeýle umumylyk ony belli bir derejede abstraktlaşdyrýan-da bolsa, adamzat jemgyýetiniň ösüşini filosofiýasyz göz öňüne getirmek kyn.

Filosofiýanyň uzyn taryhy bar. Biz filosofiýanyň taryhy barada, tanymal filosoflar hakynda dersiň ontologiýa, gnoseologiýa, antropologiýa we sosial filosofiýa ýaly bölümlerinde hem belli bir derejede durup geçeris. Emma onuň geçmiş taryhy we häzirkizaman ugurlary barada dersiň soňunda aýratynlykda has giňişleýin hem gürrüň ederis.

### 1.3. Filosofiýa we dünýägaraýyş

Islendik filosofiýa özboluşly dünýägaraýyşdyr, dünýä baradaky we onda adamyň orny dogrusyndaky garaýyşlaryň köplügidir. Emma beýle diýildigi islendik dünýägaraýşyň filosofiýadygyny aňlatmaýar. ***"Dünýägaraýyş"*** diýen düşünje ***"filosofiýa"*** diýen düşünjä görä has giňdir. Mysal üçin, biz haçan-da "miwe" diýenimizde diňe alma miwesini göz öňüne getirmän, eýsem armydy, şetdalyny, erigi, garalyny we ş.m. beýleki miweleri hem göz öňüne getirip bilşimiz ýaly, "dünýägaraýyş" diýen düşünjäni hem biz diňe filosofiýa bilen baglap bilmeris. Dünýägaraýşyň *mifologiki dünýägaraýyş, dini dünýägaraýyş* we *çeper dünýägaraýyş* ýaly görnüşleri hem bar.

Dünýägaraýyşlaryň köpdürlüligi biz gurşap alýan (görüp bilýän, duýup bilýän, syzyp bilýän) hakykatymyzyň dürli hili şöhlelenişi bilen baglanyşyklydyr. ***Filosofiýa hem dünýägaraýşyň aýratyn bir görnüşidir. Ýöne onda hakykatyň şöhlelenilişi beýleki dünýägaraýyşlardan tapawutlydyr.*** Şöhlelenmäniň has sada görnüşi duýgularyň derejesinde ýüze çykýar. Şöhlelenmäniň bu derejesi entek dünýägaraýyş bolman, diňe ***dünýäni duýuş*** ýa-da ***dünýä nazar salyş*** şeklindedir. Şöhlenmäniň bu derejesinde barlygyň, dünýädäki hadysalaryň düýp mazmuny däl-de, olaryň diňe käbir daşky sypatlary göze ilýär, duýulýar. Şöhlelenmäniň biraz çuňrak derejesi ***dünýäni aňşyrmak*** we ***dünýäni göz öňüne getirmek*** görnüşlerinde ýüze çykýär. Bu derejedäki şöhlelenmelerde eýýäm hadysalaryň özara baglanyşygy, olaryň meňzeş we tapawutly taraplary seljerilýär. Emma şöhlelenmäniň bu derejesi hem doly manysyndaky dünýägaraýyş däldir. Sebäbi bularda hem şöhlelenme, *rasionallaýyn* (bilime, ylma esaslanan) häsiýetde däl-de, esasan, duýgulaýyn derejede (duýgularyň esasyndaky tejribä daýanýan görnüşde) ýüze çykýar. Dünýägaraýyş, haçan-da ol şöhlelenme hakykatyň aňda şöhlelenýän tarapyna degişli

anyk we takyk düşünjeleriň üsti bilen bolup geçen ýagdaýynda emele gelip başlaýar. Biz daşymyzda bolup geçýän hadysalaryň we prosesleriň düýbünde ýatan sebäpleri we olaryň nämeler esasynda bolup geçýänligini diňe degişli düşünjeler bilen düşündirip bilýäris. Düşünjeler arkaly emele gelýän şöhlelenme şöhlelenmäniň iň çuňlaýyn görnüşlidir. Bu derejedäki dünýägaraýşa eýýäm ***dünýä düşünmek*** diýip at bermek mümkin. Bu derejedäki dünýägaraýyş özünde abstraktlaýyn pikirlenmäni we ylmy akyl ýetirmäniň gazananlaryny jemleýär. Şol sebäpli-de, ol dünýägaraýşyň iň ýokary derejesidir. Filosofiýa dünýägaraýşyň hut şu derejesine laýyk gelýän görnüşidir, ýagny onuň ***teoretiki taýdan rejelenilen, sistemalaýyn*** görnüşidir.

Dünýagaraýşyň düzümi barada aýdylanda, ilki bilen onda esasy ornuň ***bilimlere***, ýagny ol ýa-da beýleki bir zatlar baradaky düşünjeleriň we maglumatlaryň köplügine degişlidigini bellemek gerek. Ikinjiden bolsa, onuň düzüminde şol bilimleriň esasynda dörän ***ynançlara*** hem aýratyn ornuň degişlidigini aýtmak gerek. Ynançlaryň esasynda bolsa ol ýa-da beýleki bir zatlar baradaky ***ynamlar*** we ***durmuşy ýörelgeler*** döreýär. Durmuşy ýörelgeler bilen ynamlar özara berk baglanyşyklydyr. Mysal üçin, din bilen baglanyşykly ynamlaryň esasynda dörän ynam ýöne bir ynam bolman, eýsem ***iman, ygtykat*** görnüşinde ýüze çykyp, adamy öz durmuşyny dini ýörelgeleriň esasynda gurnamaklyga iterýär.

Dünýägaraýşyň düzüminde esasy orunlaryň biriniň ***ideallara*** degişlidigini hem agzaman geçmek bolmaz. ***Ideal*** sözi ***idea*** diýen gadymy grek sözünden gelip çykýar we onuň *"düşünje"* diýen manysy bar. Emma ***ideal*** häzirki döwürde ýöne bir düşünje manysynda ulanylmaýar. Onuň manysy örän giň. ***Ideal*** diýlip, haýsydyr bir zadyň diňe hyýalda göz öňüne getirilip bolunýan aňrybaş kämil görnüşine, sypatyna, häsiýetine aýdylýar, ýagny ideal aslynda ýok, emma ol hakda arzuw edilýän, oňa ýetmeklige ymtylynylýan zat hökmünde hem düşündirmek mümkin. Biziň gündelik gepleşik dilimizde bu düşünje, esasan, hut şu manyda hem ulanylýar (*ideal adam*, *ideal maşgala*, *ideal ýolbaşçy*, *ideal zenan*, *ideal döwlet*, *ideal jemgyýet*, *ideal demokratiýa* we ş.m.).

Filosofiýada we beýleki gumanitar ylymlarda idealyň ***sosial ideal, ahlak idealy, estetik ideal*** ýaly dürli görnüşleri biri-birinden tapawutlandyrylýar. ***Sosial ideal*** diýlip, jemgyýetiň gurluşynyň iň aňrybaş, iň kämil görnüşine düşünilýär. Emma jemgyýetçilk gurluşynyň iň kämil görnüşi baradaky meseläniň özi hem jedelli meseleleriň biridir. Mysal üçin, sosial utopistler we marksistler ideal jemgyýeti sosial deňligiň hüküm sürýän jemgyýeti hökmünde göz öňüne getirseler, dini taglymatlaryň köpüsinde ideal we baky dünýä diýlip, adamyň ölenden soň barýan o dünýäsiniň ***behişt*** (jennet) diýlip atlandyrylýan bölümine düşünilýär.

Filosofiýanyň dünýägaraýyş bilen arabaglanyşygynyň taryhy tarapy hem bar. Taryhy nukdaýnazardan seredilende, filosofiýa dünýägaraýşyň has giç dörän görnüşidir. Ondan öňki dünýägaraýyşlaryň esasylary hökmünde ***mifologiki*** we ***dini dünýägaraýyşlary*** görkezmek mümkin. Dünýäniň miflerde we dini taglymatlarda suratlandyrylyşy ylmy subutnamalara esaslanmadyk bolsa-da, olar adamzat jemgyýetine uzak döwürleriň dowamynda dünýä göz ýetirmäniň we ol barada pikir ýöretmäniň özboluşly ugurlary bolup hyzmat edip gelipdirler.

## 1.4. Filosofiýanyň meseleleri

Biz filosofiýanyň gadymylygy barada ýokarda durup geçdik. Ol özüniň uzak taryhynyň dowamynda dürli tapgyrlary başdan geçiripdir. Her döwre degişli filosofiýalar we filosofiki taglymatlar bolupdyr. Ol taglymatlar degişli döwürde dünýä akyl ýetirilişiniň nähili derejede bolanlygyna laýyklykda döräpdir we şol çäkde pikir öwrüpdir. Her bir filosofiki taglymat umumy häsiýetli sowallara jogap bermeklige çalşypdyr. Filosofiýanyň esasy meseleleriniň hatarynda baş mesele hökmünde, esasan, ***ruh*** (aň) bilen ***materiýanyň, ideallaýyn zat*** *(diňe göz öňüne getirilýän, pikir ýöredilýän zat)* bilen ***materiallaýyn*** *(maddylaýyn)* ***zadyň*** *(duýgy agzalarymyz arkaly görüp, duýup, syzyp bilýän zatlarymyz)* gatnaşygy dogrusyndaky, has takyk görnüşde aýdylanda bolsa, olaryň haýsysynyň ilkinjiligi baradaky mesele kabul edilipdir. Bu meseläniň baş mesele hökmünde kabul edilmeginiň esasy sebäbi diňe onuň çözgüdi arkaly **barlygyň** nämeligine düşünip bolýanlygy bilen baglanyşyklydyr. Hakykatdan-da, barlyk diňe mad-

dy we ruhy zatlaryň köplügidir ýa-da başgaça aýtsak, dünýäde maddy we ruhy zatlardan başga hiç zat ýokdur. Olaryň haýsysynyň ilkinjiligi baradaky meselede filosoflar iki sany uly topara – ***materialistlere*** we ***idealistlere*** bölünipdirler. Olaryň taglymatlaryna bolsa, degişlilikde ***materializm*** we ***idealizm*** diýlip at berlipdir.

Bu filosofiki ugurlaryň içinde hem olaryň dürli görnüşleri tapawutlandyrylýar. Mysal üçin, materializmiň ***metafiziki*** *(mehaniki)* ***materializm*** we ***dialektiki materializm*** diýlip atlandyrylýan görnüşleri bar. Metafiziki materializmiň esasy ünsi tebigaty öwrenmeklige gönükdirilen. Emma tebigatyň ähli häsiýetli aýratynlyklary we ondaky gatnaşyklar materializmiň bu ugrunda materiýanyň mehaniki hereketiniň üsti bilen düşündirilýär. **Dialektiki materializmde** bolsa **dialektika** we **materializm** biri-birleri bilen aýrylmaz arabaglanyşyklykda seredilýär. Materializmiň **yzygiderleýin materializm** diýilýän görnüşi hem bar. Bu hili materializmde materialistik prinsip jemgyýete-de, tebigata-da deň derejede degişli hasap edilýär (marksizm). **Yzygiderli däl materializmde** bolsa jemgyýet we taryh bilen baglanyşyklykda materialistik prinsip ulanylmaýar (L.Feýerbah[3]) Yzygiderli däl materializmiň görnüşleriniň birine **deizm** diýilýär. Bu ugruň wekilleri *Hudaýyň* barlygyny ykrar edipdirler, emma onuň roluny welin, örän çäklendiripdirler, ýagny Hudaýa diňe materiýany döreden we oňa başlangyç hereketi beren güýç hökmünde garapdyrlar (F.Bekon[4], M.Lomonosow). Agzalanlardan başga materializmiň **ylmy** we **wulgar materializm** diýlip atlandyrylýan ugurlary hem bar. Wulgar materializmde ideallaýyn zat materiallaýyn zada syrykdyrylýar, aň bilen materiýa birmeňzeş zatlar hasaplanylýar (Foht, Moleşott, Býuhner). Wulgar materializmde aňyň önümleri bolan pikirlerdir garaýyşlara beýniniň sülekeý kimin bölüp çykarýan zatlary hökmünde düşünmeklik hem mahsusdyr.

Edil materializm ýaly, idealizm hem dürli görnüşlere bölünýär. Onuň çäginde, ilkinji nobatda**, obýektiw idealizm** we **subýektiw**

[3] ***Feýerbah Lýudwig*** (1804-1872) – nemes filosofy. Materialist. Esasy eseri – “Hristiançylygyň düýp mazmuny”. Ol hristiançylyk garaýyşlaryny we diniň dürli formalaryny derňäp, filosofik idealizmi tankyt edipdir.

[4] ***Bekon Frensis*** (1561-1626) – iňlis filosofy. Iňlis empirizminiň nesilbaşysy. Jemgyýetde bilimiň ornuna aýratyn ähmiýet beripdir. “Scienta est potentiia” (Bilimlilik – esasy güýçdür) diýen şygary öňe sürüpdir. Esasy eseri – “Täze Organon”.

**idealizm** diýilýän ugurlar tapawutlandyrylýar. Obýektiw idealizmiň wekilleri ideýanyň, Hudaýyň, ruhuň, umuman, ideallaýyn başlangyjyň materiýadan-da, adamyň aňyndan-da daşdalygyny we olara garaşsyzlygyny **ykrar edýärler** (Platon, F.Akwinskiý[5]). Subýektiw idealizmiň wekilleri bolsa daşky dünýäniň adam aňyna garaşlydygyny ykrar edipdirler (Berkli[6]). Subýekiw idealizmiň başga bir üýtgeşik görnüşine *solipsizm* diýlip at berilýär. Bu filosofiki garaýşyň tarapdarlary her kimiň diňe özüniň we diňe özüne degişli duýgularynyň hakykatdan-da barlygy barada ynamly aýtmaga hukuklydygyny tekrarlaýarlar.

Idealizmiň agzalyp geçilen görnüşleriniň çäginde hem bölünişik bar. Mysal üçin, olaryň ***rasionalizm*** we ***irrasionalizm*** ýaly toparlara bölünişi. Idealistik rasionalizm ähli barlygyň we oňa akyl ýetirmäniň esasynda aklyň (paýhasyň) ýatanlygyny tekrarlaýar.

Görşümiz ýaly, materializm we idealizm filosofiýanyň biri-birine gapma-garşylykly taraplarydyr. Olar gapma-garşylykly taraplarda bolsa, filosofiýanyň taryhyny diňe bu iki tarapyň mydamalyk gapma-garşylygy hökmünde görkezjek bolmak ýalňyşdyr. Olaryň belli bir filosofiki meseleler babatynda birleşen, biri-birleriniň üstüni ýetiren halatlary hem bolupdyr. Mysal üçin, materializmiň we idealizmiň pozisiýalarynyň biri-birine gabat gelýänligi dünýä akyl ýetirmekligiň mümkinligi baradaky meselede ýüze çykypdyr. Munuň aýdyň mysaly hökmünde idealizmiň iň görnükli wekilleriniň biri ***Gegeliň*** edil materialistler ýaly dünýä akyl ýetirmekligiň mümkinligini ykrar edenligini görkezmek mümkin.

**Dünýäniň barlygynyň ilkinji başlangyjy** we şeýle başlangyçlaryň sany hakyndaky mesele dogrusynda filosoflar filosofiýanyň ***monizm, dualizm*** we ***plýuralizm*** ýaly ugurlaryna degişli edilýär. Şeýle başlangyç hökmünde filosoflaryň bir topary ýeke-täk bir **materiallaýyn zady,** ýagny **maddy substansiýany,** kabul etseler, beýleki bir topary ýeke-täk **ideallaýyn zady,** ýagny **ruhy substansiýany** kabul edýärler. Degişlilikde olar **monizmiň materialistik monizm** we **idealistik monizm** görnüşlerine bölünýär.

---

[5] ***Foma Akwinskiý*** (Thomas Aquinas, 1225-1274-nji ýyllar, Italiýa) – Orta asyr filosofiýasynyň görnükli wekili, esasan, “Hudaýyň barlygynyň 5 subutnamasy” atly işi bilen bellidir.

[6] ***Berkli Jorj*** (1685-1753) – Ýepiskop. Empirizmiň wekili.

**Dualizm** – iki başlangyjyň hem (materiýanyň we aňyň) deň hukuklydygyny ykrar edýär. Mysal üçin **R. Dekart**[7] barlygyň esasynda iki sany deňhukukly substansiýalaryň, ýagny pikirlenip bilýän (ruhuň) we dowamly hereketdäki materiýanyň ýatanlygyny ykrar etmäge çalşypdyr.

**Plýuralizm** – barlygyň esasynda birnäçe başlangyjyň ýatanlygyny ykrar edýär. Munuň mysaly hökmünde gadymy grek filosofy **Empedoklyň**[8] ähli zadyň esasynda **toprak, suw, howa** we **ot** (ýalyn) ýaly dürli başlangyçlaryň ýatanlygy baradaky garaýşyny getirmek mümkin.

Filosoflar we filosofiki taglymatlar olaryň diňe bir esasy mesele dogrusynda dürli garaýyşlarynyň barlygy bilen tapawutlanman, eýsem bu meseläniň ***ikinji tarapy***, has dogrusy bolsa, ***dünýä akyl ýetirmekligiň mümkinligi ýa-da mümkin däldigi babatynda*** hem tapawutlanýarlar. Dünýä akyl ýetirmekligiň mümkinligini doly inkär edýän filosoflara **agnostikler**, akyl ýetirmekligiň mümkinligini, emma onuň belli bir çäkden aňry geçip bilmejekligini ykrar edýän filosoflara **skeptikler**, akyl ýetirmekligiň doly derejede mümkinligini ykrar edýänlere bolsa **optimistler** diýilýär.

Şu ýerde ýene bir zady ýüzugra agzap geçmek isleýäris. Filosofiýanyň esasy meselesi dogrusynda soňky döwürde başga hili garaýyşlar hem öňe sürülýär. Filosoflaryň käbiri esasy mesele hökmünde ***"men we men däl"*** ýa-da has giňräk alnanda, "adam we dünýä" diýen meseläniň kabul edilmelidigini ündeseler, olaryň başga bir topary ***"esasy mesele"***, ***"materiýa bilen aňyň mynasybeti"*** baradaky gürrüňleri filosofiýadan düýbünden aýyrmaklygy hem teklip edýärler.

## 1.5. Filosofiýa metodologiýa (usulyýet) hökmünde. Filosofiýa we beýleki ylymlar

Filosofiýada dünýä, tebigat, jemgyýet we adam meselelerine umumylykda akyl ýetirilmeklige çalşylýar. Her bir beýleki ylymlar

[7] ***Dekart Rene*** (1596-1660-njy ýyllar) – fransuz filosofy. Täze döwrüň filosofiýasynyň atasy hasaplanylýar. Filosof-rasionalist. "Cogito ergo sum" = "(Men) pikirlenýän, diýmek, men bar" diýen tezisiň awtory.

[8] ***Empedokl*** (b. e. öň 490-430-njy ýyllar) – gadymy grek filosofy. Syýasy işgär, şahyr, lukman.

bu meseleleriň diňe ol ýa-da beýleki bir taraplaryny öwrenýär. Her bir ylmyň öz akyl ýetiriş usullary bar. Filosofiýa hemme ylymlar üçin ählumumy metodologiýa (usulyýet) hökmünde çykyş edýär.

Filosofiýa ylmy barlaglar üçin ählumumy prinsipleri (ýörelgeleri) kesgitleýär. ***F. Bekon*** aýtmyşlaýyn, filosofiýa beýleki ylymlar üçin olaryň ýoluny ýagtylandyrýan çyragdyr. Emma şol bir wagtyň özünde filosofiýanyň öz içinde dünýä akyl ýetirmekde dürli hili metodlaryň (usullaryň), has dogrusy, dürli hili çemeleşmeleriň (metafizika, dialektika, rasionalizm, irrasionalizm, agnostisizm, sensualizm we başgalar) hem barlygyny hem aýtmak gerek.

## 1.6. Filosofiýanyň funksiýalary

Filosofiýanyň predmetine we özboluşlylygyna onuň funksiýalary (wezipeleri) baradaky meseläni gozgamazdan düşünmek mümkin däl. Biz onuň **metodologik funksiýasy** barada, ýagny onuň beýleki ylymlar üçin ählumumy metodologiýa bolup hyzmat edýänligi barada ýokarda durup geçdik.

Onuň funksiýalarynyň hataryna, esasan, **prognostik** (prognoz – öňünden çaklamak), **aksiologik** (baha bermek), **sosial** we **gumanitar** funksiýalary girýär. Filosofiýanyň sosial funksiýasy barada nämeler aýdyp bolar? Jemgyýeti üýtgetmäge girişmezden ozal ony öňürti düşündirmäge çalyşmaly. Bu ýerde bolsa esasy orun filosofiýa degişli. Ol diňe bir jemgyýetiň ösüşini düşündirýän ählumumy kanunlary özünde jemlemän, eýsem ony üýtgetmegiň umumy ugurlaryny hem kesgitlemäge, adamzat jemgyýetiniň jebisleşmeginiň konsepsiýalaryny işläp düzmäge mümkinçilik berýär. Filosofiýany gowy bilýän adam durmuşyň dialektikasyna düşünmekligi başarýar, ýüze çykan kynçylyklary ýeňip geçmeklige ukyply bolýar. Filosofiýanyň sosial funksiýasy bilen onuň **gumanitar funksiýasy** aýrylmaz baglanyşyklydyr. Filosofiýanyň bu funksiýasy onuň her bir adama jemgyýetçilik durmuşyna uýgunlaşmaklyga ýardam berýänligi, adamlaryň aňynda gumanistik (ynsanperwerlik) gymmatlyklaryň we ideallaryň kemala gelmegine kömek edýänligi bilen baglanyşyklydyr. Çuňňur filosofiki dünýägaraýyşly adamlar

hatda jemgyýetiň durnuksyz ösýän mahaly hem özlerini ýitirmän saklanyp bilýärler.

Dünýä, jemgyýet, tebigat we adam barada umumylykda pikir ýöredýänligi üçin, filosofiýa belli bir derejede geljekki ösüşe degişli **prognostik** (çaklama häsiýetli) pikirleri-de öňe sürüp bilýär, ösüşiň derejesine baha hem berip bilýär.

## 1.7. "Filosofiýa" kursunyň ýokary okuw mekdeplerinde öwrenilmeginiň ähmiýeti

Giň filosofiki düşünjeleri bolan adam üçin jemgyýetçilk durmuşynyň syýasy, ykdysady, sosial we intellektual sferalaryndaky (gurşawlaryndaky) bolup geçýän üýtgeşmelere we täzeliklere sistemalaýyn analiz (seljerme) bermek, olaryň logikasyny ýüze çykarmak kyn düşmeýär.

Hut şu häsiýetli aýratynlyklary sebäpli filosofiýa hünär okuwlarynyň hemmesiniň okuw meýilnamalaryna girizilýär. Filosofiýa geljekki inžener üçinem, lukmandyr mugallym üçinem, žurnalistdir artist üçinem, garaz, islendik ugurdan taýýarlanylýan hünärmenler üçin iň zerur dersleriň biri hasaplanylýar. Günbatar döwletleriniň köpüsinde filosofiýanyň başlangyç esaslary orta mekdeplerde hem ýörite ders hökmünde öwrenilýär. Russiýanyň käbir mekdeplerinde filosofiýanyň iň ýönekeý düşünjeleri başlangyç synplarda öwrenilýär. Türkmenistanyň orta mekdepleriniň 9-njy we 10-njy synplarynyň okuw meýilnamasyna täze girizilen "Jemgyýeti öwreniş" dersiniň çäginde hem okuwçylara filosofiýa barada, onuň döreýiş taryhy, ugurlary hakynda belli bir başlangyç düşünjeler berilýär.

Filosofiýanyň aýratyn okuw dersi hökmünde ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde öwrenilip başlanylmagy hem uly ähmiýete eýedir.

**Türkmenistanyň Prezidenti Hormatly Gurbanguly Berdimuhamedow** filosofik pikirlenmäniň döwlet edaralarynyň ýolbaşçy işgärleri üçin has hem zerurlygy barada öz çykyşlarynda ýöne ýere yzygiderli nygtamaýar. Sebäbi filosofiki dünýägaraýşy bolmadyk

ýa-da filosofik taýýarlygy pes bolan ýolbaşçy hakyky ýolbaşçy bolup bilmeýär. Diňe filosofiýany çuňňur özleşdiren ýolbaşçy öz ýolbaşçylyk edýän pudagynyň jemgyýetdäki ornuna, onuň beýleki pudaklar bilen arabaglanyşygyna, ýüze çykýan we çykyp biljek kynçylyklaryň düýp sebäplerine düşünip bilýär we olardan baş alyp çykmagyň anyk ýollaryny tapmaklygy başarýar.

Türkmenistanyň ýokary okuw mekdeplerinde geljekki hünärmenlere filosofiýa boýunça degişli sapaklaryň berlip başlanylmagynyň ummasyz uly syýasy we terbiýeçilik ähmiýeti bar. Sebäbi ýeterlik filosofik dünýägaraýşy we bilimi bolmadyk hünärmene sözüň hakyky manysynda ýokary bilimli hünärmen diýmek kyn. Filosofik dünýägaraýşy pes ýa-da juda dar bolan ýokary bilimli hünärmen geljekde gowy mugallym-da, gowy inžener-de, gowy kompozitor-da, gowy lukman-da, gowy žurnalist-de, gowy alym-da, gowy ýazyjy-da, gowy diplomat-da, gowy hukukçy-da, gowy ykdysatçy-da bolup bilmez. Munuň sebäbi bolsa filosofiýanyň beýleki ylymlardan düýpden tapawutlanýanlygyndadyr. Onuň öwrenýän we derňeýän meseleleri hemme ylymlar we hemme adamlar üçin zerurdyr we hökmanydyr. Filosofiýa dünýä näme, oňa nähili düşünmeli, nädip akyl ýetirmeli, aslynda oňa akyl ýetirmek mümkinmi ýa-da dälmi, ömür näme, onuň manysy näme, jemgyýet näme we ol nähili ösýär, adamyň onda nähili orny bar, geçmiş näme, geljek näme ýaly onlarça sowala jogap gözleýän ylym. Bu sowallar filosofiýadan başga hiç bir ylymda hem edil ondaky ýaly görnüşde derňelmeýär we öwrenilmeýär. Hut şonuň üçin-de, filosofiýa dünýäniň ähli ýurtlarynyň ýokary mekdeplerinde yzygiderli okadylyp we öwrenilip gelinýän ders.

Filosofiýanyň geljekki ýokary bilimli hünärmenler üçin nädereje zerurlygy barada aýdylan pikirleriň içinde has jaýdar aýdylanlarynyň biri XVIII asyrda Prussiýanyň magaryf ministri bolup işlän **Sedlise** degişlidir. Ol şeýle diýipdir: “Talyp bir zady berk bellemelidir. Ylymlary ele alandan soň, ol lukman, hukukçy, aklawjy, mugallym we ş.m. kärlerde işläp başlar. Ol öz iş ýerinde öz hünäri boýunça gije-gündiziň dowamynda işlese, bary-ýogy 8-9 sagat işlär, ýagny şonça wagt ol lukman, hukukçy, aklawjy we ş.m. bolar. Emma

welin, ol gije-gündiziň bütin dowamynda adam bolmalydyr. Adam bolmaklygy bolsa, filosofiýa öwredýär. Hut şonuň üçin-de, ýokary mekdeplerde geljekki hünärmenleriň filosofik taýýarlygyna iň ýokary ähmiýet berilmelidir”.[9]

Filosofiýa özleşdirilmesi o diýen bir aňsat bolmadyk okuw derslериniň hataryna girýär. Bu bolsa, esasan, onuň çäginde ulanylýan aňlatmalardyr düşünjeleriň köpüsiniň takyk we düşnükli görnüşde däl-de, belli bir derejede abstraktlaýyn, has umumylaýyn häsiýetdeligi bilen düşündirilýär. Emma muňa garamazdan, filosofiýa ýokary okuw mekdeplerinde iňňän gyzyklanma bildirilip öwrenilýän ders. Munuň sebäbini bolsa, onuň çäginde garalyp geçilýän meseleleriň (dünýä, adam, tebigat, jemgyýet bilen baglanyşykly) hemmeler üçinde deň derejede gyzyklydygy bilen düşündirse bolar.

## 1.8. Filosofiýanyň beýleki okuw dersleri bilen arabaglanyşygy

Filosofiýa dersi ylymlaryň hemmesi bilen hem aýrylmaz arabaglanyşykdadyr. Bu arabaglanyşyk, ilkinji nobatda, filosofiýanyň ylymlaryň hemmesi üçin-de ählumumy metodologiýa bolup hyzmat edýänligindedir. Ikinjiden bolsa, filosofiýanyň dünýä, jemgyýet, tebigat, barlyk, dünýä akyl ýetiriş, medeniýet, adam, adam ömrüniň manysy, ruh, jan, bagt, adamzat, taryhy geçmiş we geljek ýaly umumy häsiýetli meseleler bilen iş salyşýanlygy ony deň derejede sosial-gumanitar bilimler bilen-de (taryh, sosiologiýa, syýasaty öwreniş, medeniýeti öwreniş, filologiýa, pedagogika, psihologiýa, hukugy öwreniş, ykdysady nazaryýet, etika, estetika, logika, teologiýa we ş.m.), tebigat hakyndaky bilimler bilen-de (biologiýa, himiýa, fizika, ekologiýa, geografiýa we ş.m.) we dürli tehniki bilimler bilen-de aýrylmaz baglanyşdyrýar.

[9] Sitata A. Gulyganyň “Иммануил Кант” (M., 1977) atly kitabyndan alnyp terjime edildi.(Ö.M.)

# Ikinji bap
# Ontologiýanyň esaslary

Barlyk näme? Materiýa we ol baradaky garaýyşlaryň köpdürlüligi. Hereket we onuň esasy formalary. Hereketiň esasy formalarynyň özara baglanyşygy. Giňişlik we wagt, olaryň hereket edýän materiýa bilen özara baglanyşygy. Materiýanyň, hereketiň, giňişligiň we wagtyň bitewiligi. Filosofiýada kanun, arabaglanyşyk we ösüş meseleleri. Dialektikanyň esasy kategoriýalary. Kanun düşünjesi. Kategoriýalar hakynda umumy düşünje. Ählumumy arabaglanyşyk we özara täsir. Ösüş: progres we regres. Ýekeleýinlik, aýratynlyk we umumylyk. Sistema we element. Bölek zat we bitewi zat. Mazmun, struktura we forma. Düýp mazmun we hadysa. Sebäp we netije. Hökmanylyk (zerurlyk) we tötänlik. Mümkinlik, hakykylyk we ähtimallyk. Ösüşiň dialektikasy we kanunalaýyklyklary. Gapma-garşylyk. Mukdar, hil, ölçeglilik we böküş. Inkär etme we onuň ösüşdäki orny.

## 2.1. Barlyk näme?

***“Barlyk”*** diýen söz ähli dillerde hem *“bar bolmak”* işliginden emele getirilýär. Filosofiýanyň taryhynda bu düşünje **materiýa** düşünjesinden tapawutlylykda, has umumy, abstrakt häsiýetli düşündirişlerden takyk mazmunly düşündirişlere tarap bolan ösüş ýoluny geçipdir.

Öň hem agzap geçimiz ýaly, filosofiýanyň barlyk hakyndaky taglymatyna **ontologiýa** diýlip at berilýär.

**Ontologiýa** – bu filosofiýanyň adamdan öň dörän we oňa garaşsyz ýaşaýyşdaky hem-de hereketdäki zatlaryň we hadysalaryň dünýäsini, umuman, daşky reallygy öwrenýän ugrudyr. Filosofiki ontologiýada gadymdan bäri ulanylyp gelinýän esasy kategoriýalar **“materiýa”** we **“barlyk”** kategoriýalarydyr. Emma geň galmaly zat, bu iki sany düýpleýin kategoriýanyň henize çenli gutarnykly we hemmeler tarapyndan doly ykrar edilen kesgitlemesi ýok. Ýöne şeýle-de bolsa, filosofiýany bu kategoriýalara degişli taglymatlara göz

gezdirmän öwrenmek mümkin däl. Olaryň gutarnykly kesgitlemesiniň ýoklugyny, ilkinji nobatda, bu kategoriýalaryň umumylaýyn görnüşli, ýagny dünýädäki hemme zatlar üçin ählumumy düşünjelerdigi bilen delillendirmek mümkin. Çünki filosofiýanyň dünýäni (tebigaty, jemgyýeti, adamy) umumylykda düşündirmäge çalyşýanlygy üçin oňa şeýle umumy häsiýetli düşünjeleri ulanmazlyk mümkin däl. Biz öz gündelik durmuşymyzda hem has umumy görnüşli düşünjelerden giňden peýdalanýarys ahyryn. Mysal üçin, "ösümlik" diýen düşünje ösümlikleriň islendik görnüşine garanyňda, has umumy düşünje. Edil şonuň ýaly, filosofiýada "barlyk" we "materiýa" ýaly örän umumy düşünjeleriň-kategoriýalaryň ulanylmagyny özboluşly zerurlyk hökmünde hem düşündirip bolýar.

Islendik filosofik pikirlenme, ilkinji nobatda, **barlyk** baradaky düşünjeden başlanýar. ***Barlyk meselesi – müdimi mesele***. Onuň mazmun çuňlugy çäksiz.

Barlyga hemme zady öz içine alýan reallyk hökmünde düşünilýär. Öz gezeginde **reallyk** düşünjesiniň **barlyk** düşünjesi bilen sinonimleýin sözdügini (manydaş sözdügini) hem aýtmak gerek. Barlyga reallyk hökmünde düşünilmegi reallyklaryň maddy we ruhy, ýa-da obýektiwleýin we subýektiwleýin görnüşlerini biri-birlerinden tapawutlandyrmaklyga mümkinçilik berýär. Ruhy reallyk hem edil biziň daşymyzy gurşap alan tebigat ýaly barlykdyr. Adamyň pikiri hem özboluşly reallykdyr, emma ol ruhy reallygyň görnüşidir. Aňyň, şol sanda şahsy we jemgyýetçilik aňynyň, islendik görnüşleriniň barlyk manysy bardyr. Emma olar reallygyň dürli derejelerine degişlidirler.

Rus filosofy A.G.Spirkin özüniň "Filosofiýa" atly okuw kitabynda (M., 2009) ruhy reallyk meselesi babatynda pikir ýöredip (235 sah.), köpeltmek tablisasy baradaky mysaly getirýär. Alymyň pikiriçe, köpeltmek tablisasy – reallyk, ýagny hakykatdan-da bar zat. Ýöne ol maddy bir zat görnüşindäki, ýagny fiziki görnüşdäki reallyk däl-de, ideal görnüşli, degişli simwollaryň, belgileriň, alamatlaryň kömegi bilen aňladylýan reallyk. Bu alymyň pikiriçe, hatda köpeltmek tablisasyny emele getirmek üçin ulanylýan prinsip (kabul edilen düzgün, kada) hem özboluşly reallykdyr. Emma ol hem ruhy reallykdyr. Şol bir wagtyň özünde köpeltmek tablisasy kagyzda ýa-da kitabyň sahypasynda ýazylan görnüşde obýektiw esasa-da eýe bolup bilýär.

Barlyk meselesi filosofiýanyň taryhynda iň köp üns berlen meseleleriň biri. Şonuň üçin-de, barlygyň düýp mazmuny dogrusynda dürli hili garaýyşlar we pikirler öňe sürlüpdir. Barlyga diňe görüp we syzyp bolunýan zatlaryň dünýäsi, ýagny adamyň aňyndan daşardaky, oňa garaşsyz obýektiw reallyk hökmünde düşünenler-de, barlygy adamyň barlygyndan, onuň pikirlenmesinden çykaranlar-da az däl. Muňa mysal hökmünde **Rene Dekartyň** *"Men pikirlenýän, diýmek, men bar*" diýen garaýşyny, **I. Fihtäniň**[10] "*Hakyky barlyk – bu MENIŇ işi, maddy barlyk bolsa – onuň önümi"* diýen garaýşyny getirmek mümkin. **G.Gegel** barlyga yzygiderli proses, dowamly ösüş ýa-da taryh, ýa-da baky dowam edýän hereket hökmünde garapdyr. Barlyk obýektiw barlygyň we MEN barlygyň üsti bilen bilen hem düşündirilýär. Mysal üçin, **M. Haýdegger**[11] barlyga subýekte (adama) daşardan berlen, oňa garşy duran zat hökmünde garalmagyny tankyt astyna alypdyr. Ol barlyk meselesiniň seljerilişiniň biziň her birimiziň hut özümizden başlamaklygymyzy tekrarlapdyr. Barlyk hakdaky soragy goýan her bir adamyň özi eýýäm hakykatynda alnanda, barlykdyr. Öz barlygyňa düşünmek – *ekzistensiýadyr.* Obýektiw barlyk we MEN barlyk – bular barlygyň dürli görnüşleridir. Diňe obýektiw barlygy ykrar etmek – bu özüňi ýatdan çykarmakdyr. Görşümiz ýaly, ekzistensializmde adam barlygy üçin ruhy we maddy barlyklar bir bitewiligi emele getirýär.

Ontologiýa **barlyk** düşünjesini ilkinji bolup girizenler hökmünde antiki filosofiýanyň Eleý mekdebiniň wekilleri **Parmenid**[12] we **Zenon**[13] hasaplanylýar. Olaryň pikirine görä, *barlyk* – bu ähli bar

---

[10] ***Fihte Iogann*** (1762-1814-nji ýyllar) – subýektiw idealizmiň wekili. Işiň obýekti we subýekti hakyndaky taglymaty bilen tanymaldyr.

[11] ***Haýdegger Martin*** (1880-1976-njy ýyllar) – nemes filosofy, ekzistensialist. Onuň filosofiýasynyň esasy meselesi – barlygyň manysy hakynda. Onuň garaýşyna görä, barlygyň hakyky manysy adamlaryň akyl ýetiriş we döredijilik işinde aýdyň ýüze çykýar.

[12] ***Parmenid*** (b.e. öň 540-480-nji ýyllary) – Gadymy Italiýanyň günortasyndaky Eleý diýen ýerinde eleatlaryň filosofik mekdebiniň iň görnükli wekili. "Hereketem ýok, ýoklugam ýok, diňe barlyk bar" diýen tezisiň awtory.

[13] ***Zenon*** – eleatlaryň wekili. Özüniň "aporiýalary" (aporiýa – kynçylyk diýen manyny berýän düşünje) bilen belli. Onuň aporiýalaryndan iň bellileri "Ahilles we pyşbaga", "Dihotomiýa", "Peýkam", "Basgançaklar" hasaplanylýar.

bolan zatlaryň köplügi, ýokluk bolsa, hiç bir ýerde ýok zat. Barlyk bilen baglanyşykly başga hem düşündirişler az däl, emma olaryň gowşak taraplaram örän kän. Mysal üçin, barlygyň baky we müdimi zat, hiç kim tarapyndan döredilmedik we ýok edilip bolunmaýan zat hökmünde düşündirilişiniň asgyn tarapy barlygyň ýok ýerinde ýokluk bolmaly, emma ol kesgitleme boýunça ýok zat. Ýa-da aýdaly, eger-de barlyk hereket edýän zat bolsa, onda ol barlygyň öz bar bolan ýerinden başga ýere, ýagny ýokluga öwrülmeli ýerine geçmegini aňladýar. Emma ýokluk welin, düýbünden ýok zat...

"Barlyk" kategoriýasynyň many taýdan iňňän çylşyrymlydygy filosoflaryň arasynda bu kategoriýa babatynda dürli görnüşli garaýyşlaryň ýüze çykmaklygyna esas döredýär. Eger-de olaryň bir topary bu kategoriýadan doly ýüz öwürmekligi ündeýän bolsalar, beýleki bir topary "barlyk" kategoriýasy bilen deň hatarda "ýokluk" kategoriýasynyň hem ulanylmagynyň mümkinligini delillendirmäge çalyşýarlar. Ikinji topara degişliler "ýoklugyň" ulanylmalydygyny, özleriçe, birnäçe esaslara görä delillendirýärler:

– *wagta esaslanýan delil:* häzirki zamanyň barlygyny ykrar etmeklik geçmişiň we geljegiň ýoklugyny aňladýar;

– *giňişlige esaslanýan delil:* zadyň ol ýa-da beýleki bir ýerde barlygy onuň başga bir ýerde ýoklugyny aňladýar;

– *herekete esaslanýan delil:* jisim edil häzir şu ýerde, emma hereketdeligi üçin, eýýäm başga ýerde, ýagny ol öňki ýerinde ýok zat;

– *täzäniň döremekligine esaslanýan delil:* her bir täze zat öň ýok zat, täze zat ony döreden şertleriň çäginde hem bolmadyk zat, özüniň häzirki bar ýerinde hem ol ozal ýok zat.

Bu "delilleriň" gowşak tarapy ýoklugyň esasy hökmünde barlygyň kabul edilip alynýanlygynda, emma barlygyň özüniň bolsa ýoklukdan getirilip çykarylýanlygyndadyr. Ýokarda beýan edilen delilleriň nädogrudygyny subut etmek üçin, ýagny ýoklugyň barlyga, barlygyň bolsa ýokluga öwrülmekliginiň mümkin däldigini düşündirmek üçin, islendik bar zadyň başga, hakykatdan-da bar zatdan gelip çykýanlygy we hiç bir bar zadyň ýok bolman, başga bir görnüşli barlyga öwrülýänligi hakyndaky garaýşy esas edip almak ýeterlik.

Materialistik filosofiýada barlyga diňe maddy dünýäniň predmetleriniň reallygy hökmünde düşünilip, belli bir derejede ol subýektiw reallyga garşy goýlupdyr (Mysal üçin, ”barlyk aňy kesgitleýär” diýlen garaýyş). Aňa diňe *obýektiw barlygy şöhlelendirýän* tarap hökmünde seredilipdir. Emma bu garaýyşlar biziň pikirimizçe, belli bir derejede çäklidir.

Dünýädäki hadysalaryň barlygy iki görnüşde, ýagny adam aňyndan daşarda bolan obýektiw reallyk (mysal üçin, tebigy hadysalar) we diňe biziň pikirlenmämizdäki, göz öňüne getirmelerimizdäki subýektiw reallyk (mysal üçin, pikirler, garaýyşlar, düşünjeler) görnüşlerde ýüze çykýar. Bu reallyklaryň ikisi hem biri-birleri bilen özara aýrylmaz baglanyşyklydyr.

Jemläp aýtsak, ***barlyk** – bu adamyň aňyna garaşly bolmadyk obýektiw dünýäniň we aňyň özüniň hem hakykatdan-da bar bolan zatlardygyny aňladýan filosofik kategoriýadyr.*

Barlyk kategoriýasynyň filosofik manysy iki sany aýratynlygy bilen häsiýetlendirilýär:

– ol dünýäniň hakykatda hem bar bolan zatdygyny we onuň çägi bolmadyk bitewilikdigini aňladýar. Dünýä diňe şu taýdaky we diňe häzir bar bolan zat bolman, eýsem hemme ýerde we elmydama bar bolan zatdyr, onuň başy-da ýok, ahyry-da;

– emma bu subutnama wagtyň özünde dünýäniň hemme ýerde we elmydama edil şu taýdaky we şu wagtdaky ýaly bolmanlygyny, ýagny tükeniksiz köpdürlüligi bolan dünýäniň üznüksiz üýtgeýänligini hem aňladýar.

Barlyk kategoriýasy dünýäniň ýaşaýşynyň dürli formalarynyň bolup biljekligini hem görkezýär. Ylymlaryň her biri öz öwrenýän predmetine laýyklykda köpdürlülikli barlygyň haýsy hem bolsa bir aýratyn we özboluşly tarapyny derňeýär.

Filosofik seljermede barlygyň özboluşly formalarynyň iň esasylary hökmünde aşakdakylar kabul edilendir.

1. *Zatlaryň we hadysalaryň barlygy.* Olar hem öz gezeginde, iki topara bölünýär:

a) tebigatyň hadysalary we ondaky bolup geçýän prosesler, ýa-da başgaça aýdylanda “birinji tebigata” degişli zatlar;

b) adamyň özi tarapyndan döredilen zatlaryň barlygy ýa-da başgaça aýdylanda “ikinji tebigata” degişli zatlaryň barlygy.

2. *Adamyň barlygy.* Bu barlyk hem bolsa öz gezeginde iki görnüşe bölünýär:

a) adamyň zatlar dünýäsindäki barlygy;

b) adamyň özüniň barlygy.

3. *Ruhy (ideallaýyn) zatlaryň barlygy.* Bu barlykda hem iki sany görnüş biri-birlerinden tapawutlandyrylýar:

a) indiwiduallaşdyrylan barlyk;

b) obýektiwleşdirilen barlyk.

4. *Sosial barlyk:*

a) indiwidiň barlygy;

b) jemgyýetiň barlygy.

Görşümiz ýaly, barlyk, hakykatdan-da, hemme zady öz içine alýan reallygy aňladýan, diýseň giň manyly düşünje, özüniň düýp mazmunyny doly açyp görkezmekligiň juda kynlygy bilen tapawutlanýan kategoriýa. Onuň düýp mazmunyna düşünmek we doly aralaşmak üçin *“materiýa”*, *“substansiýa”*, *”hereket”*, *“dynçlyk”*, *“ösüş”*, *“wagt”* we *“giňişlik”* ýaly kategoriýalaryň üstünde durlup geçilmekligi zerur. Gürrüňi ilki bilen ***“materiýa***” diýilýän kategoriýadan başlalyň. Sebäbi bu kategoriýa hem edil *“barlyk”* kategoriýasy ýaly giň manyly, umumy görnüşli filosofik kategoriýadyr. Ýöne ýerden bu kategoriýa babatynda filosofiýanyň taryhynda dürli garaýyşlar öňe sürülmändir.

## 2.2. Materiýa we ol hakyndaky garaýyşlaryň köpdürlüligi

**“Materiýa”** düşünjesi eýýäm antiki filosofiýada dörän düşünjeleriň biridir. Bu söz aslynda dokmaçylyk senedinden alnyp, göni terjimesi boýunça “esas” diýen manyny berýär.[14] Filosofiýada

[14] ***Bellik.*** Dokmaçylykda eriş we argaç bitewilikde dokalýan zat üçin esas bolup hyzmat edýär. Türkmen dilindäki “mata” sözüniň hem belli bir derejede “materiýa” düşünjesine golaýlygy bar. (Ö.M.)

"materiýa" düşünjesi göçme manyda, has umumy we abstrakt görnüşde ulanylýar. Filosofiýanyň taryhynda materiýanyň görnüşleri barada garaýyşlaryň **dört** sany toplumy yzygiderlilikde ýüze çykypdyr. Olar garaýyşlaryň **substratlaýyn**, **substansiýalaýyn, atributiwleýin** we **relýasionlaýyn** mazmundaky toplumlaryna bölünýär.

Materiýa baradaky ***substratlaýyn*** mazmunly garaýyşlar antiki filosofiýada ýüze çykypdyr. Şol döwürde materiýa ***substrat***, ýagny ähli bar bolan zatlaryň astynda/esasynda ýatan material hökmünde düşünilipdir. Ilkinji filosoflar – ***ionylylar (ýunanystanlylar)*** – daşky barlygyň köpdürlüliginden **dört sany zady**, ýagny **topragy, suwy, howany** we **ody** (ýalyny) saýlap alyp, diňe şolaryň haýsy hem bolsa biriniň düýp esas bolup hyzmat edýänligi, beýlekileriň bolsa şondan gelip çykýanlygy baradaky pikirleri öňe sürüpdirler. Mysal üçin, **Fales**[15] hemme zat **suwdan** döräp, suwa öwrülýär diýip hasap edipdir. **Anaksimen** bolsa hemme zat **howadan** emele gelýär diýip tassyklapdyr. **Geraklitiň**[16] pikirine görä bolsa, ähli zadyň aňyrsy, has dogrusy, düýbi **ot** bilen baglanyşykly.

Bu garaýyşlar ylym-bilimiň häzirki ösen döwründe howaýy bir zat ýaly hem görünselerde, olary dolulygyna inkär etmek kyn. Mysal üçin, wodorod **Mendeleýewiň** tablisasynyň iň ýönekeý elementi. Ol Älemde has köp ýaýran we ähli beýleki himiki elementleriň termoýadrolaýyn sintezi üçin esasy material bolup hyzmat edýän jisim. Kislorod – elementleriň poslanyşyny we ýanmagyny üpjün edýär, himiki reaksiýalar onsuz bolup geçmeýär. Kislorod ýaşaýyş üçin iň zerur zat hökmünde, ýagny dem alyş üçin esasy element bolup hyzmat edýär. Häzirkizaman kosmologiýasynyň gazananlary biziň Älemimiziň mundan 20 milliard ýyl ozal **Uly partlaýyş** esasynda emele gelip, onuň ilkibaşda ýokary temperaturadaky plazmanyň barha çişýän

---

[15] ***Fales*** (b.e.öň 625-545-nji ýyllar) – gadymy grek filosofy. Milletde ýaşap geçen "Ýedi akyldarlaryň" biri. Onuň okuwçylary-şägirtleri: Anaksimandr we Anaksimen.

[16] ***Geraklit*** (b.e. öň 544-483-nji ýyllar). Esasy eseri – "Tebigat hakynda" atly iş. Ol "Şol bir derýa iki gezek girip bolmaýar", "Hemme zat akyp, geçip dur, hemme zat üýtgeýär", "Hemme zat otdan (ýalyndan) döreýär" diýen garaýyşlary bilen taryha giripdir.

ýumagy bolanlygyny tassyklaýar. Diýmek, Geraklidiň ***“hemme zat otdan (ýalyndan) döreýär”*** diýen garaýşy hem nädogry däl.

Gadymy filosoflar **Demokritiň**[17] we **Epikuryň**[18] hemme zadyň juda maýda we bölünmeýän bölejiklerden – **atomlardan** ybaratlygy baradaky garaýyşlary hem o diýen bir ýalňyş däl. **Materiýa** baradaky garaýyşlar **Platonyň ideýalar** we **Aristoteliň formalar** barasyndaky taglymatlarynda hem beýanyny tapypdyr. Olaryň pikirine görä hem, materiýa özboluşly esas bolup hyzmat edýän material, emma dörediji material däl-de, passiw görnüşdäki ideýa ýa-da forma. Mysal üçin, küýzegäre küýzäniň täze görnüşini döretmek üçin palçyk hyzmat etmän, ol baradaky ideýa we onuň aňdaky göz öňüne getirilýän formasy, şekili hyzmat edýär.

Materiýa baradaky ***substansiýalaýyn*** häsiýetli garaýyşlar orta asyr filosofiýasynyň çäklerinde döräpdir. Bu ýerde materiýa ***substansiýa***, ýagny ähli jisimleriň başga bir zada öwrülmeginiň we başga bir zat hökmünde ýüze çykmagynyň “soňky duralgasy” diýip düşünipdirler. Orta asyr akyldarlarynyň düşünişine görä, *substansiýa* – bu ähli häsiýetleriň göterijisi, öz ýaşamaklygy üçin hiç bir daşky güýje mätäç bolmadyk düýp mazmun ýa-da başgaça aýdylanda özbaşdak, hiç bir başga zada garaşly bolmadyk, awtonom (özbaşdak) sistema. Bu düşünjäni alhimik **Parasels** we astrolog (müneçjimçi) **Nostradamus** dagy hem giňişleýin ulanypdyrlar. Öz öňlerinde islendik metaly altyna öwrüp bilýän – **“filosofiki daşy”**, ýaşlygy gaýtaryp berýän we ömri uzaldyp bilýän – **“ömür eleksirini (melhemini)”**, ähli kesellerden halas edýän dermanlaryň dermany – **“panaseýany”** gözläp tapmaklygy maksat edinen alhimik alymlar öz gözleýän zatlaryny tapmadyk hem bolsalar, olar öz gözlegleriniň dowamynda birnäçe himiki jisimleri – dürli metallary, gazlary, kislotalary, duzlary açypdyrlar, himiki eksperimentleri amal etmekligiň tehnikasyny kämilleşdiripdirler, hatda, himiýa laboratoriýalarynda şu günlerem ulanyp ýörlen kolbalar we retortalar ýaly gap-gaçlary hem olar oýlap tapypdyrlar.

---

[17] ***Demokrit*** (b.e.öň 460-371-nji ýyllar) – Gadymy Gresiýanyň filosofiýasynyň iň tanymal wekilleriniň biri.

[18] ***Epikur*** (b.e.öň 341-270-nji ýyllar) – filosof-materialist, Demokritiň ýoluny dowam etdiriji.

Alhimikler gadymy grekleriň ýaşaýşyň esasy hasaplan dört başlangyçlarynyň üstüni ýetirip, bäşinji bir başlangyç hökmünde **“kwintessensiýany”** görkezipdirler we öz täze açan jisimlerini şol başlangyjyň ol ýa-da beýleki bir taraplary hökmünde kabul edipdirler. Olaryň pikirine görä, eger-de kwintessensiýanyň arassa özüni tapmak başardan ýagdaýynda, ony şol bir wagtyň özünde ***“filosofik daş”, “ömür melhemi”*** we ***“panaseýa”*** hökmünde hem kabul etmek mümkin. Emma ***kwinessensiýanyň*** köp asyrlaryň dowamynda alnyp barlan gözlegi üstünlik getirmändir. Şol sebäpli-de, ***kwintessensiýanyň*** elmydama özüniň ol ýa-da beýleki taraplarynyň aňyrsynda gizlenip galýanlygy hakyndaky pikir öňe sürlüp başlanypdyr. Eger-de kwintessensiýa üsti açylyp bolunmaýan zat bolsa, onda ol materiýany jisimleriň dürli köplüginiň üsti bilen aňladýan abstrakt bir düşünjä öwrülýär.

Materiýa hakyndaky düşünjäniň umumylaşdyrylmagynda nobatdaky ädim **Täze döwrüň** filosofiýasynyň çäginde edilipdir. Bu döwürde materiýa barada **atributiwleýin** mazmunly garaýyşlar ýüze çykypdyr. **“Atribut”** diýen düşünje aýrylmaz sypat (alamat, nyşan) diýen manyny aňladýan sözden gelip çykýar. Täze döwrüň ylmy alhimiýanyň ornuna eksperimentallaýyn tebigy bilimleriň gelmegi bilen häsiýetlendirilýär. Onuň öňbaşçysy hökmünde bolsa fizika ylmy çykyş edýär. Esasan-da, onuň düýbi **Galileý** we **Nýuton** tarapyndan tutulan bölümi – **mehanika** uly ösüşe eýe bolup başlaýar.

Mehanistik garaýyşlara laýyklykda hemme barlyklara umumy görnüşli düýpleýin häsiýet, ýagny jisimiň **massasynyň** mukdary görnüşdäki häsiýet mahsus hasaplanylypdyr. Hakykatdan-da, mehanikanyň kanunlaryny aňladýan formulalaryň ählisinde we bütindünýä özara dartylyş kanunynyň formulasynda **massanyň** hut şu häsiýetli aýratynlygy aýratyn orna eýedir. Hut şu aýratynlyk hem materiýanyň kesgitlemesiniň esasyny düzüpdir we *materiýa – bu ähli massasy bolan zatlardyr* diýlen netijä gelnipdir. Has ýönekeýleşdirip aýtsak: *materiýa – bu jisimdir* diýlen pikir ýörgünlige eýe bolupdyr. Bu ýerden bolsa materiýanyň beýleki häsiýetli aýratynlyklary ýüze çykarylypdyr (onuň agramy, inertliligi, göwrümi we ş.m.).

Mehanikanyň teoriýasynda uly üstünlikleriň gazanylanlygyna garamazdan, eýýäm XIX asyryň ortalaryndan başlap, materiýanyň

mehanistik modeli könelip ugraýar. Oňa ilkinji urgy **Faradeý** we **Makswell** tarapyndan elektromagnit meýdany hakyndaky teoriýanyň açylmagy bilen berilýär. Emma alymlar bu täze açyşyň fundamental häsiýetine doly göz ýetirip bilmän, materiýanyň iki görnüşde, ýagny ***jisim*** we ***meýdan*** görnüşlerde ýüze çykyp bilýänligi baradaky pikire gelipdirler. Emma bu ýagdaýda mesele has hem çylşyrymlaşýar. Nobatdaky ädim nemes fizigi **Rentgen** tarapyndan jisimiň içinden parran geçip bilýän şöhläniň açylmagy esasynda ädilýär. Soňra fransuz **Bekkerliň** radioaktiw hadysasyny açmaklygy, iňlis alymlary **Tompsonyň** we **Rezerfordyň** atomyň çylşyrymly gurluşy baradaky netijelere gelmekligi materiýa degişli düşünjeleriň has çuňlaşmagyna sebäp bolýar.

XX asyryň başlarynda **A. Eýnşteýniň** otnositellik teoriýasynyň döremegi, biraz soňra bolsa kwant mehanikasynyň ýüze çykmagy esasynda atomlaryň hakykatdan-da çylşyrymlydygy, olaryň elektromagnit tebigatynyň barlygy, massalaýyn häsiýetiniň bolsa üýtgäp durýanlygy, ýagny içki düzüm bölejikleriniň özara täsirine we hereketine bagly bolup, hiç bir ýagdaýda hem atribut däldigi subut edilýär.

Kwantlaýyn mehanikanyň nukdaýnazaryndan **jisim** we **meýdan** – şol bir fiziki reallygyň ideallaşdyrmasynyň iki görnüşi. Massa olaryň diňe bir aýratyn tarapy, ýagny ol diňe fiziki häsiýet bolup, ol himiki, biologiki we sosial obýektler üçin düýbünden mahsus däl aýratynlyk hökmünde ýüze çykýar.

Materiýa baradaky ***relýasion mazmunly*** garaýyşlar tebigat bilimlerindäki öwrülişikden hem öňräk döräp başlaýar. Ilki bilen şeýle görnüşli garaýyşlaryň biri fransuz alymy **Golbah**[19] tarapyndan öňe sürülýär. Onuň öňe süren pikiriniň manysyny şeýleräk düşündirmek mümkin: materiýa düşünjesini hakykatyň hadysalarynyň ol ýada beýleki bir anyk sypatlary bilen baglajak bolmaklygyň hiç hili zerurlygy ýok; oňa düşünmek üçin biziň aňymyzyň, ýagny akyl ýetiriş işiniň subýektiniň, şol hadysalara gatnaşygyny – ***relýasiýasyny*** bermek ýeterlik. Şol ýagdaýda daşky hakykat, ýagny obýektiw reallyk, biziň aňymyzdan daşarky, oňa garaşsyz hereket edýän we

[19] ***Golbah Pol Anri*** **(1723-1789)** – fransuz filosofy, materialist. XVIII asyryň materialistleriniň garaýyşlaryny derňäp, olary sistemalaşdyrypdyr.

ýaşaýan zat hökmünde ýüze çykýar. Ol hakykat biziň aňymyzda degişli duýgularymyz esasynda öz şöhlelenmesini tapýar.

Materiýa aňda öz şöhlelenmesini tapýan obýektiw reallyk hökmünde düşünmek marksistik materializm tarapyndan hem doly ykrar edilipdir. Materializmiň düşündirişine görä, materiýanyň ýeketäk häsiýetli aýratynlygy onuň obýektiw reallyk hökmünde biziň aňymyzdan daşarda, oňa garaşsyz ýaşaýanlygydyr.

Materiýa baradaky relýasion mazmunly garaýyşlaryň bu kategoriýa baradaky düşünjeleriň ösüş taryhynda öňegidişlik görnüşli täze bir ädim bolanlygyna garamazdan, olaryň hem belli bir derejede **çäklidigini** bellemek gerek.

***Birinjiden***, bu garaýyşalara laýyklykda, materiýa – biziň daşymyzdaky hemme obýektiw reallygy aňladýan düşünje. Emma materiýanyň şeýle kesgitlenilmegi diýseň umumy häsiýetde bolup, ony manysyz we mazmunsyz bir zada öwürýär.

Obýektiw reallygy biziň daşymyzy gurşap alýan dürli sistemalaryň (fiziki, himiki, biologiki, sosial) köplügi görnüşinde kesgitläp, biz olary birleşdirýän ählumumy bir düýpleýin häsiýeti ýada hili "ynha, ol şu" diýip, takyk görkezip bilmeýäris. Şeýle kesgitleme öz mazmuny boýunça "tokaý – bu arçalaryň, kerkawlaryň we ş.m. agaçlaryň köplügidir", "jemgyýet – bu amanlaryň, gurbanlaryň, jonlaryň, iwanlaryň, jemallaryň, marallaryň, jozefinalaryň we ş.m. başga atlary bolan aýal we erkek adamlaryň köplügidir", "haýwanlar dünýäsi – bu tilkileriň, ýolbarslaryň, şagallaryň we ş.m. haýwanlaryň köplügidir" ýaly ýöntem kesgitlemelerden kän bir tapawutlanmaýar.

***Ikinjiden***, materiýany aňyň obýektiw reallyga bolan gatnaşygynyň üsti bilen kesgitläp, biz ontologiýanyň öz çäginden çykýarys. Sebäbi **"materiýa – bu biziň duýgy organlarymyzyň kömegi bilen, biziň aňymyzda öz şöhlelenmesini tapýan reallykdyr"** diýmek bilen, biz bu ýerde gnoseologiýanyň, ýagny akyl ýetiriş teoriýasynyň jümmüşine aralaşýarys. Üstesine-de, biz daşky reallyga oňa akyl ýetirýän subýektiň aňy bilen garap, ***antroposentrizme***[20] we ***subýektiwizme*** tarap gadam urýarys, ýagny öz hususy garaýyşlarymyzy absolýutlaşdyrmaklyga ýykgyn edýäris.

---

[20] ***Antroposentrizm*** diýlip, ähli zadyň adam bilen baglanyşdyrylmagyna, adamyň hemme zadyň baş esasy edilip kabul edilmegine aýdylýar. (Ö.M.)

***Üçünjiden,*** materiýany bizden daşarky obýektiw reallyk hökmünde kesgitläp, biz öz öňümizde başga bir meseläni, ýagny ***subýektiw reallygyň*** – biziň özümizdäki reallygyň, nämeligi baradaky meseläni keserdip goýýarys. Daşky dünýäde ***ruhy substansiýanyň*** ýoklugyny ykrar edip, biz ony ***içki reallyga*** geçirsek, onda biz reallygy goşalandyrýarys, ýagny ***dualizme*** ýykgyn edýäris. Bu bolsa öz gezeginde dünýäniň maddy birligi prinsipiniň bozulmagyna getirýär. Bu ýerde bizi aňyň ýokary gurluşly materiýanyň (beýniniň) sypatylygy görnüşde düşündirilişi hem halas ederden ejiz gelýär. Haýsy-da bolsa bir zada degişli sypaty şol zada garşy goýup bolmaýar. ***Relýasion garaýşa*** görä, ***materiýa – bu aňdan başga ähli zat***. Emma aňyň özi welin, diňe sypaty aňladýar. Şeýle sypat bolsa adam beýnisine degişli edilýär. Görşümiz ýaly, bu ýerde düşünjeleriň düşündirmesi kyn garjaşmasy ýüze çykýar.

Umuman, materiýanyň manysyny açyp görkezýän dürli garaýyşlaryň ýokarda ser salnyp geçilen görnüşleri bu meseläniň, hakykatdan-da, entek hem doly we gutarnykly çözülmän galýanlygyny subut edýär. Şu nukdaýnazardan çemeleşilende, materiýa bilen aňyň mynasybeti baradaky meseläniň filosofiýanyň esasy meselesi hökmünde kabul edilmekliginden ýüz öwürmekligi teklip edýänleriň pikirlerini hem goldamak mümkin.

## 2.3. Hereket we onuň görnüşleri

Dünýä elmydama hereketde, ol dynç alman “işleýär”. Biziň her gün agşam asmandaky görýän ýyldyzlarymyzam göräýmäge hereketsiz ýaly-da bolsalar, olar üznüksiz we dowamly hereketde. Güni, Aýy, Ýeri we beýleki planetalary özüne birleşdirýän Galaktikada hereketde. Ol beýleki galaktikalara otnositel halda hereket edýär.

Hereket köpdürli. Janly organizmleriň hemmesinde çylşyrymly fiziologik prosesler bolup geçýär. Mysal hökmünde adam ýüregini alyp göreliň. Ol adam synasynyň iň işeňňir “işgäridir”. Ol öz üstünden bir gije-gündiziň dowamynda ýüzlerçe litr gany geçirip, damarlara berýär. Ol bir minut hem dynç alman, gije-gündizde 24 sagat däl-de, 25 sagat işleýän “işgär” diýilmeklige mynasyp.

Tebigat hem dynuwsyz hereketde. Adamzat jemgyýeti üçin hem yzygiderli ösüş we dürli üýtgeşmeler mahsusdyr.

***Hereket – bu barlygyň ýaşaýyşda bolmagynyň usulydyr. Bolmak diýmek – hereketde bolmak diýmekdir.*** Dünýäde üýtgemeýän zat hem ýok, hil hem ýok, arabaglanyşyk-da ýok. Hereket döredilmeýärem, ol ýok bolup hem gitmeýär. Ol daşardan hem getirilýän zat däl. Şonuň üçin barlygyň hereketine öz-özleýin hereket hem diýmek mümkin.

Hereketiň, esasan, bäş formasy, ýagny *mehaniki, fiziki, himiki, biologiki* we *sosial formalary* bolup, olar biri-birinden tapawutlandyrylýar.[21]




**Materiýanyň hereketiniň 5 formasy**

Hereketiň sosial formasy onuň iň ýokary formasy hasaplanylýar.

Islendik zadyň hereketi diňe haýsy-da bolsa başga bir zada degişlilikde ýüze çykýar. Aýratyn bir jisimiň aýrybaşgalaýyn hereketde bolmagy mümkin däl. Islendik obýektiň hereketdeligini anyklamak üçin haýsy-da bolsa başga bir obýekti tapmak zerur. Diňe şol tapylan obýekt bizi gyzyklandyrýan obýektiň hereketdeligini anyklamaga mümkinçilik berýär.

Islendik hereket içki gapma-garşylyga eýe. Sebäbi islendik hereket üçin şol bir wagtyň özünde *üýtgemeklik* we *durgunlyk, hereketdelik* we *dynçlyk* mahsusdyr. Predmet nähili üýtgese-de, ol entek bar wagty

[21] ***Bellik.*** Hereketiň bu bäş formasy baradaky teoriýany özüniň onýyllyk gözlegi esasynda marksizmi esaslandyryjylaryň biri bolan F. Engelsiň işläp düzenligini belläp geçmek gerek. (Ö.M.)

özüniň kesgitliligini saklaýar. Mysal üçin, derýa elmydama akyp dur. Emma ol akýanlygy üçin özüniň derýalyk aýratynlygyny ýitirmeýär. Aslynda derýanyň barlygy onuň akýanlygyndadyr. Dynçlyk hiç haçan absolýut görnüşde bolup bilmeýär. Dynçlyk elmydama otnositel häsiýetdedir. Islendik jisim haýsy hem bolsa başga bir (şertleýin hereketsiz diýlip kabul edilen) jisime görä dynçlyk halyndadyr. Aýdaly, biz gapdalynda durup, synlaýan binamyza görä hereketde däl, dynçlyk halda. Ol binanyň özi hem ýere otnositellikde dynçlyk halda. Emma bizem, ol binada, hemme beýleki zatlar bilen bilelikde Ýeriň üstündeligimiz sebäpli, ýer bilen bile üznüksiz hereket edýäris. Ýer bolsa öz gezeginde öz okunyň we Günüň daşyndan aýlanyp dur. Hereket etmek diýmek – şol bir ýerde bolmak we ol ýerde bolmazlyk, şu ýerde bolmak we şol bir wagtyň özünde başga bir ýerde bolmak. Hereketiň dialektikasy hut şeýle görnüşde ýüze çykýar.

Bu ýerde hereketiň iki konsepsiýasy, ýagny **dialektiki** we **metafiziki konsepsiýalary** barada hem durup geçmek zerur. Olar biri-birlerinden düýpgöter tapawutlanýarlar.

Dialektiki konsepsiýada hereket babatynda şeýle garaýyşlar öňe sürülýär:

- Hereketiň içki çeşmesi (sebäbi) ýüze çykarylmaly. Şoňa görä-de, herekete öz-özleýin hereket hökmünde, obýekte bolsa hereketde bolan zat hökmünde garalýar.
- Hereketiň çeşmesi – gapma-garşylyk, obýektiň garşylykly taraplarynyň, häsiýetli aýratynlyklarynyň özboluşly arabaglanyşygy.
- Obýektiň içindäki özara täsir onuň ähli parametrleriniň şol bir wagt aralygynda üýtgemegine sebäp bolup, obýektiň başga bir obýekte öwrülmegine getirýär.
- Hereketiň dowamynda özgeren obýekt özünde öňki halyna mahsus bolan we düýpden täze, öň onda bolmadyk häsiýetli aýratynlyklary hem jemleýär.

Metafiziki konsepsiýa üçin bolsa hereket dogrusynda aşakdaky garaýyşlar mahsusdyr:

- Hereketiň çeşmesi daşky sebäplerden gözlenilmeli. Şol sebäpli-de, herekete daşky täsirleriň netijesi diýlip düşünilýär, obýekte bolsa herekete getirilýän zat hökmünde düşünilýär.

- Hereketiň çeşmesi obýekte täsir edýän daşky güýç.
- Daşky täsirler obýektiň doly dargamagyna (ýitip gitmegine) getirýär ýa-da obýektde onuň düýp mazmunyna degmeýän üýtgeşmeleri emele getirýär.
- Obýekt öňki görnüşindäki halyndan hiç bir zady alyp galman, düýbünden täze zada öwrülýär ýa-da öňki ýagdaýyndan diňe käbir maýda, göze ilmeýän häsiýetleri bilen tapawutlanýar.

## 2.4. Giňişlik we wagt

Her bir zadyň ölçegi, ýagny uzynlygy, giňligi, beýikligi bar. Her bir aýratyn alnan zat başga bir zatlara görä ol ýa-da başga bir ýerde ýerleşýär, ýagny olar bilen deňeşdirilende çepde ýa-da sagda, yzda ýa-da öňde, ýokarda ýa-da aşakda – belli bir ***giňişligiň*** çäginde ýerleşýär. ***Giňişlik*** obýektleriň biri-birine görä ýerleşiş ornuny we tertibini häsiýetlendirýär. Giňişligiň strukturasyny (içki gurluşyny, düzümini) obýektleriň ýerleşiş tertibi emele getirýär.

Hadysalar öz dowamlylygy bilen hem häsiýetlendirilýär. Käbir wakalar şol bir wagtyň özünde bolup geçse, beýlekileri biri-birlerinden öň ýa-da soň bolup geçýär. Mysal üçin, gündizden soň gije, gyşdan soň ýaz gelýär. Garaz, hemme jisimleriň hereketi, dürli hadysalardyr wakalar diňe giňişligiň çäginde däl-de, ***wagtyň*** hem çäginde bolup geçýär. *Eger-de* ***giňişlik*** *obýektleriň biri-birine görä ýerleşişiniň utgaşmasynyň formasy bolsa,* ***wagt*** *obýektleriň öz orunlaryny çalşyşmaklygynyň utgaşyklygynyň formasydyr.* Has dogrusy, giňişlik we wagt materiýanyň ýaşamagynyň esasy formalarydyr, ýagny olar materiýadan aýrylmazdyr.

Häzirki zaman ylmy ***giňişligiň üç ölçeglidigini*** (uzynlyk, giňlik we beýiklik), ***wagtyň*** **bolsa** ***bir ölçeglidigini*** subut edýär. Wagtyň geçmegi dolangysyzdyr ýa-da başgaça aýdylanda islendik proses diňe bir ugra – geçmişden geljege tarap ösýär.

***Wagt*** we ***giňişlik*** **obýektiwdirler**, ýagny adam aňyna garaşsyz halda ýaşaýarlar. Olaryň hut özlerine mahsus kanunalaýyklyklary we häsiýetli aýratynlyklary bolup, olar (ol aýratynlyklar) hem obýektiwdirler, ýagny adam aňynyň önümi däldirler. Biz özümiziň

wagtyň akymynyň içindeligini duýsak hem özümiz bilen baglanyşykly bolup geçen ýekeje pursaty hem yzyna gaýtaryp bilmeýäris. Wagt akymy biziň gözegçiligimiziň çäginden daşarda ýerleşýär. Biz wagt akymynyň öňünde edil derýadan akyp barýan ýaprajyk kimin alaçsyz.

Elbetde, wagt obýektiw zat. Emma şeýle-de bolsa, belli bir derejede onuň psihologik aýratynlygy hem bar. Şonuň üçin-de, kähalat ylymda *“psihologik wagt”* diýen düşünje hem ulanylýar. Mysal üçin, bir zada garaşýan halatymyz wagt diýseň haýal geçýän ýaly görünýär, “uzagrak dowam edäýsedi” diýýän pursatymyz bolsa, ol tersine, diýseň çalt bolup geçýän ýaly görünýär.

Sosial filosofiýada, ýagny taryhyň filosofiýasynda *taryhy giňişlik* we *taryhy wagt (ýa-da döwür)* diýen düşünjeler hem ulanylýar. Bu belli bir derejede dogrudyr. Sebäbi islendik taryhy waka ol ýa-da beýleki bir geografik çäkde (giňişlikde) we ol ýa-da beýleki bir wagt aralygynda bolup geçýär.

## 2.5. Materiýanyň, hereketiň, giňişligiň we wagtyň birligi

Eger-de filosofiýanyň taryhynyň başky döwürlerinde giňişlige we wagta degişlilikde olaryň absolýut häsiýete eýeligi hakyndaky pikirler ýörgünli bolan bolsa, soňra tebigat ylymlarynyň gazananlarynyň netijesinde dünýäniň fiziki şekili baradaky garaýyşlaryň üýtgemegi bilen ol pikirler hem üýtgäp başlapdyr.

Giňişligiň we wagtyň hereketdäki materiýa bilen arabaglanyşygy hakyndaky garaýyşlaryň üýtgemegine rus matematigi **N.I.Lobaçewskiniň** täze geometriki taglymaty öz aýgytly täsirini ýetiripdir. Onuň eden açyşy diňe bir geometriýa ylmy üçin uly ähmiýete eýe bolman, eýsem filosofiýa üçin hem aýratyn wajyplyga eýe bolupdyr. Täze geometriýa giňişligiň häsiýetli aýratynlyklarynyň elmydama we hemme ýerde birmeňzeş we üýtgewsiz däldigine göz ýetirmeklige mümkinçilik beripdir. Lobaçewskiniň geometriýasynda üçburçlugyň burçlarynyň jemi hemişelik sana, ýagny 180° deň bolman, onuň taraplarynyň uzynlygynyň üýtgemegi bilen elmydama 180°-den az bolýar. **B.Rimanyň** geometriýasynda bolsa sferanyň üstünde çekilen üçburçlugyň burçlarynyň jemi welin, tersine 180°-den uly

bolup çykýar. **A.Eýnşteýniň** otnositellik teoriýasy hem giňişlik we wagt baradaky garaýyşlaryň üýtgemegine aýratyn täsir eden ylmy açyşlaryň biridir.

Umuman, takyk ylymlaryň we tebigat bilimleriniň täze gazananlary ***birinjiden, materiýa, hereket, giňişlik*** we ***wagt*** baradaky garaýyşlaryň has-da çuňlaşmagyna getirse, ***ikinji tarapdan*** bolsa, olaryň özara aýrylmaz baglanyşyklydygyny, has dogrusy, olaryň ***birligini*** doly subut edýär. Hakykatdan-da, materiýa elmydama hereketdedir, onuň hereketi bolsa elmydama giňişligiň we wagtyň çäginde bolup geçýär.

Materiýany hereketsiz halda göz öňüne getirmekligiň mümkin bolmaýşy ýaly, onuň üznüksiz hereketdeliginiň-de giňişligiň we wagtyň çäginden daşda bolup biljekligini göz öňüne getirmek mümkin däldir.

## 2.6. Kanun düşünjesi. Filosofiýanyň esasy kanunlary we kategoriýalary

Dünýä akyl ýetirişiň dowamynda biz dünýäde belli bir tertibiň, umumy kanunalaýyklygyň barlygyna göz ýetirýäris: planetalar belli bir tertipde hereket edýärler, ýazyň yzyndan tomus gelýär, ýaş adam garrap, dünýäden ötýär, bu dünýäden gidenleriň ornuna täze nesiller gelýär... Älemiň öz kanunlary bar. Ol kanunlar Älemdäki hemme zatlar üçin ählumumy häsiýete eýe. Kanun zatlaryň biri-birleriniň aralaryndaky predmeti düzýän elementleriň, predmetleriň özlerine degişli häsiýetli aýratynlyklarynyň arasyndaky baglanyşyklary aňladýar. Emma hemme arabaglanyşyk kanun däldir, çünki arabaglanyşyk zerurlaýyn-da, tötänleýin-de bolup bilýär. ***Kanun*** *– zatlaryň zerurlaýyn, yzygiderli gaýtalanýan, durnukly häsiýete eýe bolan, düýpleýin görnüşli baglanyşyklygydyr. Ol zatlaryň, hadysalaryň ösüş meýilleriniň yzygderlidigini, kesgitli tertibe eýerýänligini aňladýar.*

*Kanunlaryň dürli görnüşleri* bar, ýagny olar *sistemanyň gurluşyna, hereketlenişine* we *ösüşine degişlilikde* biri-birlerinden tapawutlandyrylýar. Kanunlar belli bir çäkde hereket edýän, ýagny dünýäniň hadysalarynyň diňe belli bir bölegine degişli we hemme hadysalar üçin ählumumy bolan kanunlara bölünýär. Käbir

kanunlaryň hadysalaryň arasyndaky mukdarlaýyn arabaglanyşygy aňladýanlygy üçin olaryň esasy bölegini matematiki formulalaryň üsti bilen hem görkezmek mümkin. Emma hemme kanunlar üçin formulalary ulanmak mümkin däl-de bolsa, kanunlaryň hemmesi hadysalaryň arasyndaky obýektiw, zerurlaýyn görnüşli arabaglanyşyklary aňladýar.

Kanunlar ***dinamiki*** we ***statistiki kanunlara*** bölünýär. ***Dinamiki kanun*** *diýlip, sebäpleýin baglanyşyga, ýagny sistemanyň başlangyç halynyň onuň soňky halyny kesgitleýän baglanyşyga aýdylýar.* Dinamiki kanunlaryň çylşyrymlylyk derejesi biri-birlerinden tapawutlandyrylýar. Olaryň esasy bölegi hadysalaryň hemmesine umumylykda we olaryň her birine bolsa aýratynlykda hem degişli. Mysal üçin, islendik ýokaryk zyňylan daş, ählumumy dartylyş kanunyna laýyklykda aşak gaçýar.

Emma ylym sistemalaryň käbirleriniň aýratyn bölekleriniň özüni nähili alyp barjaklygyny öňünden kesgitläp bilmese-de, sistemanyň tutuşlaýyn görnüşde nähili alyp barjaklygyny takyk kesgitlemekligi başarýar. Sistemanyň aýratyn bölekleriniň hereketindäki tötänlik hem bitewi sistemany kesgitleýän umumy kanunalaýyklyga boýundyr. ***Statistiki kanunalaýyklyk*** *hadysalaryň köplügini bitewi görnüşde kesgitläp, ol bu bitewiligiň her bir aýratyn bölegini özbaşdak häsiýetlendirmeýär.*

Dünýädäki hereket edýän kanunalaýyklyklaryň ýüze çykarylmagynyň esasynda geljege göz ýetirilýär, teoriýanyň (ylmy taglymatlaryň) praktikada (gündelik tejribede) durmuşa ornaşdyrylmagy amala aşyrylýar. Adamyň daşky dünýäniň üstünden agalyk etmekligi onuň kanunlar baradaky düşünjesiniň göwrümi we çuňlugy bilen ölçenilýär.

## 2.7. Kategoriýalar hakynda umumy düşünje

Biz her bir zat barada pikir ýöredenimizde şol zada degişli düşünjelerden peýdalanýarys. Mysal üçin, “agaç” diýenimizde, biz ösümlikleriň belli bir toparyna degişli görnüşini göz öňüne getirýäris. Umuman, gündelik durmuşymyzda biz dürli düşünjelerden

peýdalanýarys. Her bir ylymda hem şol ylma degişli düşünjeler ulanylýar. Fizikada, mysal üçin, “atom” , “energiýa”, hukugy öwreniş ylmynda “jenaýat”, “kanun”, dil biliminde “düşüm”, “ýöňkeme” ýaly umumy görnüşli düşünjelerden peýdalanylýar. Ylmy dilde has umumy görnüşli düşünjelere *kategoriýalar* diýilýär. Filosofiýada hem onuň özüne degişli kategoriýalary bar. Emma filosofiýanyň dünýäni has umumylaýyn derňeýänligi üçin, ondaky ulanylýan kategoriýalar hem umumy häsiýete eýedir. Beýleki ylymlarda hakykatyň diňe şol ylym tarapyndan öwrenilýän tarapyna degişli kategoriýalar ulanylýar.

Filosofiýanyň wezipesi dünýäniň we pikirlenmäniň hemme hadysalary üçin mahsus bolan has umumy arabaglanyşyklary, kanunalaýyklyklary öwrenmekden ybarat. Mysal hökmünde sebäpleýin arabaglanyşyklary alyp göreliň. Sebäpleýin arabaglanyşyklar janly tebigatda-da, islendik fiziki proseslerde-de, jemgyýetçilik durmuşynda-da bar. Fizikada şol arabaglanyşyklaryň fiziki proseslere, biologiýada – janly organizmlere degişlileri öwrenilýär. Beýleki ylymlarda hem şeýle. Filosofiýa sebäpleýin arabaglanyşyklaryň hemmesini umumy görnüşde düşündirmeklige çalyşýar. Şonuň üçinde, filosofiýanyň kategoriýalary ählumumy häsiýetli düşünjeleriň toplumydyr. Filosofik kategoriýalary şertleýin birnäçe toparlara, esasan, ***ýekeleýin***, ***jübütleýin*** (goşalaýyn) we ***üçemleýin*** görnüşli kategoriýalara bölmek kabul edilendir. Mysal üçin, biziň eýýäm bilýän kategoriýalarymyz, ýagny “***barlyk”, “materiýa”, “substansiýa”, “hereket”, “giňişlik”*** we ***“wagt”*** ýaly kategoriýalary şertleýin ýekeleýin görnüşli kategoriýalara degişli etmek mümkin. Biz olar barada “şertleýin” diýen sözi ýöne ýerden ulanmaýarys. Olary hakykatdan-da, biz aýratynlykda derňäp geçdik, olaryň her biriniň manysyny aýratynlykda açyp görkezmeklige çalyşdyk. Ýöne şol bir wagtyň özünde hem **”barlygyň” “ materiýadan”, “materiýanyň**” bolsa **“hereketden”, “giňişlikden”** we **“wagtdan**” üzňe däldigine hem göz ýetirdik.

Filosofiýanyň bulardan başga kategoriýalary baradaky gürrüňi “*arabaglanyşyk*”, “*özara täsir*” we “*ösüş*” ýaly kategoriýalardan başlamak isleýäris.

## 2.8. Ähli umumy arabaglanyşyk we özara täsir

**Ösüş, progres we regres.** Dünýäde doly özbaşdak, ýagny başga zatlardan düýbünden üzňe zat ýok. Dünýädäki hemme zatlar biri-birleri bilen özboluşly arabaglanyşykda. Älem zynjyry hiç ýerde üzülmeýär, hemme zady biri-birine bagly edip goýýar.

***Özara baglylyk*** ýa-da ***arabaglanyşyk*** *– bu bir hadysanyň beýleki bir hadysa bilen haýsy hem bolsa bir tarapy boýunça özara baglanyşyklydygyny aňladýan düşünje.* Arabaglanyşyklaryň esasy görnüşleriniň hataryna giňişlikdäki, wagtyň çägindäki, genetiki, sebäp-netijeleýin häsiýetdäki, esasy we esasy däl, gönümelleýin we gytaklaýyn, içki we daşky, dinamiki we statiki, göni we tersleýin görnüşlerdäki baglanyşyklar girýär. Arabaglanyşyklar materiýanyň hereketiniň esasy formalary boýunça hem tapawutlandyrylýar. Olary aşakdaky görnüşde suratlandyrmak mümkin:

- hereketiň **mehaniki** formasyna – **zatlaryň, predmetleriň arasyndaky sada, ýönekeý arabaglanyşyk degişli;**
- hereketiň **fiziki** formasyna – **energetiki** we zatlaryň, predmetleriň arasyndaky sada, ýönekeý arabaglanyşyk degişli;
- hereketiň **himiki** formasyna – **strukturalaýyn,** energetiki we zatlaryň, predmetleriň arasyndaky sada, ýönekeý arabaglanyşyk degişli;
- hereketiň **biologiki** formasyna – **genetiki,** strukturalaýyn, enegetiki we zatlaryň, predmetleriň arasyndaky sada, ýönekeý arabaglanyşyk degişli;
- hereketiň **sosial** formasyna – **sosial gatnaşyklaryň dürli görnüşleri** (maşgala, dostluk, goňşara, milletara, synplar ara, döwletara, halkara we ş.m.), genetiki, strukturalaýyn, energetiki we zatlaryň, predmetleriň arasyndaky sada, ýönekeý arabaglanyşyk degişli.

***Baglanyşyk*** – bu aýratyn bir predmet däl-de, predmetleriň arasyndaky gatnaşygy aňladýan düşünjedir.

Dünýäniň hadysalary diňe bir özara baglanyşykda bolman, eýsem olar biri-birlerine özara täsir hem edýärler. Her bir predmet başga bir predmete ol ýa-da beýleki bir görnüşde öz täsirini ýetirýär we öz täsir eden predmetiniň garşylykly täsirine hem sezewar bolýar. Özara

täsirdäki obýektler öwrenilende, olaryň haýsy hem bolsa biriniň esasy, ýagny kesgitleýji görnüşde, beýlekisiniň bolsa ondan gelip çykýan, ýagny kesgitlenilýän görnüşde ýüze çykýanlygy göz öňünde tutulmalydyr.

Arabaglanyşyklaryň we özara täsirleriň dürli görnüşlerini derňemek we jikme-jik öwrenmek ylmy akyl ýetiriş işiniň iň esasy wezipeleriniň biridir.

***Ösüş.*** Älemde ýekejede doly derejede gutarnykly zat ýok. Hemme zat başgalaýyn görnüşe geçmeklik ýolunda, ýagny hemme zadyň ümzügi ösüşe tarap. ***Ösüş*** *– bu obýektiň kesgitli bir ugra tarap hereketi, onuň dolanuwsyz özgerişi ýa-da ýönekeý dilde aýdylanda köneden – täzä, ýönekeýden – çylşyrymla, aşaky derejeden – has ýokary derejä tarap hereketi.*

Ösüş dolanuwsyzdyr, sebäbi şol bir haldaky ýagdaýa hemme zat diňe bir gezek düşýär. Mysal üçin, adam organizminiň garrylykdan ýaşlyga tarap dolanmaklygy ýa-da ölümden dogluşa geçmekligi mümkin däl. Ösüş – bu elmydama ikitaraplaýyn hadysa: köne ýok edilip, onuň ornuna täze zat gelýär, emma her bir täze zat könäniň belli bir häsiýetlerini we taraplaryny özünde saklaýar. Täze zat könäniň özünden döräp, belli bir derejä ýetenden soňra köne bilen bir ýere sygyşmaýan hala geçýär, ýagny köne doly inkär edilýär. Köne bilen täzäniň arasynda umumylyk-da bar, meňzeşlik we tapawutlylyk-da bar.

Sistemalar elmydama öňe taraplaýyn, ýagny ***progres*** görnüşdäki ösüşe eýe bolman, eýsem kähalat olar ***degradasiýa*** – dargaýşa (çüýremeklige, bozulmaklyga) hem sezewar bolup bilýärler. Degradasiýa, ýagny sistemalaryň dargamaklygy, olaryň ýokary derejeden pes derejä, has kämil derejeden pes derejedäki kämillige geçmekligini aňladýar. Muňa mysal edip, käbir biologik görnüşleriň täze şertlere uýgunlaşyp bilmän, ýitip başlamaklygyny getirmek mümkin. Haçanda sistema tutuşlaýyn degradasiýa halyna düşen ýagdaýynda onuň hemme elementleriniň dargap gitmeýänligini hem aýtmak gerek. Ösüşiň ***regres*** görnüşi hem bar. ***Regres*** – gapma-garşylykly proses: bitewileýin zat dargasa-da, onuň aýratyn elementleri, tersine, ösüşe eýe bolup bilýär. Edil şonuň ýaly-da, tutuş sistema progressiw ösüşde

bolan halatynda, onuň käbir elementleri degradasiýa ýagdaýyna düşüp bilýär.

Ösüş prinsipiniň örän uly metodologik ähmiýeti bar. Ol ýa-da beýleki bir zadyň syryna göz ýetirmek üçin, ilkinji nobatda, onuň gelip çykyşynyň (döreýşiniň), kemala gelşiniň syrlarynyň açylmaklygy zerur. Hadysanyň emele gelşiniň aýratynlyklaryna doly göz ýetirilmekligi onuň ösüşi üçin mahsus bolan aýratynlyklaryň ýüze çykarylmaklygyna ýardam edýär.

## 2.9. Ýekeleýinlik, aýratynlyk we umumylyk

***Ýekeleýinlik, aýratynlyk we umumylyk.*** Bu kategoriýalar her bir predmetiň ýeke-täk özboluşlylygynyň we şol bir wagtyň özünde hem başga predmetler bilen ol ýa-da beýleki bir taraplaryna görä meňzeşliginiň barlygyny görkezýän düşünjeler hökmünde ulanylýar. ***"Ýekeleýinlik"*** – predmetde diňe onuň özüne, başgalarda gaýtalanmaýan özboluşly aýratynlygynyň barlygyny aňladýan kategoriýa. ***"Umumylyk"*** – her bir aýratyn alnan predmetde ony beýlekiler bilen birleşdirýän alamatlarynyň barlygyny aňladýan kategoriýa. ***"Aýratynlyk"*** bolsa, predmetiň umumy taraplary bilen ýekeleýin taraplarynyň arasyndaky arabaglanyşygy aňladýar. Indi bu kategorýalaryň her biriniň üstünde aýratynlykda durup geçeliň. Ilki bilen ýekeleýin zat hakynda gürrüň edeliň.

Göräýmäge tut agajynyň ýapraklarynyň hemmesi birmeňzeş ýaly hem bolsa, olaryň hiç biri hem beýlekisi bilen deň däl. Bu ýerden hiç bir zadyň başga bir zat bilen absolýut deňlige eýe däldigi hakyndaky netije emele gelýär. Zatlar öz içinde hem, öz aralarynda hem doly derejede meňzeş däl. Biri-birlerine juda meňzeş adamlary görenimizde, biz "bir almany iki bölen ýaly" diýýäris. Emma olaryň her biri aýratyn şahsyýet. Daşky meňzeşlik olaryň hemmetaraplaýyn meňzeşligini aňlatmaýar. Hatda iki sany suw damjasynyň arasynda hem (eger-de olary mikroskopyň astynda synlasak) meňzeşligiň ýoklugyna göz ýetirmek mümkin. Tutuşlaýyn toždestwolaýynlyk (doly deňlik) diňe abstraksiýada, ýagny kabul edilen simwollary ulanan ýagdaýymyzda (mysal üçin, A=A diýip kabul edenimizde) mümkin. Diýmek, her bir zat ýekeleýin häsiýete eýedir.

Emma dünýäni diňe ýekeleýin zatlaryň tükeniksiz köpdürlüligi görnüşinde göz öňüne getirmeklik hem ýalňyşdyr. Tükeniksiz köpdürlülik – bu barlygyň diňe bir tarapydyr. Onuň beýleki bir tarapy hemme zatlaryň alamatlarynyň arasynda olaryň özara gatnaşyklarynda belli bir umumylygyň barlygy bilen baglanyşyklydyr. Ýokarda biz iki sany islendik zadyň arasynda absolýut toždestwolaýynlygyň (doly meňzeşligiň, doly deňligiň) bolup bilmejekligini nygtap geçdik. Edil şonuň ýaly-da, biz olar üçin belli bir umumylyk häsiýetli bolmadyk iki sany zadyň bolup bilmejekligi barada hem çürt-kesik aýdyp bileris. Mysal üçin, haýwanlaryň hemmesi üçin mahsus bolan umumylyk bar. Aralarynda özboluşly umumylygyň barlygy dürli minerallar üçin-de, ösümlikler üçin-de, ähli asman jisimleri üçin-de mahsus zat. Başgaça aýtsak, umumylyk – bu ýekeleýinligiň köp zatlardalygydyr. Umumy zatlar üçin giň mazmunly, umumy häsiýetli düşünjeler ulanylýar. Mysal üçin, biz *“adamlar”, “ösümlikler”, “haýwanlar”* we ş.m. düşünjeleri ulanyp, belli bir zatlaryň arasyndaky umumylygy aňladýarys.

Predmetler umumylygyň dürli derejelerine eýe bolup bilýärler. Umumylyk iki görnüşde ýüze çykyp bilýär. Şol bir wagtyň özünde umumylyk ýekeleýin zat üçin umumylyk, umumylygyň has ýokary derejesine görä bolsa, aýratynlyk görnüşinde ýüze çykýar. Mysal üçin, “türkmenler” diýen düşünje “türki halklar” diýen düşünjä görä ýekeleýinlik görnüşde, “halklar” diýen düşünjä görä bolsa, aýratynlyk görnüşde ýüze çykýar.




Ýekeleýinligiň, aýratynlygyň we umumylygyň düýp mazmunyna dogry düşünilmekliginiň örän uly praktiki we ylmy ähmiýeti bar. Ylym, esasan, umumylaşdyrmalar bilen iş salyşýar we umumy düşünjelerden peýdalanýar. Hut şol sebäpli-de, ylym gündelik durmuş praktikasyny özüniň ýüze çykaran kanunlary bilen ýaraglandyryp bilýär we onuň öňdengörüjilik bilen hereket etmekligine ýardam berip bilýär. Emma bu, bir tarapdan, ylmyň güýjüniň özeni bolsa, ikinji tarapdan, onuň

asgynlygyny hem aňladýar. Sebäbi islendik ýekeleýin we aýratyn zat umumy zada garanyňda baýdyr. Şonuň üçin-de, ylym öz kanunlaryny açmaklyk üçin elmydama ýekeleýin we aýratyn zatlary hasaba alyp durmaklyga, olary yzygiderli derňäp we seljerip durmaklyga mejbur bolýar. Diňe şeýle gözlegleriň netijesinde ylmy kanunlara täzeden seredilýär we olar baradaky garaýyşlar baýlaşdyrylýar, çuňlaşdyrylýar. Islendik ylmy düşünje özünde ýekeleýin we aýratyn zatlaryň baýlygyny jemleýär. Haçan-da ýekeleýin zatlaryň öwrenilmekligine biperwaý garalýan bolsa, şonça-da umumy zat baradaky düşünjeleriň dolulyk derejesi peselýär. Mysal üçin, biz ”adam” diýen düşünjäni ulansagam, ol her bir aýratyn adam-şahsyýet üçin (aýdaly, beýik Magtymguly üçin) mahsus bolan özboluşly aýratynlygy aňlatmakdan juda ejiz gelýär. Sungatyň we edebiýatyň güýji we özüne çekijiligi, esasan, sungat we edebi eserlerde hemmeler üçin ählumumy bolan meseleleriň konkret obrazlaryň (ýekeleýin we aýratyn) üsti bilen çeper beýan edilip, görkezilip bilinýänligindedir. Edil sungatda bolşy ýaly, ylymda hem indiwiduallykdan daşlaşmak mümkin däldir. Ýekeleýin we aýratyn zatlar üçin mahsus bolan häsiýetleri hasaba almazdan, ählumumylaýyn görnüşli ylmy garaýyşlary – teoriýalardyr taglymatlary döretmek mümkin däldir.

## 2.10. Sistema we element. Bölek zat we bitewi zat

***Sistema*** – bu içki elementleri biri-birleri bilen diýseň jebis baglanyşykly bolan bitewilik hökmünde daşky şertlere we beýleki öz derejesindäki ähli beýleki sistemalara görä aýratyn, bitewi umumylykdyr. ***Element*** – sistemanyň bitewiligini emele getirýän we sistemanyň içinde belli bir funksiýany (wezipäni) ýerine ýetirýän iň minimal (has kiçi) birlikdir. Sistemalar gurluşy boýunça ***sada*** we ***çylşyrymly*** görnüşlere bölünýär. ***Çylşyrymly sistema*** diýlip, elementleriniň her biriniň aýratynlykda özboluşly sistema görnüşinde seredilip bolunýan sistema aýdylýar.

Islendik sistema öz bölekleriniň birligini aňladýan bitewilikdir. ***“Bitewi zat”*** we ***“bölek zat”*** diýlip atlandyrylýan kategoriýalar biri-birleri bilen özara baglanyşykly kategoriýalardyr. Barlygyň iň kiçi bölejikleriniň biri bolan atom özboluşly bitewilikdir. Emma şol bir

wagtyň özünde ol başga bir bitewiligiň, ýagny molekulanyň bölegidir. Molekula bolsa, öz gezeginde, başga bir bitewilegiň bölejigidir (mysal üçin, haýsy hem bolsa bir janly organizmiň). Soňky bitewilik bolsa, öz gezeginde, başga bir, özüne has uly bir bitewiligiň bölegidir. Garaz, islendik aýratyn alnan bitewi zat başga bir zada görä bölek zat hökmünde ýüze çykýar. Hatda, dünýädäki ähli jisimleri **Älem** diýlip atlandyrylýan iňňän uly bir bitewiligiň bölekleri hökmünde göz öňüne getirmek hem mümkin.

Bölekleriniň arasyndaky baglanyşygyň häsiýetine görä dürli görnüşli bitewilikler bitewileýin zatlaryň üç sany esasy tipine bölünýär. Olaryň birinji tipine ***guramaçylyksyzlaýyn bitewilik,*** ýagny predmetleriň bir ýerde bitertip ýerleşmesi görnüşindäki bitewilik degişli edilýär. Guramaçylyksyzlaýyn bitewilikde bölekleriň arasyndaky baglanyşyk mehaniki häsiýete eýe. Şeýle görnüşli bitewiligiň häsiýetli aýratynlyklary ony düzýän bölekleriň häsiýetli aýratynlyklaryna laýyk gelýär. Bu bitewilige täze girizilen ýa-da, tersine, ondan bölünip aýrylan predmetler ullakan bir hil üýtgemelerine sezewar bolmaýarlar.

Bitewilikleriň ikinji tipine ***guramaçylykly bitewilikler*** diýilýär. Şeýle bitewilikleriň mysallary hökmünde atomy, molekulalary, kristallary, Gün sistemasyny, Galaktikany görkezmek mümkin. Guramaçylykly bitewilikler olary emele getirýän bölekleriň aýratynlyklaryna we olaryň arasyndaky baglanyşygyň häsiýetine görä düzüm bölekleriniň ýerleşiş tertibiniň dürlüligi bilen tapawutlandyrylýar. Guramaçylykly bitewilikde ony emele getirýän elementleriň arasynda durnukly we kanunalaýyklaýyn baglanyşyk bolýar.

Guramaçylykly bitewilik ony düzýän bölekleriň häsiýetli aýratynlyklarynyň we sypatlarynyň mehaniki jemi däldir. Onuň özi degişli aýratynlyklara we sypatlara eýedir. Aýdaly, deňiz oňa tarap akýan derýalaryň suwuny özünde jemlese-de, ol derýalaryň köplügi däl-de, deňizdir, hut deňze degişli häsiýetli aýratynlyklara eýedir. Ýa-da aýdalyň, suw. Onuň kömegi bilen tutaşan ody söndürip bolýar. Emma suwy emele getirýän wodorodyň we kislorodyň welin, başga häsiýetli aýratynlyklary bar. Wodorodyň özi ýangyç, kislorod bolsa oduň tutaşmaklygyna ýardam berýär.

Bitewiligiň üçünji tipine **organiki bitewilikler** (janly organizmler, biologik görnüşler, jemgyýet) degişli edilýär. Bu görnüşli bitewilikler

guramaçylykly bitewilikleriň iň ýokary derejesidir. Sebäbi organiki bitewilikler üçin öz-özleýin ösüş, öz düzüm böleklerini özleriniň döredip bilýänligi häsiýetlidir.

Ylmyň hiç bir pudagy hem ***“bitewi zat”*** we ***“bölek zat”*** kategoriýalaryndan peýdalanman bilmeýär. Islendik obýekt öwrenilende onuň düzüm bölekleriniň häsiýetli aýratynlyklaryny derňemeklik-de, ol obýektiň bitewilik hökmündäki sypatlaryny seljermeklik-de zerurdyr. Hut şonuň üçin-de, bu kategoriýalaryň hem (edil beýleki filosofik kategoriýalaryňky ýaly) metodologik ähmiýeti ummasyz uludyr.

## 2.11. Mazmun, struktura we forma

Her bir obýektiň özboluşly daşky görnüşi bar. Her bir obýekt ony düzýän bölekleriň ýerleşiş tertibi bilen tapawutlanýar. Her bir zadyň oňa degişli mazmuny bar. Filosofiýada obýektleriň şeýle aýratynlyklaryny sypatlandyrmak üçin ***“forma”, “mazmun”*** we ***”struktura”*** diýen kategoriýalardan peýdalanylýar. ***Mazmun*** *– bu obýekti düzýän elementleriň, onuň içki gapma-garşylyklarynyň, häsiýetli aýratynlyklarynyň birligidir.* Mazmun özünde diňe bir ol ýa-da beýleki obýekti emele getirýän düzüm böleklerini jemlemän, eýsem olaryň arasyndaky baglanyşygy, ýagny olaryň gurluş usulyny – ***strukturasyny*** hem jemleýär. Biz birmeňzeş elementlerden dürli hili strukturany emele getirmekligiň mümkinligini bilýäris. Mysal üçin, 10 000 sany birmeňzeş kerpiçden dürli hili jaý salmak mümkin. Ýa-da aýdalyň, “a”, “p”, “r” we “h” harplaryndan biz “harp” diýen sözi-de, “parh” diýen sözi-de emele getirip bilýäris. Bu mysallar strukturanyň dürlüliginiň elementleriň ýerleşiş usulynyň tapawutlylygynyň esasynda emele gelýänligini görkezýär. Predmetiň elementleriniň arasyndaky baglanyşygyň usuly onuň strukturasyny kesgitläp, predmete özboluşly durnuklylyk we hil taýdan kesgitlilik berýär.

**Forma** we **mazmun** özboluşly ***birlikdir***: *formasyz mazmun bolmaýar, mazmunsyz forma bolup bilmeýär.* Olaryň birligi islendik mazmunyň ol ýa-da beýleki bir formada ýüze çykýanlygynda aýdyň görünýär. Emma bu birlikde esasy (kesgitleýji, çözüji) tarap hökmünde mazmun çykyş edýär. Mazmunyň üýtgemekligi formanyň üýtgemegine getirýär. Mazmunyň ösüşiniň dowamynda köne

formanyň täze mazmuna laýyk gelmeýän pursaty döreýär. Täze mazmuna laýyk gelmeýän köne forma mazmunyň ösüş depginine badak salýar, olaryň arasynda konflikt derejesindäki gapma-garşylyk döreýär. Netijede, bu konflikt könelişen forma derek täze mazmuna doly laýyk gelýän formanyň döremegine sebäp bolýar.

Filosofiýada forma bilen mazmunyň otnositel özbaşdaklygynyň barlygy ykrar edilip, diňe mazmunyň formanyň üýtgemegine sebäp bolman, eýsem formanyň hem mazmuna öz täsirini ýetirip bilýänligi tekrarlanylýar. Formanyň otnositel özbaşdaklygyny, mysal üçin, formanyň mazmunyň ösüşinden yzda galyp bilýänligi bilen düşündirmek mümkin. Forma bilen mazmunyň özbaşdaklygyny şol bir mazmunyň dürli formalarda ýüze çykyp bilýänligi bilen hem düşündirip bolýar.

Haýsydyr bir obýekt bilen iş salşylanda, onuň mazmunynyň-da, formasynyň-da göz öňünde tutulmaklygy işe akylly-başly çemeleşmekligiň nyşany. Öwrenilýän meseleleri belli bir formalara salyp, olara degişli belli bir formulalary ulanyp derňemek häzirki döwürde logika, matematika we kibernetika ýaly ylymlarda giňden ulanylýan usul. Häzirkizaman ylmynda barlaglaryň strukturalaýyn metodlary hem giňden ulanylýar. Bu öz-özünden düşnüklidir, çünki obýektiň strukturasyna aralaşmazdan, onuň elementleriniň arasyndaky baglanyşygy seljermezden, obýekiň düýp mazmunyna dolulygyna göz ýetirip, onuň ösüş ugurlaryny aýdyň kesgitläp bolmaýar. Forma mazmunyň içki gurluşynda we onuň ösüşinde örän uly rol oýnaýar. Bu talap diňe teoriýa degişli bolman, eýsem praktikada hem göz öňünde tutulmalydyr. Mysal üçin, kärhanada zähmet çekýän işgärleriň işiniň gurnalyşynyň amatly formalary tapylan ýagdaýynda, ol ýerde önümçilik prosesiniň hem netijeliligi ýokarlanýar. Işiň ol ýa-da beýleki bir hereketiň amatly formalarynyň tapylmaklygy syýasatda hem zerurdyr.

Forma bilen mazmunyň özara sazlaşygynyň tapylmaklygy çeper döredijilikde has hem aýratyn ähmiýete eýedir. Islendik çeper eseriň mazmuny ondaky beýan edilýän wakalary, ündelýän pikirdir garaýyşlary, eseriň sýužetini öz içine alýar. Emma eseriň gymmaty diňe onuň mazmun çuňlugy bilen ölçenilmeýär. Gep şol wakalary, pikirleri we garaýyşlary okyja ýetirmekligiň amatly formasynyň

tapylmaklygyndadyr. Eseriň formasy eseriň dilini, saýlanylyp alnan žanryny, beýan ediliş usulyny aňladýar. Kitap görnüşinde çap edilen eseriň mazmuny diýlip diňe onuň sahypalaryna, formasy diýlip bolsa, diňe onuň daşky jildine düşünilmekligi nädogrudyr. Eger-de eseriň formasy onuň mazmunyny düzýän ideýa laýyk gelmese, ol eser gowşak eser hökmünde okyjyny özüne çekmekden ejiz gelýär. Beýik Magtymgulynyň eserleriniň jadysy diňe bir şahyryň ündeýän garaýyşlarynda bolman, eýsem şahyryň öz döredijiliginde ulanan formalaryna (çeper dil, setirleriň sazlaşygy, dürli deňeşdirmeler we ş.m.) hem baglydyr.

## 2.12. Düýp mazmun we hadysa

Dünýädäki hadysalaryň köplügine akyl ýetiriş işi olar baradaky ýöntem pikirlerden has çuňňur garaýyşlara baryp ýetmekligi, olaryň bize ýüzleý görünýän taraplaryndan aňry aşyp, görünmeýän, gizlin taraplaryna aralaşmaklygy, has dogrusy, olaryň düýp mazmunyna göz ýetirmekligi talap edýär. ***Düýp mazmun*** hadysalaryň bize görünýän taraplaryndan has aňyrda ýatan bir zatdyr. Düýp mazmun düşünjesi manysy boýunça "umumy zat", "bitewi zat" we "mazmun" ýaly kategoriýalara golaý hem bolsa, ony olar bilen deň düşünje hökmünde kabul edip bolmaýar. ***Düýp mazmun*** – *bu predmetiň iň esasy we kesgitleýji tarapy bolup, ol onuň iň esasy sypatlaryny, gapma-garşylyklaryny, arabaglanyşyklaryny we ösüş meýillerini özünde jemleýär.* Zatlaryň diňe düýp mazmunyny anyklap, oňa has çuňňur göz ýetirip bolýar. ***Hadysa*** – *bu düýp mazmunyň daşky ýüze çykmasydyr.* Başgaça aýdylanda, düýp mazmun zadyň içinde ýerleşýän, göze görünmeýän, gizlin tarapy bolsa, hadysa onuň göze görünýän, bize tarap açylan tarapydyr. Her bir adamyň hem özüne degişli düýp mazmuny bar, ol biziň "içimizde otyr", özüniň barlygyny hem duýdurman "otyr", biziň özümizem ol barada doly bir zat bilmeýris. Emma ol kähalat daşa hem çykýar, özüni biziň hereketlerimizde, edýän işlerimizde açaçan görkezip başlaýar. Umuman, düýp mazmun – bu obýektiň daşky, ýagny hadysa görnüşinde ýüze çykýan tarapydyr.

## 2.13. Sebäp we netije

Bu kategoriýalar diňe “hadysa” düşünjesi bilen baglanyşyklydyr. Haçan-da haýsy hem bolsa bir hadysa degişli şertlerde başga bir hadysanyň döremegine getirýän bolsa, onda olaryň birinjisi sebäp hökmünde, beýlekisi bolsa onuň netijesi hökmünde ýüze çykýar.

Sebäplilik prinsipi hakykata ylmy taýdan akyl ýetirmekde ummasyz uly ähmiýete eýedir.

Islendik netije iň bolmanda azyndan iki sany hadysanyň özara täsiri esasynda döreýär. Islendik netije görnüşindäki hadysanyň düýp sebäbi özara täsiriň esasynda dörän başga bir hadysadyr.

Sebäpliligiň manysy islendik hadysanyň başga bir hadysa görä döreýänligindedir, ýagny her bir hadysanyň aňyrsynda ony emele getiren başga bir hadysanyň barlygyndadyr. Aýdaly, ýer titremesi – hadysadyr, emma ol sebäp hökmünde birnäçe başga hadysalary döredýär (şäherleriň weýran bolmagy, jaýlaryň ýykylmagy, adamlaryň we haýwanlaryň pida bolmagy we ş.m.). Öz gezeginde, Ýeriň titremesiniň hem Ýeriň astyndaky bolup geçýän geologik hadysalaryň netijesidigini aýtmak gerek.

Sebäplilik prinsipinden iki sany netijäni çykarmak mümkin:

a) hiç bir zat hiçlikden (ýoklukdan) döremeýär we hiç bir zat yz galdyrman gitmeýär, ýagny ýok zada öwrülmeýär;

b) islendik hadysa başga bir hadysanyň esasynda emele gelýär, emele gelen her bir hadysa başga bir hadysanyň döremegine sebäp bolýar. Dünýäniň hadysalarynyň arasyndaky sebäp-netijeleýin arabaglanyşyk üznüksizdir, onuň soňy ýokdur.

Sebäp bilen netijäniň arasyndaky arabaglanyşyk barada aýdylanda, bu arabaglanyşygyň elmydama bir taraplaýyn häsiýetdeligini, ýagny sebäpden netijä tarapdygyny bellemek zerur. Ýene bir bellemeli zat bar. Ol ýokarda hem belläp geçişimiz ýaly, sebäp-netijeleýin arabaglanyşygyň diňe hadysalar dünýäsi üçin mahsuslygy bilen baglydyr. Ol jisimlere, predmetlere degişli däldir. Mysal üçin, atomyň sebäbi, kagyzyň sebäbi, çemçäniň sebäbi, awtomobiliň sebäbi ýokdur. Diňe olar bilen baglanyşykly hadysalaryň, ýagny atomyň dargamagynyň, kagyzyň ýyrtylmagynyň, çemçäniň hapalanmagynyň, awtomobiliň hereket etmeginiň degişli sebäpleri bardyr.

Netijä görä alnanda, sebäp, hakykatdan-da, ilkinjidir, netijäni kesgitleýän tarapdyr. Ýöne şol bir wagtyň özünde “ondan soň” diýmeklik elmydama “şol sebäpli” diýmekligi aňlatmaýar. Mysal üçin, gündiziň yzyndan gije gelýär, gijeden soň ýene-de gündiz gelýär. Emma gije gündiziň, gündiz bolsa, gijäniň sebäbi däldir. Olaryň orun çalyşmalarynyň sebäbi Ýeriň öz okunyň daşyndan aýlanmaklygy bilen baglanyşyklydyr.

Sebäplilik hakyndaky garaýyş adam aňynda eýýäm gadym zamanlarda onuň praktiki işiniň esasynda döräpdir. Eger adam öz gündelik durmuşynda oduň ýyladyp bilýänligini göz ýetirmedik bolsa, onda ol bu barada, belki, hiç wagt hem bilmezdi.

Sebäpleýin baglanyşyklara akyl ýetirilmekliginiň adamyň we jemgyýetiň durmuşy üçin, ylmyň ösmekligi üçin uly ähmýeti bardyr.

Sebäpleriň ***esasy*** we ***esasy däl***, ***içki*** we ***daşky***, ***obýektiw we subýektiw***, ***göni*** we ***gytaklaýyn*** ýaly görnüşleri biri-birlerinden tapawutlandyrylýar.

***Esasy sebäp*** diýlip, sebäpleriň ähli köplüginiň içinden iň kesgitleýji roly oýnan sebäbe aýdylýar.

***Içki sebäp*** diýlip, sistemänyň öz çäginde döräp, oňa täsir edip bilýän sebäbe aýdylýar. ***Daşky sebäp*** iki sany özbaşdak sistemanyň arasyndaky özara täsiri häsiýetlendirýär. Mysal üçin, önümçiligiň ösmekligi adamzat jemgyýetiniň hereketiniň içki sebäbidir. Daşky sebäpleri bilmek hem uly ähmiýete eýedir. Olaryň mysallary hökmünde organizm bilen daşky gurşawyň, jemgyýet bilen tebigatyň arasyndaky özara täsirleri, döwletleriň arasyndaky özara gatnaşyklary görkezmek mümkin.

***Obýektiw sebäpler*** diýlip, adamlaryň aňyna we erkine bagly bolmadyk sebäplere aýdylýar. ***Subýektiw sebäpler*** diýlip, adamlaryň özleriniň belli bir maksatlara gönükdirilen hereketlerinde, olaryň tejribesinde, bilimlerinde jemlenen sebäplere aýdylýar.

***Göni sebäp*** diýlip, ol ýa-da beýleki netijäniň döremegine gös-göni we bada-bat täsir edýän sebäbe aýdylsa, ***gytaklaýyn sebäp*** diýlip, belli bir netijäniň döremegine binäçe wagtdan, başga, bolup geçen başga hadysalardan soň, täsirini ýetirýän sebäbe aýdylýar.

Göni we gytaklaýyn sebäpleriň mysaly hökmünde şeýle mysallary getirmek mümkin. Aýdaly, haýsydyr bir adam ýol heläkçiligine duçar bolup, şol bada jan berýär, başga bir adam bolsa, şeýle heläkçilikde beýni sarsgynyny alyp, diri galýar, emma birnäçe wagtdan soň şol sarsgynyň netijesinde onuň "kellesi üýtgäp", dälireýär.

**Sebäp-netije arabaglanyşygynda şertleriň we bahananyň orny**. Sebäbiň netijäni emele getirmegi üçin degişli şertleriň bolmaklygy zerur. *Şertler diýlip, ol ýa-da beýleki bir hadysanyň ýüze çykmaklygy üçin zerur bolan ýagdaýlara aýdylýar.* Şertleriň özi netijäni döredip bilmeýär, emma sebäp welin, degişli şertleriň bolmaklygyna mätäçdir. Mysal üçin, organizmine ýokanç mikroblar düşen adam näsaglap hem biler, näsaglamanam. Mikroblaryň esasynda keseliň döremekligi ýa-da döremezligi adamyň organizminiň immun sistemasynyň (garşylyk görkezip bilijilik ukybynyň) güýçlüligi ýa-da gowşaklygy bilen baglanyşyklydyr. Sebäbiň täsir edijilik güýji we degişli netijäniň ýüze çykmaklygy şertleriň häsiýetine baglydyr. Şertleri üýtgetmek arkaly sebäbiň täsirini üýtgedip, gerek netijäni hem alyp bolýar.

Kähalat sebäbe derek ***bahana*** düşünilýän wagty hem bolýar. Emma *bahana – sebäbiň özi däldir*. Ol diňe netijäni döretmeli, sebäbiň täsirini çaltlandyrýan, oňa daşdan özboluşly bir itergi berýän zatdyr.

## 2.14. Zerurlyk (hökmanylyk) we tötänlik

Adamlaryň arasynda dünýädäki bolup geçýän zatlaryň tas hemmesine hökman bolaýmaly zat hökmünde düşünýänleri-de, köp zadyň diňe tötänlik hökmünde ýüze çykýanlygyna ynanýanlary-da bar. Kimdir biri bilen bolup geçen pajygaly hadysa baha berenlerinde we ol adama göwünlik berenlerinde, adamlar, köplenç, *"boljak zada çäre ýokdur"* hem diýýärler. Bu jümläniň aňyrsynda adamyň ömrüniň dowamynda onuň bilen bolup geçjek hemme zatlaryň *"öňden maňlaýa ýazylanlygy"*, ýagny her bir adamyň täleýiniň *"öňden kesgitlenenligi*" hakyndaky garaýyşlar ýatandyr. Ylmy dilde hemme zadyň täleýiniň öňden kesgitlenenligi hakyndaky garaýşa ***fatalizm*** diýilýär.

Filosoflaryň arasynda hem hemme zadyň diňe zerurlyk hökmünde ýüze çykýanlygyna ynanýanlary we dünýäde hiç bir zadyň tötänleýin



**B.Spinoza (Baruh)**

bolup geçmeýänligi hakyndaky garaýşy goldaýanlary bar. Olar öz garaýyşlaryny dünýädäki ähli bolup geçýän zatlaryň sebäpleýinligi bilen düşündirmeklige çalşypdyrlar. Mysal üçin, **B.Spinoza**[22] özüniň bu baradaky garaýşyny şeýle delillendiripdir: “Biziň bolup geçen ol ýa-da beýleki bir hadysa tötänleýin bolan zat diýmekligimiz, biziň ol hadysanyň düýp sebäbi barada ýeterlik düşünjämiziň ýoklugy bilen baglanyşyklydyr“. Emma Spinoza bu ýerde iki sany düşünjäni, ýagny *zerurlyk* we *sebäplilik* diýen düşünjeleri biri-biri bilen garjaşdyrýar. Hakykatdan-da, islendik hadysanyň, şol sanda tötänleýin ýüze çykan hadysanyň hem sebäbi bardyr. Emma hadysanyň aňyrsynda sebäbiň ýatanlygy ol hadysanyň hökman bolaýmaly zatdygyny, ýagny onuň zerurlyk hökmünde ýüze çykandygyny aňlatmaýar. Obýektiw dünýäde tötänliklere özboluşly rol degişlidir. ***Tötänlik*** *– bu belli bir şertler dörän ýagdaýynda bolup hem biljek we bolman hem biljek, ýüze çykyş häsiýeti boýunça ol görnüşde ýa-da başga bir görnüşde bolup biljek hadysadyr.*

Biziň daşymyzy gurşap alýan dünýäde tötänleýin hadysalar-da, zerurlaýyn hadysalar-da bolup geçýär. Bu bolsa *“hemme zat tötänleýin bolup geçýär”* we *“hemme bolup geçýän zatlar hökman bolaýmaly zerurlykdyr”* diýen garaýyşlaryň ikisiniň hem nädogry diýildigidir. Hakykatynda, olaryň ikisiniň-de, ýagny tötänligiň-de, zerurlygyň-da deň derejede ykrar edilmekligi dogrudyr. Emma bu ýerde zerurlygyň, esasan, içki, durnukly, elmydama hereketde bolan sebäpleriň netijesi hökmünde ýüze çykýanlygyny, tötänligiň bolsa, köplenç, daşky, durnuksyz we dürli görnüşlerde hereket edýän sebäplerden gelip çykýanlygyny we şonuň üçin-de, onuň bolup hem biljek, bolman hem biljek zatlygynyň göz öňünde tutulmaklygy gerek. Emma zerurlyk,

[22] ***Spinoza Benedikt (Baruh)*** **(1632-1677)** – beýik niderland filosofy. Spinoza aňdan daşarda özi özüniň sebäbi hökmünde çykyş edýän (causa sui), başga hiç bir sebäbe mätäç bolmadyk ýeke-täk substansiýanyň barlygyny subut etmeklige çalşypdyr.

esasan, içki sebäpleriň netijesi hökmünde ýüze çykýan hadysa hem bolsa, ol kähalat daşky sebäpleriň täsiri esasynda hem döräp bilýär. Mysal üçin, jisimleriň giňişligiň çäginde orunlarynyň üýtgemekligi daşky sebäpleriň netijesinde hem bolup biler. Aýdaly, billýard oýnunda şarlaryň özara täsir esasynda herekete gelmekleri daşky sebäbe görä ýüze çykýar. Şonuň üçin-de, hadysalaryň öz tebigatyndan gelip çykýan içki zerurlygyň we daşky sebäpleriň esasynda döreýän daşky zerurlygyň tapawutlandyrylmagy gerek.

Zerurlyk we tötänlik dogrusynda metafiziki we dialektiki konsepsiýalar biri-birlerinden düýpgöter tapawutlanýarlar. Olaryň aratapawudyny aşakdaky şekilde suratlandyrmak mümkin:

***Zerurlyk*** – *bu kanunyň esasy we kesgitleýji tarapydyr*. Edil kanunlar ýaly, zerurlyklar hem dinamiki we statistiki zerurlyklara bölünýär.




***Bellik.*** Bu çyzgydaky H – harpy „hakykat” diýen düşünjäni aňladýar. (Ö.M.)

Tötänligiň zerurlygyň ýüze çykyş formasynyň bir görnüşiligi we onuň özboluşly goşundysylygy olaryň dialektikasyny, ýagny olaryň aýrylmaz baglanyşygyny aňladýar. Tötänlikler diňe zerurlyklaryň döremeli ýerinde olara derek ýüze çykýar. Tötänlikler zerurlaýyn prosesiň ösüşine täsir edip, onuň çaltlanmagyna ýa-da badynyň gowşamagyna getirip bilýär. Şeýle ýagdaýda onuň özi zerurlyga öwrülýär.

Zerurlygyň we tötänligiň dialektikasynyň göz öňünde tutulmaklygy praktiki we döredijilik işiniň wajyp şertleriniň biridir. Adam tötänleýin zatlara gol ýapmaly däldir we şol bir wagtyň özünde-de, özi üçin amatly we amatsyz tötänlikleri hem gözden salmaly däldir. Mysal üçin, ol ýa-da beýleki bir çäre durmuşa geçirilende, oňa haýsydyr bir tötänleýin dörän zatlaryň ters täsir edip biljekligi hem göz öňünde tutulmalydyr. Mysal üçin, okuw mekdepleriniň binalary gurlanda ýöne ýerden onuň içinde we daşynda ýangyna garşy ulanylýan enjamlardyr gurallar ýerleşdirilmeýär. Edil şonuň ýaly-da, adamlar öz emläklerini ýöne ýerden ätiýaçlandyryş etmeýärler. Baýramçylyk günleri köpçülik ýerlerinde polisiýanyň postlarynyň sanynyň artdyrylmaklygy hem dürli hili tötänlikleriň ýüze çykyp bilmek mümkinçiliginiň öňüni almak bilen baglanyşyklydyr.

## 2.15. Mümkinlik, hakykat we ähtimallyk

***Hakykat*** diýlip, esasan, aslynda bar bolan zatlara, hakyky barlyga aýdylýar. Hakykat mümkinlige, ýagny hakykylyga öwrülmegi mümkin bolan zada garşy hem goýulýar we şol bir wagtyň özünde olaryň ikisine özara baglanyşyklykda hem seredilýär. ***Mümkinlik*** *– bu geljekde bolup biljek hakykatdyr*. Mysal üçin, erigiň şäniginiň başga bir hakykata, ýagny erik agajyna öwrülip bilmekligi mümkindir. ***Hakykat*** *– bu eýýäm dörän, amala aşan, ýaşaýan we hereketde bolan zatdyr.* Obýektiň dürli üýtgemeleri mümkinligiň hakykata öwrülmekligi görnüşinde ýüze çykýar. Mümkinlik – bu häzirki zamanyň çägindäki geljekdir, şu mahalky kesgitli pursatda ýok hem bolsa, geljekde belli bir şertlerde emele gelip, hakykata öwrülip biljek zatdyr.

Häzirki hakykat täze bir hakykata diňe degişli mümkinlik zonasynyň çäginde, ýagny obýektiw kanunlaryň täsir edýän zonasynda öwrülip bilýär. Muny şeýle suratlandyrmak mümkin:




Wagtyň çäginde seredilende mümkinlik hakykatdan öň gelýär. Hakykat bolsa özüniň öňki ösüşiniň netijesi bolup, ol şol bir wagtyň özünde hem özüniň geljekki ösüşiniň gözbaşynyň başlangyç nokadydyr. Mümkinlik häzirki hakykatdan emele gelýär we täze hakykatyň döremekligi esasynda ýüze çykýar. Islendik barlyk özünde haýsy-da bolsa düýbünden başga bir zadyň özenini saklaýar. Ilkibada bu başga zat diňe mümkinlik görnüşinde ýüze çyksa, soňra ol bu görnüşden çykyp, hakykata öwrülýär.

Hakykat – bu diňe taýýar mümkinlikleriň yzygiderlilikde hakykata öwrülmekligi däldir. Her bir hakykatda täzeden-täze mümkinlikler döräp bilýär. Biz islendik sebäbiň diňe ondan gelip çykýan netijäni kesgitleýänligi, ýagny onuň öz täsiri esasynda dörän netijäniň özüniň welin, başga nämelere sebäp bolup biljekligine "jogap bermeýänligi" barada ýokarda durup geçipdik. Edil şonuň ýaly-da, zatlaryň häzirki haly olaryň ähli geljekki hallaryny kesgitlemän, onuň diňe häzirki halyndan gelip çykýan hallary kesgitleýär.

Mümkinligiň hakykata öwrülmekligi iki sany zada, ýagny degişli kanunalaýyklygyň täsirine we degişli şertleriň bolmaklygyna baglydyr. Eger-de tebigatda mümkinligiň hakykata öwrülmekligi, esasan, özakymlaýyn görnüşde bolup geçýän bolsa, adamzat jemgyýetinde ol, köplenç, adamlaryň öz erk-isleglerine laýyklykda bolup geçýär, ýagny adamzat jemgyýetiniň taryhyny adamlaryň özi döredýär.

Filosofiýada “mümkinlik” we “hakykat” kategoriýalary bilen deň hatarda “*ähtimallyk*” kategoriýasynyň üstünde hem durlup geçilýär. ***Ähtimallyk*** *– tötänligiň kem-kemleýin zerurlyga öwrülmekligidir.* Pes derejeli ähtimallyk tötänlige golaý bolsa, ýokary derejeli ähtimallyk zerurlyga golaýdyr. Ähtimallyk – bu hadysanyň edil şeýle hili ýa-da başga bir hili görnüşde ýüze çykyp bilmekligidir, ol aralyklaýyn häsiýetdäki mümkinlikdir we oňa aralyklaýyn gapma-garşylyk degişlidir.

Eger-de tötänlige we zerurlyga ähtimallygyň nukdaýnazaryndan baha berilse, onda tötänligi amala aşyp biljekligi 0-a deň ýa-da oňa golaý ähtimallyk görnüşinde, zerurlygy bolsa, tersine, bolup biljekligi 1-e deň, ýa-da oňa gaty golaý ähtimallyk görnüşinde göz öňüne getirmek mümkin.

***Ähtimallyk*** *ol ýa-da beýleki bir wakanyň hut şu şertlerde ýüze çykyp bilmekliginiň belli bir derejesidir we mümkinliginiň ölçegidir.* Mysal üçin, ýokary zyňylan teňňäniň ýere gaçan mahaly haýsy gapdalynyň aşakda, haýsysynyň bolsa ýokarda boljaklygynyň ähtimallygy, entek ol ýere gaçmanka deňdir, ýagny matematiki dilde aýdanymyzda, 1/2-e (ýa-da 50%) barabardyr. Wakanyň 100%-e deň bolan ähtimallygy onuň doly derejede çyn zada öwrülip biljekligini aňladýar. Hiç bir ähtimallygyň ýoklugy – bu wakanyň ýüze çykmagynyň hiç mahal mümkin bolup bilmejekligini aňladýar.

## 2.16. Ösüşiň dialektikasy we kanunalaýyklyklary

Biz filosofiýanyň umumy häsiýetli kanunlar bilen iş salyşýanlygy barada ýokarda hem agzap geçipdik. Bu mesele dogrusynda filosofiýa dersine degişli okuw kitaplarda, köplenç, üç sany kanun barada gürrüň açylýar. Bu kanunlar, esasan, **“gapma-garşylyklaryň göreş we birlik kanuny”, “mukdar üýtgemeleriniň hil üýtgemelerine özara geçiş kanuny”** we **“inkär etmäni inkär etmek kanuny”** ýaly atlar bilen bellidir.

Marksizmde bu kanunlara materialistik dialektikanyň özeni hökmünde düşünilýär. Mysal üçin, F.Engels “materialistik dialektikanyň mazmuny onuň tebigatyň, jemgyýetiň we pikirlenmäniň has umumy kanunlary hakyndaky ylymlygyndadyr” diýip tekrarlapdyr we esasan, ýokarda agzalan üç sany kanuny göz öňünde tutupdyr.

Ýokardaky üç sany kanun barada aýdylanda, olaryň **W.Gegeliň** dialektiki taglymatynda öz beýanyny tapanlygyny nygtamak zerur. Dialektikanyň kanunlary hakyndaky gürrüň "*gapma-garşylyk*", "*mukdar*", "*hil*", "*inkär etmek*" we olar bilen aýrylmaz baglanyşykly bolan başga käbir kategoriýalaryň üstünde aýratynlykda durlup geçilmegini talap edýär.

## 2.17. Gapma-garşylyk

***Dialektiki gapma-garşylyk*** *– bu islendik obýektiň biri-birine garşylykly we şol bir wagtyň özünde hem biri-birleriniň üstüni ýetirýän, diňe özara arabaglanyşykda hem-de bir bitewilikde ýaşap bilýän alternatiw taraplarynyň, häsiýetli aýratynlyklarynyň we ösüş meýilleriniň barlygydyr.* Dialektiki gapma-garşylyk bir bitewiligi emele getirýän garşylykly taraplaryň şol bir wagtyň özünde birliginiň barlygyny we olaryň özara "göreşdediklerini" aňladýar. Gapma-garşylygyň iň soňky derejesi ***konflikt*** (barlyşyksyzlyk, düýpli terslik) görnüşinde ýüze çykýar. Gapma-garşylygyň ýüze çykyşynyň konfliktden öňki tapgyrlary barada aýdylanda, ilki onuň ***garmoniýa*** derejesinde, ýagny garşylykly taraplaryň özara sazlaşygy derejesinde, soňra olaryň arasynda tapawutlylyklaryň emele gelip, ***disgarmoniýa*** derejesine, ýagny garşylykly taraplaryň arasyndaky sazlaşygyň bozulmaklygy derejesine baryp ýetýänligini bellemek gerek. Disgarmoniýa öz gezeginde konfliktiň, ýagny garşylykly taraplaryň arasynda ***"göreşiň"*** emele gelmegine getirýär. Konfliktiň çözülmekligi netijesinde täze hile geçen obýektiň garşylykly taraplarynyň arasynda ýene-de garmoniýa (özara sazlaşyk) döreýär. Eger-de bu aýdylanlary çyzgylaýyn suratlandyrmakçy bolsak, onda ony şeýleräk aňlatmak mümkin:

Garmoniýa → Tapawutlylyk → Disgarmoniýa → Konflikt → Çözüliş

Dünýädäki her bir ösüşde bolan obýekt özünde garşylykly taraplary, häsiýetli aýratynlyklary, öz ösüşinde durnuklylygy we üýtgemekligi, täzäniň döremegine we könäniň saklanmagyna bolan ymtylyş ýaly meýilleri jemleýär.

Garşylykly taraplaryň arasynda çaknyşygyň emele gelmekligi olaryň özara baglanyşykda bolup, bir bitewiligi emele getirýänligin-

dedir. Garşylykly taraplarynyň bolmaklygy we olaryň arasynda belli bir “basdaşlygyň” bolmaklygy bu bitewiligiň ýaşaýşynyň esasy we zerur şertidir. Islendik predmetiň ösüşiniň çeşmesi – onuň bitewiligini emele getirýän garşylykly taraplarynyň arasyndaky “göreşdir”. *Garşylykly taraplarynyň birligi* obýektiň durnuklylygyny aňlatsa hem ol otnositel häsiýetdedir, wagtlaýyndyr we oňa üýtgemeklik meýli mahsusdyr. Islendik ösüş garşylykly taraplaryň arasynda tapawutlylyklaryň emele gelip, olaryň sazlaşygynyň bozulmaklygynyň esasynda olaryň arasynda özara „göreşiň“ başlanmaklygydyr we şol bir wagtyň özünde başga, täze garşylykly taraplaryň emele gelmekligidir.

Gapma-garşylygyň ýüze çykyş häsiýeti onuň taraplarynyň hem-de olaryň arasyndaky “göreşiň” bolup geçiş şertleriniň özboluşly aýratynlygyna baglydyr. Şol aýratynlyklara laýyklykda gapma-garşylyklar ***içki*** we ***daşky, antogonistik*** we ***antogonistik däl***, ***esasy*** we ***esasy däl*** görnüşlere bölünýär. Içki gapma-garşylyklar – bu obýektiň özüne degişli, onuň öz içindäki garşylykly taraplarynyň arasyndaky gapma-garşylykdyr. Muňa mysal edip, islendik janly organizmiň içindäki, aýratyn alnan bir jemgyýetiň içindäki garşylykly taraplarynyň arasyndaky gapma-garşylyklary görkezmek mümkin. Emma obýektiň ösüşi diňe bir onuň içki gapma-garşylyklaryna bagly däldir. Obýektiň ösüşini onuň daşky sreda we daşky şertler bilen elmydama baglanyşyklydygy hem belli bir derejede kesgitleýär. Daşky gapma-garşylyklar – bu bir-birlerinden tapawutlanýan obýektleriň garşylykly taraplarynyň arasyndaky gapma-garşylyklardyr (mysal üçin, jemgyýet bilen tebigatyň, janly organizm bilen daşky sredanyň arasyndaky). Daşky gapma-garşylyklaryň täsiri näçe ýokary hem bolsa, obýektiň ösüşinde ahyrky, kesgitleýji orun içki gapma-garşylyklara degişlidir. Antogonistik gapma-garşylyklar diýlip, filosofiýada, esasan, gatnaşyklary duşmançylykly häsiýetde bolan sosial (jemgyýetçilik) toparlaryň we güýçleriň arasyndaky gapma-garşylyklara düşünilýär.

## 2.18. Hil, mukdar, ölçeglilik we böküş

Dünýä akyl ýetirmek elmydama daşky reallyga degişli dürli görnüşli predmetleri (maddy zatlary, janly organizmleri, hadysalary we wakalary) beýlekilerden tapawutlandyrmakdan başlanýar. Islen-

dik predmet beýlekilerden oňa degişli ölçegleri, hili, ýerleşýän ýeri boýunça (eger-de gürrüň haýsydyr waka ýa-da hadysa barada bolsa, onda onuň bolup geçen/geçýän wagty boýunça) tapawutlanýar. Mysal üçin, biziň her günki gatnaýan köçämiziň oňa degişli uzynlygy we giňligi bar. Bular onuň mukdarlaýyn taraplary. Emma ol öz hili boýunça hem, ýagny gönüligi we tekizligi ýaly hil aýratynlyklary bilen hem tapawutlanýar.

Hil – predmetden üzňe däldir. Hiliniň ýitmegi bilen predmetiň özi hem ýok bolýar.

Obýektiň hili onuň häsiýetli aýratynlyklarynyň we sypatlarynyň köplüginde jemlenendir. **Sypat** – obýektiň hiliniň belli bir tarapydyr. Sypatlaryň bitewileýin köplügi hili kesgitleýär. Ol ýa-da beýleki şertlerde obýekt haýsy-da bolsa aýratyn bir sypaty bilen ýüze çykyp bilýär. Mysal üçin, şol bir aýratyn adama degişli sypatlary hukukçy, sosiolog, lukman, psiholog we anatom ýaly hünärmenleriň her biri özüçe, ýagny özlerine degişli şekilde öwrenmeklige girişýär. Eger-de lukman üçin ol adamyň saglyk derejesine degişli sypatlar gyzykly bolsa, sosiology ol adamyň jemgyýetde eýeleýän sosial statuslaryna we rollaryna degişli aýratynlyklary gyzyklandyryp biler.

Obýektiň sypatlary onuň strukturasy, gurluşy, onuň elementleriniň daşky we içki özara täsirleri bilen şertlendirilendir. Obýektiň beýleki obýektler bilen özara täsiriniň tükeniksizligi sebäpli, onuň sypatlarynyň sany hem tükeniksizdir.

Her bir aýratyn sypat otnositeldir: demir agaç bilen deňeşdirilende, agaja görä gatydyr, emma onuň özi welin, almaz bilen deňeşdirilende ýumşakdyr. Sypatlaryň dürli görnüşleri bar. Olar ***ählumumy*** we ***aýratyn***, ***esasy*** we ***esasy däl***, ***zerurlaýyn*** we ***tötänleýin***, ***içki*** we ***daşky***, ***tebigy*** we ***emeli*** we ş.m. görnüşlere bölünýär. Obýektiň hili diýlip, köplenç, onuň iň esasy, iň düýpli sypatyna hem düşünilýär.

Obýektiň ***mukdar*** taýdan tapawutly aýratynlyklaryny kesgitlemek üçin, biz onuň giňişlikde tutýan göwrümini, agramyny, ony düzýän elementleriniň sanyny, üýtgeýiş çaltlygyny, ol ýa-da beýleki bir derejesini derňäp başlaýarys. Maddy obýektleriň tas hemmesiniň diýen ýaly ol ýa-da beýleki bir *mukdar aýratynlyklarynyň* barlygy belli zat we olaryň bu aýratynlyklaryny degişli gurallardyr enjamlaryň kömegi bilen ölçäp-de, hasaplap-da bolýar. Emma hadysalaryň

hemmesiniň mukdarlaýyn ölçegini amala aşyrmak aňsat däl. Mysal üçin, enäniň öz çagasyna bolan söýgüsiniň derejesini haýsydyr bir ýörite enjamy ulanyp (endamyň gyzgynlygyny ölçemek üçin ulanylýan termometr ýaly bir zady ulanyp) ölçemek mümkin däl.

Hemme zadyň öz ***ölçeg derejesi***, has dogrusy, *çenidir-çaky* bar. Halkyň dilinde ýöne ýere "çenden çykma", "çakyňy bil", "hetden aşma" ýaly pähimler ulanylmaýar. **Ölçeglilik (çen, çak) mukdaryň we hiliň birligini aňladýar**. *Çen (çak) – bu ol ýa-da beýleki bir zatda mukdaryň we hiliň belli bir kadadalygyny, ölçegiň çägindeligini aňladýar.* Herki zadyň çenini-çakyny bilmeklik we ondan çykmazlyk hemme ýerde ählumumy ulanylýan ýörelgedir. Ol adamçylyk gatnaşyklarynda-da, syýasatda-da, sungatda-da, garaz, islendik işde hem elmydama göz öňünde tutulmaly zatdyr. Mysal üçin, haýsy hem bolsa bir haryt ýa-da bir adam mahabatlandyrylanda (öwülende) çenden ýokary geçmeklik, mahabatlandyrylýan harydyň (öwülýän adamyň) peýdasyna däl-de, onuň zyýanyna hem bolup biler. Mukdaryň belli bir çäkde saklanylmalydygy babatynda kähalat ***"doza"*** düşünjesinden hem peýdalanylýar. Mysal üçin, lukman tarapyndan näsaga haýsydyr bir dermanyň dozadan artyk berilmekligi näsagyň saglygyna zyýan berip bilýär.

Haryt önümçiliginde we hyzmatlar ulgamynda harydyň (hyzmatyň) hili onuň kabul edilen ölçeglere – "*standarta*" (ülňä) laýyk gelýänligi ýa-da gelmeýänligi bilen kesgitlenilýär. "Standart" düşünjesi bilen bir hatarda *"norma"* (kadalylyk) diýen düşünje hem giňden ulanylýar. Bu düşünje, esasan, janly sistemalaryň (biologiki we sosial) mukdarlaýyn we hilleýin aýratynlyklarynyň ölçeg derejesi bilen baglanyşykly ulanylýar. Mysal üçin, adamyň saglyk derejesine baha berlende onuň ýüreginiň her minutda näçe gezek urýanlygy, endamynyň gyzgynlygy ýaly aýratynlyklary ölçenilip, olaryň kadalydygy (normadalygy) ýa-da däldigi kesgitlenilýär.

Obýektiň mukdar taýdan üýtgemekligi onuň elementleriniň mukdar taýdan üýtgemekligidir. Bu bolsa obýektiň täze we köne hili bilen aratapawudyny seljermek üçin şol obýektde mukdar üýtgemeleriniň haýsy görnüşleriniň bolup geçenligini aýyl-saýyl edilmekliginiň zerurlygyny aňladýar. Mysal üçin, suwy gyzdyryp başlasak, suwy düzýän molekulalaryň hereketi barha çaltlanyp, ol sowuk haldan ilki mylaýym, soňra mylaýymlykdan – gyzgyn hala geçse-de, suw hilinde

galýar. Emma onuň gyzgynlygynyň derejesi artyp, gaýnap başlan mahaly, hereketi has çaltlanan molekulalar bug görnüşinde daşa çykyp ugraýar, ýagny suw (köne hil) buga (täze hil) öwrülýar.

Köne hiliň täze hile geçmekligi ***böküş*** görnüşinde bolup geçýär. ***Böküş*** *öňki hiliň düýpgöter üýtgemekligini, könäniň ornuna täzäniň gelmekligini aňladýar.* Böküş hiliň bir çendäki ýagdaýdan täze çene geçýän serhedinde bolup geçýär.

Mukdar üýtgemeleriniň hil üýtgemelerine getirişini we bu prosesde ölçegiň (çeniň, çakyň, normanyň, standartyň) hem-de böküşiň orunlaryny şertleýin aşakdaky görnüşde suratlandyrmak mümkin:




Ösüşiň dowamynda *böküşleriň* ***geçiş aýratynlyklaryna*** laýyklykda, olaryň iki görnüşi biri-birinden tapawutlandyrylýar. Olaryň birinji görnüşine ***rewolýusion*** (*örän çalt derejede*), ikinji görnüşindäkilere bolsa, ***ewolýusion*** (*haýýallaýyn, tapgyrma-tapgyr*) bolup geçýän böküşler degişli edilýär.

Böküşler ***ösüşiň ugry boýunça*** hem tapawutlandyrylýar, ýagny ***progressiwleýin görnüşdäki*** we ***regressiwleýin häsiýetdäki*** böküşleriň arasynda tapawut goýulýar.

## 2.19. Inkär etme we onuň ösüşdäki orny

Her bir täze zat könäniň ýerine gelýär, onuň esasynda döreýär, onuň mukdar we hil taýdan özgermeginiň esasynda emele gelýär. Täze zat könäniň inkär edilmesi görnüşinde ýüze çykýar. Könäni inkär etmezden, täzäniň döremekligi-de, ösüşi-de mümkin däldir.

Ösüşiň dowamynda täzäniň könäni inkär etmekligi üznüksiz gaýtalanyp duran, başy-da, aýagy-da bolmadyk prosesdir. Her bir predmetde (şol sanda hadysada-da, wakada-da) onuň biri-birini özara inkär edýän taraplarynyň we meýilleriniň göreşi bolup geçýär. Netijede, bu göreş könäniň täzäni inkär etmekligine getirýär. Emele gelen täze zat hem özünde oňa mahsus bolan gapma-garşylyklary jemleýär. Garşylykly taraplaryň arasyndaky göreş ýene-de täze esasda başlanýar. Netijede, täzäniň özi hem öz ornuny özünden hem täze zada berýär... Garaz, inkär edişlik yzygiderli we üznüksiz dowam edip dur.




Dünýäniň ösüşiniň her bir häzirki pursatyny şol bir wagtyň özünde iki görnüşde, birinjiden, ***geçmişiň miwesi***, ikinjiden bolsa, ***geljegiň gönezligi*** hökmünde hem göz öňüne getirmek mümkin.

***Inkär etme*** *– bu, bir tarapdan-a, ösüşiň şertidir, ikinji tarapdan bolsa, belli bir derejede onuň ykrar edilmekligidir, sebäbi her bir inkär etme könäni tutuşlaýyn ýok etmän, onuň belli bir sypatlaryny täzä miras hökmünde hem geçirýär.* Şu nukdaýnazardan seredilende, geçmişe “geçen zat geçdi, oňa gaýdyp gelmek ýokdur” diýen ýörelgä eýerip, wagt derýasyna ymykly çümüp giden bir zat hökmünde garamak nädogrudyr.

Ösüş täzäniň könäni ýaşamaklykdan, onuň ähli gowy we amatly taraplaryny alyp galyp, mahrum edýän ýerinde ýüze çykýar. Köneden, onuň gowy taraplarynyň alnyp galynmagy, ösüşde **mirasyň** ýokary ähmiýete eýeligini aňladýar. Her bir täze sistema özüniň ýaşamaklygy üçin könäniň iň wajyp taraplaryny özünde saklap galmaklyga mejburdyr. Geçmiş elmydama häzirki zamanyň döredilmegine işjeň gatnaşýar.

Halkyň geçen nesilleriniň önümçilikde, ruhy-medeni döredijilikde, ylymda we tehnikada gazananlary olar tarapyndan özünden soňky nesillere miras galdyrylan we täze nesiller tarapyndan has-da ösdürilen bahasyna ýetip bolmajak baýlykdyr. Her bir täze nesil özünden öňki

nesillerden galan ruhy mirasy pähim-paýhasyň, däpdir dessurlaryň, kadalardyr düzgünleriň özboluşly hazynasy hökmünde kabul edip, ony goramaga, özüçe baýlaşdyrmaga çalyşýar. Şol bir wagtyň özünde hem täze nesiller köneden miras galan däpdir dessurlaryň jemgyýetiň häzirki ösüşine laýyk gelmeýänlerinden düýpgöter ýüz öwürýär.

Ösüş üçin miraslylygyň mahsuslygy inkär etmäni aradan aýyrman, eýsem onuň hökmanylygyny şertlendirýär. Ylmyň ösüşiniň iň gadym zamanlardan biziň şu günlerimize çenli taryhy ylmy bilimleriň her bir täze ýetilen sepgidiniň öňki ýetilen sepgitleri inkär edýänligini aýdyň görkezýär. Eger-de ylym üçin täze bilimleri döredip bilmek ukyby mahsus bolmadyk bolsa, ol bir mahal jemgyýet üçin gerek bolmajak zat hökmünde ýitip giderdi.

Ösüş diňe ýeke-täk bir ýol bilen gitmän, eýsem birnäçe, dürli ugurlarda bolup geçýär. Ösüş göni çyzyk görnüşinde hem bolup geçmeýär. Ösüşi aýlawlarynyň sany tükeniksiz bolan ***spiral*** görnüşinde göz öňüne getirmek mümkin:




Ösüşiň hut spiral görnüşinde göz öňüne getirilmekligi onuň her bir täze aýlawynyň özünden öňki aýlawdan gözbaş alyp gaýdyp, onuň bilen özara baglydygyny, täze aýlaw hökmünde özünden öňküni inkär edýänligini, özüniň hem ondan soňky täze aýlaw tarapyndan inkär edilýänligini görkezýär.

Umuman, biziň ýokarda yzygiderlilikde seredip geçen “gapma-garşylyk”, “mukdar”, “ hil”, “böküş” we “inkär etmek” diýen kategoriýalarymyz islendik ösüşiň dialektikasyny, onuň haýsy esaslarda we nähili derejede bolup geçýänligini doly derejede açyp görkezýär. Eger-de predmetiň garşylykly taraplarynyň özara “birligi” we “göreşi” onuň ösüşiniň ***näme esasda*** bolup geçýänligini görkezse, predmetiň mukdar taýdan üýtgemekligi netijesinde täze hile geçmekligi we täze dörän hiliň bolsa, özünden öňki hili inkär etmekligi, özüniň hem ondan soňky has täze hil tarapyndan inkär edilmekligi predmetiň ösüşiniň ***nähili we haýsy ugra taraplygyny*** görkezýär. Bu bolsa islendik ösüşiň hakykatdan-da, belli bir kanuna-laýyklar esasynda bolup geçýänligini doly subut edýär.

## Üçünji bap
## Filosofik antropologiýanyň esaslary

Filosofik antropologiýa. Adam hakynda umumy düşünje. Adamda biologiki we sosial zadyň mynasybeti. Adamyň Älemdäki orny. Adam we adamzat. Indiwid we şahsyýet. Pikirlenme we gepleşik dili. Özara habarlaşma. Aň we onuň tebigaty. Ruh, jan, ten we akyl.

### 3.1. Filosofik antropologiýa

Öň hem belläp geçimiz ýaly, filosofiýanyň adam bilen baglanyşykly bölümine ***antropologiýa*** diýilýär. Adam köp ylymlar tarapyndan öwrenilýär (adam anatomiýasy, adam fiziologiýasy, sosiologiýa, psihologiýa we ş.m.). Filosofiýada adam meselesiniň aýratynlykda öwrenilmeginiň özboluşly sebäbi bar. Her bir adam özüni gurşap alýan daşky dünýä göz ýetirip başlanyndan soň özüniň dünýädäki ornuna düşünmeklige çalşyp başlaýar. Gadymy filosoflaryň beýleki meseleler bilen deň hatarda adam meselesine aýratyn üns berendikleri hakynda taryhy maglumatlar az däl. Emma adam meselesiniň filosofiýanyň aýratyn bölümi hökmünde, has dogrusy, filosofik antropologiýa ady bilen ýüze çykmaklygy diňe XX asyrda bolup geçýär. Filosofiýanyň bu

ugruny esaslandyryjylaryň biri **M.Şeler** filosofiýanyň ähli derňeýän meseleleri ahyrky netijede adam meselesi bilen, adamyň dünýädäki orny baradaky mesele bilen baglanyşyklydyr diýip hasaplapdyr.

## 3.2. Adam hakynda umumy düşünje

Adam hem janly organizm. Emma ol beýleki janly organizmlerden haýsy aýratynlyklary bilen tapawutlanýar? Onuň haýwanlardan artykmaçlygy nämeden ybarat? Bu sowallary adamlar özlerine gadym döwürlerde hem beripdirler. Gadymy grek filosofy Platon bu sowala "Adam – bu iki aýakly, endamy tüýsüz we ganaty bolmadyk jandar" diýip jogap beripdir. Onuň degişgenräk okuwçylarynyň biri halypasynyň bu jogabyny ýaňsylap, ýelekleri ütülen horazy getirip: "Ynha, şu horaz halypamyzyň adam diýip atlandyrýan jandary-da" diýip degşipdir.

Platonyň bu jogaby bilen ondan iki müň soň ýaşap geçen görnükli fransuz fizigi we matematigi **B.Paskal** hem ylalaşmandyr. Ol: "Adam iki aýagyndan mahrum bolsa hem adamlygyna galýar, emma ýelegi ütülen horaz welin, adam bolup bilmeýär" diýipdir.

Geçmişiň beýik akyldarlary adamyň beýleki janly organizmlerden tapawutlylygyny onuň jemgyýetçilik jandarlygy bilen düşündiripdirler. Hakykatdan-da, adamy adam edýän zat onuň jemgyýetde ýaşaýanlygy. Adam çagasynyň hakyky adam bolmaklygy üçin onuň adamlaryň arasynda ýaşamaklygy zerur. Adam çagalarynyň haýsydyr bir sebäplere görä haýwanlaryň arasyna düşüp, olaryň biri ýaly ýaşanlary barada maglumatlar az däl. Emma şol çagalaryň hiç biri hem daşky sypatlary boýunça adama meňzeşligini ýitirmediklerine garamazdan, hakyky manysynda adam bolup bilmändir. Olaryň aňly hereketler etmek, sözüň kömegi bilen gepleşip bilmek başarnyklaryndan mahrum bolan haýwanlardan tapawudy bolmandyr. Hatda, olar soň adamlaryň arasynda ýaşan halatlarynda hem doly derejede



**B.Paskal**

aňly-düşünjeli adamlaryň hataryna goşulyşyp bilmändirler, özlerini haýwanlar ýaly alyp barypdyrlar.

Filosofiýa özüniň bütin taryhynyň dowamynda adam meselesi bilen içgin gyzyklanypdyr. Gadym döwrüň filosoflary adamyň manysyny kiçi älem, adamyň özüni gurşap alýan uly älemiň dar görnüşi, onda-da şol älemi gaýtalaýan kiçi, janly, hereketli dünýä diýip hasap edipdirler. Orta asyryň filosofiýasy adamyň manysyny, onuň hudaý tarapyn döredilenliginde we ruha eýe bolýanlygynda görüpdir. Täze döwrüň filosofiýasy adamyň manysyny, onuň aňlamaklyga bolan ukybynda görüp, onuň maksadyny tebigatyň üstünden agalyk etmek bilen baglapdyr. Marksistik filosofiýa adamyň manysyny jemgyýetçilik gatnaşyklary bilen baglylykda açmaklyga çalyşýar. Bu filosofiýa adamyň zähmetiň kömegi bilen haýwanat dünýäsinden bölünendigini, özbaşdaklyga eýe bolandygyny we dörändigini belleýär. Adamyň maksady, garaýyşlary, hereketi we niýeti marksistleriň pikiriçe, soňky netijede jemgyýetçilik gatnaşyklary, ilki bilen hem önümçilik gatnaşyklary bilen kesgitlenýär.

Häzirki döwrüň ylmy hem adamyň manysyny kesgitleýän we onuň ösüşiniň esasyny düzýän başlangyç hökmünde jemgyýetçilik önümçiliginiň çäginde amal edilýän zähmetiň uly orna eýeligini tassyklaýar. Adam gönümel ýa-da başga zadyň kömegi bilen umumylykda jemgyýeti düzýän jemgyýetçilik gatnaşyklaryna girmezden öndürip hem, zähmet bilen meşgul bolup hem bilmeýär. Jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň we zähmetiň ösmekligi, kämilleşmegi bilen jemgyýetçilik gatnaşyklary hem ösýär. Nähili derejede adam jemgyýetçilik gatnaşyklaryny özünde jemlese, özleşdirse, amal etse, şolaryň täsiri bilen şol derejede onuň öz ösüşi hem bolup geçýär. Bu ýerde ähli jemgyýetçilik gatnaşyklaryň jemi emele gelip, ol maddy we ruhy, geçen we häzirki gatnaşyklary öz içine alýar. Adam bir wagtyň özünde öndürýän, aňlaýan, medeniýetli, ahlakly jandar bolýar. Ol köp ýa-da az derejede jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ähli öwüşginlerini özünde toplap, özüni jemgyýetçilik manysynda amal edýär. Şu meseläniň ikinji tarapy adamyň adamzat taryhynyň önümidigi bilen baglydyr. Häzirki zaman adamy “tarp ýerden“ döremändir. Ol jemgyýetçilik-taryhy ösüşiň netijesidir. Bu ýerde gürrüň adamyň adamzat kowmy bilen baglylygy barada barýar. Ýöne adam diňe jemgyýetiň we jemgyýetçilik

gatnaşyklarynyň önümi däl, ol öz gezeginde olary dörediji hem bolup çykyş edýär. Şeýlelikde, adam bir wagtyň özünde jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň hem obýekti, hem subýekti bolup çykyş edýär. Adam bilen jemgyýetiň arasynda dialektiki özara täsir bar: adam jemgyýetiň mikro derejedäki ýüze çykmasy – **mikrojemgyýet**, jemgyýet bolsa – jemgyýetçilik gatnaşyklaryndaky adamyň özi. Onda bu ýerde adamyň sosial-hereketli manysy barada aýtsa bolar. Sosial gatnaşyklaryň we pikir alyşmalaryň çäginden daşarda ol adam hökmünde amal bolup bilmeýär. Ýöne adamy öz manysynda onuň özünde görüp bolmaýar. Onuň hakyky ýüze çykmasyny adamyň ýaşaýşyndan tapyp bolýar. Eger adamyň manysy – adam kowmunyň umumy häsiýetnamasy bolsa, adamyň ýaşaýşy özüniň takyk-tejribeleýin ýüze çykma manysynda elmydama aýratyn hem takykdyr. Adam ýaşaýşy onuň barlygynyň, ähli köpdürli görnüşleriniň we häsiýetleriniň ýüze çykmasynyň bitewiligidir. Bu bitewilik ilki bilen üç – biologiki, sosial we psihologiki başlangyçlaryň bitewiligi hökmünde ýüze çykýar. Olaryň islendik biri ýok bolan halatynda adamyň özi hem ýok bolýar.

Adamyň ýaşaýyş meselesiniň ähmiýeti onuň manysy meselesiniň ähmiýetinden pes däldir. Häzirki zaman filosofiýasynyň esasy ugurlarynyň biri bolan **ekzistensializmde** adamyň ýaşaýşy adamyň aýratynlandyrylan, bu dünýäniň çäklerinden çykmaklygyna baglanyşdyrylan onuň barlygy hökmünde düşündirilýär. Ýokarda aýdylanlardan adamyň düýp mazmunynyň dört ölçeglidigini, ýagny onuň biologiki, sosial, psihologiki we kosmiki ýaşaýyş esaslarynyň barlygy hakyndaky netijä gelmek mümkin.

### 3.3. Adamda biologiki we sosial zadyň mynasybeti

Adam jemgyýetiň önümi ýa-da ylmy dilde aýdylanda, sosial jandar. Emma muňa garamazdan, ol tebigat bilen hem gös-göni baglanyşyklydyr. Ol hem ähli beýleki janly organizmler ýaly, biologiki görnüşleriň biri. Biziň göwrämiz, damarlarymyzdan akýan ganymyz, beýnimiz tebigata degişli. Bu adamyň hem biologik organizmligini aňladýar. Adam organizmi hem ähli biologik kanunlara tabyn. Bu kanunalaýyklyk adamyň anatomiýasynda-da, fiziologiýasynda-da, onuň organizminde hem beýleki biologik görnüşler üçin mahsus

bolan fiziologiki we himiki prosesleriň dürli hili görnüşleriniň bolup geçýänliginde-de aýdyň ýüze çykýar. Adamlar üçin hem edil haýwanlardyr ösümlikler ýaly iýmitlenmek, ösmek, köpelmek, dörändän soň belli bir wagt geçenden soň gurap başlamak, dargamak, garrap başlamak we ýitip gitmek (ölmek) ýaly biologik hadysalar mahsus. Adamlar üçin hem edil haýwanlaryňky ýaly öz-özüni gorap saklamaklyga gönükdirilen instinkt mahsus. Her bir täze doglan çagada beýni-de, ses çykaryş apparat-da bar. Emma islendik adam çagasy pikirlenmäni we geplemäni diňe jemgyýetde ýaşap başlamaklygy bilen öwrenýär. Bu aýdylanlar adama *biologik-sosial* jandar hökmünde garamaklyga ýeterlik mümkinçilik berýär.

## 3.4. Adamyň Älemdäki orny. Adam we adamzat

Adamzadyň Älemdäki orny geçen döwürlerde, köplenç, ylmy gipotezalar we çaklamalar derejede bahalandyrylypdyr. Älemiň we onuň ähli bölekleriniň, şol sanda daşky gurşawyň hem-de adamzadyň bitewiligi baradaky meseleler XX asyrda astronomiýanyň çäklerinden filosofiýa we amaly kosmonawtika, astronawtika geçýär. Köp alymlar Günüň aktiwliginiň galdyran yzlaryna (tegmiller, onuň ýüzündäki ýalynlar we başg.) üns beripdirler. Rus alymy **A.L.Çiżewskiý** (1897-1964) özüniň astronomiýa we taryh boýunça geçiren barlaglarynyň netijesinde Günüň aktiwliginiň diňe Ýerdäki biologiki özgerişlere täsir etmän, eýsem sosial özgerişlere hem täsir edýänligini özboluşly subut edýär.

Belli rus alymy **L.N.Gumilýow** (1912-1992) etnogenez (halklaryň döreýşi) meselesiniň üstünde önjeýli işläpdir. Ol etnogeneziň geografiki gurşaw bilen gönümel baglanyşykda bolýanlygyny görkezmäge çalşypdyr. Öz gezeginde bu gurşaw Ýeriň biosferasynyň bölegi bolup, Galaktikanyň bölegi bolan Gün ulgamyna girýär. Şeýlelikde, adam we jemgyýet Älemiň aýrylmaz bölegi bolup, mikrodünýä (adam) bilen makrodünýä (kosmos) aşakly ýokarly baglanyşyk zynjyrynda ýaşaýar. L.Gumylýow **"passionarlyk"** taglymatyň üstünde uzak wagtlap işleýär. Onuň pikiriçe, halklaryň döreýşi we ösüşi köp tebigy, şol sanda kosmiki (günüň şöhlesi, magnit meýdany we başg.) zatlara hem bagly. Halklaryň ösüşi olaryň içinde artykmaç gujura eýe bolan, soňky

maksatlara gönügen aýratyn adamlaryň – ***passionarlaryň*** bolmagy bilen kesgitlenýär. Hut passionarlaryň aktiwligi we hereketi bilen, alymyň aýtmagyna görä, halkyň durmuşyndaky esasy taryhy wakalar düşündirilýär. Passionarlar adamlara passionar induksiýasynyň üsti bilen täsir edýärler. Passionarlaryň öz hereketi bolsa landşaft, taryhy wagt we kosmiki täsirler bilen baglanyşdyrylýar.

Adam özüniň işewür hereketi bilen daşky gurşawy özgerdip, emeli gurşawy döredýär. Adamyň işiniň netijesinde dörän bu gurşawyň ähmiýeti jemgyýetiň ösmekligi bilen artýar. Şu gün adamzat jemgyýetini uly şäherlerden, iri zawodlardan, tehnologiki desgalardan, ulag we aragatnaşyk serişdelerinden aýralykda göz öňüne getirmek kyn. Şol bir wagtyň özünde-de, emeli gurşawyň çäksiz ösmegi, onuň tebigata edýän täsiri goşmaça aladalary döredýär. Tehnogabaranyň (bir ýylyň dowamynda adam tarapyndan döredilen zatlaryň agramy) göwrümi biogabaranyň (ähli janly organizmleriň massasy) göwrüminden bir görkeziji ýokardadyr. Jemgyýetiň we adamyň tebigata edýän ägirt uly, onda-da tiz ösýän täsiri ***noosfera***[23] taglymatynda öz şöhlelenmesini tapdy.

**Noosfera** – tebigatyň we jemgyýetiň özara täsirleşýän gurşawydyr. Bu adam paýhasynyň täsiri artyp, onuň diňe bir biosferany özgertmekligiň sebäpkäri bolman, eýsem ony gorap saklamagyň hem kesgitleýji güýjüne öwrülýänligini aňladýar. Noosferanyň döwründe jemgyýetiň gerekliligi biosferanyň we, umuman, tebigatyň mümkinçilikleri bilen ölçelen bolmalydyr. Biosfera we siwilizasiýa bitewi organizmiň gapma-garşylykly bölekleri däl-de, biri-biriniň üstüni ýetirýän böleklere öwrülmelidir. Bu hem ýene-de bir gezek adamyň jemgyýetden, jemgyýetiň bolsa – tebigatdan aýra däldigini aýdyň subut edýär.

## 3.5. Indiwid we şahsyýet

Her bir aýratyň adam adamzat kowmunyň ýeke-täk wekili hökmünde indiwid hasaplanýar. Bu düşünjäniň kesgitlemesi haýsy hem bolsa aýratynlaýyn häsiýetlendirmä mätäç däldir. Indiwid elmydama

[23] ***Bellik.*** *Noosfera* düşünjesi we oňa degişli taglymat belli rus alymy W. Wernadskiniň ady bilen baglanyşdyrylýar. (Ö.M.)

köpüň biridir, emma şahsylaýyn häsiýete eýe däldir. Şu manyda “indiwid” we “şahsyýet” düşünjeleri öz göwrümi we manysy boýunça biri-birinden düýpgöter tapawutlanýar. **Indiwid** diýen düşünjede adamyň haýsy hem bolsa bir aýratynlygy ýa-da ýeke-täk häsiýeti görkezilmeýär. Şonuň üçin ol manysy boýunça “şahsyýet” düşünjesinden dardyr. Ýöne göwrümi boýunça welin, bu düşünje örän giň, sebäbi her bir adam indiwiddir. Indiwid diýen düşünjede adam göz öňünde tutulýan hem bolsa, ol adamyň sosial hillerini häsiýetlendirmeýär.

**Şahsyýet** düşünjesi manysy boýunça örän giňdir. Oňa adamyň diňe umumy we aýratyn häsiýetleri däl, eýsem ýeke-täk, gaýtalanmaýan häsiýetleri hem girýär. Adamy şahsyýet edýän zat oňa häsiýetli bolan sosial häsiýetlerdir, onuň sosial özboluşlylygydyr. Umuman, ol adamyň ***sosial indiwiduallygydyr.*** Şahsyýet düşünjesine adamyň tebigy-aýratyn häsiýetleri goşulmaýar. Çünki, biziň ýokarda belleýşimiz ýaly, adam ilki bilen sosial jandardyr. Ýöne adamyň tebigy indiwiduallygy onuň şahsyýetligine öz täsirini ýetirýär. Onuň täsiri adama hut biologiki başlangyçlaryň täsir edişi kimindir.

Adamyň sosial indiwiduallygy tarp ýerden ýa-da diňe biologiki şertleriň täsiri bilen döremeýär. Adam takyk taryhy döwürde we sosial giňişlikde, gündelik durmuş praktikasynyň täsiri esasynda kemala gelýär. Şonuň üçin şahsyýet sosial indiwiduallyk hökmünde örän köp zatlaryň takyk jemi we birleşmesidir. Şahsyýet adamzadyň durmuşy-medeni tejribesini özünde näçe köp jemledigiçe, jemgyýetiň ösmegine öz aýratyn goşandyny goşdugyça, şonça-da ol belentdir.

Filosofiýada şahsyýet meselesi “adamyň şahsyýet hökmünde dünýädäki we taryhdaky orny nämede?” diýen sorag bilen baglydyr. Şahsyýete bu ýerde adamlaryň jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň, hereketleriniň, biri-biri bilen pikir alşyşynyň indiwidual aňladylmasy we subýekti hökmünde garalýar. Taryhy we adaty manyda adamlaryň jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň we biri-biri bilen pikir alşyşynyň hili şahsyýetiň taryhy görnüşini, onuň takyk ýagdaýyny we häsiýetini kemala getirmeklige örän güýçli täsir edýär. Edil şonuň ýaly-da, şahsyýete işiň, hereketiň täsiri barada hem aýtmak ýerliklidir. Adamyň hereketi, işewürligi şahsyýetiň ösmekliginiň we onuň jemgyýetde dürli hili wezipeleri ýerine ýetirmekliginiň esasy bolup çykyş edýär. Diňe şahsy hereketiniň üsti bilen adam şahsyýet hökmünde özüni ykrar

etdirip bilýär. Adam özi hakynda näme pikir etse-de, nähili meýilleri öňe sürse-de, onuň hakyky manysy eden işiniň üsti bilen açylýar.

Şahsyýetiň wajyp häsiýetnamasy bolup adamyň ahlak-ruhy sypatlary we onuň bilen şertlendirilen hereketleri çykyş edýärler. Şahsyýetiň manysyna we ony häsiýetlendirýän ugurlaryna dünýägaraýşynyň, ahlaklylygynyň we jogapkärçiliginiň derejesi bilen kesgitlenen aňynyň ugrukmasy we şahsy gözükmesi goşulýar. Şahsyýetiň kemala gelmegine we onuň özüni alyp barşyna sosial gurşaw aýgytlaýjy täsir edýär. Emma şahsyýetiň şahsy gözükmesine we özüni alyp barşyna onuň içki, ruhy dünýäsiniň täsiri hem az däldir. Ýöne ýerden adamyň öz bagtynyň eýesidigi barada aýdylmaýar. Adamda ahlaklylyk we erklilik näçe güýçli ýüze çykýan bolsa, şonça-da onuň durmuşy ýörelgeleri umumadamzat gymmatlyklary bilen gabat gelýär. Şahsyýetiň beýikligi şol gymmatlyklary ösdürmeklige we berkitmeklige goşýan goşandy bilen kesgitlenýär. Şu nukdaýnazardan şahsyýet özüniň ruhunyň, erkinliginiň we döredijiliginiň güýji bilen häsiýetlendirilýär. Bu tarapdan şahsyýet öz tebigy esasyndan ýokary galyp, belli bir manyda ony ýeňip geçip, özüniň biologiki ölüminden soň hem dirikä eden hereketleriniň miwesini we öçmejek yzyny galdyryp bilýär.

Şahsyýetiň erkiniň we ruhunyň güýji belli bir durmuşy şertlerde ýerine ýetirilen hakyky işleriň üsti bilen amala aşyrylýar. Şahsyýeti häsiýetlendirýän wajyp şert bolan adamyň hereketi – onuň özi däl-de, işiniň netijesidir. Haçan-da hereket hakyky görnüşde ýüze çykanda, şahsyýet bolmaklygyň, erkin, halal, dogruçyl bolmaklygyň neneňsi kynlygy aýan bolýar. Sebäbi adam dogrudan hem özüni şahsyýet hasap edýän ýa-da şeýle bolmaklyga ymtylýan bolsa, onda ol ilki bilen jogapkärçiligi duýmaly, onda-da diňe bir hyýal-niýetinde däl-de, eýsem öz hereketinde-de jogapkärçiligi duýmalydyr. Şonuň üçin şahsyýetiň jogapkärçiligi onuň erkinliginden kem derejedäki häsiýetnamasy däldir. Jogapkärçilik bolmadyk ýagdaýynda erkinlik eden-etdilige getirýär.

### 3.6. Pikirlenme we gepleşik dili. Dilleriň görnüşleri

Adamlary haýwanlardan tapawutlandyrýan alamatlaryň iň esasysy hökmünde adamlar üçin pikirlenip bilmek başarnygynyň mahsus-

lygy hasaplanylýar. Adamda pikirlenip bilmek ukybynyň döremekligi zähmet bilen baglanyşdyrylýar. Hatda iň ýokary gurluşly haýwanlar hem pikirlenip bilmek başarnygyndan mahrumdyrlar. Munuň hut şeýledigine adam sypatly maýmynlar bilen geçirilen köp sanly tejribeler hem şaýatlyk edýär.

Pikirleniş esasynda adam daşky gurşawa diňe bir uýgunlaşman, eýsem ony, ýagny daşky gurşawy özüçe üýtgetmekligi hem başarýar. Pikirlenip bilýänligi üçin, adam tebigatyň berip bilmeýän zatlaryny öndürip bilýär. Tebigat maşynlary ýasap, jaýlardyr demir ýollary gurup bilmeýär. Adam bolsa tebigy materiallary öz islegine görä ulanyp, olara özi üçin zerur bolan hili berip bilýär. Bu işleri amala aşyrmak üçin adamzat özüniň uzak asyrlaryň dowamynda gazanan bilimlerini we tejribesini ulanýar. Tebigy materiallar barada ýeterlik bilimleridir düşünjeleri bolmadyk bolsa, adamlar hiç hili açyşlary-da, oýlap tapyşlary-da edip bilmezdi. Her bir täze zady döretmezden öňürti adam ol zat barada oýlanýar, pikir ýöredýär. Adam ilki öz oýunda tapan zadyny ýasamaga, gurmaga, döretmäge girişýär. Bal arysy hem özüne ketek ýasamany başarýar. Emma K.Marks aýtmyşlaýyn, iň gowşak arhitektor hem bal arysyndan tapawutlykda, öz gurmakçy bolýan jaýyny ilki öz kellesinde “gurýar”.

Ilkinji adamlar köpçülik bolup, bileleşip zähmet çekmekligiň özleri üçin amatlydygyna düşünipdirler. Bileleşip zähmet çekmek (aw etmek, azyk hökmünde peýdalanyp bolarlyk miweleri ýygnamak, özlerine howp salýan haýwanlardan goranmak bilen baglanyşykly hereketler) adamlarda ***özara habarlaşmak serişdesiniň – gepleşik diliniň*** döremegine sebäp bolupdyr. Öz daşlaryny gurşap alýan zatlary degişli sözleriň üsti bilen aňlatmaklyga bolan mejburlyk diliň ***söz baýlygynyň*** barha artmaklygyna getiripdir. Söz baýlygynyň artmaklygy adamlara diliň üsti bilen özara habarlaşmaklyga, pikirleri we düşünjeleri birek-birege ýetirmeklige, nesilden-nesle geçirmeklige mümkinçilik beripdir. Dil adamyň pikirleniş başarnyklarynyň ýokarlanmagyna, aňynyň barha kämilleşmegine getiripdir. Diliň pikirleniş bilen aýrylmaz baglanyşyklylygy emele gelipdir. Ýazuwyň döredilmegi bolsa, gepleşik dili bilen bir hatarda adamlaryň ýaşaýyş durmuşynda ***ýazuw diliniň*** hem giňden ulanylyp başlanmagyna getiripdir.

Dili pikirlenmeden aýryp bolmaýar. Öz gezeginde pikirlenmäni hem dilden aýra göz öňüne getirmek kyn. Islendik pikir, esasan, ol ýa-da beýleki dili emele getirýän, hut şol dilde düşnükli bolan sözleriň üsti bilen aňladylýar. Şol bir wagtyň özünde pikirleriň ol ýa-da beýleki medeniýetlerde kabul edilen sözsüz hereketleriň (mysal üçin, ***žestleriň*** – kelläni yralamak arkaly, eliň barmaklarynyň kömegi bilen ýa-da ***mimikanyň*** – gaşyňy çytmak, ýylgyrmak ýaly hereketler görnüşinde aňladylýan) üsti bilen berilip bilinýänligi barada hem aýtmak gerek. Ýeri gelende, adamzadyň öz ösüş taryhynyň dowamynda döreden dillerini, esasan, iki topara, ýagny ***tebigy*** we ***emeli dillere*** bölünýänligini belläp geçmek gerek. Eger-de ***tebigy diller*** diýlip, her bir aýratyn halkyň ýa-da halklar köplüginiň öz taryhy ösüşleriniň dowamynda döreden dillerine aýdylýan bolsa, ***emeli diller*** diýlip, degişli düşünjeleriň ol ýa-da beýleki ylymlarda kabul edilen belgileriň we nyşanlaryň toplumyna aýdylýar (Morze elipbiýi, saz notalary, kompýuter programmalarynyň dili we ş.m.).

### 3.7. Özara habarlaşma

Indi adamlaryň dili özara habarlaşmaklygyň serişdesi hökmünde döredenligi baradaky gürrüňden, özara habarlaşmanyň adamyň durmuşynda oýnaýan roly hakyndaky gürrüňe geçeliň.

**“Özara habarlaşma”** diýen düşünje – giň manyly düşünje. Ol adamlaryň birek-birek bilen gürleşmekligi, söhbetdeş bolmaklygy we pikir alyşmaklygy ýaly hadysalary aňladýar. Özara habarlaşma arkaly adamlar biri-birlerine öz pikirlerini, duýgularyny, bilýän maglumatlaryny, eşiden, gören we okan zatlaryny beýan edýärler. Garaz, özara habarlaşmasyz adamzat durmuşyny göz öňüne getirmek mümkin däl. Gepleşmek, pikir alyşmak, söhbetdeş bolmak hem adama edil iýip-içmek we uklap, dynç almak ýaly zerur. Ýöne ýerden adamyň ýeke özüni zyndana taşlap, ony başga adamlar bilen özara habarlaşmakdan mahrum etmeklik gadym zamanlardan bäri iň agyr jeza hasaplanylmandyr.

Her bir adam dünýä inen gününden başlap, özara habarlaşmaklyga girişýär. Alymlaryň tassyklamalaryna görä, 1,5-2 ýaşyndan başlap, çaganyň adam hökmünde kämilleşmekligi, esasan, onuň ulular bilen

(ejesi, kakasy, doganlary bilen) habar alyşlmaklygy netijesinde bolup geçýär. Munuň hakykatdan-da şeýledigine adam jemgyýetinden bäbekkä mahrum bolup, haýwanlaryň arasynda düşen we olaryň arasynda ulalan çagalar baradaky maglumatlar hem güwä geçýär.

Özara habarlaşmanyň dürli görnüşleriniň bardygy hakynda hem aýtmak gerek. Häzirki döwürde adamlar öz aralarynda telefon arkaly, Internet arkaly hem habar alşyp-berşip bilýärler. Özara habarlaşma, esasan, iki taraplydyr, ýagny gürleşmek, pikir alyşmak her bir adamyň başgalar bilen gürleşmekligini we özara pikir alyşmaklygyny aňladýar. Bu ýerde ýüzugra iki adamyň ýa-da iki tarapyň arasynda bolup geçýän gepleşige (söhbetdeşlige) ***dialog***, bir adamyň başgalara ýüzlenip edýän çykyşyna ***monolog***, birnäçe adamyň şol bir wagtyň özünde bilelikde edýän söhbetlerine bolsa ***polilog*** diýilýänligini hem belläp geçmek gerek.

Her bir adamda belli bir halatlarda öz-özi bilen söhbetdeş bolmak islegi hem ýüze çykýar. Adamlar üçin tebigat we Hudaý bilen, öz okap oturan kitabynyň awtory bilen, görüp oturan kinosynyň gahrymany bilen, telewizorda çykyş edip duran adam bilen gaýybana, birtaraplaýyn habarlaşmak hem mahsusdyr.

## 3.8. Aň we onuň tebigaty

Turuwbaşdan aň meselesiniň filosofik antropologiýanyň iň jedelli meseleleriniň biridigini aýtmak gerek. Bu mesele bilen baglanyşykly jedelleriň esasynda bolsa aňyň tebigaty, onuň maddy obýektler bilen arabaglanyşygy hakyndaky garaýyşlaryň özara çaprazlygy, bu babatda biri-birlerine gabat gelmeýän dürli garaýyşlaryň bardygy ýatyr. Munuň hem özüne ýetesi sebäpleri bar. Adamyň aňynda döreýän pikirleri, duýgulary we islegleri daşyndan synlamak mümkin däl. Daşyndan adamyň özüni alyp barşyny, onuň emosiýalaryny (gaharynyň gelenligini, begenýänligini, gynanýanlygyny, pikire batanlygyny we ş.m.), pikirini we garaýşyny diliň ýa-da hereketleriň üsti bilen beýan edişini synlap bolýar.

Taryhy antropologiýa ylmy pikirlenmeklige ukyply ***Homo sapiýenesiň*** (adamyň häzirki adamzada degişli görnüşi), takmynan, mundan 40-50 müň ýyl ozal dörändigini belleýär. Ylym aňyň adamyň

haýwanat dünýäsinden arany açyp ösmekligi netijesinde 2,5-3 mln. ýylyň dowamynda kemala gelendigini subut edýär. Görşümiz ýaly, bu ýerde aň adamyň we jemgyýetiň ösüşiniň önümi hasaplanýar. Köp filosoflar aňy bu dünýäniň mukaddeslikleriniň iň ýokary mukaddesligi hasap edýärler. Din aňy dünýäniň ilkinji başlangyjy hökmünde kabul edýär.

Filosofiýanyň taryhynda aň bilen baglanyşykly meseläniň çözgüdine iki hili çemeleşilipdir. Birinjiden, garalýan meseläniň biziň aňymyzda şöhleleniş usullary hökmünde garalýar. Bu ýerde aňyň ýüze çykyşy beýan edilýär. Ikinjiden, “Aňyň hut özi neneňsi mümkin bolýar?” diýen soraga jogap beriljek bolunýar. Köp wagtyň dowamynda filosofiýanyň akymlary bu iki çemeleşmäni biri-birinden kän tapawutlandyrman gelipdirler. Şonuň üçin olaryň tarapdarlary: “Eger zatlaryň barlygynyň beýan ediliş usuly berlen bolsa, aň meselesi çözüldi” diýip, hasap edipdirler. Diňe soňky döwrüň filosofiýasy aňyň ýüze çykmaklygy baradaky meselä aýratynlykda garaýar.

Ýokarda bellenilişi ýaly, aňyň özbaşdak zat däldigi sebäpli, oňa akyl ýetirmek, ony beýan etmek ýeňil iş däl. Biz ony filosofiýanyň taryhynyň ähli döwürlerinde, esasan, antiki döwrüň aň bilen baglanyşykly garaýyşlarynda hem görýäris.

Aňyň beýleki bir aýratynlygy, ýagny adamyň öz içki dünýäsi bilen baglanyşykly meseleleri hem antiki filosofiýada jedelli bolupdyr. Muny ol döwrüň dünýägaraýşynyň çäkliligi bilen düşündirmek mümkin. Antiki adam Älem we daşarky zatlar bilen ýaşaýar. Ol şol zatlar hakynda hem pikirlenýär, “özünden daşda” ýaşaýar. Onuň “Meni” zatlara gönükdirilipdir.

Ýekehudaýlylyk pikiriniň döremegi we ösmegi bilen dini filosofiýada adamyň içki dünýäsi bilen baglanyşykly meselelere üns berlip başlanýar. Ol filosofiýany ýalňyzlyk meselesi has hem gyzyklandyrýar. Bu ýerde oňa ruhuň manysy hökmünde garaýyş güýjeýär. Biziň eýýamymyzyň başynda belli filosof **Plotin** ruhuň mazmuny we onuň bilen baglanyşykly aň meselesine aýratyn üns berýär. Ol ruhy tejribäniň derejelerini görkezip, bu ýerde aňyň, onuň ýokarky (Hudaý) we aşaky (duýgy) derejelerini birikdiriji wezipesini ýerine ýetirýänligini belleýär. Adam ruhy tejribä eýe bolup, özüniň diňe ten bilen çäklenmeýänligine akyl ýetirýär. Adam öz

ruhy manysyny açmak üçin özünde Hudaýdan bolan “Meniniň” ýaşaýşyny açmaly bolýar. Bu bolsa her günki aladalar bilen meşgul bolup ýaşaýan adam üçin kyn meseledir. Dini filosofiýa bu soraglary özboluşly çözýär. Şolaryň netijesinde aňa ruhuň ýüze çykmasy hökmünde garaýyş kemala gelýär. Aňa şu ýerde adamyň bu dünýäniň lezzetlerine öte gyzykmasy üçin berlen jeza hökmünde garalýar. Adamyň “Meniniň” aňda iki görnüşde ýaşaýanlygy bellenilýär. Ol özüniň her günki ýaşaýşyny Hudaýa ýakyn bolup ýaşan döwri bilen deňäp geçmeli bolýar. Aň geçmişi, şu güni we geljegi biri-birine garşy goýup, adamyň bu dünýäde wagtlaýynlygyna akyl ýetirýär.

Täze döwürde bu garaýyşlar öz täsirini gowşadýar we aň meselesini täzeçe çözmeklige şertler döreýär. Bu döwürde kän aňlanylmadyk sebäplere görä adamlar Hudaý baradaky pikiri ***siwilizasiýa*** düşünjesinden aýyrýarlar. Bu döwürde ***nigilistik*** (lat. *nihil* – hiç zat), ozalky kabul edilen zatlary inkärlemek bilen bagly garaýyşlar güýjeýär. Şu we beýleki sebäpleriň netijesinde adam özüniň iki dünýä (Zemin we zeminden daşarky dünýä) degişlidigi baradaky pikirden ýüz öwürýänligi üçin aň bilen baglanyşykly meselelere täzeçe garamaklyga mümkinçilik döreýär. Bu ýerde adam filosofiýanyň esasy meselesine öwrülýär.

Bu meselede filosofiýa adama adamyň öz aňlaýan dünýäsiniň şerti hem mümkinçiligi bolýanlygyndan ugur alýar. Bu pikiri ýokarda hem belläp geçimiz ýaly, fransuz filosofy R.Dekart: “Men pikirlenýärin, diýmek, men bar (men ýaşaýaryn)” diýen jümle bilen kesgitläpdir. Bu garaýşa laýyklykda adam şol bir wagtyň özünde bu dünýäde ýaşaýanlygynyň we bu dünýäniň ýeterlikleýin esasyna öwrülýär. Şeýle garaýyşlaryň esasynda täze döwrüň akyldarlary orta asyrdan arany açyp, şol bir wagtda hem onuň bilen arabaglanyşygy saklapdyrlar. Muňa garamazdan, orta asyrlarda filosofiýada doly işlenip bilinmedik adamyň içki ruhy dünýäsi bilen baglanyşykly meselelere ünsi çekmek Täze döwrüň filosofiýasynyň esasy meseleleriniň birine öwrülýär. Bu ýerde aňyň diňe özüne açylyp bilinýänligi, öz-özüňi aňlamazdan, onuň bolup bilmeýänligi baradaky pikir öňe sürülýär. Aň öz-özüni aňlamak hereketiniň üsti bilen öz manysyny we düzümini aýdyňlaşdyryp bilýär. Şonda aň bar bolan tebigy dünýäni ýüze çykarmagyň we onuň ýaşaýanlygyny subut etmekligiň serişdesi hökmünde çykyş edýär.

Aňyň beýniniň önümiligi baradaky garaýyş häzirki zaman filosofiýasynda iň ýörgünli garaýyşlaryň biridir.

Bu garaýşa laýyklykda, aň beýniniň önümi, ýagny pikirlerdir garaýyşlar, duýgulardyr islegler beýnide emele gelýär. Beýni materiallaýyn, maddy zat. Degişli enjamlaryň (priborlaryň) kömegi bilen beýnide bolup geçýän biohimiki we fiziologiki prosesleri synlap bolýar, emma ondaky döreýän ruhy prosesleri (pikirleri, duýgulary) welin, hiç bir priboryň kömegi bilen ýüze çykaryp bolmaýar. Has dogrusy, adamyň içki, ruhy dünýäsindäki bolup geçýän dürli hili psihologik prosesleri synlap, ýüze çykaryp bilýän enjamlar ýok. Iň bolmanda, şeýle enjamlaryň häzirlikçe ýoklugy hakykat. Emma şol bir wagtyň özünde degişli ylymlaryň çäginde bu ugurda häzirki döwürde belli bir derňewleriň geçirilýänligi, hatda olaryň dowamynda käbir ujypsyz netijeleriň alnylyp başlananlygy barada hem hakykatyň hatyrasyna aýtmak gerek.

Aňa ***şöhlelenmäniň*** iň ***ýokary gurluşly materiýa,*** ýagny ***adam beýnisine*** mahsus bolan görnüşi hökmünde hem düşünilýär. Bu ýerde şöhlelenme hadysasynyň materiallaýyn (maddy) obýektleriň ählisi üçin häsiýetlidiginden ugur alynýar.

***Şöhlelenme*** diýlip, maddy obýektleriň özlerine daşdan täsir edýän zatlary ***kabul edýänligine*** (kabul edýän görnüşli şöhlelenme), ol täsirleriň netijesinde ***üýtgäp bilýänligine*** (üýtgeýiş görnüşli şöhlelenme), özüne täsir eden obýektleriň häsiýetli aýratynlyklaryny ***özünde saklap galdyrýanlygyna*** (yz galdyrylan görnüşli şöhlelenme) we özüne täsir eden obýektlere ***gaýtargylaýyn jogaby berip bilýänligine*** (reaksiýa görnüşli şöhlelenme) aýdylýar.

Janly tebigatda şöhlelenmäniň iň başlangyç görnüşi ***gyjynma*** görnüşinde ýüze çykýar. Beýnini emele getirýän nerw öýjükleri teniň daşky gurşawyň täsirlerine bolan gyjynmasyny syzyşlar we duýgular derejesine galdyrýar. ***Duýmaklyk*** – şöhlelenmäniň ikinji basgançagy hasaplanylýar. Adam beýnisi üçin şöhlelenmäniň iň ýokary derejesi – ***aňmaklyk*** mahsus hasaplanylýar. Netijede, adam aňyna şöhlelenmäniň iň ýokary formasy hökmünde düşünilýär.

Aňyň maddy binýady (materiallaýyn bazasy) hökmünde beýnä düşünilýär. Adam beýnisiniň ösüşi, onuň şöhlelendirijilik ukybynyň tapgyrma-tapgyr artmaklygy we kämilleşmekligi adamzadyň biolo-

giki ewolýusiýasynyň netijesi hasaplanylýar. Hakykatdan-da, adam beýnisiniň ewolýusiýasy, ilkinji nobatda, tebigy we biologik şertler bilen baglanyşyklydyr. Emma beýniniň ewolýusiýasyny we aňyň emele gelşini diňe tebigy şertler bilen düşündirip bolmaýar. Aňyň emele gelmekligi we ösmekligi üçin esasy, has dogrusy, çözüji faktor bolup ***sosial gurşaw*** hyzmat edýär. Adamlaryň jemgyýet bolup ýaşap başlamaklygy, bileleşip zähmet çekmekleri, özara habarlaşmak serişdesi hökmünde dili ulanyp başlamaklary aňyň barha kämilleşmekliginiň iň esasy sosial şertleri hasaplanylýar.

Eger-de tebigatda bar bolan ähli beýleki jandarlar üçin daşky gurşaw bilen aragatnaşykda diňe ol gurşawa ***uýgunlaşmak*** mahsus bolsa, adam beýleki jandarlardan tapawutlykda, özüni gurşap alýan daşky gurşawy ***özüçe üýtgedip*** hem bilýär. Adamda şeýle başarnygyň we ukybyň döremekligi onuň beýnisiniň uzak asyrlara çeken biologiki we sosial ewolýusiýasynyň netijesi hasaplanylýar.

Aň – daşky gurşawyň obýektleriniň beýnide ideal (ruhy) obrazlar (şekiller) görnüşinde şöhlelenmesidir. Şol obrazlaryň (duýgulaýyn we logiki-abstrakt görnüşli) sistemasy aňyň mazmunyny düzýär. Aň hakykatyň şöhlelenmesi hökmünde beýnide şöhlelenýän obýektler hakyndaky bilimleri we maglumatlary özünde jemleýär. Hakykatyň aňdaky şöhlelenmesi – bu onuň (hakykatyň) edil aýnadaky ýaly şöhlelenmesi ýa-da kopiýasy (göçürme nusgasy) däl-de, eýsem diýseň çylşyrymly prosesdir, ýagny şöhlelenýän obýektler aňda öňden galan obrazlar bilen deňeşdirilip, olar barada çykarylan täze netijelere – ideal obrazlara öwrülýär. Elbetde, adam aňynda daşky gurşawda aslynda ýok we bolup hem bilmejek zatlar bilen baglanyşykly hyýallardyr pikirler-de döräp bilýär. Emma olar hem aňda öň öz şöhlelenmesini tapan obýektleriň obrazlarynyň hyýalda üsti ýetirilen, oýlanylyp tapylan ýa-da göz öňüne getirilen täze bir görnüşleridir.

Aňyň iň esasy elementleriniň biri ***hakydadyr***. Hakyda – bu beýniniň maglumaty özünde saklap galdyryp bilmek we gerek bolan halatynda ony dikeldip bilmek başarnygydyr. Aňyň ösüşini we kämilleşişini hakydasyz göz öňüne getirmek mümkin däl.

Aňda hakykatyň şöhlelenmesi dürli ***derejelerde*** bolup geçýär. Esasan, olar ***rasionallaýyn*** (maglumatlar, bilimler görnüşindäki ideal

obrazlar), ***aksiologik*** (maglumatlaryň esasynda dörän baha bermeler görnüşindäki ideal obrazlar), ***emosionallaýyn*** (dürli hili duýgular görnüşli ideal obrazlar) we ***motiwasiýalar*** (erk-islegler görnüşli, niýetler, belli bir hereketleri ýerine ýetirmeklige gönükdirilen hyýaly taýýarlyklar) ýaly derejelere bölünýär.

***Aňyň formalary*** barada aýdylanda, olar, esasan, sosial hakykatyň aňda şöhlelenýän taraplary bilen baglanyşdyrylyp, onuň ***ahlak aňy, ykdysady aň, syýasy aň, estetiki aň*** we ***ekologik aň*** ýaly görnüşleri biri-birlerinden tapawutlandyrylýar.

***Aňyň görnüşleri*** bolsa, esasan, ***aňyň subýektine***, ýagny aňyň degişliligine (kime, haýsy sosial topara) görä tapawutlandyrylýar. Bu esasa görä aňyň ***indiwidual aň, jemgyýetçilik aňy, milli aň, synpy aň*** ýaly görnüşleri biri-birlerinden tapawutlandyrylýar.

Bulardan başga aňyň ***öz-özüňi aňmak*** we ***refleksiýa*** ýaly görnüşleri hem bar.

***Öz-özüňi aňmak*** – bu adamyň (sosial toparyň, milletiň, synpyň) özüne tarap gönükdirilen aňydyr, adamyň (sosial toparyň, milletiň, synpyň) öz aňynda özüniň dünýädäki we jemgyýetdäki eýeleýän orny, geçmişi, şu günki ýagdaýy we geljegi baradaky baradaky oý-pikirleridir duýgulary we garaýyşlarydyr. ***Refleksiýa*** – bu subýektiň ***öz-özüni analiz*** (seljeriş) etmekligidir, özüne akyl ýetirmeklige çalyşmaklygydyr. Başgaça aýdylanda, öz-özüňi aňmaklyk subýektiň (aýratyn adamyň, toparyň, jemgyýetiň) özüne tarap gönükdirilen aňydyr, özüniň özi üçin akyl ýetirilýän obýekt bolup hyzmat etmekligidir.

Aň düşünjesi bilen ***aňlylyk*** we ***aňsyzlyk*** düşünjeleri hem aýrylmaz baglanyşyklydyr. ***Aňlylylyk,*** esasan, subýektiň hereketleriniň, amala aşyrýan işleriniň oýlanylyp, belli bir düşünjedir garaýyşlara esaslanylyp edilýänligini aňlatsa, ***aňsyzlyk*** ol ýa-da beýleki bir hereketleriň özözleýin, awtomatik görnüşde bolup geçýänligini, ol hereketleriň pikir edilmän, hiç hili oýlanylman ýerine ýetirilýänligini aňladýar. Emma aňsyzlyk meselesi babatynda ylymda, şol sanda filosofiýada hem köp başga pikirler-de öňe sürülýär. Aňsyzlygyň tebigatyny özüçe düşündirýän ylmy taglymatlaryň birine “psihoanaliz” diýilýär. Ýeri gelende bu ylmy taglymat barada kitabyň ahyrynda (filosofiýanyň taryhyna degişli bölümde) has giňişräk durup geçjekligimiz hakynda ýatlatmak isleýäris.

## 3.9. Ruh, jan, ten we akyl

Filosofiýada aň meselesi ***“ruh”***, ***“jan”***, ***“ten”*** we ***“akyl”*** ýaly düşünjeler bilen arabaglanyşyklylykda derňelýär.

***“Ruh”*** düşünjesi giň manyly söz, emma kähalatda ol “aň” düşünjesiniň sinonimi (şol bir manyny aňladýan) görnüşinde hem ulanylýar. Köplenç ýagdaýda welin, “ruh” sözünden aňa görä has giň manyly söz hökmünde peýdalanylýar. Onuň üsti bilen subýekte degişli ähli ideallaýyn hadysalaryň köplügi (onuň içki dünýäsi, göwün islegi, göwün joşguny, kalbyny gurşap alýan dürli duýgularyň köplügi) aňladylýar. Mysal üçin, “ruhubelentlilik” diýen düşünje adamyň keýpiniň ýokarylygyny, şähdiniň açyklygyny, edýän işleriniň joşgunly duýgulara ýugrulanlygyny aňlatsa, “ruhy garyplyk” diýen düşünje adamyň dünýägaraýşynyň darlygyny, bilim-sowadynyň çäklidigini aňladýar.

Ruhuň manysy başga hili hem düşündirilýär. Käbir filosofik edebiýatlarda bu mesele aňyň üç görnüşiniň barlygy bilen, ýagny daş-töwerekdäki zatlara we hadysalara gönükdirilen aňyň, özüni, onda-da hut özüni başga bir zat hökmünde aňlaýan aňyň we takyk tolgunmalar hökmünde çykyş edýän aňyň barlygy bilen düşündirilýär. Bu garaýşa laýyklykda ruh aňyň ýokarda sanalan görnüşleriniň birinjisinden we ikinjisinden ybaratdyr. Olaryň üçünjisi bolsa köňüldir.

“Ruh” düşünjesiniň “jan” sözi bilen manydaş görnüşde ulanylýan wagtlary hem bolýar. Mysal üçin, käbir dinlerde adamyň teniniň ölýänligi, emma onuň ruhunyň (janynyň) welin, bakylygy tekrarlanylýar.

***“Jan”*** düşünjesi, esasan, ***“ten”*** düşünjesi bilen baglanyşyklylykda ulanylýar. Jana teniň ýaşamaklygynyň şerti hökmünde düşünilýär. Jansyz ten öli hasaplanylýar. Mysal üçin, beýik türkmen akyldary **Magtymguly Pyragy** “Ýaranlar” atly goşgusynda jan bilen teniň arabaglanyşygy barada şeýle diýýär:

Aslyň owuç gumdur, dem bir nepesdir,
Yzyňa öwrülseň, işiň hebesdir,
Jeset bir menzildir, *ten* bir kapasdyr,
*Jan* bir gözi bagly guşdur, ýaranlar.

Biz öz gündelik durmuşymyzda ***“akyl”, “akyldar”, “paýhas”, “pähim”*** ýaly düşünjelerden hem giňden peýdalanýarys. Emma, köplenç, biz olaryň düýp manysyny aýyl-saýyl etmelidiris hem öýtmeýäris. Aslynda welin, olar göräýmäge manydaş ýaly görünselerde, many taýdan biri-birinden tapawutly düşünjelerdir. Mysal üçin, ***“paýhaslylyk”*** – bu her bir meseläniň amatly çözgüdiniň gowy pikirlenilip tapylmaklygyny aňladýar. Pikirlenme – bu prosesdir, akyl bolsa başarnykdyr. Akylly adam diýlip, dogry pikir ýöredip, çylşyrymly we kyn meseläni aňsatlyk bilen çözüp bilýän adama aýdylýar. Samsyk (akmak) adam diýlip bolsa, pikir ýörediși ýöntem, düşnüksiz, garjaşyk bolan adama aýdylýar. ***Akyldarlyk*** – aklyň giňligidir. Emma köp bilmeklik welin, doly manysynda akyllylygy, akyldarlygy aňlatmaýar. Akyldarlyk – bu aňrybaş bilimlilikdir, paýhaslylykdyr, pähimlilikdir. Akyldar öz bilýän zatlaryny giňişleýin bilimleridir düşünjelerini ýerlikli, netijeli, logiki arabaglanyşlylykda ulanyp bilýän adamdyr. Akyldar adam – bu ýöne bir akylly adam bolman, eýsem öz hereketlerini diňe ýagşylyga tarap gönükdirýän adamdyr. Kezzap, ogry adama hem belli bir derejede akylly (has dogrusy, mekir) diýip bolar. Emma onuň akyl-paýhasynyň diňe erbetlige we ýamanlyga gönükdirilenligi üçin, onda akyldarlykdan nam-nyşan ýokdur.

## Dördünji bap
## Gnoseologiýanyň esaslary

Akyl ýetirilişiň düýp mazmuny we ähmiýeti. Dünýäniň akyl ýetirerlikligi baradaky meselede optimizm, agnostisizm we skeptisizm. Akyl ýetirilişiň görnüşleri. Akyl ýetirilişiň subýekti, obýekti we predmeti. Akyl ýetiriliş we praktika. Akyl ýetiriş işine itergi beriji ideallaýyn häsiýetli güýçler. Hakykylyk, azaşmaklyk, ýalňyşlyk we ýalan. Hakykylygyň absolýutlygy we otnositelligi. Hakykylygyň obýektiwligi we subýektiwligi. Hakykylygyň konkretligi. Akyl ýetirişiň duýgulaýyn, rasionallaýyn, empiriki we teoretiki derejeleri. Ylmy barlaglaryň metodlary we usullary. Akyl ýetiriş işinde intiusiýanyň, fantaziýanyň we göz öňüne getirmeleriň orny. Subutetmeler we ret etmeler.

## 4.1. Akyl ýetirilişiň düýp mazmuny we ähmiýeti

Adamzat gadymdan bäri özüni gurşap alýan daşky dünýä akyl ýetirjek bolup çalşypdyr. Gadymy adamlaryň tebigy hadysalar, adamyň döreýşi we beýleki zatlar baradaky garaýyşlarydyr düşünjeleri diýseň ýöntem we sada bolupdyr. Emma wagtyň geçmegi bilen adamzat aňy tebigatyň gizlin syrlarynyň jümmüşine aralaşmaklygy başarypdyr. Adamzadyň bu günki gün ylymda we tehnikada gazanan üstünlikleri aklyňy haýran edýär. Muňa garamazdan, adamzat dünýä akyl ýetirmekligini dowam edýär, täzeden-täze ylmy açyşlar edýär. Adam dünýä näçe köp we çuňňur akyl ýetirdigiçe, şonça-da özüniň entek iňňän kän zatlary doly bilmeýänligine göz ýetirýär. Bu bolsa adamyň akyl ýetiriş işiniň dynuwsyzlygyny aňladýar.

Filosofiýada adamyň dünýä akyl ýetirişi baradaky mesele giňişleýin derňelip geçilýän meseleleriň biri. Hatda filosofiýanyň bütindünýä taryhyny bu meselesiz göz öňüne getirmek hem kyn. ***Akyl ýetiriş teoriýasy – bu adamyň akyl ýetiriş işiniň görnüşlerini we tebigatyny düşündirýän umumy häsiýetli teoriýadyr***. Filosofiýada akyl ýetiriş teoriýasyna ***gnoseologiýa*** diýlip at berilýär. Emma kähalatlarda oňa ***epistemiologiýa*** hem diýilýär. Bu adalgalar degişlilikde ***“gnosis”*** (aňlamak, bilmek, tanamak ýaly manyny berýän) we ***“episteme”*** (bilim, başarnyk, ylym ýaly manylary berýän) diýen gadymy grek sözlerinden gelip çykýar.

Kitabyň birinji babynda belläp geçimiz ýaly, bu mesele dogrusynda hem filosoflar birnäçe toparlara bölünýär. Bu meseläniň daşyndaky jedeller, esasan, oňa degişli iki sany sowal, ýagny “Dünýä akyl ýetirmek mümkinmi?” we “Dünýä akyl ýetirmeklik nämäniň esasynda bolup geçýär?” diýen sowallar bilen hem-de bu sowallara berilýän jogaplar bilen baglanyşyklydyr.

## 4.2. Dünýäniň akyl ýetirerlikligi baradaky meselede optimizm, agnostisizm we skeptisizm

Aslynda dünýä akyl ýetirmek mümkinmi ýa-da dälmi? Birbada ýönekeý ýaly bolup görünýän bu soraga kesgitli jogap beräýmek juda kyn. Älem tükeniksiz, onuň başlangyjy hem ýok, ahyry-da. Adam

ömri bolsa çäkli, ýagny onuň soňy bar. Eger-de adamyň ömri çäkli bolsa, onda ol çäksiz we tükeniksiz Äleme doly akyl ýetirip bilmekligi başararmy? Bu sowal filosofiýany onuň bütin taryhynyň dowamynda gyzyklandyryp gelen sowallaryň biri.

Bu sowala jogap berlişine laýyklykda filosofiýada üç sany esasy ugry tapawutlandyrmak mümkin: **optimizm, skeptisizm** we **agnostisizm**.

***Optimistler*** dünýä akyl ýetirmekligiň mümkinligini **ykrar edýärler.**

***Skeptikler*** dünýä akyl ýetirmekligiň, umuman, mümkinligini inkär etmeýän-de bolsalar, akyl ýetirilen zatlaryň dogrulygyny ***şübhe astyna alýarlar, agnostikler*** bolsa dünýä akyl ýetirmekligiň mümkinligini doly ***inkär edýärler.***

Akyl ýetirmek meselesinde filosoflaryň ýokarky üç topara bölünmekligi ýöne ýerden däldir. Hakykatdan-da, dünýä doly derejede akyl ýetirmek mümkin däl. Biziň dünýä baradaky bilimlerimiz hem çäkli, uzak wagtlap dogry diýip hasaplap ýören zatlarymyzyň hem käbirleriniň nädogrulygy ýüze çykarylýar. Emma agnostikleriň ýörelgesine eýerip, ýagny dünýä akyl ýetirmekligiň düýbünden mümkin däldigini goldap, akyl ýetirmek işimizi bes etsek-de, ýalňyş bolar. Gowusy dünýä akyl ýetirmekligiň mümkinligine optimistleriň nukdaýnazaryndan garap, akyl ýetirmek işiniň üznüksiz dowam etdirilmekligi amatly. Hut şeýle ýörelgä eýerilip gelnenligi adamzady ylymda we tehnikada täzeden-täze sepgitlere ýetmeklige getiripdir. Şol bir wagtyň özünde skeptikleriň pozisiýasynyň hem belli bir derejede dogrulygyny inkär edip bolmaz, çünki biziň dünýäniň ol ýa-da beýleki bir obýektleri baradaky bilýän zatlarymyz, dogrudan-da, doly we gutarnykly däldir, ***otnositel häsiýete*** eýedir, çäklidir.

Ylmyň entek köp zada doly akyl ýetirip bilmeýänligi we dünýäniň hadysalarynyň içinde entek düýbünden akyl ýetirilmedikleriniň hem az däldigi, agnostisizmiň we skeptisizmiň köpsanly tarapdarlarynyň bolmakygyny şertlendirýär.

Häzirki zaman filosofiýasynyň neopozitiwizm, fenomenologiýa, ekzistensializm, pragmatizm ýaly ugurlary hem belli bir derejede agnostisizmiň pozisiýasyny goldaýarlar.

Agnostisizmiň esasy çeşmesi ***gnoseologik relýatiwizm*** bilen baglanyşyklydyr. Relýatiwizmiň düýp mazmunyny bolsa ***çyn hakykatyň*** diňe *absolýut* (gutarnykly görnüşde bolan we üýtgewsiz kabul edilmeklige mynasyp) häsiýetde bolmalydygy baradaky garaýyş düzýär. Olaryň pikiriçe, eger-de çyn hakykat absolýut däl bolsa, onda ol çyn zat hökmünde kabul edilmeli däldir. Bu ýerde islendik bilimiň belli bir derejede otnositelligi, ýagny gutarnykly däldigi baradaky garaýşa derek "bilim elmydama otnositeldir, çäklidir" diýen garaýyş esas edilip alynýar.

Agnostisizm ylmy akyl ýetirilişe garşy durýar. Emma muňa garamazdan, ylym öz ösüş ýoluny dowam edýär, täze basgançaklara galýar. Elbetde, ylmyň ösüşiniň dowamynda öň dogry hasap edilip gelnen taglymatlaryň birnäçesiniň täze tapylan maglumatlaryň netijesinde ret edilip, olaryň ornuna başga teoriýalaryň gelýän pursatlary hem az däl. Emma islendik täze teoriýa hem köne teoriýalaryň binýadynda döreýär.

Agnostisizm bilen deňeşdirilende skeptisizmiň hem belli bir derejede az-kem peýdalydygyny aýtmak gerek. Aslynda skeptisizm akyl ýetirmäniň mümkinligini ykrar etse-de, akyl ýetirilen zatlaryň dogrulygyna elmydama şübhelenýär. Skeptisizmiň akyl ýetirilen zatlara hem ynamsyz garamaklygy, bir tarapdan, ylmy täzeçillige garşy durup, ylmy gözlegleriň dowam etdirilmegine böwet hem bolup bilýär, ikinji tarapdan welin, şübhelenmäniň ylmy derňewleriň has çuňlaşdyrylan görnüşlerde we has kämil usullar esasynda alnyp barylmalydygyny şertlendirýänligini hem bellemän geçmek bolmaz.

## 4.3. Akyl ýetirilişiň görnüşleri

Adam dünýä diňe ylmyň üsti akyl ýetirmeýär. Durmuş kitaby diňe alymlar üçin açyk bolman, eýsem zatlary görüp, duýup we düşünip bilýän adamlaryň hemmesi üçin hem açykdyr. Dünýäniň köp hadysalaryna adamlar ylmyň entek döremedik wagty hem göz ýetirmekligi başarypdyrlar. Aýdaly, "ýorunja" diýlip atlandyrylýan iýmlik otuň näwagt ekilmelidigi, ýorunja ekilen meýdanyň haýsy wagtlarda suwarylmalydygy, ýorunjanyň mallar üçin ýokumlydygy

baradaky garaýyşlar agrotehnikadan we zootehniýadan ýörite ylmy taýýarlygy bolmadyk daýhan adamlar üçin hem mahsusdyr. Ýöne daýhanyň ýorunja hakyndaky düşünjeleri agronom alymyň topragyň hili, ýorunjanyň himiki düzümi we beýleki aýratynlyklary barada ylmyň gazananlaryna esaslanan düşünjelerinden has dardyr.

Köp zatlar baradaky düşünjedir garaýyşlar adamlarda ***gündelik durmuş tejribesiniň*** esasynda emele gelýär. Her bir halk öz durmuş tejribesiniň esasynda emele gelen garaýyşlary we düşünjeleri geljekki nesillere miras hökmünde galdyrýar. Dürli hili nakyllardyr atalar sözi, pähimler we paýhasly pikirler hem halkyň asyrlaryň dowamyndaky toplan durmuş tejribesiniň esasynda döreýär. Durmuş tejribesiniň esasynda dörän garaýyşlaryň ylmy subutnamalara daýanmaýanlygy olara kembaha garalmalydygyny aňlatmaýar.

Akyl ýetiriliş işiniň gündelik durmuş tejribesine esaslanan görnüşiniň esasy aýratynlygy durmuşy bilimleriň diňe toplanylan subutnamalardan we olaryň beýan edilmekliginden ybaratlygyndadyr. Ylmy bilimlerde bolsa subutnamalar diňe bir beýan edilmän, eýsem olar giňişleýin düşündirilýär we olaryň düýp mazmuny, gelip çykyşynyň çeşmeleri, ýüze çykyşynyň düýp sebäpleri açylyp görkezilýär. ***Durmuşy tejribäniň esasyndaky akyl ýetiriş*** obýektiň sypatyny, hilini ýüzleý häsiýetlendirýän bolsa, ***ylmy akyl ýetiriş*** diňe ***obýektiň nämeligini*** jikme-jik düşündirmän, eýsem ***onuň näme üçin*** hut şeýle sypatlara eýeligini hem açyp görkezmeklige çalyşýar. ***Ylmy akyl ýetirişiň*** esasy aýratynlygy onda islendik tassyklamanyň degişli subutnamalara esaslanýanlygyndadyr. Ylymda hiç bir zat subutnamasyz kabul edilmeýär. Ylym durmuş hakykatynyň geçmişine-de, häzirki ýagdaýyna-da we geljekde nähili ugurlar bilen ösjekligine-de baha bermäge çalyşýar. Ylym her bir tötänleýin zatda zerurlygy, ýekeleýin zatda aýratynlygy we umumylygy ýüze çykarmaklyga ýykgyn edýär. Ylmy akyl ýetiriş üçin öňdengörüjilik hem mahsusdyr. Ylmy iş özboluşly döredijilikdir.

Ylmy akyl ýetiriş özünde ***intuisiýany-da, öňden aňyjylygy-da***, ***hyýaly göz öňüne getirmeleri-de***, durmuşy tejribäniň ***sagdyn pähimlerini-de*** jemleýär.

Ylmy akyl ýetirilişe ***praktiki bilim*** hem diýseň golaýdyr. Eger-de ylmy akyl ýetirişde akyl ýetirýän tarap ***(subýekt)*** hökmünde alym adamlar çykyş edýän bolsalar, praktiki akyl ýetirişde inženerler, programmistler we ýokary ussatlykly işçiler we daýhanlar çykyş edýär. Eger-de alymyň maksady ol ýa-da beýleki bir hadysa degişli kanunalaýyklyklary ýüze çykarmaklyk we täze ylmy ideýalary (garaýyşlary) öňe sürmeklik bolsa, inženeriň maksady öňden belli ylmy prinsipleriň esasynda önümçilikde ulanylyp ýörlen enjamyň mümkinçiliklerini artdyrmaklyga gönükdirilendir.

Dünýä akyl ýetirilişiň ýene bir görnüşine ***çeperçilikleýin akyl ýetiriliş*** diýilýär. **Çeperçilikleýin akyl ýetirilişiň** özboluşly aýratynlygy onda dünýäniň we adamyň suratlandyrylyşynyň bölekleýin däl-de, bitewileýin esasda amala aşyrylýanlygyndadyr.

Çeper eser ylmy eserden tapawutly bolup, onda hadysalar çeper obrazlaryň üsti bilen beýan edilýär. Sungatyň özboluşlylygy oňa hiç bir başga usullar bilen suratlandyryp we beýan edip bolmaýan zatlary hem suratlandyrmaklygy başarýanlygyndadyr. Sungat eseri näçe çuňňur bolsa, şonça-da ondaky suratlandyrylan zatlary ylmy dile, ýagny dürli formulalardyr kategoriýalaryň üsti bilen aňladylýan dile geçirmek kyndyr. Mysal üçin, eseriň gahrymanynyň gam-gussasyny, çekýän ruhy hasratyny haýsydyr bir matematik formulanyň kömegi bilen aňladyp bolarmy? Elbetde, bolmaz.

Sungatda çeper hyýaly suratlandyrmalara rugsat berilýär, ýagny hudožnigiň (ýazyjynyň, şahyryň, kompozitoryň) özüniň tapan hyýaly göz öňüne getirmelerini öz eserinde giňişleýin ulanmagyna dogry düşünilýär. Hyýaly göz öňüne getirmeler esasynda suratlandyrylan dünýä hakykat ýüzündäki dünýäniň gönümelleýin gaýtalamasy däldir. Mysal üçin, Magtymgulynyň “Bu derdi” atly şygryndaky “Yşk dagyny assalar gögüň boýnundan, gök titreýip, çeke bilmez bu derdi” diýen setirlerindäki ulanýan düşünjeleri we deňeşdirmeleri (yşkyň dag bilen deneşdirilmegi) hakykatda aslynda ýok we bolup bilmejek zatlardyr. Emma muňa garamazdan, şahyryň özi tarapyndan oýlanylyp tapylan çeper deňeşdirmeleriň üsti bilen yşk hasratynyň jebir-jepasynyň suratlandyrylyşy kän bir geňirgenilmän kabul edilýär.

### 4.4. Akyl ýetirilişiň subýekti, obýekti we predmeti

Akyl ýetirilişiň iki tarapy, ýagny akyl ýetirýän tarap hökmünde çykyş edýän ***subýekti*** we akyl ýetirilýän tarap bolan ***obýekti*** bar.

Bu ýerde ulanylýan **“subýekt“** we **“obýekt“** düşünjeleri biri-biri bilen berk baglanyşyklydyr. “Şubýekt“ diýenimizde, biz haýsy zadyň (akyl ýetirilişiňmi ýa-da ol ýa-da başga bir görnüşli hereketiňmi) subýekti barada gürrüň gidýänligini göz öňünde tutmaly. “Obýekt” diýenimizde hem edil şonuň ýaly.

***Barlygyň*** gözleýän tarapyň, ýagny ***subýektiň, üns merkezine düşen ülşi*** (gapdaly, bölegi) akyl ýetirilişiň ***obýekti*** bolup çykyş edýär. Bu ýerde reallyk iki häsiýetde ýüze çykýar, ýagny ol, bir tarapdan, subýektden aýry, özbaşdak zat hökmünde, ikinji tarapdan bolsa, belli bir derejede subýektiň “eýeçiligindäki emläk” ýaly görnüşde ýüze çykyp, ***subýekt-obýektleýin arabaglanyşygy*** emele getirýär.

Ýeri gelende, subýekt – obýektleýin arabaglanyşygyň adam işiniň ähli görnüşlerinde (diňe bir akyl ýetiriş işinde däl) ýüze çykýanlygyny hem aýtmak gerek. Mysal üçin, daýhan melleginde ýer agdarýan bolsa, onda onuň özi bu işi ýerine ýetirýän subýekt hökmünde, agdarylýan ýer bolsa, subýektiň ýerine ýetirýän işiniň obýekti hökmünde ýüze çykýar.

Gnoseologiýada akyl ýetiriliş işiniň ***obýekti*** bilen ***predmeti*** hem tapawutlandyrylýar. Obýekt diýlip, daşky reallygyň barlag astyna alnan tarapyna aýdylsa, ***barlagyň predmeti*** diýlip, öwrenilýän obýektiň tutuş özüne düşünilmän, diňe onuň derňemek üçin saýlanylyp alnan anyk tarapyna aýdylýar. Mysal üçin, adam dürli ylymlaryň – biologiýanyň, lukmançylygyň, psihologiýanyň, sosiologiýanyň, filosofiýanyň obýekti bolup bilýär, emma bu ylymlaryň her biri üçin onuň diňe ol ýa-da beýleki bir taraplary predmet hökmünde çykyş edýär. Eger-de psiholog adamyň psihikasyny, içki dünýäsini derňese, sosiolog adamyň jemgyýetdäki eýeleýän ornuny we degişli sosial statusyny öwrenýär.

Akyl ýetiriliş diňe tebigatyň hadysalaryny öwrenmek bilen baglanyşykly bolman, eýsem adamyň özi tarapyndan döredilen zatlaryň öwrenilmekligine hem gönükdirilendir. Akyl ýetirişiň bu görnüşi-

ne ***sosial akyl ýetiriliş*** hem diýilýär. Sosial akyl ýetirilişde adam özi tarapyndan döredilen zatlary, ýagny döwleti, dürli sosial institutlary, medeniýeti, ahlak we ruhy gymmatlyklary öwrenýär. Bu ýerde adam, bir tarapdan, ***öwrenýän subýekt*** hökmünde çykyş etse, ikinji tarapdan, akyl ýetiriliş işiniň ***obýektine*** hem öwrülýär. Şu nukdaýnazardan seredilende, sosial akyl ýetirilişe ***jemgyýetiň öz-özüni aňlaýşy*** diýmek hem mümkin.

## 4.5. Akyl ýetiriliş we praktika (tejribe)

Adam tebigat bilen-de, jemgyýetçilik durmuşynyň wakalary bilen-de elmydama aýrylmaz baglanyşykly ýagdaýda we özara täsirdedir. Adamzat durmuşyny şeýle özara täsirsiz göz öňüne getirmek hem mümkin däl. Adam dünýäniň syrlaryna, ilkinji nobatda, özüniň maddy we ruhy isleglerini kanagatlandyrmak maksady bilen aralaşýar. Dürli ylymlaryň döremekligi hem adamlaryň şeýle islegleri bilen şertlenendir. Eger-de ýeriň meýdanyny ölçemek bilen baglanyşykly islegler geometriýanyň döremekligine getiren bolsa, astronomiýanyň we sagadyň döremekligi deňiz ýüzüşleriniň amatly bolmagyny gazanmaklygyň maksatlary bilen, medisinanyň (lukmançylygyň) döremekligi bolsa, adamlary kesellerden halas etmek bilen baglanyşyklydyr. Jemgyýetiň ösmekligi bilen adamlaryň islegleri hem barha artýar. Bu bolsa öz gezeginde akyl ýetiriliş işiniň geriminiň barha giňelmegine we mümkinçilikleriniň ýokarlanmagyna getirýär.

***Praktika (tejribe)*** *– adamlaryň ol ýa-da beýleki bir obýekte öz isleglerini kanagatlandyrmak maksady bilen täsir edip, özgertmekligidir.* Mysal üçin, tarp ýerleri adamlar ekin ekmek maksatlaryna laýyklykda özleşdirip we suwaryp başlaýarlar.

Akyl ýetiriliş işi üçin praktikanyň uly ähmiýeti bar. ***Birinjiden,*** **praktika** – bu akyl ýetirilişiň çeşmesidir, onuň hereketlendiriji güýjüdir, akyl ýetirilişe zerur bolan maglumatlary umumylaşdyrmak we teoretiki esasda täzeden işlemek üçin berýän tarapdyr. ***Ikinjiden*** bolsa, praktika – bu akyl ýetirilişiň dowamynda gazanylan bilimleriň ulanylyşa girizilýän “meýdançasydyr”. ***Üçünjiden***, praktika akyl ýe-

tirilişiň dowamynda gelnen netjeleriň dogrulygyny ýa-da nädogrulygyny barlap görmeklige mümkinçilik döredip, akyl ýetiriliş işiniň özboluşly ölçegi hökmünde hem çykyş edýär. Diňe praktikanyň "*talapkär synagyndan*" üstünlikli geçen bilimler obýektiw bilimler derejesinde kabul edilmeklige mynasyp bolýarlar.

Praktika diňe bir öwrenilmekligi zerur bolan hadysalary ýüze çykarman, eýsem ol ýa-da beýleki hadysalaryň adama entek näbelli taraplarynyň hem barlygyny görkezýär. Adam aňy diňe Ýerdäki zatlaryň (jisimleriň, maddalaryň, hadysalaryň) anygyna-şänigine ýetmeklige tarap gönükdirilen däldir. Adam öz aňyny, bilimini we ylmyny Älemiň jisimlerine tarap hem gönükdirmäge çalyşýar. Diňe bir Gün sistemasyny düzýän planetalary däl-de, eýsem Ýerden has uzakdaky ýyldyzlary, Galaktikanyň gurluşyna hem akyl ýetirmeklige çalyşýar. Göräýmäge, asman jisimleri adamzat durmuşynyň praktikasyna dahylly däl hem bolsa, Galaktikanyň obýektleriniň öwrenilmeginiň-de ylmy we praktiki ähmiýeti az däldir. Mysal üçin, futurolog alymlar (geljegi öwrenýän) uzak bolmadyk döwürde Marsyň adam ýaşamak üçin özleşdirilip başlanjaklygyny, hatda üstümizdäki XXI asyryň 70-80-nji ýyllarynda dünýäniň ilatynyň belli bir böleginiň şol ýerde ýaşap başlajaklygyny hem çaklaýarlar. Hyýaly bir zat ýaly bolup görünse-de, bu çaklama hakykatdan o diýen daş däldir.

Jemläp aýtsak, akyl ýetiriliş işiniň islendik ugry, ilkinji nobatda, praktiki bähbitleri göz öňünde tutýar.

### 4.6. Akyl ýetiriliş işine itergi beriji ideallaýyn häsiýetli güýçler

Ylmy barlaglaryň iki sany derejesi, has dogrusy, aşaky we ýokary gatlaklary bar. Eger-de onuň aşaky gatlagy durmuş praktikasyna hut häzir zerur bolan zatlara gönükdirilen bolsa, onuň ikinji gaty entek o diýen zerur bolmadyk, ýöne ýakyn geljekde gerek bolup biläýjek zatlara, ýagny uzak möhletleýin strategik meselelere gönükdirilendir.

Ylmyň her bir pudagy öz ösüşiniň dowamynda özüniň öwrenýän meseleleriniň entek doly göz ýetirilmedik taraplarynyň barlygyny yzygiderli ýüze çykarýar. Ylmyň käbir pudaklarynda ***funda-***

***mental*** (düýpleýin) häsiýetli barlaglaryň geçirilmegine has köpräk üns berilýän bolsa, beýleki bir toparlarynda ***amaly*** görnüşli, ýagny durmuş praktikasynyň ***isleglerini*** kanagatlandyrmaklyga gönükdirilen barlaglara üns berilýär. Alyp barýan barlaglarynyň aýratynlygyna görä ylymlar ***fundamental*** we ***amaly ylymlara*** hem bölünýär. Fundamental häsiýetli ylymlaryň esasy ünsi has çuňňur teoretik meselelere we durmuş praktikasynyň edil häzirki isleglerinden has daş we ondan diýseň üzňeräk meselelere gönükdirilýär. Şonuň üçin-de, kähalat fundamental ylmy barlaglara "praktika peýdasy ýok" diýlip, kembaha garalýan pursatlary hem bolýar. Mysal üçin, Türkmenistan häzir tebigy gazyň ýerasty gorlary boýunça dünýäde iň baý ýurtlaryň biri hasaplanylýar. Nebit-gaz pudagy Türkmenistanyň milli ykdysadyýetiniň iň girdejili pudaklarynyň biri hasaplanylýar. Şol nebitli we gazly ojaklaryň üstüniň açylmaklygynyň aňyrsynda alymlaryň uzak ýyllaryň dowamynda alyp baran fundamental barlaglary ýatyr.

Ylymlaryň çäginde edilen täze açyşlaryň köpüsi ol ýa-da beýleki bir ylmyň öz ösüşine itergi berýän täze isleglerіň döremegine getirýär. Emma şeýle açyşlaryň praktikanyň isleglerini hem artdyrýanlary az däl. Adamlaryň durmuş praktikasy gitdigiçe çylşyrymlaşýar we täzeden-täze isleglerіň döremekligine getirýär. Praktikanyň barha ösýän isleglerini we talaplaryny bada-bat ödäýmek ylma elmydama başardyp hem durmaýar. Şonuň üçin-de, praktika ylmyň diňe häzirki mümkinçilikleri bilen oňňut etmeklige mejbur bolýar. Praktikanyň islegleriniň artmaklygy täze ylmy açyşlaryň edilmegine, ylymlaryň täzeden-täze pudaklarynyň emele gelmegine, ylymlaryň pudaklarynyň arasynda özara hyzmatdaşlygyň depgininň ýokarlanmaklygyna esas döredýär.

Umuman, akyl ýetiriliş işiniň ilerlemekligine ***itergi berýän güýçler*** hökmünde, ***birinjiden***, ylmyň özüniň täze açyşlara bolan isleglerini, ***ikinjiden*** bolsa, durmuş praktikasynyň barha ösýän isleglerini we talaplaryny görkezmek mümkin.

## 4.7. Hakykylyk, azaşmaklyk, ýalňyşlyk we ýalan

Adamzat aňy we akly elmydama ***hakykylygyň***[24] gözleginde. Köplenç, halatda ***hakykylyga*** *ol ýa-da beýleki bir zada degişli bilim-düşünjeleriň we pikir-garaýyşlaryň şol zada doly derejede laýyk gelýänligi hökmünde düşünilýär.* Bilimleriň gymmaty hem olaryň hakykylyga laýyklygy bilen ölçenilýär. Görşümiz ýaly, hakykylyk – bu obýektiw reallygyň obýektiniň özi däl-de, şol obýekte degişli bilim-düşünjelerden we pikir-garaýyşlardan ybarat subýektiw reallykdyr.

Hakykylyk diýlip, akyl ýetirilýän ***obýektiň*** akyl ýetirýän ***subýekt*** tarapyndan takyk we dogry şöhlelendirilmegine, obýektiw reallygyň edil bolşy ýaly, aňdan daşardaky we garaşly bolmadyk zat hökmünde suratlandyrylmagyna düşünilýär. Hakykylyk derejesindäki bilim-düşünjeler adamlara öz praktiki işlerine akylly-başly çemeleşmeklige we geljegine göz ýetirmeklige mümkinçilik berýär. Eger-de hakykylyk obýektiw hakykatyň takyk we dogry şöhlelenmesi bolmadyk bolsa, adamlar daşky dünýäni aňly-başly özgerdip bilmekden mahrum bolardylar we oňa uýgunlaşyp hem bilmezdiler. Munuň hut şeýledigini adamzat jemgyýetiniň, ylmyň we praktikanyň ösüş taryhy hem doly subut edýär. Emma adama hemme zat barada doly we gutarnykly, aňrybaş dogry we takyk bilim-düşünjeleri gazanmak elmydama başardyp hem duranok. Köplenç halatda hakykylyga ýetmek ugrunda adamlar ***azaşmalara-da***, dürli hili ***ýalňyşlyklara-da*** sezewar bolýar. Azaşmalaryň esasynda gelnen ters netijeleriň, mazmuny boýunça dürs bolmadyk, nädogry garaýyşlaryň uzak wagtyň dowamynda hakykylyk diýlip kabul edilýän halatlary hem az däl. Ylmy akyl ýetirilişde azaşmalaryň esasynda ýalňyş teoriýalaryň hem döräp bilýänligini we olaryň ýalňyşlygynyň, ýagny hakykylyk däldigini soň-soňlar ýüze çykarylýanlygyny hem ylmyň ösüş taryhy doly subut edýär. Aýdaly, gadymy grek alymy **Ptolomeýiň** köp asyrlaryň dowamynda hakykylyk diýlip kabul eden ***geosentriki teoriýasy*** munuň aýdyň mysallarynyň biridir. Bu teoriýanyň hakykylykdan daşdalygy diňe

[24] ***Bellik.*** Bu ýerde biz **"hakykylyk"** düşünjesini ol ý-da beýleki bir zat dogrusynda aňrybaş dogry bolan bilim, pikir, garaýyş manysynda ulanyp, ony "hakykat" diýen düşünjeden tapawutlandyrmakçy bolýarys. (Ö.M.)

soň-soňlar **Kopernik** tarapyndan ***geliosentrik teoriýanyň*** döredilmegi netijesinde tassyklanylýar.

Akyl ýetiriliş işiniň dowamynda azaşmalaryň bolmaklygy we olaryň esasynda nädogry netijelere gelinmekligi tebigydyr. Özleriniň nädogrulygyna we birtaraplydygyna garamazdan, azaşmaklyk esasynda gelnen netijeler hem obýektiw reallygyň özboluşly şöhlelenmesidir. Emma azaşmaklygyň netijesinde emele gelen nädogry, o diýen takyk we dürs däl garaýyşlaryň ***ýalan*** (galat) we ***galplaýyn*** (bilgeşleýin ýoýlan) garaýyşlardan tapawutlandyrylmaklygy hem zerur. ***Ýalan*** *– bu kimdir birini aldawa salmak maksady bilen, çyn zat hökmünde ulanylýan toslamadyr, hakykylygyň bilgeşleýin ýoýulmasydyr.* Ýoýlan we galplaşdyrylan maglumatlaryň başgalary aldawa salmak üçin ulanylmagyna *dezinformasiýa* hem diýilýär.

**Ylmy akyl ýetiriliş** işiniň dowamynda alymlaryň arasynda gapma-garşylykly pikirler-de, barlyşyksyz jedeller-de bolman duranok. Öz ylmy gözlegleriniň dowamynda alymlaryň dürli hili azaşmalara uçraýanlaryda, ýalňyş netijelere gelýänleri-de az däl. Umuman, ylmy akyl ýetirilişi ýalňyşmalarsyz we azaşmalarsyz göz öňüne getirmek kyn.

Emma akyl ýetiriliş işinde kähalat azaşylyp, ters ýoldan gidilýän hem bolsa, ahyrsoňy hakykylyga alyp barýan dogry ýol tapylýar.

## 4.8. Hakykylygyň absolýutlygy we otnositelligi

Ylmy bilimleriň hemmesi, şol sanda olaryň iň takyk diýlip hasap edilýänleri-de belli bir derejede çäklidir, otnositeldir. Bilimiň otnositelligi onuň doly däldigini aňladýar. Hakykylygyň otnositelligi obýekt hakyndaky bilinýän zatlaryň ony dolulygyna we gutarnykly suratlandyrmaýanlygyndadyr. ***Otnositel hakykylyk*** *diýlip, ol ýa-da beýleki bir zat baradaky bilimleriň çäkliligine aýdylýar.*

Islendik täze teoriýa özünden öňkä garanyňda, giňdir we çuňňurdyr. Täze teoriýa köne teoriýany tutuş inkär etmän, onuň rasional mazmunyny hem özünde jemleýär. Täze teoriýa hem onuň öňki bilen deňeşdirilende, has anyklygyna we dolulygyna garamazdan, otnositeldir.

Hakykylygyň otnositelligi barada gürrüň edilende, onuň *diňe ylmy teoriýalara degişlidigini* nygtamak zerur. Sebäbi daşky reallygyň

o ýa-da beýleki obýektlerine we hadysalaryna, geçmişde bolup geçen wakalara degişli bilinýän zatlaryň köpüsi çyndyr, ýagny olaryň hakykylygy absolýutdyr. Aýdaly, Ýeriň Günüň daşyndan aýlanýanlygy, Gegeliň 1770-nji ýylda Ştutgartda eneden bolanlygy we 1831-nji ýylda Berlinde aradan çykanlygy we ş.m.

## 4.9. Hakykylygyň obýektiwligi we subýektiwligi

Hakykylyk öwrenilýän obýektiň we ony öwrenýän subýektiň özara täsiri esasynda emele gelýär. Şonuň üçin-de, oňa obýektiwligiň we subýektiwligiň birligi hökmünde hem düşünmek mümkin. Hakykylygyň obýektiwligi real bar bolan obýekt bilen, ýagny oňa degişli bilimde obýektiň takyk şöhlelendirilmegi bilen kesgitlenilýär. ***Obýektiw bilim*** *(obýektiw hakykylyk) – obýekt baradaky bilinýän zatlaryň köplügi bolup, onuň mazmuny obýekt tarapyndan kesgitlenilip, akyl ýetirilişiň subýektine garaşly däldir.* Mysal üçin, “Ýer – bu Gün sistemasynyň planetalarynyň biridir” diýenimizde biz aňymyza garaşly bolmadyk obýektiw hadysany şöhlelendirýän, mazmuny boýunça obýektiw bolan hakykylygy ykrar edýäris. Obýektiw reallygy ykrar etmek – bu obýektiw hakykylygyň ykrar edilmekligidir. Şol bir wagtda hem özüniň ýüze çykyş formasy boýunça *hakykylyk subýektiwdir* ýa-da başgaça aýdylanda, obýektiw reallyga degişli bilimleriň we garaýyşlaryň (subýektiň aňynyň önümi bolan) köplügidir. Ýokarda getirilen mysaldaky garaýyş mazmuny boýunça obýektiw bilim bolsa-da, bilimiň özi aňyň düzümine girýär. Hakykylygyň akyl ýetirýän subýekt tarapyndan ýüze çykarylýanlygy sebäpli, ol özünde akyl ýetirýän subýektiň aňynyň ýeten derejesi, onuň akyl başarnygy we ukyby bilen baglanyşykly häsiýetleri hem jemleýär.

Jemläp aýtsak, hakykylyk üçin obýektiwlikde, subýektiwlikde mahsusdyr, ol obýektiwligiň we subýektiwligiň birligidir.

## 4.10. Hakykylygyň konkretligi

Aksiomalar, prinsipler we ylmy kanunlar görnüşinde beýan edilen umumy düzgünler ***abstrakt hakykylykdyr***. Emma muňa garamazdan, olar obýektiw reallygyň hadysalaryna akyl ýetirmek işinde uly

ähmiýete eýe. Ýöne şol bir wagtyň özünde umumy düzgünler diňe belli bir wagtyň we giňişligiň çäklerinde alnanda hakykylykdyr. Şol çäklerden çykan halatynda, olar ýalňyşlyga öwrülýär. Mysal üçin, "Suwy bug görnüşine geçirmek üçin onuň temperaturasynyň 100 gradusa barabar bolmaklygy ýeterlik" diýlen umumy düzgüniň hakykylyk hökmünde kabul edilmekligi üçin, atmosfera basyşynyň derejesiniň simap sütüniniň 760 mm deň bolmaklygy hem zerurdyr. Ýa-da aýdalyň, "Üçburçlugyň içki burçlarynyň jemi 180 gradusa deňdir" diýen umumy düzgün diňe ýewklid geometriýasynyň çäginde hakykylykdyr, emma ýewklid geometriýasyndan tapawutly geometriýanyň nukdaýnazaryndan seredilende welin, ol ýalňyşlykdyr. Hakykylygyň wagtyň we giňişligiň konkret şertlerine baglylygy onuň elmydama konkretligini aňladýar.

## 4.11. Praktika hakykylygyň kesgitleýji ölçegi hökmünde

Hakykylygyň kesgitleýji ölçegi (kriteriýasy) hakyndaky mesele hem filosofiýada iň jedelli meseleleriň biri hasaplanylýar. Eger-de filosoflaryň bir topary hakykylygyň ýalňyşlykdan tapawutlandyrylmagy üçin duýgulaýyn tejribä daýanylmaklygy ýeterlik diýip hasaplasalar, olaryň beýleki bir topary akyl ýetirilýän obýekt hakyndaky bilim-garaýyşlaryň arasynda biri-birlerine ters gelýän özara gapma-garşylykly bilimleriň bolmazlygy zerur diýip hasaplapdyrlar.

Bu garaýyşlar belli bir derejede dogrudyr. Hakykatdan-da, biz köplenç halatda duýgularymyzyň esasynda gelýän netijelerimizi hem hakykylyk hökmünde kabul edip bilýäris. Mysal üçin, biz "ýagyş ýagýar" ýa-da "ýyldyrym çakýar" diýenimizde, özümiziň duýgy organlarymyza ynanyp, olaryň hakykylygyny başga bir ýollar bilen barlajak bolup hem durmaýarys. Emmä adamyň duýgulaýyn tejribesi örän çäklidir. Bize dünýädäki hadysalaryň köpüsine diňe duýgy organlarymyzyň kömegi bilen akyl ýetirmek başartmaýar. Şonuň üçin-de, hakykylygyň ölçegi hökmünde diňe duýgularyň kabul edilmekligi nädogrudyr.

***Hakykylygyň kesgitleýji ölçegi*** *hökmünde, esasan, durmuş* ***praktikasy*** *kabul edilýär.* Hakykatdan-da, akyl ýetiriliş işiniň netijesinde toplanylan bilimleriň adamlaryň durmuşy üçin peýdalydygyny ýa-da peýdaly däldigini diňe praktika kesgitleýär. Toplanylan bilimleriň

praktiki taýdan peýdaly bolmaklygy üçin olary özünde jemleýän hakykylygyň obýektiwleýin bolmaklygy hökmanydyr. Sebäbi hakykylyk obýektiw däl ýagdaýynda belli bir adam üçin (ýa-da adamlaryň belli bir topary, haýsydyr bir halk, ýa-da ýurt üçin) peýdaly diýlip hasaplanylýan hakykylyk başgalar üçin zyýanly we howply hem bolup biler. Şeýle ýagdaýda hakykylygyň ölçegi hökmünde ahlak düzgünleri we kadalary hem kabul edilip bilner. Dogrudan-da, praktika hakykylygyň ýeke-täk ölçegi däldir. Ýöne oňa kesgitleýji orun degişlidir.

Praktikanyň hakykylygyň ölçegliligi absolýutdyr we otnositeldir. Onuň absolýutlygy bilimleriň hemmesiniň diňe praktikada tassyk edilenleriniň hakykylyk hökmünde kabul edilýänligindedir. Onuň otnositelligi bolsa, praktikanyň we teoriýanyň elmydama ösüşdeligindedir we şol sebäpli-de, praktika özüniň her bir basgançagynda teoriýany doly tassyklap bilmeýär. Teoriýa, köplenç, praktikadan öňdedir we şol bir wagtyň özünde teoriýanyň hem praktikanyň talaplaryndan köp yza galýan halatlary hem az däldir.

## 4.12. Akyl ýetirilişiň duýgulaýyn, rasionallaýyn, empiriki we teoretiki derejeleri

Akyl ýetiriliş, ilkinji nobatda, duýgulardan başlanýar**.** Duýgulara esaslanan bilimlere gönüden-göni *ten duýgularynyň* üsti bilen gelnen netijeler degişlidir. Şeýle görnüşli bilimler *syzmak* we *beýnä kabul etmek* (ornaşdyrmak) esasynda döreýär. Emma biz hemme zada diňe duýgy organlarymyzyň kömegi bilen göz ýetirip bilmeýäris. Akyl ýetirilişde duýgulaýyn bilimler bilen bir hatarda *empiriki bilimlere* hem aýratyn orun berilýär. *Empiriki bilimler* diýlip, gönüden-göni duýgy organlarynyň kömegi bilen alnan netijelere aýdylman, *degişli enjamlardyr abzallar arkaly toplanylan bilimlere hem aýdylýar.* Mysal üçin, biz uçup barýan guşy gözümiz bilen görüp, onuň guşdugyny anyk aýdyp bilýäris. Bu duýgulaýyn akyl ýetirişiň mysaly. Emma haçanda, biz gyzgyn ölçeýji enjamyň (gradusnigiň) simap sütüniniň ýeten derejesine seredip, öz endamymyzyň gyzgynlyk derejesini kesgitläp bilýäris. Bu eýýäm empiriki akyl ýetirişiň görnüşidir. Empiriki akyl ýetirilişiň derejesi duýgulaýyn akyl ýetirilişiňkiden ýokarydyr.

Duýgulaýyn akyl ýetirilişiň iň ýönekeý we sada formasy ***syzyşdyr.*** Biz köp zady dürli duýgy organlarymyz arkaly syzyp bilýäris: gulagymyz bilen eşidip, gözümiz bilen görüp, dilimiz bilen tagamy dadyp, tenimiz bilen temperaturany aňşyryp, burnumyz bilen yslary saýgaryp bilýäris. Bularyň hemmesi syzyşyň görnüşleridir.

Eger-de syzyşlar duýgulaýyn akyl ýetirilişiň ilkinji basgançagy bolsa, onuň ikinji basgançagy kabul edişdir ýa-da başgaça aýdanymyzda, obýekte degişli syzyş esasynda alnan maglumatlaryň *beýnä ornaşdyrylmagydyr.* Biz her bir zadyň özüne mahsus sypatlarynyň we häsiýetli aýratynlyklarynyň barlygyny bilýäris. Mysal üçin, tagta ýazmak üçin ulanylýan bir bölek heki alyp göreliň. Onuň reňki ak, özboluşly daşky formasy bar, ýumşak däl-de, gaty, onuň belli bir agramy bar. Bu sypatlaryň hemmesi bir zatda, ýagny hekiň böleginde jemlenen. Biz ol sypatlaryň her birini häsiýetlendirýän maglumaty syzyş esasynda alýarys. Emma biz olaryň hersini aýratynlykda kabul etmän, olaryň hemmesini şol bir zada degişlilikde, ýagny heke degişlilikde kabul edýäris. Kabul edilen maglumatlaryň jemi beýnide ornaşyp, tutuş hek baradaky netijä getirýär. Umuman, kabul ediş ýa-da ***beýnä ornaşdyryş*** diýlip, predmetiň duýgy organlaryna täsir eden sypatlarynyň we taraplarynyň aýratynlyklary hakyndaky maglumatlaryň jemlenip, ***predmet barada tutuşlaýyn netijäniň emele gelmekligine*** aýdylýar. Syzyş we beýnä kabul ediş (ornaşdyryş) birbirlerinden aýrylmaz baglanyşyklydyr. Olar bilelikde duýgulaýyn akyl ýetirilişiň esasyny düzýärler. Hatda, olara adamyň akyl ýetiriş işiniň gözbaşy diýmek hem mümkin.

Emma akyl ýetiriş işi diňe bularyň ikisi bilen çäklenmeýär. Ol ýa-da beýleki bir predmet adama belli bir wagt aralygynda täsir edýär. Soňra ol täsir ýitýär. Emma aňda predmete degişli galan täsir şol bada düýbünden ýitip gitmän, biziň ýadymyzda galýar. Aslynda, biziň hemme bilýän zatlarymyz biziň ýadymyzda galan zatlardyr. Ýadymyzda näçe köp zat galan bolsa, biz şonça-da köp bilýäris.

***Ýada*** (hakyda, huşa) akyl ýetirişde ähmiýetli orun degişlidir. Biziň hakydamyz özünde geçmişi we häzirki zamany birleşdirýär, olaryň biri-biriniň üstüni ýetirmekligine ýardam edýär. Eger-de ol ýa-da beýleki bir predmet hakynda biziň ýadymyzda galan düşünje

huşumyzdan şol bada çykyp gidýän bolsa, onda biz her gezek şol predmeti bize nätanyş zat hökmünde kabul ederdik, onuň nämeligine göz ýetirmeklige täzeden girişerdik. Predmet hakyndaky garaýyşlar onuň biziň duýgy organlarymyza täsir edip, beýnimiz tarapyndan kabul edilip, şöhlelendirilen sypatlarynyň ýadymyzda galmagy esasynda döreýär. Mysal üçin, kiçi ýaşlyja çagajygyň hekiň bölegini gant hökmünde kabul etmegi mümkin. Bu ýerde çaga öz ýadynda gandyň reňkiniň aklygy we gatylygy bilen baglanyşykly galan garaýyşlardan ugur alýar. Emma uly ýaşly adam hekiň bölegini gant bilen garjaşdyrmaýar. Sebäbi çaga bilen deňeşdirilende, ol hekiň we gandyň ak reňkli we gatylygyna garamazdan, olaryň biri-birinden tapawutlydygyna ganda we heke degişli öňden öz ýadynda galan garaýyşlara esaslanmak arkaly gelýär.

***Garaýyşlar*** diýlip, predmetleriň adamyň duýgy organlaryna öň täsir edip, beýnä ornaşyp, soňra ýadyň kömegi bilen ***dikeldilen şekillerine*** aýdylýar.

*Syzyşlar* we *beýnä ornaşdyrmalar* aňly şöhlelendirmäniň başlangyjy bolsalar, *ýat* (hakyda) olaryň esasynda alnan maglumatlary özünde saklaýar, *garaýyşlar* bolsa predmetiň gönüleýin şöhlelenmesi bolman, onuň aňdaky subýektiw şekilidir. ***Syzyş, beýnä ornaşdyrma, ýat*** we olaryň esasynda ***garaýyşlaryň*** emele gelmekligi akyl ýetirişiň ***duýgulaýyn görnüşiniň formalarydyr.*** Emma akyl ýetirişiň ***duýgulaýyn*** görnüşden has ýokarrak derejesi hem bar. Ol ozal hem belläp geçimiz ýaly, akyl ýetirişiň ***rasional,*** ýagny logika we abstrakt pikirlenmä esaslanan derejesidir. Akyl ýetirişiň bu derejesi ***düşünjelerden, jemleýji pikirlerden*** we ***akyl netijelerinden*** ybaratdyr. ***Duýgulaýyn akyl ýetiriş*** we ***rasional akyl ýetiriş*** adamyň akyl ýetiriş işiniň iki sany özara baglanyşykly taraplarydyr.

Akyl ýetiriş işiniň esasy şerti akyl ýetirilýän zada degişli bolan, onuň häsiýetli aýratynlyklaryny açyp görkezýän maglumatlary – ***faktlary*** ýüze çykarmakdan ybaratdyr. Faktlar diňe bir ýüze çykarylman, eýsem toplanylan faktlar belli bir tertipde degişli toparlara hem bölünmelidir. Degişli toparlara bölünen faktlar bolsa, öz gezeginde, umumylaşdyrylyp, düşnükli dilde beýan edilip, teswirlenilmelidir.

Ylmy akyl ýetirilişiň esasy wezipesi ýüze çykarylan faktlaryň arasyndaky kanunalaýyklaýyn arabaglanyşyklaryň emele gelşiniň se-

bäplerini düşündirmekden ybaratdyr. Ylmy açyşlar, esasan, täze ýüze çykarylan faktlara daýanýar, has dogrusy, täze faktlar ylmy açyşlaryň çeşmesidir. Ylmy derňewleriň ünsi diňe bir aýratyn alnan fakta gönükdirilmän, eýsem öwrenilýän hadysanyň ösüşini kesgitleýän iň esasy faktlaryň köplügini tapmaklyga hem gönükdirilýär. Diňe şeýle faktlaryň toplumy täze teoriýanyň döremegine sebäp bolup bilýär. Ýalňyş toplanylan faktlar bolsa, ýalňyş teoriýanyň peýda bolmagyna getirip bilýär.

Duýgulaýyn akyl ýetirişden we faktlary ýüze çykarmaklykdan soň akyl ýetiriliş işi ***pikirlenme*** derejesine galýar. Pikirlenme esasynda adam aňy ol ýa-da beýleki bir zatlary olary gönüden-göni görmedik ýagdaýynda hem tapawutlandyrýar, olaryň düýpleýin häsiýetli aýratynlyklaryny we sypatlaryny ýüze çykarýar. Pikirlenme döredijilikleýin we işjeňleýin häsiýete eýedir. Pikirlenme esasynda adam diňe zatlaryň hut häzirki ýagdaýyna göz ýetirmän, eýsem olaryň ol ýa-da beýleki şertlerde nähili üýtgäp biljekligini hem göz öňüne getirip bilýär. Adam pikirlenmäniň netijesinde zatlaryň köplügine degişli umumy häsiýetleri hem ýüze çykarmaklygy başarýar. Bu ýerde oňa öňden onuň ýadynda galan bilim-garaýyşlar we düşünjeler kömege gelýär.

Pikirlenme akyl ýetirilýän obýektden üzňe görnüşde hem bolup bilýär.

Pikirlenme üçin ***logika***, ýagny zatlara degişli düşünjeleriň yzygiderliligi, bir netijeden başga bir netijeleri getirip çykarmak düzgüni mahsusdyr.

Obýektiw dünýäniň hadysalarynyň arabaglanyşygyny we olaryň ösüşini "zatlaryň logikasy" ýa-da obýektiw logika görnüşinde göz öňüne getirmek mümkin. Bu ýerde logika pikirlenmede zatlara degişli düşünjeleriň köplügi we olaryň arabaglanyşygy görnüşinde ýüze çykýar ýa-da subýektiw logika görnüşine geçýär. Aňdaky pikirlerimiziň logiki häsiýetde bolmaklygy biziň zatlara degişli düşünjeleri hem ol zatlaryň hakykatdaky baglanyşygyna görä ulanmaklygymyz bilen şertlendirilendir.

Pikirlenme akyl ýetirişiň duýgulaýyn derejeden, ýagny duýgularyň esasynda zatlara degişli ***empiriki faktlardan teoretik umumylaşdyrma derejesine*** galmaklygyna mümkinçilik berýär. Akyl ýetirişiň empiriki görnüşi bilen teoretik görnüşleriniň arasynda hem tapawut az däl.

Eger-de akyl ýetirişiň ***empiriki derejesi*** haýsy hadysanyň bolanlygy, onuň nähili, haçan we näçe wagtyň dowamynda bolup geçenligi bilen baglanyşykly sowallara jogap berýän bolsa, akyl ýetirişiň ***teoretiki derejesi*** hadysanyň näme üçin hut şeýle ýagdaýda ýüze çykanlygy, onuň esasynda haýsy kanunalaýyklyklaryň we sebäpleriň ýatanlygy baradaky sowallara jogap berýär.

Pikirlenme göze görnüp duran zatlaryň daşky görnüşiniň synlanylmagy esasynda aňda dörän *konkret* (anyk) şekilleri üzňeleýin, *abstrakt* (hyýaly) görnüşe geçirmäge mümkinçilik berýär.

Pikirlenme akyl ýetirilýän zatlara degişli düşünjeleriň, olar bilen baglanyşykly ***pikir garaýyşlarynyň*** we ***akyl netijeleriniň*** kömegi arkaly amala aşyrylýar.

***Düşünje*** *– bu predmetleriň we hadysalaryň has düýpli aýratynlyklaryny we sypatlaryny aňladýan pikirdir.* Düşünjeler arkaly zatlaryň diňe bir umumy aýratynlyklary aňladylman, eýsem olaryň kömegi bilen zatlar biri-birlerinden tapawutlandyrylýar, aralaryndaky umumy meňzeşlikler esasynda zatlar belli bir toparlara bölünýär. Mysal üçin, biz “agaç” diýen düşünjäni diňe bir ösümlikleriň belli bir toparyna degişlilikde ulanman, eýsem onuň üsti bilen agaçlara degişli umumy aýratynlyklary hem göz öňüne getirip bilýäris.

Düşünjeleriň baglanyşygy adam aňynda belli bir pikir garaýyşlarynyň emele gelmegine getirýär. Aslynda pikirlenmek diýmek, bu ol ýa-da beýleki bir zatlar barada pikir öwürmekdir, ýagny olar barada degişli pikir garaýyşlaryny öňe sürmekdir. Pikir garaýşy – bu düşünjeleriň baglanyşygy esasynda ol ýa-da beýleki bir zada degişli kesgitli pikiriň öňe sürülmegidir. Mysal üçin, biz “Arça – ösümlikdir” diýenimizde arçanyň ösümlikligi baradaky kesgitli pikiri nygtaýarys. Bu mysalda “arça” we “ösümlik” diýen sözler düşünjeler bolsalar, olaryň baglanyşygy esasynda emele getirilen sözlem eýýäm, aýratyn kesgitli bir pikir garaýşydyr. Pikir garaýyşlarynyň esasynda ol ýa-da beýleki bir zatlar barada olary tassyklaýjy we inkär ediji pikirler öňe sürlüp bilinýär.

Eger-de biziň aňymyz diňe aýratyn düşünjeleiň köplüginden ybarat bolan bolsa, ýagny biz olary biri-birleri bilen logiki sepleşdirip bilmeýän bolsak, onda hiç bir zada hem gutarnykly akyl ýetirip bilmezdik. Düşünjeler diňe pikir garaýyşlarynyň esasynda “ýaşaýarlar”.

***Pikir garaýşyna*** düşünjeleriň giňeldilen görnüşi, ***düşünjä*** bolsa, öz gezeginde pikir garaýşynyň gysgaldylan görnüşi hökmünde hem kesgitleme bermek mümkin. Şonuň üçin olaryň haýsysynyň derejesiniň ýokarylygy barada jedel etmeklik manysyzdyr.

***Pikirlenme*** – bu diňe düşünjeleriň kömegi bilen pikir garaýşynyň emele getirilmegi däldir. Olar zatlar baradaky pikir öwürmeleriniň özboluşly basgançaklarydyr. Pikir öwürmeleriniň gutarnykly görnüşi *akyl netijesidir.* ***Akyl netijesi*** diýlip, ol ýa-da beýleki bir zatlara degişli pikir garaýyşlarynyň esasynda kesgitleýin netijä gelinmekligine aýdylýar. Başgaça aýdylanda, akyl netijesi aňda bolup geçýän özboluşly logiki amaldyr. Mysal üçin, "Mis – metaldyr" we "Metallaryň hemmesi tok geçirijidir" diýen iki sany özara baglanyşykly pikir garaýyşlarynyň esasynda "Misi tok geçiriji hökmünde ulanmak mümkin" diýen netijä gelip bolýar.

Ylmy akyl ýetirişde öwrenilýän hadysa degişli deslapky çaklamalary – ***gipotezalary*** öňe sürmeklige hem mejburlyk döreýär. Gipotezalar öz gezeginde *esasy* we *esasy däl gipotezalara* bölünýär. ***Esasy gipoteza*** diýlip, hadysanyň geljekki ösüşiniň baş ugruny kesgitleýän sebäbe degişli çaklama aýdylsa, ***esasy däl gipoteza*** diýlip, hadysanyň ösüşiniň aýratyn ugurlary bilen baglanyşykly çaklamalara aýdylýar.

Dogrulygy barlanylyp görlen we doly subut edilen gipotezalar öwrenilýän hadysa baradaky ylmy garaýşy baýlaşdyrýar. Ol ýa-da beýleki hadysalara degişli ylmy garaýyşlaryň toplumy degişli teoriýany emele getirýär. ***Teoriýa*** diýlip, degişli tejribeler esasynda toplanylan faktlara daýanýan, hakykylyk hökmünde kabul edilen garaýyşlaryň we ***bilimleriň sistemasyna*** aýdylýar. Belli bir wagt aralygynda dogry hasaplanylyp gelnen teoriýa hem wagtyň geçmegi bilen könelýär we praktikanyň isleglerini doly ödäp bilmeýär ýa-da başgaça aýdylanda, täze teoriýanyň döredilmegi dogrusyndaky ***problema***-mesele ýüze çykýar. Köne teoriýany baýlaşdyrýan täze faktlar praktikanyň akyl ýetirilýän tarapy dogrusynda täze gipotezalaryň öňe sürülmegini şertlendirýär. Bu gipotezalaryň tejribeler esasynda tassyk edilmekligi, täze faktlaryň tapylmaklygy täze teoriýanyň döremegine getirýär. Soňra bu teoriýa hem könelişip başlaýar, täze problema döräp, täze faktlaryň öňe sürülýär... Gepiň keltesi, ylmy akyl ýetiriş işinde bu proses üznüksiz dowam edýär.

## 4.13. Ylmy barlaglaryň metodlary

Ylmy akyl ýetiriş işi öňe sürlen gipotezalaryň dogrulygyny ýa-da nadogrulygyny subut etmek üçin täze ylmy barlaglaryň we tejribeleriň geçirilmegini, öwrenilýän hadysa degişli faktlaryň toplanylmaklygyny talap edýär. Her bir işde bolşy ýaly, ylmy barlaglarda we gözleglerde hem degişli usullar we tilsimler ulanylýar.

Akyl ýetiriş işinde ulanylýan ***usullar – metodlar*** hakyndaky taglymata ***metodologiýa*** diýilýär. ***Metodologiýa*** diýlip, ylmy barlaglaryň esasy prinsiplerini we baş ugurlaryny kesgitleýän taglymata hem düşünilýär. ***Metod*** diýlip, hadysa degişli maglumatlary toplamaklygyň we olary sistemalaşdyrmaklygyň düzgünlerine we usullaryna aýdylýar. Usullardan peýdalanmaklygyň tilsimlerine bolsa, öz gezeginde ***metodika*** diýilýär.

Ylmy barlagda haýsy metodologiýanyň esas edilip alnanlygy we nähili metodlaryň ulanylýanlygy şol barlagyň netijelilik derejesine öz täsirini ýetirýär. Barlag nädogry metodologiýa esaslanylyp, degişli metodlar ulanylman geçirilen halatynda garaşylýan netijäni almaklyga mümkinçilik bermeýär.

Ylmy metodlar ***ählumumy*** we ***hususy metodlar*** diýlen görnüşlere bölünýär. Eger-de hususy metodlar diňe ol ýa-da beýleki ylymlaryň diňe özlerine mahsus bolsalar (mysal üçin, arheologiýada ulanylýan gazuw-agtaryş metody), ählumumy metodlar ähli ylymlarda ulanylýar. Şeýle metodlaryň hataryna ***deňeşdirme, synlama, modelleşdirme, analogiýa, induksiýa*** we ***deduksiýa, analiz*** we ***sintez, eksperiment*** ýaly metodlar girýär.

Akyl ýetiriş işinde giňişleýin ulanylýan metodlaryň iň esasylarynyň birine ***deňeşdirme metody*** diýilýär. ***Deňeşdirme*** diýlip, predmetleriň arasyndaky bar bolan meňzeşlikleriň we tapawutly aýratynlyklaryň ýüze çykarylmagyna aýdylýar.

Akyl ýetiriş işiniň ählumumy metodlarynyň içinde aýratyn orun ***analiz metodyna*** degişli bolup, ol akyl ýetirilýän zady hyýalda ýa-da hakykat ýüzünde ony emele getirýän böleklere bölüp, olaryň her biriniň aýratynlykda seljerilmegini, derňelmegini aňladýar. Şeýle usulyň ulanylmaklygy akyl ýetirilýän zadyň içki strukturasyna doly aralaşmaklyga mümkinçilk berýän hem bolsa, ol belli bir derejede çäklidir, akyl ýeti-

riliş işiniň belli bir basgançagydyr. Akyl ýetirilýän predmetiň düýp mazmunyny ýüze çykarmak üçin analiz metody bilen aýrylmaz baglanyşygy bolan metoda ***sintez*** diýilýär. Bu metodyň manysy analiziň netijesinde toplanylan maglumatlaryň we gelnen netijeleriň birleşdirilip, umumy netijäniň emele getirilmekligi bilen baglanyşyklydyr.

Indi beýleki ählumumy metodlar baradaky gürrüňe geçeliň. Ylmy akyl ýetirişde iň ýörgünli metodlaryň birine ***umumylaşdyrma*** metody diýilýär. ***Umumylaşdyrma*** – bu ýekeleýin zat hakyndaky netijeden umumy netijä, umumy netijeden has umumy netijä geçmekligi aňladýar. (Mysal üçin, “alma” diýen düşünjeden “miwe” diýen düşünjä, “miwe” diýen düşünjeden “miweli ösümlikler” diýen düşünjä...).

Ählumumy ylmy metodlaryň içinde özboluşly orun ***analogiýa*** metodyna degişlidir. ***Analogiýa*** – *bu iki sany predmetiň arasyndaky meňzeşligi olaryň haýsy hem bolsa belli bir alamatlary esasynda tapmak.* Mysal üçin, bu metodyň ulanylmagy netjesinde samolýot-uçar (guşuň analogy) oýlanylyp tapylypdyr.

***Modelleşdirme*** diýlip atlandyrylýan metod hem ylmy akyl ýetirişde iňňän köp ulanylýan metodlaryň biridir. ***Modelleşdirme*** – bu öwrenmesi kyn bolan predmetiň ýasama şekilini ulanyp, onuň üstünde degişli tejribeleri geçirmek görnüşli usuldyr. (Mysal üçin, salynjak jaýyň ýer titremesiniň näçe balyna çydamly bolup biljekligini kesgitlemek üçin).

**Induksiýa we deduksiýa.** Ylmy barlaglarda bu iki metoddan hem giňden peýdalanylýar. ***Induksiýa*** – bu umumy düzgüni (kadany, netijäni) birnäçe aýratyn (umumy däl) tassyklamalardan, ýekeleýin faktlardan getirip çykarmaklygy, deduksiýa bolsa, tersine, umumy pikirden, netijeden aýratyn, ýekeleýin pikire, netijä gelmekligi aňladýar.

Bu ýerde goşmaça bellik hökmünde induksiýanyň *doly induksiýa* we *doly däl induksiýa* görnüşleriniň biri-birinden tapawutlandyrylýanlygy barada hem aýtmak gerek. ***Doly induksiýa*** diýlip, belli bir topary emele getirýän predmetleriň köplügi hakyndaky umumy netijä şol köplügiň elementleriniň her biriniň aýratynlygyny ýüze çykarmak esasynda gelmeklige aýdylýar.

**Synlama metody.** ***Synlama*** – bu akyl ýetirilýän obýektiň düýpli aýratynlyklaryny we häsiýetlerini ýüze çykarmak üçin ulanylýan ýöriteleşdirilen, belli bir maksada gönükdirilen hereketdir, amaldyr.

Synlama metodynyň tapawutly aýratynlyklary bar. Olar, esasan, aşakdakylardan ybarat:

- synlama metody ýörite taýýarlygy talap edýär.
- onuň dowamynda ulanyljak amallar öňünden planlaşdyrylýar (meýilleşdirilýär).
- obýektiň ýüze çykarylýan häsiýetli aýratynlyklary bolşy ýaly hasaba alynýar.
- subýekt obýekti öz islegine görä üýtgedip bilmeýär.
- obýekt öz tebigy ýerleşýän şertlerinde öwrenilýär.

**Eksperiment.** ***Eksperiment*** – bu öwrenilýän obýektiň emeli, belli bir şertlere salnyp ýa-da ýerleşdirilip derňelmekligini aňladýar. Eksperiment hyýalda, pikir derejesinde hem (göz öňüne getirme esasynda) ulanylýar.

Bu metodyň tapawutly aýratynlyklary bolsa, esasan, aşakdakylardan ybaratdyr:

- eksperiment geçirilende degişli şertleriň obýekte nä derejede täsir edýänligi ýüze çykarylýar.
- eksperiment obýektiň tebigy şertlerde ýüze çykmaýan häsiýetlerini açmaklyga hem mümkinçilik berýär.
- eksperiment üçin şertleriň gözegçilik astynda saklanylmagy mahsusdyr.
- obýektiň üýtgeýiş aýratynlyklary, köplenç, priborlaryň (degişli enjamlaryň we gurallaryň) kömegi bilen ölçenilýär we kesgitlenilýär.

Eger adam üçin barlagyň dowamynda dürli azaşmalara uçramaklyk mahsus bolsa, priborlar bu kemçilikden halasdyrlar.

## 4.14. Akyl ýetiriliş işinde intuisiýanyň, fantaziýanyň we göz öňüne getirmeleriň orny

Akyl ýetirilişde ***intuisiýa, fantaziýa we göz öňüne getirmelere*** hem aýratyn orun degişlidir.

***Intuisiýa*** *diýlip, hadysanyň, wakanyň, alnyp barylýan ylmy barlagyň, eksperimentiň nähili netije berjekligini öňünden aňmaklyga, has dogrusy, duýmaklyga aýdylýar.* Hakykatdan-da, köplenç, intuisiýa

özbolușly duýgy hökmünde ýüze çykýar. Ylmyň taryhynda ylmy açyşlaryň birnäçesiniň intuisiýa esada döränligi barada rowaýata öwrülen maglumtlar az däl. Olaryň iň bellileriniň biri hökmünde ***Isaak Nýutonyň*** üstüne tötänleýin gaçan almanyň alyma bütindünýä dartylyş kanunyny açmaga itergi berenligini mysal getirmek mümkin. Intuisiýa öz-özleýin döremeýär. Onuň döremeginiň esasynda alymyň toplan tejribesi, aňyndaky bilim-düşünjeleri, uzak wagtyň dowamyndaky oý-pikirleri ýatýar.

Ylmy akyl ýetirilişde ***fantaziýa*** hem belli bir orun degişlidir. Köplenç halatda ***fantaziýa*** *diýlip, häzir ýok we ýakyn geljekde amala aşmaklygy mümkin bolmadyk zatlar baradaky pikir öwürmelere we howaýy arzuw-hyýallara düşünilýär.* Emma belli bir döwürlerde fantastiki häsiýetde, ýagny bolup bilmejek zat bolup görünýän howaýy pikirleriň hem, soň-soňlar real zada öwrülip gidýänliginiň onlarça mysalyny getirmek mümkin. Aýdaly, gadymy döwürleriň adamlarynyň guş ýaly bolup uçmak, "uçýan halynyň" üstüne münüp, daş aralygy tiz wagtda geçmek baradaky ertekilere siňdiren hyýaly arzuwlary eýýäm bir asyr gowrak wagt bäri real zatlarda (uçarlarda, dikuçarlarda, kosmos gämilerinde) öz beýanyny tapan hakykat.

Akyl ýetiriş işinde fantaziýa bilen bir hatarda **göz öňüne getirmeler** hem uly ähmiýete eýedir. Göz öňüne getirmeler tebigaty boýunça fantaziýa we intuisiýa golaýdyr. Döredijilikli häsiýetli göz öňüne getirmeleriň esasynda akyl ýetirýän subýekte özüne öň belli bolan düşünjeleriň we bilimleriň üsti bilen (olary esas edip alyp) başga, täze bir pikiri öňe sürmek başardýar. Ylmyň taryhynda gelip çykyşy boýunça ilki göz öňüne getirmelere esaslanan açyşlar az bolmandyr. Mysal üçin, Galileý ideal (aňrybaş) tekizligiň üstündäki tigirlenip barýan ideal şary göz öňüne getirip, onuň hereketiniň hiç wagt togtamajaklygy hakyndaky netijä gelýär. Galileýiň bu netijesi bolsa soň *I.Nýuton* tarapyndan açylan inersiýa prinsipiniň esasyny düzýär.

Umuman alnanda, fantaziýany, intiuisiýany we göz öňüne getirmeleri akyl ýetiriş işiniň iki derejesiniň, ýagny duýgulaýyn akyl ýetiriş bilen rasionallaýyn akyl ýetirişiň aralygyndaky zatlar hökmünde, has dogrusy, bir derejeden beýleki derejä geçmekdäki özbolușly basgançaklar hökmünde hem suratlandyrmak mümkin:




## 4.15. Subutetmeler we ret etmeler

***Subutetme*** *– bu haýsy-da bolsa bir netijäniň (garaýşyň, çaklamanyň) şol bir belli şertler degişli tertipde ýerine ýetirilen halatynda elmydama tassyk bolmaklygydyr.*

*Öňe sürülýän garaýşyň ýalňyşlygynyň subut edilmekligine* ***ret etme*** *diýilýär.*

Islendik ylmy netije subutetmelere daýanýar. Ylymda öňe sürülýän her bir pikirdir garaýyşlar ilkibada gipoteza (çaklama) hökmünde bolsa-da, onuň teoriýa öwrülmegi üçin degişli subutnamalar zerur. Subut edilip bolunmaýan garaýyşlar çaklama derejesinde galýar. Subutnamalar hökmünde kabul ederlik faktlara (maglumatlara, delillere) ylmy dilde ***argument*** diýilýär. Argumentleriň garşysyna ulanylýan delillere bolsa, öz gezeginde ***kontrargumentler*** diýilýär.

Argumentler we kontrargumentler diňe ylymda ulanylman, eýsem adamlaryň özara söhbetlerinde hem giňden ulanylýar. Olary ýerlikli ulanmak islendik jedelde (diskussiýada, polemikada) üstünlik gazanmaklyga mümkinçilik berýär.

# II bölüm

# SOSIAL FILOSOFIÝA

## Bäşinji bap
## Sosial filosofiýa giriş

Sosial filosofiýa umumy filosofiýanyň düzüm bölegi hökmünde. Sosial filosofiýanyň sosiologiýa we beýleki jemgyýetçilik ylymlaryndan tapawutly aýratynlygy. Jemgyýet sosial filosofiýanyň predmeti hökmünde. “Jemgyýet” düşünjesi. Jemgyýetiň esasy gurşawlary. Jemgyýetiň ösüş basgançaklary. Jemgyýetçilik durmuşynda subýektiwliligiň we obýektiwliligiň mynasybeti.

### 5.1. Sosial filosofiýa umumy filosofiýanyň düzüm bölegi hökmünde. Sosial filosofiýa we beýleki jemgyýetçilik ylymlary

Sosial filosofiýa filosofiýanyň jemgyýeti öwrenýän, has dogrusy, jemgyýetçilik durmuşyna filosofik taýdan seljeriş bermeklige çalyşýan bölümidir.

Sosial filosofiýa jemgyýeti öwrenýän beýleki ylymlardan düýpgöter tapawutlanýar. Mysal üçin, sosiologiýa hem jemgyýeti öwrenýän ylym. Hatda “sosiologiýa” sözi öz göni manysynda “jemgyýeti öwreniş” diýmekdir. Emma sosiologiýa jemgyýetçilik durmuşynyň dürli hadysalaryny köp dürli metodlaryň üsti bilen empiriki derejede (takyk faktlaryň üsti bilen) öwrenýän ylym. Sosial filosofiýa bolsa, sosiologiýadan tapawutlylykda, jemgyýetçilik durmuşyna has umumy görnüşde – teoretik derejede seljerme bermeklige çalyşýar.

Jemgyýeti sosial filosofiýadan we sosiologiýadan başga ylymlar hem öwrenýär. Mysal üçin, ***taryh***, ***syýasaty öwreniş***, ***demografiýa***, ***medeniýeti öwreniş***, ***hukugy öwreniş*** ýaly ylymlar. Emma olaryň her biriniň özüne mahsus predmeti bar. Eger-de taryh ylmy jemgyýetleriň geçmişini, ***medeniýeti öwreniş*** bolsa jemgyýetde medeniýetiň ösüş

aýratynlyklaryny öwrenýän bolsalar, demografiýa ilatyň köpeliş-azalyş aýratynlyklaryny öwrenýär. Edil şonuň ýaly, syýasaty öwreniş jemgyýetiň syýasy durmuşyny, hukugy öwreniş bolsa, degişlilikde, jemgyýetdäki hukuk gatnaşyklaryny derňeýär.

Sosial filosofiýanyň predmeti – jemgyýetdir. Sosial flosofiýa umumy filosofýanyň bir bölümidir. Şonuň üçin-de, filosofik bilimiň ähli häsiýetli aýratynlyklary sosial filosofiýa üçin hem doly derejede mahsusdyr. Olaryň biri-birlerine bolan gatnaşygy bitewi zat bilen umumy zadyň arasyndaky gatnaşyk ýalydyr. Biz kitabyň öňki bölümlerinde umumy filosofik meseleler barada, has dogrusy, barlyk, materiýa, hereket, giňişlik, wagt, ösüş, kanun, arabaglanyşyk, akyl ýetiriliş, dialektikanyň esasy kanunlary we kategoriýalary (gapma-garşylyklar, mukdar, hil, böküş, inkär etmeler, zerurlyk we tötänlik, sebäp we netije, forma we mazmun, mümkinlik we hakykat, düýp mazmun we hadysa) barasynda giňişleýin gürrüň etdik. Şol meseleler babatyndaky filosofik garaýyşlar jemgyýetçilik hadysalary derejesinde has aýdyň ýüze çykýar. Aýdaly, hereket meselesi. Eger-de hereket diýlip islendik üýtgemä düşünilýän bolsa, jemgyýetde bolup geçýän ähli hadysalar hereketiň sosial formasynyň ýüze çykyşynyň ol ýa-da beýleki bir görnüşleridir. Hatda filosofiýanyň esasy meselesini, ýagny aň bilen materiýanyň mynasybeti meselesini hem sosial hakykat derejesinde özboluşly beýan etmek mümkin. Bu mesele dogrusynda jemgyýete degişli filosofik taglymatlar, öz gezeginde, materialistik we idealistik konsepsiýalara bölünýär. Idealisik taglymatlarda jemgyýetçilik ösüşinde kesgitleýji orun ruhy başlangyja (Hudaýyň emrine, Absolut ruha ýa-da adam aňyna) degişli edilýän bolsa, materialistik taglymatlarda, tersine, bu orun maddy başlangyçlara degişli edilýär. Idealistik taglymatlaryň mazmunyny açyp görkezýän mysal hökmünde – XIX asyryň fransuz pozitiwistleri tarapyndan öňe sürülen *“dünýäni ideýalar dolandyrýar”* diýen şygary getirmek mümkin. Materialistik konsepsiýalara degişli mysal hökmünde bolsa, marksizm tarapyndan öňe sürlen “*jemgyýetçilik barlygy jemgyýetçilik aňyny kesgitleýär*” diýen ýörgünli şygary getirmek mümkin. Bu aýdylanlar sosial filosofiýaynyň umumy filosofiýadan üzňe däl-de, onuň özboluşly dowamylygyny aňladýar.

## 5.2. Jemgyýet sosial filosofiýanyň predmeti hökmünde. "Jemgyýet" düşünjesi

Eger-de filosofiýanyň predmeti jemgyýet bolsa, onda bize, ilkinji nobatda, "jemgyýet" düşünjesiniň üstünde durup geçmekligimiz zerur.

Gelip çykyşy (etimologiýasy) boýunça "jemgyýet" sözi türkmen diline ymykly aralaşyp giden arap-pars sözleriniň hataryna girýär. Bu sözüň birinji bogny "jem" diýen söz. "Jem" düşünjesi bolsa, belli bir zatlaryň umumy köplügini aňladýar. Jemgyýet hem umumy köplük. "Jemgyýet" düşünjesi, esasan, adamlaryň umumylygyny aňlatmak üçin ulanylýar.

Jemgyýetiň döremegi we adamyň döremegi – bitewi, biri-birinden üzňe bolmadyk umumy proses. Jemgyýeti adamlarsyz, adamlary bolsa, jemgyýetsiz göz öňüne getirmek mümkin däl. Bu babatda "ýok, bu beýle däl!" diýjekleriň hem tapylmagy mümkin. Belki, olaryň içinde öz garaýyşlaryny delillendirmek üçin adam aýagy sekmedik adada, ýagny özünden başga hiç bir adamyň ýok ýerinde, özüniň adam sypatlaryny saklamaklygy başaryp, kynçylyklary ýeňip bilen Robinzon Kruzony[25] mysal getirjekleri hem tapylar. Emma Robinzonyň ol adada ýaşap bilmekligine ýardam beren zatlar we sebäpler bar ahyryn! Ilkinji nobatda, onuň belli bir jemgyýetde önüp-ösen adamlygy üçin, şol jemgyýete mahsus bilim-düşünjelerden, zähmet başarnyklaryndan habarlylygyny bellemeli. Eger-de ol haýwanlaryň arasyndan çykyp, şol ada düşen bolsa, hiç bir zady özüçe üýtgedip-de, öz ýaşaýyş durmuşy üçin zerur bolan zatlary döredip-de bilmezdi.

Gündelik gepleşik dilinde jemgyýet diýlip, adamlaryň ol ýa-da beýleki bir köplügine düşünilýär. Adamlaryň käbir köpçülikleýin birleşmelerine hem kähalat jemgyýet diýilýär (Mysal üçin, alyjylar jemgyýeti, sport jemgyýeti we ş.m.).

Görşümiz ýaly, jemgyýet – bu adamlar dünýäsi. Oňa adamlaryň diňe häzirki döwürde ýaşaýanlary däl-de, ozal ýaşap geçenler hem girýär. Jemgyýete üznuksiz ösüşdäki zat hökmünde düşünilýär. Ýyllar geçýär, asyrlar geçýär, köne nesiller öz orunlaryny täze nesillere berýär. Emma gadymy döwürlerde we soňky, häzirki döwre golaý, döwürlerde ýaşap geçen nesiller yz galdyrman gitmändirler. Islendik

---

[26] ***Bellik.*** Bu ýerde Daniýel Defonyň "Robinzon Kruzonyň başdan geçirenleri" atly belli eseriniň baş gahrymany göz öňünde tutulýar. (Ö.M.)

täze nesil özünden öň ýaşap geçen nesilleriň jemgyýetçilik durmuş tejribesini ulanýar, ony özüçe ösdürýär, kämilleşdirýär. Öten nesiller häzirki döwürde ýaşaýanlara özleriniň dillerini, edebiýatyny, sungatyny, ylymda we tehnikada gazananlaryny miras galdyrypdyrlar. Egerde şeýle bolmadyk bolsa, adamzadyň her bir indiki täze nesli paltadyr pili täzeden oýlap tapmaly bolardy.

Adamlaryň jemgyýet bolup birleşmekligi haýsydyr bir kişiniň isleg-arzuwyna bagly däl. Hiç bir adam jemgyýete arza berip girmeýär. Her bir täze doglan çaga jemgyýetçilik durmuşyna tebigy aralaşýar.

### 5.3. Jemgyýetiň esasy gurşawlary

Gadymy döwrüň akyldarlary jemgyýete aýratyn adamlaryň ýönekeý köplügi hökmünde düşünipdirler. Hakykatda welin, jemgyýetiň düzümi iňňän çylşyrymly. Oňa adamlaryň dürli göwrümli, ululy-kiçili toparlary girýär. Olara umumylykda ***sosial toparlar*** diýilýär.

Jemgyýetiň iň kiçi düzüm bölegi maşgala hasaplanylýar. Her bir täze dünýä inen çaga ilki maşgala kollektiwine girýär, soňra ol barha ulaldygyça, haýsydyr bir okuw we zähmet kollektiwine, dürli görnüşli resmi we resmi däl toparlara girip başlaýar.

Islendik kollektiwde hem oňa girýän adamlaryň arasynda dürli derejedäki gatnaşyklar emele gelýär. Mysal üçin, maşgalada ene-atalary bilen olaryň çagalarynyň arasyndaky gatnaşyklar, mekdep kollektiwinde – mugallymlar bilen okuwçylaryň arasyndaky gatnaşyklar.

Uly sosial toparlar biri-birlerinden ol ýa-da beýleki bir alamatlary boýunça tapawutlandyrylýar. Mysal üçin, jynsyna görä adamlar aýallara we erkeklere, synpy aýratynlyklaryna görä gullara, gul eýelerine, daýhanlara, hünärmentlere, işçilere, milli aýratynlyklaryna görä – dürli halklara we milletlere degişli edilýär.

Adamlaryň dürli toparlarynyň arasynda gatnaşyklaryň dürli görnüşleri ýüze çykýar. Jemgyýet – bu adamlaryň özara gatnaşyklarda bolan umumylygydyr. Jemgyýeti gatnaşyklarsyz göz öňüne getirmek mümkin däl. Bu gatnaşyklara umumy häsiýetde ***jemgyýetçilik gatnaşyklary*** diýilýär.

Jemgyýetçilik gatnaşyklary dürli-dürlüdir. Mysal üçin, harytlary öndürmek, ýerlemek we alyş-çalyş etmek ýaly gatnaşyklar ***ykdysady gatnaşyklaryň*** görnüşleri bolsa, milletleriň, nesilleriň, ene-atalar bilen çagalaryň arasyndaky gatnaşyklar ***sosial gatnaşyklaryň*** görnüşleridir.

Sosial filosofiýada ***jemgyýete sistema hökmünde*** garalýar we bu sistemanyň esasy elementleri hökmünde jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň bolup geçýän ***dört sany gurşawy***, ýagny jemgyýetçilik durmuşynyň dört sany gurşawy (tarapy) – ***ykdysady gurşaw, syýasy gurşaw, sosial gurşaw*** we ***ruhy-medeni gurşaw*** kabul edilendir.

*Ykdysady gurşawa,* köplenç halatda, beýleki gurşawlara görä esasy, has dogrusy, kesgitleýji rol degişli edilýär. Ykdysady gurşaw öz içine senagat we oba hojalyk önümçiligini, adamlaryň arasynda maddy önümçilik prosesinde bolup geçýän dürli gatnaşyklary (eýeçilik, alyş-çalyş, paýlaýyş ýaly gatnaşyklary) alýar.

*Syýasy gurşaw* öz içine adamlaryň syýasy we hukuk gatnaşyklaryny alýar.

*Sosial gurşawyň* çägi has giň bolup, ol öz içine dürli sosial toparlaryň özara gatnaşyklaryny (synplarara, nesillerara, milletara gatnaşyklaryny), maşgala, bilim, saglygy goraýyş ýaly meseleleri alýar.

*Ruhy-medeni gurşaw* öz içine ylmy, ahlagy, dini, sungaty, ylmy edaralary, dini guramalary we bu ugurlara degişli jemgyýetçilik gatnaşykaryny alýar.

Bu gurşawlar biri-birleri bilen özara aýrylmaz baglanyşyklydyr. Mysal üçin, ýurtda ykdysady gatnaşyklaryň kämil bolmaklygy üçin önümçilige gatnaşýan taraplaryň hukuklaryny kepillendirýän, olaryň özara gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän kada-kanunlaryň bolmaklygy ikuçsuzdyr. Şeýle kada-kanunlary bolsa, esasan, syýasy gurşawyň esasy elementi bolan döwlet häkimiýeti işläp düzýär.

## 5.4. Jemgyýetiň ösüş basgançaklary

Ylym adamzat jemgyýetiniň uzak asyrlaryň dowamynda birnäçe basgançaklary geçenligini subut edýär. Eger-de adamlaryň özleri üçin zerur bolan maddy nygmatlary öndürmek bilen baglanyşyklylykda ulanan serişdelerinden we şeýle önümçiligiň amala aşyrylmagynda gazanan praktiki tejribesinden çen tutulyp baha berilse, onda taryhy ösüşde üç sany basgançagy, ýagny ***adaty (agrar), industrial*** we ***postindustrial*** basgançaklary aýdyň saýgarmak mümkin.

Adyndan görnüşi ýaly, **birinji** – *adaty jemgyýet* diýlip atlandyrylýan basgançak üçin ykdysady önümçilik, başgaça aýdylanda, natural önümçilik mahsus bolupdyr. Gadymy dünýäniň we orta asyr eýýamynyň

jemgyýetlerinde ilkinji şäherler peýda bolupdyr, senetkärçilik, söwda, pul, ýazuw ýaly zatlar ýüze çykypdyr. Jemgyýetiň esasy ykdysady birligi maşgala bolupdyr, obşinalaýyn däpdir dessurlar agalyk edipdir. Ilatyň esasy bölegi oba ýerlerinde ýaşapdyrlar. Hut şol jemgyýetlerde adamyň adam tarapyndan ***ekspluatasiýa*** (bir adamyň başgalary golastynda saklap, olaryň özlerini we zähmetini özüçe ulanyp bilmekligi, hatda ezilişe sezewar etmekligi manysynda) edilmekligi ýüze çykypdyr.

**Ikinji** – *industrial basgançakda*, adamzat jemgyýetiniň ösüş taryhynda düýpli öwrülişikler bolup geçipdir. Bu basgançak üçin ykdysady durmuşda senagat, ýagny industrial önümçiligiň agalyk etmekligi häsiýetli bolupdyr. Industrial jemgyýetleriň döremekligi, köplenç halatda, Günbatar ýurtlarynda XVIII asyrda bolup geçen senagat rewolýusiýasynyň netijesinde ýüze çykan hadysalar bilen baglaşdyrylýar. Jemgyýetçilik ösüşiniň bu basgançagy üçin ykdysadyýetde senagat önümçiliginiň agalyk etmekligi, şäher ilatynyň sanynynyň oba ilatynyňkydan agdyklyk etmekligi, sosial gatnaşyklarda agalyk edijilik rol maýda we iri ýer eýeleriniň elinden senagat kärhanalarynyň eýeleriniň – kapitalistleriň eline geçmekligi häsiýetlidir. Bu jemgyýetde iri maşyn önümçiligi, haryt önümçiliginiň göwrüminiň barha artmaklygy, bilimleri özleşdirmeklige bolan höwesiň ýokarlanmaklygy ýaly hadysalar ýüze çykyp başlaýar. Senagat önümçiliginiň ykdysadyýetdäki ornunyň gitdigiçe ýokarlanmaklygy oba hojalyk önümçiliginde zähmet çekýän ilatyň san taýdan azalmaklygyna sebäp bolýar.

Türkmenistandaky häzirki jemgyýeti hem köp babatda (oba ilatynyň san taýdan şäher ilatyndan köplügini hasaba almanymyzda) industrial jemgyýet hökmünde häsiýetlendirmek mümkin. Dünýäniň ykdysady taýdan has ösen ýurtlary hasaplanylýan ABŞ, Ýaponiýa, Fransiýa, Germaniýa ýaly ýurtlardaky jemgyýetler jemgyýetçilik ösüşiniň **üçünji** – *postindustrial* basgançagyna aýak basan jemgyýetler hökmünde mysal getirilýär.

## 5.5. Jemgyýetçilik durmuşynda subýektiwliligiň we obýektiwliligiň mynasybeti

Jemgyýetçilik durmuşy – wagtyň we giňişligiň çäginde hereketdäki materiýanyň iň ýokary we iňňän çylşyrymly formasydyr. Jemgyýetiň taryhy tebigatyň taryhyndan düýpgöter tapawutlanýar. Bu aýratynlyk

jemgyýetiň taryhyny adamlaryň özleriniň döredýänligi bilen baglydyr. Adamlardan beýleki biologik organizmleriň hemmesi özlerini gurşap alýan daşky gurşawa diňe uýgunlaşmaklygy başarýarlar, adamlar bolsa daşky gurşawy özleriçe üýtgedip bilýärler. Başgaça aýdylanda, ***tebigatyň taryhy bolup geçýär***, ***jemgyýetiň taryhy*** bolsa ***döredilýär***.

Amala aşyrýan işlerini adamlar öz isleglerine we niýetlerine görä ýerine ýetirýärler, haýsydyr bir arzuwlaryny ýa-da maksatlaryny amal etmeklige özleriçe çemeleşýärler. Aýratyn adamlaryň hereketleri halk köpçüliginiň, synplaryň, partiýalaryň, hökümetleriň hereketleriniň içine goşulyşyp gidýär. Jemgyýetçilik ýaşaýyş durmuşynda progressiw we reaksion, öňe gönükdiriji we yza tesiji, çyn we galat ideýalar yzygiderli ýüze çykýar we göreşýärler. Jemgyýetçilik durmuşy üçin birek-birege goldaw bermek, birek-birege duşmançylykly garamak ýaly gapma-garşylykly duýgular hem mahsus. Garaz, jemgyýetçilik durmuşy durşy bilen subýektiwliklerden ybarat. Emma beýle diýildigi jemgyýetçilik durmuşy üçin obýektiwliligiň häsiýetli däldigini aňlatmaýar. Jemgyýetçilik durmuşy üçin hem adamlaryň erkine we islegine bagly bolmadyk obýektiw kanunlar (olaryň adamlaryň özleri tarapyndan döredilenligine garamazdan) hereket edýär. Adamlaryň jemgyýete täzeden aralaşýan her bir nesli öňki nesilleriň miras galdyran şertlerinde ýaşap başlamaklyga mejbur bolýarlar. Öňki nesilleriň miras galdyran jemgyýetçilik gatnaşyklary, dürli görnüşli edaralary, zähmet serişdeleri, ahlak we hukuk düzgünleri, dili, edebiýaty we sungaty, dini garaýyşlary täze nesiller üçin ***obýektiw barlyk*** hökmünde çykyş edýärler. Emma şol bir wagtyň özünde her bir täze nesil öňki nesillerden miras hökmünde galan gatnaşyklarydyr edaralary, kada-düzgünleri we ş.m. zatlary özüçe ýaşaýyş durmuşlarynyň talaplaryna laýyklykda, üýtgedip, özgerdip bilýär. Bu bolsa jemgyýetçilik taryhy üçin ***subýektiwligiň*** has köp derejede mahsuslygyny aňladýar.

Jemgyýetiň taryhy belli bir umumy kanunalaýyklyklara hem tabyndyr. Olara ylmy dilde "jemgyýetçilik kanunalaýyklyklary" diýilýär. Ýadyňyzda bolsa, biz kitabyň barlyk hakyndaky bölüminde kanunlara "*hadysalaryň arasyndaky obýektiw, zerurlaýyn, yzygiderli, durnukly arabaglanyşyklar*" diýip, kesgitleme beripdik. Şeýle obýektiw häsiýetli arabaglanyşyklar jemgyýetçilik durmuşy üçin hem häsiýetlidir. Mysal üçin, maddy we ruhy baýlyklaryň barha artmak-

lygy adamlaryň isleglериniň hem artmagyna itergi berýär. Önümçiligiň ösmekligi öndürilen önümleriň sarp edilişiniň derejesini artdyrýar. Jemgyýetiň progressiw ösüşi taryhy prosesde subýektiw faktoryň rolunyň barha ýokarlanmaklygyny şertlendirýär. Bularyň hemmesi kanunalaýyklyklardyr. Emma jemgyýetçilik taryhynda öz beýanyny tapýan kanunalaýyklyklar, obýektiw häsiýetdeligine garamazdan, tebigatyň kanunalaýyklyklaryndan tapawutlydyr. Bu ýerde, ilkinji nobatda, jemgyýetçilik durmuşynyň obýektiw häsiýetli kanunalaýyklyklarynyň jemgyýetiň döremekligi bilen baglanyşykly ýüze çykanlygyny we olaryň müdimi däldigini bellemek zerur. Ikinjiden, ýokarda belläp geçimiz ýaly, tebigatyň kanunlary bolup geçýär, jemgyýetiň kanunlary bolsa emele getirilýär.

Adamzat taryhy elmydama dowamly ösüşde. Taryh hiç haçan gaýtalanmaýar. Birbada göräýmäge bir-birlerine meňzeş taryhy wakalaryň arasynda tapawutly aýratynlyklar bar. Mysal üçin, hemme uruşlaryň tebigatynyň meňzeşligine garamazdan, her bir aýratyn uruş beýleki uruşlardan tapawutlydyr. 1917-nji ýylda patyşa Russiýasynda bolşewikler partiýasy tarapyndan amala aşyrylan “Beýik oktýabr rewolýusiýasy”, ondan birneme öňräk bolup geçen Fransuz rewolýusiýasyndan tapawutlydyr. Adamzat taryhy jemgyýetçilik ösüşiniň, hakykatdan-da, göni çyzyk görnüşinde däl-de, spirallaýyn häsiýetde ýüze çykýanlygyny subut edýär. Adamzat jemgyýetiniň her bir täze basgançagy öňki basgançagy gaýtalamaýar, ony inkär edýär, emma şol bir wagtyň özünde hem öňküden gözbaş alyp gaýdýar.

Jemgyýetçilik ösüşiniň kanunlaryna ylmy taýdan akyl ýetirmek işi dürli kynçylyklara sezewar bolýar. Şeýle kynçylyklaryň ýüze çykmaklygyny jemgyýetçilik durmuşynyň ummasyz çylşyrymlylygy bilen düşündirmek mümkin.

Ylmy teoriýanyň gymmaty, esasan, onuň öňdengörüjilik başarnygy bilen baglanyşdyrylýar. Ol ýa-da beýleki bir hadysanyň geljekki ösüşini öňünden aňlamak üçin degişli kanunalaýyklary bilmek zerur. Degişli kanunlara esaslanyp, astronomlar kometalaryň peýda boljaklygyny, Günüň we Aýyň tutulmasyny hem-de beýleki astronomik hadysalaryň haçan ýüze çykjaklygyny birnäçe ýyl öňünden kesgitläp bilýärler. Emma jemgyýetçilik durmuşynyň köp hadysalaryny öňünden ölçäp, olaryň geljekki ösüş ugurlaryny takyk kesgitlemek kyn. Mysal üçin,

önümçilik gatnaşyklarynyň häsiýetiniň öndüriji güýçleriň ösüş derejesine laýyk gelmezligi, olaryň arasynda gapma-garşylygyň döremekliginiň jemgyýetçilik durmuşynyň üýtgemegine getirýänligi belli. Emma şeýle üýtgeşmeleriň haçan we nähili görnüşlerde ýüze çykjaklygyny welin, öňünden anyk aýtmak aňsat mesele däl.

Adamzat jemgyýetiniň taryhy sosial durmuşda dürli hili mümkinlikleriň ol ýa-da beýleki bir görnüşlerde hasyl bolup bilýänligini, käbir hasyl bolaýmaly mümkinlikleriň bolsa, tersine, hakykata öwrülmän galýanlygyny subut edýär. Ol ýa-da beýleki bir mümkinlikleriň hakykata öwrülmekligi jemgyýetdäki degişli obýektiw şertler we jemgyýeti emele getirýän adamlaryň aňy, erk-islegleri bilen baglanyşyklydyr.

## Altynjy bap
## Ykdysady filosofiýa

Ykdysadyýet we onuň döreýşi. Ykdysady sistemalar. Eýeçilik ideýasy we eýeçilik gatnaşyklary. Adam, adam zähmeti. Adam ykdysady gatnaşyklar sistemasynda. Pul we onuň esasy funksiýalary. Ykdysadyýet we döwlet. Önümçilik usuly we onuň düzümi. Önümçilik gatnaşyklary bilen öndüriji güýçleriň dialektikasy.

### 6.1. Ykdysadyýet we onuň döreýşi

Biz ýokarda jemgyýetiň çylşyrymly sistema bolup, onuň esasy gurşawlary hökmünde ykdysady, syýasy, sosial we ruhy-medeni gurşawlaryň kabul edilýänligi barada agzap geçdik. Indiki gürrüň şol gurşawlaryň içinde aýratyn orna eýe bolan ykdysady gurşaw barada. Bu gurşawyň jemgyýetiň durmuşyndaky ornuny kesgitlemek üçin, ilki bilen “ykdysadyýet” diýen düşünjäniň üstünde durup geçmekligimiz zerur. “Ykdysadyýet” sözi gelip çykyşy (etimologiýasy) boýunça türkmen diline ymykly aralaşan arap-pars sözleriniň hataryna girýär. Ykdysadyýet düşünjesi giň manyly bolup, ol önümçiligi, önümçilik bilen baglanyşykly dürli gatnaşyklary, hojalygyň ýörediliş usullaryny, onuň kanunlaryny aňladýar.

Ykdysadyýetiň mazmuny baradaky mesele filosoflary gadymdan bäri gyzyklandyryp gelýän meseleleriň biri. Bu barada özboluşly pikir-

ler eýýäm gadymy grek filosoflary, hususan-da, Aristotel tarapyndan öňe sürlüp başlanylypdyr. Aristotel jemgyýetçilik durmuşynyň ykdysady tarapy we hojalyk işiniň netijeli ýöredilmekligi dogrusynda häzir hem döwrebaplygyny saklap galan pikirleri öňe sürüp bilipdir. Ykdysady meseleleriň çuňňur filosofik derňewleri taryhda Täze döwür diýlip atlandyrylýan döwürde başlanypdyr. Syýasy ykdysadyýet atly filosofik taglymatyň ýüze çykmaklygy, esasan, XVIII asyryň görnükli alymlarynyň biri bolan **Adam Smitiň** (1723-1790) ady bilen baglanyşdyrylýar. Ol "Halklaryň baýlygynyň tebigatynyň we sebäpleriniň derňewi" atly eserinde haryt önümçiliginiň we haryt alyş-çalşygynyň adam işiniň esasy görnüşidigi baradaky netijä gelýär. Smit harydyň bazar gymmatynyň önümçiligiň ösüş derejesine bazarda harytlaryň teklip edilişiniň derejesine baglylygy baradaky pikirleri öňe sürüpdir.

Smitiň taglymatyny dowam etdirijileriň biri bolan **Dawid Rikardo** (1772-1823) özüniň "Syýasy ykdysadyýetiň we salgyt salnyşygynyň başlangyç esaslary" diýen eserinde harydyň gymmatynyň oňa siňdirilen zähmet bilen diňe adamzat taryhynyň gadymy döwürleri üçin mahsus bolanlygy baradaky pikiriň ýalňyşlygyny subut etmäge çalşypdyr. Onuň pikirine görä, girdeji – bu işçiniň zähmetine berilmeli hakyň tölenilmän galdyrylan bölegidir. Ol kapitalizmi adamzat jemgyýeti üçin ýeke-täk mümkin bolan we tebigy gurluş diýip hasaplapdyr, onuň kanunlarynyň bolsa müdimiligini tekrarlapdyr.

Ykdysadyýetiň düýpli filosofik derňewi **Karl Marksyň** eserlerinde öz beýanyny tapýar. Ol özüniň ykdysady taglymatyny 40 ýylyň dowamynda ýazan belli **"Kapital"** atly eserinde beýan edipdir. Ol bu işinde gymmatyň zähmet teoriýasyny özüçe ösdüripdir we täze bir teoriýany, ýagny **goşmaça gymmat** hakyndaky teoriýany, işläp düzüpdir. Marksyň kapitalizmiň çuňňur seljermesine esaslanan bu taglymaty dogrusynda häzire bu güne çenli biri-birine ters gelýän garaýyşlar öňe sürlüp gelinýär. Ony doly goldaýanlar-da, tankyt astyna alýanlar-da az däl. Mysal üçin, belli amerikan ykdysatçysy, Nobel baýragynyň eýesi W. Leontýew we professor P. Samuelson ýaly alymlar K. Marksy we onuň taglymatyny doly goldapdyrlar hem-de bu taglymatyň giňişleýin özleşdirilmeginiň, ösdürilmekliginiň zerurlygyny teklip edipdirler.

Häzirki döwürde ykdysadyýetiň filosofik meseleleriniň ylmy derňewi has çuňňurlaýyn esasda alnyp barylýar. Bu meseleleriň hatarynda ykdysady sistemalaryň tapawutly aýratynlyklary, adamlaryň maddy

nygmatlara bolan islegleriniň artmaklygy, zähmet we onuň psihologiýasy, pul we onuň funksiýalary, eýeçilik we onuň tebigaty, ykdysady işde ahlaklylygyň orny ýaly meselelere aýratyn üns berilýär.

## 6.2. Ykdysady sistemalar

Ykdysady gurşawda jemgyýetçilik durmuşynyň üç sany esasy meselesi, ýagny *näme öndürmeli*, *nähili öndürmeli* we *kim üçin öndürmeli* diýlen soraglar bilen baglanyşykly meseleler öz çözgüdini tapýar. Bu sowallara laýyk gelýän jogaby önümleri öndürijiler-de, tutuş jemgyýet hem uzak wagtlardan bäri gözläp gelipdirler. Bu sowallaryň ýüze çykmaklygy eýýäm gadym jemgyýetlerde zähmet bölünişiginiň emele gelmekliginden gözbaş alyp gaýdýar. Ol ýa-da beýleki bir önümi öndürýän her aýratyn adam özüniň öndüren önümini başga bir özüne gerek bolan önüme çalşyp bilmeli, ýagny bir öndüriji başga bir öndürijä bagly. Zähmet bölünişigi şertlerinde öndürijileriň arasynda ýüze çykýan gatnaşyklaryň kadalaşdyrylyş usulyna **ykdysady sistema** diýilýär. Ykdysady sistema diýlip, maddy we ruhy gymmatlyklary öndürijileriň we sarp edijileriň bitewiligine hem aýdylýar. Ykdysadyýetde öndürijiler hem-de sarp edijiler hökmünde adamlar çykyş edýär. Hakykatdanda, ykdysady sistemany adamlarsyz göz öňüne getirmek mümkin däl.

Ykdysady sistemada adamlar belli bir toparlara birigip, hereket edýärler. Ykdysady sistemany emele getirýän toparlara kärhanalar, edaralar, guramalar, öý hojalyklary, döwlet degişlidir. Olaryň her biri ykdysady sistemanyň elementleridirler. Ykdysady sistemanyň her bir elementiniň özüne mahsus alamatlary bolýar. Şeýle alamatlaryň hataryna öndürmek, sarp etmek, maksadalaýyk hereket etmek, bitewilik, özara gatnaşykda bolmak, ösüşe ukyplylyk ýaly alamatlar girýär.

Ykdysady sistema iki taraply bolup, onuň birinji tarapyna öndürijiler, ikinji tarapyna bolsa, sarp edijiler girýär. Birinji tarap hökmünde önümleri öndürýän kärhanalar (guramalar) we önümçiligi guraýjylar, şeýle hem harytlary öndürmek, saklamak, ýerlemek ýaly işleri amala aşyrýan guramalar çykyş edýärler. Sarp ediji tarap hökmünde, esasan, öý hojalyklary çykyş edýärler. Emma şol bir wagtyň özünde öý hojalyklary harytlary öndürijiler hökmünde-de, işçi güýçleriniň esasy çeşmesi hökmünde-de çykyş edip bilýärler. Ykdysady sistemanyň iň wajyp elementi hökmünde döwlet çykyş edýär. Döwlete ykdysadyýe-

ti dolandyryş, sazlaýyş we ykdysady işleri ugrukdyryş funksiýalary degişlidir. Görşümiz ýaly, ykdysady sistema diýseň çylşyrymly sistema. Ykdysady sistemanyň şeýle çylşyrymlylygy, onuň manysyna giňişleýin düşünmek üçin sistemanyň her bir aýratyn elementiniň onuň düzümindäki ornunyň we olaryň özara gatnaşyklarynyň aýyl-saýyl edilmekligini talap edýär.

Ykdysady sistema hemişe ösüşde bolýar, çünki onuň her bir elementine ösüş mahsusdyr. Ösüşiň netijesinde ykdysady sistemanyň düýpli alamatlary üýtgeýär, onda hil we mukdar taýdan üýtgeşmeler bolup geçýär. Ösüşiň netijesinde ykdysady sistemalar çalyşýarlar, ýagny bir ykdysady sistemanyň ýerine başga bir ykdysady sistema gelýär.

Ykdysady sistemalaryň dürli görnüşleri biri-birinden tapawutlandyrylýar. Şonuň üçin-de, ykdysady sistemalar öwrenilende olary düýpli alamatlary boýunça toparlara bölmeklik kabul edilendir. Emma ykdysady sistemalary toparlara bölmekde dürli pikirler we garaýyşlar öňe sürülýär. Ykdysady sistemalary toparlara bölmekde dürli pikirleriň bolmagy, toparlaryň esasy edilip dürli alamatlaryň alynmagy bilen baglydyr.

Ykdysady filosofiýada ykdysady sistemalary önümçiligiň usuly, tehnikanyň ösüş derejesi, önümçilik serişdelerine bolan eýeçiligiň görnüşleri, ykdysady işleri dolandyrmaklygyň usuly we şuňa meňzeş alamatlary boýunça toparlara bölýärler. Mysal üçin, marksistik taglymata görä ykdysady sistemalar tapawutlandyrylanda, önümçilik usuly esas edilip alnyp, olar bäş sany sistema, *ýagny ilkidurmuş, gul eýeçilik, feodalistik, kapitalistik we kommunistik* sistemalara bölünýär.

Ykdysady sistemalar önümçilik serişdelerine bolan eýeçiligiň görnüşleri we ykdysady işleri dolandyrmaklygyň usullary boýunça hem tapawutlandyrylýar. Bu alamatlar esasynda ykdysady sistemalaryň üç sany aýratyn görnüşi, ýagny *adaty (däpleýin) ykdysady sistema, administratiw we merkezleşdirilen ykdysady sistema* we *bazar gatnaşyklaryna esaslanýan ykdysady sistema* biri-birlerinden tapawutlandyrylýar. Adaty ykdysady sistemada ykdysadyýet halkyň däplerine, dessurlaryna, ata-babalardan galan tejribelere daýanýar. Bu sistemada önümçilik köp derejede tebigy şertlere bagly bolup, öndürilen önümler, esasan, öndürijileriň özleri tarapyndan sarp edilýär. Şonuň üçin ol ýapyk häsiýete eýedir, ýagny öndürilen önümler hojalyklaryň öz içerki isleglerini kanagatlandyrmaklyga gönükdirilýär. Şonuň ýaly-da, bu

ykdysady sistemada tehniki progresiň ösüşiniň örän çäklidigi sebäpli, ykdysadyýetiň ösüş depgini pes derejede galýar. Senagat pudagynyň ösüşiniň çäkliligi, sosial we ykdysady gatnaşyklaryň durgunlyk häsiýetdeligi bu sistemanyň esasy aýratynlyklarydyr.

Administratiw we merkezleşdirilen ykdysady sistemanyň düýpli aýratynlyklarynyň biri hem önümçilik serişdeleriniň döwlet eýeçiliginde bolmagydyr. Bu sistemada kärhanalara önüm öndürmek üçin gerek bolan serişdeler döwlet tarapyndan merkezleşdirilen görnüşde paýlanylýar. Ykdysadyýeti meýilnamalaşdyrmak we dolandyrmak hem merkezleşdirilen görnüşde amala aşyrylýar. Haryt öndürijileriň arasynda ***bäsdeşlik*** (***konkurensiýa***) bolmaýar. Bazar gatnaşyklarynyň örän gowşaklygy sebäpli, haryt-pul gatnaşyklary hem ýüzleý görnüşde hereket edýär. Ykdysadyýetiň pudaklarynyň ählisinde näçe möçberde önüm öndürilmelidigi, olaryň nähili bahadan satylmalydygy döwlet tarapyndan kesgitlenýär.

Bazar gatnaşyklaryna esaslanýan ykdysady sistemanyň beýleki ykdysady sistemalardan düýpli aýratynlyklarynyň biri hem onda önümçilik serişdeleri, esasan, hususy eýeçilikde bolýar. Bu ykdysady sistemada erkin telekeçilige giň ýol açylyp, haryt önümçiligi erkin bäsleşik esasynda ösýär. Haryt öndürijiler bilen sarp edijileriň arabaglanyşygy bazaryň üsti bilen amala aşyrylýar. Döwletiň ykdysady sistemany dolandyrmak işine gatyşmagy köp derejede çäklendirilendir. Haryt önümçiligini dolandyrmak we sazlamak bazar mehanizmleriniň üsti bilen amala aşyrylýar. Harytlara bolan isleglerıň, olaryň teklipleriniň üýtgäp durmagy, şol esasda bolsa harytlaryň bahasynyň üýtgemegi, şonuň ýaly-da, haryt öndürijileriň peýdasyny artdyrmaga hemişe ymtylmagy bazary herekete getiriji esasy güýçler bolup çykyş edýär.

Häzirki zaman dünýä ykdysadyýetinde köp ýurtlaryň ykdysadyýeti bazar gatnaşyklaryna esaslanýan ykdysady sistema bilen administratiw we merkezleşdirilen ykdysady sistemanyň utgaşdyrylmagy esasynda emele gelen ykdysady sistema degişlidir. Şeýle ykdysady sistema *gatyşyk ykdysady sistema* diýilýär.

Gatyşyk ykdysady sistemada haryt öndürýän kärhanalar eýeçiliginiň dürli görnüşlerine degişlidir. Şonuň üçin önümçiligi dolandyrmaklygyň dürli görnüşleri ulanylýar. Bu ykdysady sistemada döwlet eýeçiligine, hususy eýeçilige degişli kärhanalar, bilelikdäki kärhana-

lar, daşary ýurt kärhanalary we beýleki haryt öndürijiler ykdysadyýetiň esasy önümçilik düzümini emele getirýärler. Şunuň bilen birlikde, döwlet ykdysadyýeti dolandyrmak işine hem işjeň gatnaşýar. Ilaty iş bilen üpjün etmek, bahalara gözegçilik etmek bilen bagly bolan işler, daşary ykdysady-söwda gatnaşyklary ýola goýmak we dolandyrmak döwlet tarapyndan amala aşyrylýar.

### 6.3. Eýeçilik ideýasy we eýeçilik gatnaşyklary

Islendik ykdysady sistemada bolup geçýän hadysalar köp derejede *eýeçilik* meselesi we *eýeçilik gatnaşyklary* bilen baglydyr. Eger-de haýsy hem bolsa bir emläk adamlaryň ykdysady işlerinde ulanylyp, netijede önüm öndürilen bolsa, onda hökmany suratda, şol emlägiň, ony ulanmaklygyň netijesinde alnan önümiň kime degişlidigi barada mesele ýüze çykýar. Bu bolsa emlägi ykdysady işlerde ulanmaklygyň, öndürilen önümleri jemgyýetiň çäginde paýlamaklygyň gönüden-göni eýeçilik bilen baglydygyny görkezýär.

Eýeçilik çylşyrymly jemgyýetçilik hadysasydyr. Şol sebäpli-de, ol dürli jemgyýetçilik ylymlary tarapyndan öwrenilýär. Ol, esasan, filosofiýa, ykdysady we hukuk ylymlary tarapyndan giňden öwrenilýän meseleleriň hataryna girýär.

Ykdysady filosofiýada ***eýeçilik gatnaşyklary*** *diýlip, adamlaryň arasynda emläk serişdelerine we zähmetiň netijesine eýe bolmak babatynda emele gelýän gatnaşyklara* düşünilýär. Eýeçilik gatnaşyklary jemgyýetdäki ykdysady gatnaşyklaryň özeni hasaplanylýar. Jemgyýetçilik gurluşynyň esaslary, adamlaryň ýa-da olaryň aýry-aýry toparlarynyň, gatlaklarynyň (esasan, sosial synplaryň) jemgyýetde tutýan orunlary hem belli bir derejede eýeçilik gatnaşyklary esasynda kesgitlenilýär.

Eýeçilik emläk bilen onuň eýesiniň arasyndaky gatnaşygy aňladýar, ýagny emlägiň onuň eýesine degişliligini häsiýetlendirýär. Bu gatnaşyk ýa-da degişlilik iki taraplydyr. Onuň birinjisi – emlägiň eýesi, ýagny *eýeçiligiň subýekti*, ikinjisi bolsa, *eýeçiligiň obýekti*, ýagny emlägiň özüdir. Emlägiň eýesi eýeçilik gatnaşygynyň işjeň bölegi bolup, emläge eýe bolmak hukugyň bar bolan tarapydyr. Emlägiň eýesi bolup şahsy adam, adamlaryň belli bir topary ýa-da döwlet çykyş edip bilýär. Emläk eýeçilik gatnaşygynyň ikinji tarapydyr. Emläge,

esasan, ýer, ýerasty we ýerüsti tebigy baýlyklar, adam zähmetiniň önümleri bolup durýan maddy gymmatlyklar degişlidir.

Eýeçilik gatnaşyklary iki hili ýagdaýda ýüze çykýar. Birinji ýagdaýda ol emlägiň eýesiniň emläge bolan gatnaşygy görnüşinde ýüze çyksa, ikinji ýagdaýda gatnaşyklar emläk eýeleriniň öz aralaryndaky gatnaşyklar görnüşde ýüze çykýar. Şeýle gatnaşyklar emläk, haryt, girdeji we beýleki gymmatlyklar paýlanylanda döreýän gatnaşyklardyr.

Emlägiň eýesiniň emläge bolan gatnaşygy üç hili görnüşde ýüze çykýar: *eýelik etmek gatnaşygy, peýdalanmak gatnaşygy* we *ygtyýarlyk etmek gatnaşygy*. *Eýelik etmek* emlägiň hukuk taýdan onuň eýesine degişlidigini görkezýär. *Peýdalanmak* emlägiň eýesiniň emlägi belli bir maksatlar üçin ulanmak hukugynyň barlygyny aňladýar. *Ygtyýarlyk etmek* bolsa emlägiň eýesiniň oňa ygtyýarlyk hukugynyň barlygyny görkezýär. Bu bolsa emläge ygtyýarlyk edýäniň ony islegine görä ulanmaga (satmaga, kärendesine ýa-da karzyna bermäge, sowgat etmäge we ş.m.) hukugy bar diýildigidir.

Haýsydyr bir zadyň eýesi bolmak ol zadyň eýesiniň, ýagny eýeçiligiň subýektiniň eýeleýän zady bilen arasyndaky fiziki arabaglanyşygy aňladýar. Emma bu eýeçilikdäki zadyň hökman subýektiň elinde bolmagyny aňlatmaýar. Mysal üçin, ogurlanylan düýe öz eýesinden has uzakda hem saklanylyp bilner. Emma muňa garamazdan, ol öz eýesine degişli emläk hasaplanylýar. Şeýle degişlilik emläge bolan eýeçilik hukugy esasynda kesgitlenilýär. Şu nukdaýnazardan seredilende, eýeçilik – bu her bir adamyň (maşgalanyň, paýdarlar jemgyýetiniň, jemgyýetçilik guramasynyň, döwletiň) kanuny esasda eýeleýän emlägini (ýagny öz eýeçiligindäki zady) öz islegine görä peýdalanmaklyga, satmaklyga, miras goýmaklyga, sowgat bermeklige, hatda gerekmejek zat hökmünde zyňyp taşlamaklyga, ýakmaklyga, ýumurmaklyga (mysal üçin, jaýyny) hukugynyň barlygydyr.

Emläge eýeçilik hukugy bolan taraplaryň iki görnüşi, ýagny *fiziki* we *ýuridiki* taraplar biri-birinden tapawutlandyrylýar. Bu esasdaky bölünişikde *fiziki taraplar* diýilýän görnüşe aýratyn adamlar (indiwidiumlar), *ýuridik taraplar* diýilýän görnüşe bolsa, kärhanalar, edaradyr guramalar, döwlet degişli edilýär.

Eýeçilik, esasan, üç sany ýol bilen, ýagny miras galdyrylan zat hökmünde, zähmet çekilip alnan (döredilen) we zorluk görkezilip,

basyp alnylyp edinilen emläk gönüşinde gazanylýar. Bularyň içinde esasy orun zähmete degişlidir.

Eýeçiligiň dürli formalary hakyndaky mesele hem ykdysady filosofiýada aýratyn üns berilýän meseleleriň hataryna girýär. Hakykatdanda, jemgyýetçilik durmuşy üçin eýeçiligiň dürli formalary mahsusdyr. Her bir aýratyn adamyň eýeçiligindäki zatlar (diş çotgasy, egin-eşigi, jübi telefony we ş.m.), maşgalanyň agzalarynyň hemmesiniň bilelikdäki eýeçiligindäki zatlar (jaý, mebeller, gap-gaçlar we ş.m.), belli bir adamlar toparynyň bilelikdäki (paýdarlar jemgyýetiniň, kooperatiwiň, klub görnüşli birleşmäniň) eýeçiligindäki zatlar, kärhananyň, edaranyň, jemgyýetçilik guramasynyň eýeçiligindäki serişdeler (binalar, ýerler, zähmet serişdeleri we ş.m.), döwlet eýeçiligine degişli zatlar... Eýeçiligiň formalarynyň şeýle köpdürlüligi hem bu meseläniň ýönekey mesele däldigini subut edýär.

Eýeçilik meselesi dogrusynda, has takygy, ählumumy we hususy eýeçiligiň mynasybeti babatynda gadym döwürlerden başlap, şu günlerimize çenli dürli garaýyşlar öňe sürlüp gelinýär. Mysal üçin, Aristotel öz halypasy Platonyň ählumumy eýeçiligiň hususy eýeçilikden ileri tutulmaklygy baradaky garaýşyny ykrar etmändir. Ählumumy we hususy eýeçiligiň mynasybeti dogrusynda öňe sürlen marksistik garaýşa laýyklykda hususy eýeçilik doly inkär edilýär we hemme zadyň ählumumy, ýagny döwlet eýeçiliginde bolmaklygy jemgyýet üçin has amatly hasaplanylýar. Bu taglymatda, esasan, önümçilik serişdelerine hususy eýeçiligiň bolmaklygynyň adamlaryň arasynda *sosial deňsizligiň* emele gelmekligine sebäp bolýanlygy tekrarlanylýar. Eýeçilik babatynda sosial deňligi gazanmak asla mümkin däl zat hem bolsa, bu baradaky jedeller ir döwürlerden bäri dowam edip gelýär. Adamlaryň arasyndaky deňsizligiň adamzadyň tebigatyndan gelip çykýanlygy belli zat. Diýmek, olaryň arasynda eýeçilik babatynda hem deňlik bolup bilmez. Adamlar diňe bir zadyň, ýagny kanunyň öňünde deň bolup bilerler.

### 6.4. Adam, adam zähmeti. Adam ykdysady gatnaşyklar sistemasynda

Ykdysadyýeti adamsyz göz öňüne getirmek mümkin däl, çünki ykdysadyýeti döredýän hem, ony herekete getirýän hem adamdyr.

Adam ykdysadyýetde, bir tarapdan, ykdysady nygmatlary öndüriji bolup çykyş etse, ikinji tarapdan, ol ykdysady nygmatlary sarp ediji bolup hem çykyş edýär. Diýmek, ykdysadyýet adamyň öndürijilikli zähmetinden başlanýar.

Zähmet adamzadyň ýaşaýşynyň iň zerur şertleriniň biridir. Zähmete şeýle kesgitleme bermek mümkin: ***zähmet*** *– bu adamlaryň öz isleglerini kanagatlandyrmak üçin zerur bolan maddy we ruhy gymmatlyklary öndürmek maksady bilen ýerine ýetirýän işidir.*

Adam zähmet arkaly dürli ykdysady gatnaşyklara girýär. Adamyň ykdysady gatnaşyklarda tutýan orny köp derejede onuň eýeçilik gatnaşyklarynda eýleýän ornuna baglydyr. Haçan-da, adam eýeçilik gatnaşyklarynda bolan ýagdaýynda, özüniň eýeçiligindäki emläge bolan hukugyndan peýdalanyp bilýär. Adam eýeçiliginde bolan emlägi öz islegine görä ulanyp bilýär. Eýeçilikde bolan emläkleriň ulanylyş görnüşine baglylykda adamlaryň arasynda eýeçilik babatyndaky ykdysady gatnaşyklar emele gelýär.

Adam öz eýeçiligindäki önümçilik serişdelerini ulanyp, zähmet prosesine gönüden-göni gatnaşýar. Bu hili ýagdaý adatça önümçiligiň ýönekeý görnüşinde bolup geçýär.

Adamyň hususy eýeçiliginde önümçilik serişdesi bolmadyk ýagdaýynda hem ol zähmet prosesine gatnaşyp bilýär. Ýöne bu ýagdaýda oňa hakyna tutulan işgär statusy degişli bolýar.

Bazar gatnaşyklarynyň ösmegi, önümçiligi guramaklygyň görnüşleriniň düýpli üýtgemegi, onuň kämilleşmegi adamyň ykdysady gatnaşyklaryň sistemasyndaky tutýan ornuna hem öz täsirini ýetirýär. Meselem, paýdarlar jemgyýetiniň we şuňa meňzeş bilelikdäki eýeçilige esaslanýan kärhanalaryň döremegi belli bir derejede adamyň önüm öndürmeklikde we girdejileri paýlamakda emele gelýän ykdysady gatnaşyklaryndaky tutýan ornuna öz täsirini ýetirýär.

Adam önümleri we girdejileri paýlamak hem-de sarp etmek proseslerine hem gatnaşýar. Adamlaryň girdejileriniň çeşmeleri dürli-dürli bolýar. Muňa aýlyk haky, eýeçiligindäki önümçilik serişdelerini ulanmakdan ýa-da kärendesine bermekden alnan girdejiler, banklarda saklaýan süýşürintgilerinden alynýan girdejiler we şuňa meňzeşler mysal bolup biler. Döwlet tarapyndan berilýän pensiýalar we hemaýat

pullary hem adamlaryň girdejilerine degişlidir. Diýmek, adam ýurduň milli girdejisiniň paýlanmak prosesine hem gatnaşýar.

Adam ykdysady gatnaşyklara öndüriji hökmünde we şol bir wagtda sarp ediji hökmünde gatnaşýar. Adam öz girdejilerini zerur bolan harytlary satyn almaklyga, hyzmatlardan peýdalanmaklyga sarp edýär. Bu ýerde ol sarp ediş gatnaşyklaryna girýär.

Ykdysadyýeti sarp ediliş bilen önümçiligiň arasyndaky aýrylmaz baglanyşyksyz göz öňüne getirmek mümkin däl. Hakykatynda önümçiligiň üznüksiz dowam edip durmaklygy adamlaryň sarp edijilik derejesiniň barha ýokarlanmaklygy bilen baglanyşyklydyr. Sarp edijiligiň ýokarlanmaklygy bolsa, öz gezeginde, adamlaryň dürli önümlere (harytlara, hyzmatlara) bolan isleginiň artmaklygy bilen baglanyşyklydyr. Adamlaryň isleginiň artmaklygy önümçiligiň üznüksizliginiň esasy sebäbidir. Şol bir wagtda önümçilik hem täze we has ýokary hilli maddy nygmatlary öndürip, sarp edijileriň isleglerine öz täsirini ýetirýär.

Adamlaryň sarp edýän maddy nygmatlarynyň möçberi olaryň öndürilişine baglydyr. Bazar gatnaşyklary şertinde bazara çykarylýan harytlaryň möçberi, harytlaryň bahasy harytlara bolan islegi we olaryň teklibini deňagramlaşdyrýar. Şunuň bilen birlikde, bazarda satmaklyga çykarylýan harytlaryň görnüşleriniň köpdürlüdigini, olary satyn alýanlaryň sanynyň köplügini göz öňüne tutmak gerek. Bazarda haryt satyn alýan sarp edijiler islegine görä harytlaryň bir görnüşini däl-de, birnäçe görnüşlerini saýlap alýar. Her bir sarp ediji özüniň häsiýetli aýratynlyklaryna, isleglerine we mümkinçiliklerine baglylykda ol ýa-da beýleki harydy satyn alyp bilýär. Bu hadysada ylmy dilde ***islegiň we teklibiň kanuny*** diýlip atlandyrylýan kanun öz aýdyň beýanyny tapýar.

Adamyň kadaly ýaşaýşy üçin onuň sarp edýän maddy nygmatlary belli bir kesgitli möçberden az bolmaly däl. Ilatyň ýaşaýyş derejesine baha berlende **ýaşaýyş üçin iň az serişdäniň** derejesi esasy ölçegleriň biri bolup hyzmat edýär. **Ýaşaýyş üçin iň az serişde** diýlip, her bir adamyň kadaly ýaşamaklygy üçin sarp etmeli zerur maddy serişdeleriniň we hyzmatlarynyň jemine aýdylýar. Ýaşaýyş üçin zerur bolan iň az serişdäniň düzümine azyk we azyk däl harytlaryň, durmuş hyzmatlarynyň we adamyň öz ýaşaýyş durmuşynda ulanýan beýleki iň zerur zatlarynyň çykdajylary hem girýär.

Adamlar ykdysady gatnaşyklarda hakyna tutulan işgär ýa-da hakyna tutup bilýän, ýagny iş beriji tarap hökmünde hem çykyş edýärler. Hakyna işe durýan we iş berijileriň arasyndaky gatnaşyklar **zähmet bazary** diýlip atlandyrylýan bazarda amala aşyrylýar. Zähmet bazary – bu adamlaryň işçi güýjüniň ykdysadyýetiň pudaklary boýunça paýlanylmagyny we zähmet işleriniň dürli görnüşleriniň bahasynyň kesgitlenilmegini üpjün edýän ýerdir.

Zähmet bazaryna adam öz işçi güýjüni satmak üçin gelýär, işçini hakyna tutujy ony satyn almaga gelýär. Bu bolsa zähmet bazarynyň işçi güýjüni satyjy bilen we ony satyn alyjyny birleşdirýän mehanizmligini aňladýar.

Zähmet bazarynda hem isleg we teklip kanuny öz beýanyny tapýar. Zähmete bolan isleg we zähmetiň teklibi ýüze çykýar. Zähmete bolan isleg bilen zähmetiň teklibiniň deňagramlylygyny üpjün etmek zähmet bazarynyň esasy wezipesi hasaplanylýar.

Zähmet bazary çylşyrymly sistema. Onuň esasy möhüm elementlerine zähmete bolan isleg, zähmet teklibi we isçi güýjüniň bahasy degişlidir. **Zähmete bolan isleg** diýlip, işçi güýjüni hakyna tutujynyň belli bir döwür aralygynda belli bir möçberdäki iş hakyna tutmak işleýän zähmetiniň möçberine aýdylýar. Zähmete bolan isleg öndürilýän önümiň möçberine we zähmet öndürijiligine baglydyr. Önümçiligiň möçberiniň artmagy bilen zähmete bolan isleg hem artýar. **Zähmet teklibi** diýlip, işçi güýjüni hakyna tutuja belli bir döwür aralygynda iş hakynyň belli bir derejesinde hödürlenýän zähmetiň möçberine aýdylýar. Zähmet teklibi ilatyň zähmete ukyply böleginiň sanyna baglydyr. Şonuň üçin hem ýurtdaky demografiki ýagdaý, ilatyň bilim derejesi, ruhy we medeni aýratynlyklary zähmet isleginiň derejesini kesgitleýji esasy faktorlar bolup çykyş edýärler.

Zähmet bazaryndaky isleg bilen teklibiň arasynda emele gelýän deňagramsyzlyk netijesinde ilatyň ykdysady taýdan işjeň böleginiň belli bir bölegi iş bilen üpjün edilip, galan bölegi bolsa işsiz galýar. ***Işsizlik** diýlip, ilatyň işe ukyply böleginiň iş tapman işlemeýän ýagdaýyna aýdylýar*. Işsizlik hadysasy zähmet bazarynda zähmet teklibiniň zähmete bolan islegden artykmaç bolan ýagdaýynda ýüze çykýar.

Ykdysadyýetde işsizligiň ýagdaýy, esasan, işsizligiň derejesi we onuň dowamlylygy bilen häsiýetlendirilýär. Işsizligiň derejesi iş-

sizleriň sanynyň zähmete ukyply ýaşdaky adamlaryň umumy sanyna bolan gatnaşygy bilen kesgitlenilýär. Işsizligiň dowamlylygy diýlip, işgäriň işsiz bolan döwrüne aýdylýar.

Işsizligiň derejesiniň ýokary bolmagy jemgyýetiň sosial we ykdysady ösüşine ýaramaz täsirini ýetirýär. Işsizlik netijesinde ilatyň ýaşaýyş derejesi peselýär, ýurtda sosial taýdan dartgynlyk güýçlenýär, ilatyň umumy işjeňlik derejesi peselýär, işsiz galan adamlaryň hünär tejribesi ýitýär, önümçiligiň möçberi we onuň girdejileri kemelýär, döwlet býujetine salgytlardan gelýän serişdeler azalýar. Şonuň üçin hem döwlet tarapyndan işsizligiň ýaramaz täsirlerini aradan aýyrmak hem-de olaryň öňüni almak bilen bagly bolan birnäçe sosial we ykdysady çäreler durmuşa geçirilýär.

## 6.5. Pul we onuň esasy funksiýalary

Jemgyýetiň ykdysady durmuşynda esasy orunlaryň biri pula degişlidir. Puluň döremegi haryt önümçiliginiň ösüş taryhy bilen gös-göni baglanyşyklydyr. Haryt önümçiliginiň irki döwründe bir harydyň başga bir haryda çalşylmagy özakymlaýyn häsiýetde bolupdyr. Soňra haryt önümçiliginiň ösmegi, alyş-çalyş edilýän harytlaryň görnüşleriniň köpelmegi we möçberiniň artmagy netijesinde haryt çalşygy kem-kemden kämilleşipdir. Netijede, haýsydyr bir haryt araçy häsiýete eýe bolup, beýleki harytlaryň gymmatyny aňlatmak üçin ulanylyp başlanypdyr.

Dürli döwürlerde dürli halklaryň arasynda aralyk haryt hökmünde harytlaryň dürli görnüşleri (mal-gara, şaly, çaý, ýüň we ş.m.) ulanylypdyr.

Ýurtlaryň aralaryndaky haryt gatnaşyklarynyň giňelmegi netijesinde ähli ýerde islendik haryda çalşyp bolýan ekwiwalent harydy oýlap tapmak zerurlygyny ýüze çykypdyr. Wagtyň geçmegi bilen haryt alyş-çalşygynda ählumumy ekwiwalent hökmünde gymmat bahaly metallar (kümüş, altyn) ulanylyp başlanypdyr. Ilkibaşda pul hökmünde gymmat bahaly metallaryň belli bir agramlardaky görnüşleri, soňra olardan ýaşalan şaýlyklar ulanylypdyr. Şeýlelikde, pul hemme harytlar üçin ählumumy ekwiwalent hökmunde ýüze çykypdyr. Pul islendik haryda çalşyp bolunýan gymmatlyga öwrülipdir.

Puluň mazmunyna has çuňňur düşünmek üçin onuň ýerine ýetirýän funksiýalarynyň üstünde hem durup geçeliň. Pul bäş sany esasy funksiýany ýerine ýetirýär, ýagny oňa *dolanyşyk serişdesi*, *gymmat ölçegi*, *baýlyk toplamaklygyň serişdesi*, *töleg serişdesi* we *dünýä puly* ýaly funksiýalar degişlidir.

Pul dolanyşyk serişdesi hökmünde hem ulanylýar. Eger-de ýönekeý haryt dolanyşygynda bir haryt başga bir haryda çalşylýan bolsa, onda haryt dolanyşygy puluň gatnaşmagynda amala aşyrylanda, haryt pula çalşylýar. Şeýlelikde, haryt-pul dolanyşygynda haryt satyjydan alyja, pul bolsa harydy satyn alyjydan satyja geçýär. Pul bu ýerde araçy bolup çykyş edýär. Haryt bolsa dolanyşykdan çykýar, ýöne pul haryt dolanyşygynda hereket etmegini dowam etdirýär.

Gymmat ölçegi hökmünde pul öz beýanyny ony islendik harydyň gymmatynyň pul birliginde aňladylýanlygynda tapýar. Agramyň kilogramda, aralygyň metrde kesgitlenilişi ýaly, harydyň hem gymmaty pul ölçegi bilen kesgitlenilýär. Ýöne harytlar gymmaty boýunça satylman, bahasy boýunça satylýar. Baha bolsa gymmatyň pul bilen aňladylmasydyr.

Baýlyk toplamaklygyň esasy serişdesi hem puldur. Pul islendik wagtda töleg serişdesi bolup hem çykyş edip bilýär. Şonuň üçin adamlar puly geljekde töleg serişdesi üçin ulanmak maksady bilen, baýlyk hökmünde toplaýarlar. Haçan-da pul baýlyk toplamak serişdesi hökmünde ulanylanda, ol dolanyşykdan çykýar we süýşürintgä öwrülýär.

Puluň töleg serişdesi hökmünde ulanylyşy harytlaryň kähalatlarda nagt pula satylman, karzyna ýa-da tölegiň ödeliş möhletini uzaltmak üçin peýdalanylyşynda öz beýanyny tapýar. Şeýle ýagdaýda harydy satyn alyjynyň satyjynyň öňünde bergisi döreýär. Haçan-da satyn alyjy satyja satyn alan harydy üçin bergisini tölände, pul töleg serişdesi bolup hyzmat edýär.

Puluň dünýä puly hökmünde ulanylyp başlanylmagy geçen asyrda ýüze çykypdyr. XX asyryň 70-nji ýyllaryna çenli halkara söwda gatnaşyklarynda dünýä puly hökmünde altyn ulanylan hem bolsa, soňra milli pullar bilen altynyň özara baglanyşygynyň ýitmekligi sebäpli, halkara söwda gatnaşyklarynda, esasan, erkin konwertirlenilýän pullar ulanylyp ugralýar. Häzirki döwürde erkin konwertirlenilýän pullara ABŞ-yň dollary, funt sterling, ýewro we beýlekiler degişlidir. Häzirki

döwrüň aýratynlyklarynyň biri hökmünde indi altynyň adaty haryt hökmünde satylyp başlanmagydyr.

Puluň nagt we nagt däl görnüşlerde töleglerde we hasaplaşyklarda ulanylyşyna ***pul dolanyşygy*** diýilýär. Nagt pullaryň hereketine nagt pullaryň dolanyşygy diýilýär. Nagt däl pullaryň hereketine bolsa nagt däl pullaryň dolanyşygy diýilýär. Nagt däl pul hasaplaşyklary çekler, karz kartalar, tölegleriň elektron serişdeleri we beýleki hasaplaşyk resminamalar arkaly amala aşyrylýar. Pul we onuň funksiýalary baradaky gürrüňde **inflýasiýa** diýlip atlandyrylýan hadysa hakda hem söz açmaly bolýar. ***Inflýasiýa*** diýlip, harytlaryň we hyzmatlaryň bahasynyň umumy derejesiniň ýokarlanmagyna aýdylýar. Emma inflýasiýa ähli harytlaryň bahalarynyň birden ýokarlanýanlygyny aňlatmaýar. Inflýasiýa ýüze çykan döwründe käbir harytlaryň bahasy üýtgemän galyp, beýleki birleriniň bahasy bolsa, peselip hem bilýär. Ýöne inflýasiýa ýagdaýynda harytlaryň bahasy umumy alnanda ýokarlanýar. Inflýasiýa – çylşyrymly hadysa. Ýüze çykyş formasy boýunça inflýasiýanyň iki görnüşi, ýagny açyk we gizlin (ýaşyryn) görnüşlerdäki inflýasiýalar tapawutlandyrylýar. Açyk inflýasiýada bahalaryň umumy derejesi ýokarlanýar we puluň hümmeti peselýär. Gizlin inflýasiýada bahalar üýtgemeýär, ýöne bazarlarda haryt gytçylygy emele gelip başlaýar. Gizlin inflýasiýada harytlar açyk bazarlarda örän az satylýar ýa-da düýpden satylmaýar. Harytlar, esasan, ýokary bahadan kanun taýdan rugsat edilmeýän bazarlarda satylyp ugralýar.

Eger-de inflýasiýanyň derejesi pes bolsa, ol, umuman, ýurduň ykdysadyýetiniň ösüşine az-kem oňyn hem täsir edýär. Ýöne inflýasiýanyň derejesi ýokary bolsa, bahalaryň ýokarlanmagy uzak wagtlap dowam etse, bu ykdysadyýetiň ösüşine ýaramaz täsir edýär, önümçilik pese gaçýar, pudaklar sazlaşykly ösmegini bes edýär. Şunuň bilen birlikde, puluň hümmeti hem pese gaçýar. Bu bolsa, inflýasiýanyň derejesi ýokary bolan ýagdaýynda, halkyň hakyky girdejileriniň azalyp, umumy ýaşaýyş derejesiniň pese gaçmaklygyna getirýär. Şeýle hadysanyň öňüni almak ýa-da onuň zyýanly täsirini peseltmek meselesi döwlet tarapyndan çözülýär. Emma beýle diýildigi döwletiň ykdysadyýetdäki ornunyň diňe bir inflýasiýa meselesi bilen baglanyşyklylygyny aňlatmaýar. Döwletiň ykdysady gatnaşyklardaky roly köptaraplydyr.

## 6.6. Ykdysadyýet we döwlet

Turuwbaşdan ykdysadyýetde döwletiň orny baradaky mesele bilen baglanyşykly jedelleriň uzak taryhynyň barlygyny nygtamak isleýäris.

XX asyryň başlaryna çenli ylymda döwletiň ykdysady işlere az baş goşmalydygy baradaky garaýyş ýörgünli bolupdyr. Emma XX asyrda döwlet hakykat ýüzünde ykdysady sistemanyň aýrylmaz bölegine öwrülip başlaýar we bu öňki garaýyşlaryň üýtgemegine sebäp bolýar.

Döwlet ykdysadyýetiň işine gatyşmak bilen, ony sazlaýjy hem-de ugrukdyryjy bolup çykyş edýär. Döwlet ykdysadyýetiň ösüşini sazlamak işlerini amala aşyranda halkyň bähbitlerinden ugur alýar. Ykdysadyýetiň döwlet tarapyndan sazlanmagy onuň dürli ugurlaryny öz içine alýar. Meselem, salgyt, pul-karz, baha, býujet, gümrük, daşary ykdysady söwda sazlamalary hem ykdysadyýetiň döwlet tarapyndan sazlanmasynyň görnüşleridir.

Döwletiň orny bazar ykdysadyýeti şertlerinde, esasan-da, geçiş ykdysadyýetli ýurtlarda has hem ýokarlanýar. Bazaryň özi döwletiň howpsuzlygyny, ýurduň daşky goragyny, gurşap alýan daşky tebigy gurşawyň goragyny, hemme adamlaryň azyk üpjünçiligini, olar üçin zerur bolan saglygy goraýyş hyzmatlaryny we ş.m. beýleki meseleleri çözmeýär. Her bir jemgyýetde fiziki we aň taýdan şikesli adamlar hem az däl. Emma şeýle adamlar hakynda hem alada edilmekligi zerur. Bu meseleleri öz üstüne döwlet almaly bolýar. Bu meselelerden baş alyp çykmak üçin döwlet özboluşly mehanizmlerden, esasan-da, salgyt mehanizminden peýdalanýar.

***Salgytlar*** döwlet serişdeleriniň esasy çeşmesidir. *Salgyt – bu önüm öndürijiniň, girdeji alyjynyň ol ýa-da beýleki bir emlägi bar bolanlaryň (esasan, önümçilik serişdesi) döwlete pul görnüşindäki tölegidir.* Başgaça aýdylanda, salgyt – bu döwlet tarapyndan edara görnüşli taraplardan we şahsy adamlardan alynýan hökmany tölegdir.

Gelip çykyşy boýunça salgytlar döwletiň emele gelmegi bilen baglanyşyklydyr. Hatda gadymy döwürlerde hem adamlar döwlete öz girdejileriniň belli bir bölegini bermeklige mejbur bolupdyrlar. Mysal üçin, gadymy rimliler salgytlaryň göni we gytaklaýyn görnüşlerinden peýdalanypdyrlar.

Salgyt döwlet bilen salgyt töleýjileriň arasynda maliýe gatnaşygynyň bir görnüşidir. Salgyt gatnaşyklarynyň maliýe gatnaşyklarynyň

beýleki görnüşlerinden esasy tapawudy salgydyň özboluşly aýratynlyklaryndan gelip çykýar. Salgydyň özboluşly aýratynlygy bolsa onuň hökmany we yzyna gaýtarylmaýan töleg bolup durýanlygyndadyr.

Her bir ýurduň özüniň aýratyn salgyt sistemasy bolýar. Salgyt sistemasy döwlet tarapyndan kesgitlenen salgytlaryň toplumyny, olary tölemekligiň tertibini kesgitleýän kanunçylyk namalaryny, şeýle hem salgyt ýygnamak bilen meşgullanýan döwlet edarasyny öz içine alýar.

Dünýä tejribesinde salgytlaryň dürli görnüşleri ulanylýar: *goşulan gymmatdan alynýan salgyt*; *peýdadan alynýan salgyt*; *emläk üçin salgyt*; *ýerasty baýlyklardan peýdalanylanlygy üçin salgyt*; *goşmaça töleg*; *şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy*. Döwlet serişde çeşmesi hökmünde, salgytlardan daşary dürli hili ýygymlardan hem peýdalanýar. ***Ýygymlar** diýlip, salgytlaryň käbir häsiýetli alamatlaryny özünde jemleýän we döwlet býujetine hökmany hem-de muzdsuz ödelýän tölegle̶re aýdylýar*.

Salgytlardan we ýygymlardan gelýän girdejileriň hasabyna döwlet harby we hukuk goraýjy edaralary, döwlet diwany, bilim, ylym, sport, medenýet we saglygy goraýyş edaralaryny maliýeleşdirýär, mätäçlik çekýän adamlara hemaýat kömegini berýär.

Salgyt sistemasy öz köklerini gadymdan alyp gaýdýanlygyna garamazdan, ony kämilleşdirmek babatynda jedeller heniz-henizler hem dowam edip gelýär. Munuň özüne ýetesi sebäbi bar. Bir tarapdan, salgytlardan gelýän girdejiler döwlete ylmy, bilimi we saglygy goraýşy maliýe taýdan goldamaklyga, pensionerlere, maýyplara, ýetimlere hemaýat we jemgyýet üçin şulara meňzeş beýleki wajyp meseleleri çözmeklige giň mümkinçilikler berýär. Ikinji tarapdan, bazar ykdysadyýetiniň dünýä tejribesi öndürijilere salynýan salgytlaryň möçberi näçe az bolsa, şonça-da ykdysady ösüşiň depginleri ýokarlanyp başlaýar.

Salgytlardan we ýygymlardan gelýän girdejiler **döwlet býujeti** diýlip atlandyrylýan resminamanyň esasyny düzýär. Döwlet býujeti döwletiň maliýe sistemasynyň möhüm bölegi bolup çykyş edýär. ***Döwlet býujeti** diýlip, döwlet çykdajylaryny ödemek maksady bilen, belli bir döwür aralygynda, adatça bir ýylyň dowamynda toplanyljak we harç ediljek pul serişdeleriniň toplumyna, has dogrusy, özboluşly jemleýji meýilnama aýdylýar*.

Döwlet býujeti arkaly ýurduň milli girdejisiniň belli bir bölegini gaýtadan paýlamak işi amala aşyrylýar. Bu bolsa ykdysadyýetiň kadaly ösmegini, ýurduň ösüşindäki sosial meseleleriň netijeli çözülmegini üpjün etmekligiň möhüm şertleriniň biridir.

Döwlet býujeti merkezleşdirilen býujetden we ýerli býujetlerden ybaratdyr. Bulardan başga-da döwlet býujetiniň düzümine ýörite maksatly gaznalaryň we döwlet eýeçiligindäki kärhanalaryň maliýe serişdeleri hem girýär. Döwlet býujeti iki sany bölümden, ýagny ***girdejiler*** bölüminden we ***çykdajylar*** bölüminden ybarat görnüşde işlenilip düzülýär. Döwlet býujetiniň girdeji bölüminiň maddalary salgytlaryň we beýleki hökmany tölegleriň hasabyna emele gelýär. Döwlet býujetiniň çykdajylary umumy häsiýetli döwlet hyzmatlaryny, jemgyýetçilik we sosial hyzmatlary, ykdysady işler bilen bagly döwlet hyzmatlaryny we beýleki çäreleri maliýeleşdirmeklige gönükdirilýär. Ýylyň netijeleri boýunça döwlet býujetiniň girdejileri bilen çykdajylary deň çyksa, oňa ***deňagramly býujet*** diýilýär. Döwlet býujetiniň çykdajylary onuň girdejilerinden köp bolup çyksa welin, ***býujet defisiti*** ýüze çykýar. Eger-de tersine bolan halatynda, ýagny döwlet býujetiniň girdejileri onuň çykdajylaryndan köp bolup çykan halatynda, ***býujet profisiti*** emele gelýär.

Döwlet býujetiniň taslamasy işlenilip düzülenden soň mejlisiň (parlamentiň) garamagyna onuň degişli komitetlerinde ara alyp maslahatlaşmak we ony tutuşlaýyn görnüşde mejlisiň umumy mejlisinde tassyklamak üçin berilýär. Mejlisde tassyklanylan döwlet býujeti kanuny häsiýete eýe bolýar. Hökümet onuň ýerine ýetirilişini üýtgewsiz, ýagny belli bir maksatlar üçin niýetlenilen serişdeleri başga işlere sarp etmezlik şertinde berjaý edýär. Emma bu şerti hakykat ýüzünde amal etmek welin, aňsatlyk bilen çözülýän mesele däl. Ýurtlaryň köpüsi belli bir ýagdaýlarda býujetde göz öňünde tutulan serişdelerden artyk çykdajylary etmeklige mejbur bolýarlar. Bu bolsa ýokarda belläp geçimiz ýaly, býujetiň defisitiniň döremegine getirýär. Şeýle kynçylygyň yzygiderli ýüze çykmaklygy hökümetleriň öňünde “Nädip defisitsiz býujeti işläp düzmeli?” diýen soragy keserdip goýýar. Eger bu mesele salgytlary ýokarlandyrmak esasynda çözülse, önümçiligiň pese gaçmaklygyna getirýär, eger-de salgytlar azaldylsa, döwlet öz sosial harçlaryny (pensiýalary, talyp haklaryny, kömek pullaryny we

ş.m.) azaltmaly bolýar. Sosial harçlaryň azaldylmagy-da, önümçiligiň derejesiniň peseldilmegi-de döwlet üçin amatly däl. Bu ýagdaýdan nähili ýol bilen çykmak mümkin?

Dünýä tejribesi bu kyn meseläniň çözgütleriniň käbirini hödürleýär: býujetiň çykdajylaryny azaltmak; girdejileriň goşmaça çeşmelerini gözläp tapmak; raýatlardan, banklardan ýa-da beýleki döwletlerden karzyna pul serşdelerini almak. Köplenç halatda, näme üçindir karz almak usuly giňden ulanylýar. Käbir döwletler öz döwlet banklaryndan karz alsa, beýleki birleri öz raýatlaryndan alýar. Bu ýol, esasan, döwlet zaýemlarynyyň ***obligasiýalaryny*** ilata satmak arkaly amala aşyrylýar. *Obligasiýa diýlip, puluň karzyna alnanlygyna, onuň eýesine karz alnan puluň öz möhletinde, belli bir möçberde üstüne goýum goýlup, gaýtarylyp beriljekligini tassyklaýan resminama aýdylýar.*

## 6.7. Maddy önümçiligiň iki tarapy: öndüriji güýçler we önümçilik gatnaşyklary

Maddy önümçilik jemgyýetçilik durmuşynyň esasyny düzýär. Maddy önümçiligiň iki tarapy tapawutlandyrylyp, onuň birinji tarapyna ***önümçilik gatnaşyklary,*** ikinji tarapyna bolsa ***öndüriji güýçler*** degişli edilýär. Olar hem, öz gezeginde, degişli elementlere bölünýär. Öndüriji güýçlere ***zähmet predmetleri, zähmet serişdeleri*** we ***işçi güýji*** girýär.

***Zähmet predmetleri*** diýlip, adamyň zähmetiniň siňdirilýän zatlaryna aýdylýar. Daýhan ýerde gowaça ekip, pagta hasylyny alýar. Pagta hasylyndan, has takygy, ondan işlenilip çykarylan pagta süýüminden bolsa, dokmaçy mata öndürýär. Dokma fabriginde öndürilen mata tikin fabriklerine ýollanýar. Bu proseslere gatnaşýanlaryň her biri üçin degişli bir zat zähmet predmeti bolup hyzmat edýär. Daýhan üçin zähmet predmeti ýer bolsa, dokmaçy üçin ol pagta süýümidir, tikinçi üçin bolsa, öz gezeginde, zähmet predmeti hökmünde mata hyzmat edýär. Zähmet predmetleriniň esasy bölegi gelip çykyşy boýunça tebigatdan alynýan çig mallardyr. Mysal üçin, awtomobilleriň şaýlary ýasalýan metallar ýerden gazylyp alynýan magdanlardan öndürilýär. Şonuň üçin, köplenç, zähmet predmetlerine ***çig mallar*** hem diýilýär.

***Zähmet serişdeleri*** diýlip, esasan, adamyň zähmet predmetlerine täsir etmek üçin ulanýan zähmet gurallaryna aýdylýar. Emma zähmet gurallaryndan peýdalanylanda diňe adamlaryň energiýasy sarp edilmän, eýsem dürli mehanizmleriň, maşynlaryň, elektrik we atom stansiýalarynyň energiýasyndan hem giňden peýdalanylýar. Zähmet serişdelerine, giň manyda diňe bir zähmet gurallary we energiýa çeşmeleri degişli bolman, eýsem önümçiligiň beýleki maddy elementleri hem, ýagny ýer, zawoddyr fabrikleriň binalary, ulag serişdeleri, gaz geçirijiler, aragatnaşyk serişdeleri (şol sanda kompýuter ulgamlary) ýaly zatlar girýär.

Zähmet predmetleri bilen zähmet serişdelerine bilelikde ***önümçilik serişdeleri*** diýilýär.

Önümçilik prosesinde zähmet predmetleri we zähmet serişdeleri bilen bir hatarda esasy işjeň orun işçi güýjüne degişlidir. Zähmet predmetlerine we zähmet serişdelerine önümçilik prosesinde passiw, ýagny işjeň bolmadyk rol degişlidir. Öndüriji güýçleriň esasy elementi, ýokarda belläp geçişimiz ýaly, ***işçi güýjüdir***. Işçi güýji hökmünde adam çykyş edýär. ***Işçi güýji*** *– bu diňe önümçilige gatnaşýan adamlaryň sanyny aňlatmaýar.* ***Işçi güýji*** *diýlip, esasan, zähmet prosesine gatnaşýanlaryň ol ýa-da beýleki işleri ýerine ýetirýän adamlaryň başarnyklaryna we ukyplaryna düşünilýär.*

Adam ***işçi güýji*** hökmünde iki sany funksiýany ýerine ýetirýär. Eger-de, bir tarapdan, ol zähmete öz energiýasyny (esasan, fiziki güýjüni) sarp edýän bolsa, ikinji tarapdan, önümçiligi dolandyrýar.

Zähmet proseslerini mehanizmleşdirmegiň ýokarlanmagy (stanoklar, traktorlar ýaly tehniki serişdeleriň önümçilikde giňişleýin ulanylmagy) adama özüniň fiziki energiýasyny az möçberde sarp etmekligine getirýär. Önümçilik prosesinde adamyň dolandyryş funksiýalarynyň möçberiniň azalmagy bolsa, awtomatlaşmagyň ýokarlanmaklygy bilen baglanyşyklydyr.

Indi önümçilik prosesiniň ikinji tarapy bolan ***önümçilik gatnaşyklarynyň*** üstünde durup geçeliň.

***Önümçilik gatnaşyklary*** öndüriji güýçler ýaly maddy zatlary aňlatmaýan-da bolsa, olar ***obýektiw häsiýete*** eýedirler. Olaryň obýektiw häsiýetdeligine düşünmek üçin şeýle bir mysala ýüzleneliň:

Ýerden hasyl alýan daýhanyň “men başgalar bilen hiç hili gatnaşyga girmeýärin” diýip, pikir edýän bolmagy-da ahmal. Hakykatdanda, onuň özi ýer sürýär, suwarýar, öz eken zadyndan hasyl alýar. Göräýmäge, ol hiç kime bagly däl ýaly. Emma hakykatynda welin, ol zähmet gurallaryny edinmek üçin öz öndüren hasylynyň belli bir bölegini ýerlemeklige mejbur bolup, önüm öndürijileriň başga bir topary bilen gatnaşyga girýär. Bu mysaldan görnüşi ýaly, önüm öndürijileriň arasynda özboluşly gatnaşyklar emele gelýär. Ol gatnaşyklara **ykdysady gatnaşyklar** diýilýär. Bu gatnaşyklar öndürijileriň erk-islegine bagly bolmadyk gatnaşyklar hökmünde, hakykatdan-da, obýektiw häsiýete eýedir. Ýokardaky mysaldaky daýhan öz öndüren önüminiň bahasyny özüçe kesgitläp bilmeýär. Önümiň bahasyny bazar kesgitleýär. Önümleriň gymmatynyň bazarda kesgitlenilmegi jemgyýetde emele gelen ykdysady gatnaşyklara bagly bolup, ol gatnaşyklar hojalyk işiniň ýörediliş usulyna hem öz täsirini ýetirýär.

Umuman, *önümçilik prosesinde adamlaryň arasynda emele gelýän ykdysady gatnaşyklaryň dürli görnüşleriniň toplumyna* ***önümçilik gatnaşyklary*** *diýilýär*.

Önümçilik gatnaşyklarynyň ýüze çykmaklygy öndürijileriň arasynda zähmet bölünişiginiň döremekligi bilen baglanyşyklydyr. Adamzat jemgyýetiniň gadym döwürlerinde adamlar bileleşip aw awlapdyrlar, ýaşaýyş jaýlaryny (çatmalary, kepbeleri) gurupdyrlar. Umuman, özleriniň ýaşaýyş durmuşlary üçin zerur bolan önümleri bileleşip öndüripdirler. Bu bolsa, önümçiligiň doly manysynda jemgyýeçilik häsiýete eýe bolanlygyny aňladýar. Aýratyn maşgalalar tarapyndan önümçiligiň beýlekilerden üzňelikde alnyp barylmagy adamzat taryhynyň has giçki döwürlerinde döräp, **zähmet bölünişigini** emele getiripdir. Önümçilikde zähmet bölünişiginiň bolmaklygy ykdysady taýdan bähbitlidir. Her bir adam işiň aýratyn görnüşini ýerine ýetiren halatynda, zähmetiň öndürijilikligi hem ýokarlanýar.

Zähmet bölünişiginiň emele gelmekligi bilen öndürijileriň arasynda *alyş-çalyş gatnaşyklary* ýüze çykýar, aýratyn öndürijileriň, maşgalalaryň ol ýa-da beýleki bir önümçilik serişdelerine bolan eýeçiligi döreýär. Jemgyýetde ekerançy daýhanlar, maldarlar, küýzegärler, agaç ussalary, dokmaçylar, täjirler ýaly toparlar döräp, olaryň arasynda *haryt-pul gatnaşyklary* emele gelýär.

Önümçilik prosesinde döreýän *eýeçilik*, *alyş-çalyş* we *pul-haryt* ýaly gatnaşyklardan başga önümçilik gatnaşyklarynyň içinde aýratyn orun *paýlaýyş gatnaşyklaryna* degişlidir. Bu gatnaşyklar bolsa, öz gezeginde, önümçilik serişdelerine bolan eýeçilik gatnaşyklary bilen baglanyşyklydyr. Eger-de önümçilik serişdeleri aýratyn adamlara ýa-da adamlaryň belli bir toparynyň eýeçiliginde bolsa, ol **hususy eýeçiligi** aňladýar. Eger-de önümçilik serişdeleriniň eýesi hökmünde tutuş jemgyýet ýa-da jemgyýeti dolandyrýan döwlet çykyş edýän bolsa, şeýle eýeçilige **jemgyýetçilik eýeçiligi** diýilýär.

Önümçilik serişdelerine hususy eýeçiligiň bolmaklygy önümleri öndürýänler bilen ol ýa-da beýleki serişdelere eýeçilik edýänleriň arasynda girdeji paýlanyşygynda tapawutlylygyň, has takygy, *synpy bölünişigiň* döremekligine getirýär. Önümçilik serişdelerine eýeçiliginiň barlygy ýa-da ýoklugy adamyň gurplulyk derejesini, onuň iýip-içmek, saglygyny bejertmek, dynç almak, çagalaryna bilim bermek ýaly isleglериniň çägini kesgitleýär.

Marksistik taglymata görä, önümçilik serişdelerine hususy eýeçiligiň bolmaklygy jemgyýetde synpy bölünişigi ýitileşdirip, önümçilik serişdeleriniň eýeleri hökmünde çykyş edýänlär bilen öz işçi güýjüni satmaklyga mejbur bolýanlaryň arasynda **synpy göreşiň** başlanmaklygyna sebäp bolýar. Bu taglymata laýyklykda, **kapitalistik jemgyýet** şeýle göreşiň esasynda öz ornuny hökmany suratda ählumumy eýeçiligiň höküm sürýän jemgyýeti bolan **sosializme** bermeklige mejbur bolýar. Belli bir taryhy döwürde şeýle jemgyýeti gurmak bilen baglanyşykly marksistik ideýalar dünýäniň käbir ýurtlarynda amala hem aşyryldy. Hytaý Halk Respublikasy, Koreýa Halk Demokratik Respublikasy we Kuba ýaly ýurtlar häzir hem özlerindäki jemgyýetçilik gurluşlaryny **sosialistik jemgyýetler** diýip atlandyrýarlar. Emma hakykat ýüzünde önümçilik serişdelerine hususy eýeçiligiň bolmaklygy synpy bölünişige sebäp bolýan-da bolsa, ol kapitalistik jemgyýetleriň hökmany suratda sosializme geçmekligini kesgitlemeýär. Bu bolsa, marksistik taglymatyň belli bir derejede çäkliligini aňladýar.

Emma şol bir wagtyň özünde marksizmiň önümçilik serişdeleri bilen öndüriji güýçleriň arasyndaky gapma-garşylygyň netijesinde önümçilk usulynyň üýtgeýänligini welin, doly derejede inkär etmek kyn. Iň bolmanda, barha kämilleşýän we ösýän öndüriji güýçleriň

önümçilik gatnaşyklarynyň, esasan-da, paýlaýyş gatnaşyklarynyň, barha kämilleşdirilmegine getirýänligini bazar ykdysadyýeti şertlerinde ýaşaýan jemgyýetleriň tejribesi aýdyň görkezýär. Jemgyýetde bazar gatnaşyklarynyň ösdürilmegi ilatyň harytlar we hyzmatlar bilen baglanyşykly töleýjilik ukybyny ýokarlandyryp, telekeçi toparlaryň ykdysady üstünliklere eýe bolmaklygyny şertlendirýär. Ilatyň töleýjilik ukybynyň ýokarlanmaklygy bolsa, öz gezeginde önümçilik serişdeleriniň eýeleriniň öz kärhanalarynda zähmet çekýänlere töleýän haklarynyň möçberini yzygiderli artdyryp durmaklaryna, öz tabynlygyndaky adamlar bilen konfliktsiz, özara eglişige gelip işlemekligini şertlendirýär.

Umuman, öndüriji güýçler bilen önümçilik gatnaşyklary maddy önümçiligiň özara berk baglanyşykly taraplary bolup, olaryň dialektikasy jemgyýetçilik ösüşiniň girewi hökmünde çykyş edýär. Maddy önümçiligiň dürli taraplary bolup, olar jemgyýetçilik ösüşinde dürli rollary ýerine ýetirýärler. Adamlar önümçilik gatnaşyklaryny öz isleglerine görä kesgitläp bilmeýärler. Ol gatnaşyklar öndüriji güýçleriň ösüşindäki ýetilen sepgitler bilen baglanyşyklykda üýtgeýär, ösýär we kämilleşýär.

# Ýedinji bap
# Syýasy filosofiýa

Syýasat. Syýasy sistemada döwletiň orny. Döwletiň düýp mazmuny. Häkimiýetleriň bölünişigi ideýasy we häkimiýet institutlary. Syýasy häkimiýet. Hukuk ideýasy we hukuk häkimiýeti.

## 7.1. Syýasat

Indi jemgyýetiň ýene bir gurşawy baradaky, has takygy, ***syýasy gurşawy*** hakyndaky gürrüňe geçeliň.

Türkmen dilinde giňden ulanylýan ***“syýasat”*** düşünjesi öz gelip çykyşy boýunça “haýbat”, “zor salmak”, “döwleti dolandyrmak” ýaly köpmanyly gadymy arap sözi bolup, ol häzirki döwürde, esasan, bir manyda, ýagny ***döwleti edara etmek*** manysynda ulanylýar. ***Jem-***

***gyýetiň syýasy gurşawy*** *diýlip, raýatlaryň, dürli sosial toparlaryň we adamlaryň jemgyýetçilik guramalarynyň (esasan, partiýalarynyň), döwlet häkimiýeti bilen özara gatnaşyklarynyň ýüze çykýan gurşawyna aýdylýar.* Bu gatnaşyklar aýratyn institutlar, edaralar we guramalar tarapyndan dolandyrylyp, olaryň umumy köplügi jemgyýetiň ***syýasy sistemasyny*** emele getirýär. Onuň (bu sistemanyň) esasy elementleri hökmünde bolsa döwlet, syýasy partiýalar, jemgyýetiň syýasy durmuşyna gatnaşýan dürli jemgyýetçilik guramalary çykyş edýär. Syýasy gatnaşyklar syýasy sistemanyň elementleriniň alyp barýan işlerinde öz beýanyny tapýar.

Syýasy edaralar we guramalar öz alyp barýan işlerinde belli bir ideýalary we maksatlary durmuşa geçirmeklige synanyşýarlar. ***Syýasy işiň strukturasy*** öz içine, esasan, aşakdaky ýaly wezipeleri alýar:

- jemgyýet üçin zerur bolan gysga we uzak möhletleýin häsiýetli maksatlary kesgitlemek;
- öňde goýlan maksatlary amal etmekligiň esasy ugurlaryny kesgitlemek;
- şol maksatlary amal etmeklige gatnaşmaly güýçleri bir ýere jemlemekligiň amatly usullaryny (metodlaryny) tapmak;
- kadrlary (işgärleri) seçip almak we ýerli-ýerine goýmak.

Syýasy işiň maksady, ilkinji nobatda, häkimiýeti ele almak we elde saklamak wezipesi bilen baglanyşyklydyr. Syýasy iş mundan başga wezipeleri amal etmeklige hem gönükdirilendir. Şeýle wezipeleriň hataryna ilatyň barha artýan isleglerini kanagatlandyrmak, jemgyýetdäki dürli sosial toparlaryň bähbitlerini aramak we özara sazlaşdyrmak, jemgyýetçilik howpsuzlygyny üpjün etmek, jemgyýetiň beýleki jemgyýetler bilen özara gatnaşyklaryny ýola goýmak, ýurduň daşky goragyny saklamak degişli. Bu wezipeler belli bir düzgünler esasynda we maddy güýçleri ulanmak arkaly ýörite edaralar tarapyndan amala aşyrylýar. Bu işlerde esasy edara hökmünde ***döwlet*** çykyş edýär.

## 7.2. Syýasy sistemada döwletiň orny

**Syýasy sistemada döwletiň ornuny** kesgitlemek üçin onuň esasy häsiýetli aýratynlyklary, gelip çykyşynyň sebäpleri, döwletleriň dürli görnüşleri, dolandyryş formalary, alamatlary bilen baglanyşykly sowallaryň üstünde durup geçilmekligi zerur.

***Döwletiň gelip çykyşy*** dogrusynda dürli garaýyşlar bar. Köp wagtlaryň dowamynda adamzat jemgyýetinde döwlet häkimiýetiniň emele gelmekligini *Hudaýyň emri bilen* düşündirýän garaýyşlar agalyk edipdir. Bu garaýyş adamzat taryhynyň ir döwürlerinden orta asyrlara çenli ýörgünli bolupdyr. Ol döwürlerde diňe döwlete hudaýtarapynlyk we keramatlylyk degişli edilmän, eýsem döwlet başynda duran faraonlara (Mysal üçin, Gadymy Müsürde ilkinji faraon *Osirise* adamlara dürli hünärleri öwreden, döwleti döreden, kanunlary düzüp beren şahs diýlip düşünilipdir), imperatorlara (Gadymy Rimde, Hytaýda), korollora, patyşalara we soltanlara hem degişli edilipdir. Egerde müsür faraonlary ýerdäki hudaýlar hasaplanylan bolsalar, Hytaý imperatorlary asman hudaýynyň ogullary yglan edilipdir.

Antiki filosofiýada Platonyň we Aristoteliň döwlet hakyndaky konsepsiýalary üns bermeklige mynasypdyr. Platon jemgyýeti üç synpa – häkimlik edjilere, goraýjy esgerlere we önüm öndürýän işgärlere bölüpdir. Döwletiň başynda filosoflaryň (alymlaryň) durmaklygynyň amatly boljaklygyny ündäpdir. Aristotel döwletiň gelip çykyşyny maşgaladan alyp gaýdyp, maşgala→oba→polis (şäher, döwlet) diýen yzygiderliligiň bolanlygyny özüçe tekrarlapdyr.

Täze döwrüň filosofiýasynda ýörgünlilige eýe bolan garaýşa görä, döwlet adamzat jemgyýetiniň taryhy ösüşiniň belli bir basgançagynda adamlaryň öz aralarynda *meýletin baglaşan şertnamasynyň* netijesi hökmünde emele gelipdir. Şeýle *şertnamany* baglaşmaklyga bolsa, adamlary jemgyýetde yzygiderli döräp duran uruşlardan, dawadyr jenjellerden dynmak islegi itekläpdir. Şeýle wezipäni öz üstüne almaklygy adamlar aýratyn adamlara tabşyryp, olara öz erkinlikleriniň belli bir bölegini beripdirler. Öz tiresiniň, taýpasynyň agzalarynyň üstünden häkimlik (agalyk) etmek hukugy berilen adamlara (serdarlara, hanlara) ilat diňe bir öz erkinlikleriniň belli bir bölegini bermän, eýsem olara öz ýaşaýan ýerlerini daşky howplardan goramak üçin gerek bolan goşuny, dawalary çözmekligi üpjün edýän kazylary saklamak üçin salgyt tölemeklige hem borçlanypdyr. Elinde adamlaryň meýletin beren häkimiýeti jemlenen şahslar öz üstüne ilatyň ýaşaýyş durmuşynyň asudalygyny gorap saklamak, maşgalalaryň, dürli sosial gatlaklaryň arasynda döreýän dawalary çözmek, ýurdy daşky hüjümlerden gora-

mak ýaly wezipeleri alypdyr. Şeýle wezipeleriň möçberiniň barha artmaklygy jemgyýetde ýörite edaranyň – ***döwletiň*** emele gelmekligine getiripdir. Döwletiň *"jemgyýetçilik şertnamasy"* konsepsiýasy Täze döwrüň filosofiýasynda, esasan, **Jon Lokk, Tomas Gobbs** we **Žan Žak Russo** ýaly alymlar tarapyndan öňe sürlüpdir.

Marksistik taglymata laýyklykda, döwletiň döremekligi hususy eýeçiligiň ýüze çykmaklygy netijesinde jemgyýetde synpy bölünişigiň emele gelmekligi bilen baglanyşdyrylypdyr. Önümçilik serişdelerine eýeçilik edýän synplar öz agalygyny saklamak üçin tabynlygyndakylary ezmekligiň guralyny – ***döwleti*** döredipdirler.

Döwletiň döreýşi hakyndaky gürrüňi şu ýerde jemläp, onuň esasy alamatlary hakyndaky meselä geçeliň. Jemgyýeti dolandyrmak we onuň ýaşaýyş durmuşyny kadalaşdyrmak üçin niýetlenilip döredilen edara hökmünde döwlete, esasan, aşakdaky alamatlar mahsus hasaplanylýar:

- halkyň üstünden garaýan, halkdan aýry häkimiýetiň döredilmekligi. Bu häkimiýet jemgyýetiň aýratyn bir bölegi tarapyndan amala aşyrylyp, oňa býurokratik (dolandyryjy) diwan, ýaragly güýçler, polisiýa, kazyýet edaralary we ş.m. girýär.
- adamlaryň belli bir çäkler (territoriýalar) boýunça bölünmekligi. Döwlet häkimiýeti degişli ilatly territoriýada amal edilýär.
- diwany saklamak we sosial meseleleri çözmek üçin ilatdan salgyt almaklyk.
- degişli kanunlarynyň we hukuk düzgünleriniň bolmaklygy.
- özygtyýarlylygynyň , ýagny başga hiç döwlete garaşly bolman, öz häkimiýetiniň öz territoriýasynda hökmürowanlygynyň bolmaklygy.

Ýeri gelende, "döwlet" we "ýurt" düşünjeleriniň biri-birleri bilen garjaşdyrylmaly däldigini hem belläp geçmek gerek. **Ýurt** – bu haýsydyr bir halkyň ýerleşýän çägidir, ilaty bolan bir territoriýadyr. ***Döwlet*** *bolsa, belli bir ilatly territoriýada häkimiýetlik wezipelerini amala aşyrýan edaralaryň we guramalaryň sistemasydyr*, *jemgyýetiň özboluşly syýasy guramasydyr*.

## 7.3. Döwletiň düýp mazmuny

Gadym döwürlerden bäri akyldarlar döwletiň düýp mazmunyny açmaklyga çalşypdyrlar. Aristotel döwletiň umumy bähbitleri aňlamak esasynda ýüze çykýanlygyny we bagtly ýaşamak üçin gurulýanlygyny belläpdir.

Täze döwürden başlap Ýewropada döwletiň many-mazmuny barada köp dürli pikirler öňe sürülýär. Belli iňlis alymy **Tomas Gobbs** (1588-1679) döwletiň tertip-düzgün gorkusy esasynda döränligini belläp, oňa adam ýa-da adam topary kimin garaýar. Onuň pikiriçe, döwlet köpçülikleýin isleg esasynda bellenilýän, parahatçylygy we goraglylygy üpjün edýän kişi bolýar. Gegel döwletiň başlangyjyny zorlukda görüpdir. Nemes syýasatçysy **F.Engels** we rus syýasatçysy **W.Lenin** döwletde bir synpy başga synp tarapyndan ezmekligiň guralyny görüpdirler.

Häzirki döwrüň ylmy döwlete jemgyýetiň syýasy ulgamynyň esasy edarasy, adamlaryň, jemgyýetçilik toparlaryň, synplaryň we assosiasiýalaryň hereketini we gatnaşyklaryny gönükdirýän, olara gözegçilik edýän gurama hökmünde garaýar. Döwlet jemgyýetde häkimiýetiň merkezi edarasy hökmünde çykyş edýär. Bu tötänleýin däldir. Sebäbi syýasy gatnaşyklarda esasy mesele hökmünde häkimiýet meselesi ýüze çykýar. Bu bolsa, ilkinji nobatda, döwlet bilen baglydyr. Şol häkimiýetiň gurallaryny ulanyp, döwlet edaralary jemgyýetiň syýasy ulgamynyň ähli böleklerine täsir edýär. Döwlet öz hereketini jemgyýetde agalyk edýän sosial-synpy güýçleriň bähbidine gulluk edýän kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we kazyýet häkimiýetleriniň belli bir diwany hökmünde çykyş edýär. Şol diwanyň kömegi bilen şol güýçler öz täsirini jemgyýetiň ykdysady, syýasy, sosial we ruhy gurşawlarynda berkidýärler.

Döwletiň manysy we ähmiýeti onuň wezipeleriniň üsti bilen ýüze çykýar. Olara syýasy häkimiýeti amal etmek wezipesi; ýurdy daşarky howplardan goramak wezipesi; hojalyk-guramaçylyk wezipesi; ruhy medeniýeti ösdürmek wezipesi; ideologiki wezipe; daşarky gatnaşyklar wezipesi degişli. Döwletiň özboluşly sosial wezipesine hem ünsi çekmek gerek. Ol köp sanly sosial meseleleri çözmek, adamlaryň sosial goraglylygyny üpjün etmek bilen baglydyr.

## 7.4. Syýasy häkimiýet

Gepleşik dilinde "syýasat" diýen düşünje haýsy hem bolsa bir zady dolandyrmak bilen baglanylýar. Mysal üçin, "ykdysady syýasat", "bilim syýasaty" we başgalar. Syýasat düşünjesi adam başlangyjynyň işewürligi bilen hem baglanyşdyrylýar, ýagny oýlanyşykly maksatlary we olary amal etmekligiň ýollaryny kesgitlemek ýaly manyda hem ulanylýar. Ylymda hem "syýasat" düşünjesiniň dürli kesgitlemeleri bar. Syýasatyň manysy Aristoteliň pikiriçe, döwletiň we adamyň abadançylygyny gazanmak üçin adamlary jemlemekden ybarat. T.Gobbs syýasata umumy bähbidi aňlamaklyga gönükdirilen hereket hökmünde garapdyr. Italýan akyldary **Nikolo Makiawelli** (1469-1527) syýasaty güýç hökmünde düşündirmekden ugur alýar. Marksizmde bu garaýyş ösdürilip, syýasata synplaryň häkimiýet üçin göreş meýdany hökmünde garalypdyr. Syýasata gural hökmünde garanlar hem bolupdyr. Häzirki döwürde syýasata syýasy häkimiýetiň kömegi bilen umumy bähbitleri amal etmek bilen baglanyşykly toparlaryň, partiýalaryň, adamlaryň, döwletiň hereket meýdany hökmünde garalýar. Syýasy häkimiýet bu ýerde bir subýektiň döwlet gurallaryny ulanyp, öz erkini toparlara, köpçülige, guramalara, adamlara dakmak başarnygyna öwrülýär. Syýasy häkimiýet döwletiň kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we kazyýet häkimiýetleriniň üsti bilen amal edilýär. Bir subýektiň başga birine kesgitli täsir edip bilmek başarnygy dürli serişdelere: gorka, bähbide, ynanja, adata, kanuna, däbe we başgalara esaslanyp bilýär. Syýasy häkimiýeti sosial häkimiýetiň beýleki görnüşlerinden, ýagny maşgaladan, ahlakdan, hukukdan tapawutlandyrmak gerek. Syýasy häkimiýeti amal etmek adam köpçüliginiň bähbitlerini kanagatlandyrmagy göz öňünde tutup, döwlet edaralaryna daýanýar.

Syýasat toparlaryň, adamlaryň we guramalaryň gurşawy hökmünde ahlak bilen hem jebis baglanyşykda ýüze çykýar. Arzuw edilýän geljegiň taslamalaryny saýlap almak ol ýa-da beýleki çäkli maksatlaryň ähmiýetliligi adamyň, toparyň ýagşy we ýaman, adalatlylyk we adalatsyzlyk baradaky ahlak oýlanmalaryna esaslanýar. Ahlak we syýasat jemgyýetçilik durmuşynyň irki sosial dolandyryş görnüşlerine degişlidir. Olary ýakynlaşdyrýan zat ikisiniň hem sosial saýlaw gurşawyna degişli bolýandyklary we şonuň üçin ýeterlik derejedäki hereketliligi we üýtgeýänligidir. Olaryň manysy köp zatlar: taryhy we sosial-me-

deniýetden başlap, subýektiw göz öňüne getirmeler, hatda tötänliklere çenli zatlaryň täsirine baglydyr. Ahlak bilen syýasat adamlaryň ýaşaýyş hereketlerini sazlaşdyryjy kada-düzgünleri özünde jemleýänligi üçin biri-birine golaýdyrlar. Adamlaryň özüni alyp baryş hereketi ähli adamlar üçin hökmany bolan ahlak we syýasy-hukuk kadalaryň (umumy düzgünler, ýokary nusgalyklar, özüňi alyp barmaklygyň nusgalary) üsti bilen sazlaşdyrylýar. Ýöne ahlak we syýasy kadalar biri-birinden kesgitleniş usullary we amal ediliş serişdeleri bilen tapawutlanýar. Mysal üçin, ahlak kadalary jemgyýetde adamlaryň ýagşy we ýaman, wyždan, adalatlylyk düşünjeleriniň esasynda kemala gelýärler. Jemgyýetiň agzalarynyň köpüsiniň aňlamaklary we kabul etmekleri bilen olar hökmany ähmiýete eýe bolýarlar. Syýasy we hukuk kadalary döwlet tarapyndan kesgitlenip, köplenç, degişli kanunlarda öz beýanyny tapýarlar. Olaryň çap edilmegi bilen bu kadalar hökmanylyga eýe bolýarlar. Ahlak kadalary resminamalarda berkidilmeýär. Syýasy-hukuk kadalary diňe ösen raýat jemgyýetinde adamlaryň olaryň adalatlylygyna düşünmekleri bilen meýletin ýerine ýetirilip bilner. Ýöne döwlet olaryň ýerine ýetirilmegi üçin mejbur ediji çäreleri hem ulanyp bilýär. Görşümiz ýaly, ahlak bilen syýasatyň gatnaşygy çylşyrymlydyr. Ilkibaşda syýasat agalyk edýän ahlak bilen bitewilikde bolupdyr. Adaty görnüşde şeýle bitewilik Gündogarda döräp kem-kemden Günbatara geçýär. Jemgyýet we döwlet gurluşynyň ösmekligi bilen olaryň biri-birinden tapawutlandyrmagy talap edýär. Sosial bähbitleriň we adamlaryň jemgyýetdäki ornunyň bölünişmegi, gabat gelmeýän bähbitleri sazlaşdyrmak we umumy bähbitleri kesgitlemek üçin netijeli gural hökmünde syýasaty döredýär.

## 7.5. Häkimiýetleriň bölünişigi ideýasy we häkimiýet institutlary

Häkimiýet barada gürrüň edilende **häkimiýetleriň bölünişigi** meselesi aýratyn ähmiýete eýedir. Bu meseläni ilkinji gezek iňlis alymy **Jon Lokk** çözmeklige çalyşýar. Ol ýokary häkimligi kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we federal häkimiýetlere bölmek barada pikiri öňe sürýär. Ol kanun çykaryjy wezipäni parlament, ýerine ýetiriji – harby güýçler we kazyýet, federal – korol we ministrler diýip düşündirýär. J.Lokk bu ýerde konstitusion režim teoriýasy barada gürrüň edýär.

J.Lokkyň häkimiýeti bölmek baradaky pikiri fransuz alymy **Şarl Lui Monteskýe** (1689-1755) tarapyndan has doly işlenilip düzülýär. Onuň aýtmagyna görä, her bir režimde, goý, ol monarhiýa (şalyk) bolsun ýa-da demokratiýa häkimiýet hökmany suratda kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we kazyýet şahamçalaryna bölünmelidir. Ol: "döwletde kanun döretmek häkimiýeti umumy ýurt ähmiýetli kararlary ýerine ýetirmek häkimiýeti we jenaýaty ýa-da aýry-aýry adamlaryň dawaly meselelerini sud etmek häkimiýeti biri-birinden bölmek gerek" diýip belläpdir. Ol diňe şeýle bölünişik bolan döwletde adamy kanunyň buýurmadyk zatlaryny etmeklige, kanunyň rugsat berýän zatlaryny ýerine ýetirmezlige hiç bir kişi mejbur edip bilmez" diýip hasaplapdyr.

Jemgyýetiň döwrebap syýasy ulgamynyň döremegi örän çylşyrymly meseledir. Ol kämilligi gazanmak üçin durnukly demokratik däpler esasynda, düzüm döredijiler bolan häkimiýeti, jemgyýeti we şahsyýeti sazlaşdyrmak zerurlygy ýüze çykýar. Şonda häkimiýeti amal edýän döwletiň hökmany suratda kanuna daýanýan hukuk döwleti bolmaklygy wajypdyr. Jemgyýet hem özgermelidir. Oňa dürli görnüşli assosiasiýalar, köpçülikleýin hereketler, partiýalar häsiýetli bolmalydyr. Şolaryň kömegi bilen ýerli öz-özüňi dolandyryşy artdyryp belli bir derejede döwletiň täsiri çäklendirilmelidir. Şonuň ýaly-da, bu ýerde raýata düýpgöter başga orun berilýär. Birleşmeler öz agzalaryndan düzgün-nyzamlylygy gorka görä däl-de, düşünjelilige, içki ynanja esaslanyp ýerine ýetirmekligi talap edýärler. Olar öz borçlaryny ak ýürekli ýerine ýetirip, öz hukuklaryny hem talapkär goraýarlar.

Şu hili düzgüniň döremekligi *liberal-demokratik ideologiýanyň* öňe sürýän ýörelgeleriniň agdyklyk etmegi bilen bagly bolýar. Liberal-demokratik ideologiýanyň syýasy nazaryýet esasy bolup, 1948-nji ýylyň 10-njy dekabrynda BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan kabul edilen "Adam hukuklarynyň ählumumy Jarnamasy" çykyş edýär. Bu resminama 1798-nji ýylyň 28-nji awgustynda beýik Fransuz rewolýusiýasy döwründe kabul edilen "Adamyň we raýatyň hukuklarynyň Jarnamasynyň" özboluşly amal edilişi boldy.

Ählumumy Jarnamada: "Ähli adamlar öz mertebesinde azat we deň bolup durýarlar" diýip bellenilýär. Her bir adam Jarnamanyň beýan eden ähli hukuklaryna we azatlyklaryna eýe bolmalydyrlar.

Adama degişli hukuklary we azatlyklary amal edilmeli ugurlaryna görä şahsy, syýasy, ykdysady, durmuşy-medeni, ekologiki görnüşlere bölmek bolar. Syýasatda liberal-demokratik jemgyýet görşümiz ýaly, adam hukuklarynyň, häkimiýet bölünişiginiň, öz etjek işiňi azat saýlap almaklygyň, bäsleşik azatlygynyň ýörelgelerine daýanýar. Bu syýasy ýörelgeler, bir tarapdan, syýasy filosofiýada J. Lokk tarapyndan we, ikinji tarapdan, etikada we hukuk filosofiýasynda I. Kant tarapyndan jemlenen täze döwrüň syýasy-filosofik taglymatyna daýanýar. Diý-mek, adamyň erkinligi onuň sosial jogapkärliligi bilen aýrylmaz baglanyşykda bolýar. Ykdysadyýetde liberal ideologiýa döwlet tara-pyndan ähli çäklendirmeleri aradan aýyrmagy, hususy işewürlige giň ýol açylmagyny, telekeçilige gerek bolan mümkin boldugyça erkin şertleri döretmekligi talap edýär. Häzirki döwürde hem liberal-demo-kratiýanyň tarapdarlary demokratik, erkin bäsleşik, hususy eýeçilik ýörelgelerine ygrarly bolup, döwletiň şu şertleriň döremegine yzy-giderli täsir etmekliginiň gerekligini, adamyň diňe demokratik düz-güniň içinde mertebelenýänligini belleýärler. Demokratik däl syýasy düzgünlere *totalitarizm* we awtoritazm ýaly düzgünler degişlidir. To-talitarizm demokratiýanyň garşydaşy bolany sebäpli, biz şu düzgüniň üstünde durup geçeliň. **Totalitarizm** ("*totalis*" latynça – "*tutuşlaýyn*") jemgyýetiň syýasy, ykdysady we ruhy taraplaryna döwletiň doly gözegçilik etmekligi bilen tapawutlanýar. Bu ýerde adamlaryň oý-pikirleri hem göz astynda bolýar. "Başgaça pikirlenýän" diýen dü-şünje oňa şaýatlyk edýär. XX asyryň uzak döwründe adamlaryň aň-düşünjesi bir ölçegiň esasynda gurnaljak bolundy. Adamlaryň aňy galypa salnanda, olaryň ruhy weýran bolýar. Gazaply düzgünler ozal hem bolan, ýöne totalitarizm täze döwrüň zalymlygy bolýar. Sebäbi raýatlaryň üstünden doly gözegçilik köpçülikleýin maglumat serişdeleriniň, radionyň, telewideniýäniň döremegi bilen mümkin boldy. *Totalitarizmde adam döwlet maşynynyň öňünde ýeke galyp, oňa boýun bolmaklyga zorluk bilen mejbur edilýär.*

### 7.6. Hukuk ideýasy we hukuk häkimiýeti

Bu meseläni "hukuk" sözüniň manysyny açyp görkezmekden başlalyň. Ilki bilen onuň iki manysyna ünsi çekeliň. Birinjiden, „hukuk"

sözi aýratyn adama bagly bolmadyk adamyň özüni alyp barşynyň düzgün-nyzamynyň bar bolan ulgamyny aňladýar. Oňa *obýektiw hukuk* diýilýär. Ikinjiden, bu düşünje bilen adamyň haýsy hem bolsa bir zada dalaşmaklygy, bir zady talap edip bilmekligi aňladylýar. Bu *subýektiw* hukuk bolýar. Umuman, hukugyň hakykylyk, dogruçyllyk, adalatlylyk bilen baglanyşyklydygyny bellemeli. Ol adamy ýalandan, adalatsyzlykdan, eden-etdilikden goraýar. Bu ýerde eden-etdilik hukuga garşy duran zatlaryň umumy aňlatmasy bolýar.

Hukuk we eden-etdilik bir ýere sygyşmaýan zatlardyr. Ýöne welin, jemgyýetde elmydama eden-etdiligem bolýar. Ony kim edýär? Elbetde, adamlar biri-birine degişlilikde edýärler. Her bir jenaýat jenaýatkäriň öz pidasyna degişlilikde amala aşyran eden-etdiligidir. Ol adamyň öz islegine görä özüňi alyp barmaklygynyň, ýaşaýşynyň düzgünini bozýar. Häkimiýetiň hem eden-etdilige ýol berýän pursatlary az däl. Bu ýerde eden-etdilik diňe bir häkimiýetiň özi tarapyndan kabul edilen kanunlary bozmaklygy bilen çäklenmän, eýsem eden-etdilige ýol berýän kanunlary kabul edýänliginde hem öz beýanyny tapýar. Has erbedi, haçan-da, eden-etdilik kanun esasynda aklanylyp, kanunda hukuk bilen gabat gelmeýän düzgünler esasynda kesgitlenmegidir. 1934-nji ýylyň 1-nji dekabrynda sowet häkimiýeti tarapyndan kanunçylyk güýjüne eýe bolan "halk duşmanlary" bilen göreş barada karar kabul edilýär. Ol kanun adamy özüňi goramaklyga we kazyýetiň kararyna arz etmeklige bolan hukuklaryndan mahrum etdi. Kazyýet derňewiniň açyklygy ýok edildi. Bu karar ýurtda adam hukuklarynyň ýoýulmagyna getirdi. Bigünä adamlaryň köpçülikleýin tutulmagyna, ýok edilmegine getirdi. Şu zatlar hukukmy ýa-da eden-etdilik?! Bu ýerde ýüze çykan bähbitleriň biri-birine garşy durmagyny nähili sazlaşdyrmaly? Şeýle hili soraglaryň jogaplary uzak döwrüň dowamynda gözlenilip gelnipdir. Bu meselede "hukuk – bu döwletiň kabul eden ähli kararlary we görkezmeleridir" diýen garaýşy goldaýan adamlar hem az bolmandyr. Hukuga şeýle garamak öz gözbaşyny gadymyýetden alyp gaýdýar. Ilki döwürlerde hukuga Hudaýyň erkiniň ýüze çykmasy hökmünde düşünilipdir. Beýle garaýyş hukugyň we eden-etdiligiň nämedigini döwlet häkimiýetiniň kesgitleýänligini aklaýar. Hukuk bu ýerde döwletiň erkiniň kanunda aňladylmasyna

öwrülýär. Adamlar diňe döwletiň peşgeş beren hukuklaryna kaýyl bolup ýaşamaly. Ýokarda getirilen mysal munuň aýdyň mysalydyr, ýagny häkimiýetiň hukugyň üstünden agalygy elhenç görnüşde ýüze çykyp bilýär.

Hukugyň mazmuny dogrusynda başga hili garaýyşlar hem az däl. Mysal üçin, hukuga daşky güýjüň mejbur etmekligi däl-de, adalatlylyga eýerip hereket etmekligiň görkezmesi hökmünde düşünilmegi bilen baglanyşykly garaýyş. Onuň esasynda gadymy rim düşünjesi ***“jus”*** – *hukuk* we ondan gelip çykýan ***“justitia”*** – *adalatlylyk* diýen düşünje ýatyr. Bu taglymata görä, hukuk “ýokarda” häkimiýet edarasynda däl-de, “aşakda” adamlaryň bilelikde ýaşaýan we hereket edýän, olaryň bähbitleriniň çakyşýan ýerinde döreýär. Şeýle çakyşmalaryň yzygiderli ýüze çykýanlygy sebäpli, kem-kemden olary sazlaşdyrmagyň, biri-birlerini üstüni ýetirmeginiň, özara täsirini göz öňünde tutulmagynyň düzgünleri işlenip düzülýär.

Ýöne adamlaryň bähbitleri esasynda döreýän dawalary neneňsi çözmeli, gapma-garşylykly bähbitleri nädip sazlaşdyrmaly? Onuň üçin her bir tarapyň bähbitleriniň çägi, ölçegi kesgitlenilmeli. Has dogrusy, şol bähbitleri kanagatlandyrmaklyga gerek bolan erkinligiň ölçegini kesgitlemeli. Häzirki döwrüň ylmy hukuga “hukuk – bu erkinligiň ölçegidir” diýen kesgitleme berýär. Bu kesgitlemeden ugur alnanda, häkimiýetiň hukugyndan hukuk häkimiýetine geçmeklige ýol açylýar. Başgaça aýdylanda, häkimiýet hukuk döwletiniň häkimiýetine öwrülýär. Hukuk döwletine öwrülen döwlet bozup, ýatyryp ýa-da çäklendirip bolunmaýan hukuk kadalarynyň esasynda we olaryň çäginde hereket edýär. Bu döwletde raýatlaryň we olaryň birleşmeleriniň elinden alynmaýan tebigy-taryhy hukuklary ykrar edilýär.

## Sekizinji bap
## Jemgyýetiň sosial durmuşy

Jemgyýetiň sosial gurluşy. Jemgyýet we adamzat. Millet we onuň düýp mazmuny. Maşgala we nika. Demografik meseleler.

## 8.1. Jemgyýetiň sosial gurluşy

Her bir jemgyýetde sosial birleşmeler – sosial toparlar we gatlaklar hem-de milli umumylyklar hereket edýärler. Olar özara ykdysady, sosial, syýasy, medeni gatnaşykda bolýarlar. Olaryň aragatnaşygy we özara täsiri jemgyýetiň sosial düzümini emele getirýär. Jemgyýetiň sosial toparlara, esasan, synpy toparlara bölünmekliginiň esasyny zähmet bölünişigi, önümçilik serişdelerine we öndürilen önümlerden gelýän girdejilere bolan eýeçilik gatnaşyklary düzýär. Zähmet bölünişigi esasda synplar, hünär toparlary we beýleki sosial toparlar, şonuň ýalyda, şäher we oba ýaşaýjylary, akyl we fiziki zähmet bilen meşgul bolýan sosial toparlary döreýär. Eýeçilik gatnaşyklary jemgyýetiň sosial düzümindäki içki bölünişigi ykdysady taýdan berkidýär.

Jemgyýetiň sosial düzüminiň esasy bölеklerine: synplar; şäher we oba ilaty; akyl we fiziki zähmetiň wekilleri; gatlaklar (jemgyýetdäki orny diňe bir sosial-ykdysady gatnaşyklar bilen däl-de, eýsem bar bolan däp-düzgünler we hukuk kadalar bilen kesgitlenýän sosial toparlar); sosial-demografiki toparlar (ýaşlar, ýaşuly nesil, aýallar, erkekler; milli umumylyklar – milletler, etniki toparlar we başg.) girýärler. Ähli sosial toparlar we milli umumylyklar diýen ýaly öz düzümi boýunça birmeňzeş bolmandyklary sebäpli, olar öz gezeginde ykdysady, syýasy, sosial we beýleki bähbitlere eýe bolan sosial toparlara we gatlaklara bölünýärler. Şu ýagdaý sosiologiýada giňden ýaýran **stratifikasiýa** taglymatynda düýpli öwrenilýär. Bu taglymat jemgyýeti dürli esaslara görä: adamlaryň girdejisiniň derejesi, hünäri, işiniň görnüşi, syýasy garaýyşlary, gymmatlyklara gözükmesi we başgalar boýunça gatlaklara *(stratalara)* bölýär.

Jemgyýetde bar bolan sosial toparlaryň we milli umumylyklaryň özara baglanyşygy üýtgemeýän görnüşde däl-de, üýtgeýän, hereketli görnüşde bolup, kähalatlarda olaryň ol ýa-da beýleki mätäçliklerini kanagatlandyrmak we bähbitlerini amal etmek meseleleri boýunça işjeň görnüşe eýe bolýar. Şonda olar öz aralarynda belli bir gatnaşyklara girişýärler. Bu ýerde sosial düzümiň hereket edýän tarapy bolan sosial gatnaşyklar barada gürrüň gidýär. Bu gatnaşyklar subýektleriň arasynda maddy baýlyklary ulanmak, olaryň ýaşaýyş durmuşyny gowulandyrmak, bilim almak, ruhy gymmatlyklara eýe bolmak we ş.m. bilen baglanyşykly mätäçliklerini kanagatlandyrmak boýunça ýüze çykýar. Bu ýerde

gürrüň ol ýa-da beýleki sosial toparyň, birleşmäniň jemgyýetçilik durmuşynyň sosial gurşawyna, şol gurşawda özüni ykrarlamagyna degişli gerekliliklerini kanagatlandyrmaklygy barada barýar.

Jemgyýetiň sosial düzüminiň barlygynyň wajyp tarapy, onuň hereketliligi bilen baglydyr. Bu ýerde adamlaryň ol ýa-da beýleki sosial toparlardan we gatlaklardan beýlekilere geçýändikleri barada gürrüň gidýär. Mysal üçin, haçan-da daýhan obadan şähere göçüp gelende, ol diňe oba ýaşaýjysyndan şäher ýaşaýjysyna geçenok, şäherde haýsy hem bolsa bir işe durmagy bilen başga sosial topara hem geçýär. Bu meseläni öwrenmekligiň wajyp ähmiýetli bar. Sebäbi jemgyýetde bolup geçýän hereketi öňünden görmeklik onuň durnuklylygyny saklamaklygyň şertidir.

Jemgyýetiň sosial düzüminiň hereketdeliligi we sosial toparlaryň özara täsiri baradaky meseleler ýokarda garalan raýat jemgyýetiniň meseleleri bilen baglanyşykda bolýar. Bilşimiz ýaly, öz döwründe bu meseläniň üstünde ***Gegel*** hem durup geçipdir. Raýat jemgyýetini ol hususy bähbitleri we gereklilikler hususy eýeçiligiň we adamlaryň ählumumy deňliginiň esasynda belli bir derejede döwlete bagly bolman, kanagatlandyrýan gurşaw hökmünde häsiýetlendiripdir.

Raýat jemgyýeti hususy eýeçilige we hukuga esaslanýan şahsyýetler we gatlaklaryň arasyndaky gatnaşyklar ulgamy hökmünde öňe çykýar. Gegel, köplenç, raýat jemgyýetiniň sosial-ykdysady we hukuk taraplarynyň arabaglanyşygy baradaky soragy öňe sürüpdir. ***Marks*** raýat jemgyýetinde taryhy ösüşe düşünmekligiň açaryny gözlemelidigi barada aýdyp gidipdir. Bu hem tötänleýin däl, sebäbi marksistik garaýşa görä sosial-ykdysady gurşaw jemgyýetiň esasy hasaplanylýar. Ol gurşaw we onda amal edilýän eýeçilik gatnaşyklary raýat jemgyýetiniň ösüşini häsiýetlendirýän esasy bölek bolýar.

Raýat jemgyýeti baradaky meselelere garalanda, öňki döwürlerde ýaşap geçen akyldarlaryň galdyran miraslaryna esaslanyp, şu günki hakykata, bu meseläniň häzirki döwürde işlenilişini göz öňünde tutmalydyr. Raýat jemgyýetine jemgyýetde bar bolan uly we kiçi sosial toparlaryň özara täsiri hökmünde garamak dogry bolsa gerek. Olaryň özara täsiriniň ykdysady esasy eýeçiligiň dürli görnüşleriniň erkin ösüşi bolmalydyr. Olaryň bähbidini bolsa kanunyň agalyk edýän hukuk döwletiniň degerli guramalary goramaly. Netijede, raýatlaryň bähbitleri

we hukuklary esasynda gurlan raýat jemgyýetinde her bir adam özüni erkin we döredijilikli ýüze çykaryp, jemgyýete we adamlara getiren peýdasyna görä öz isleglerini kanagatlandyrýar. Bu ýerde ol döwletiň ähli hukuk we sosial goraglylyk serişdelerinden peýdalanýar.

Häzirki döwürde Türkmenistanda şeýle jemgyýetiň kemala gelmekligi üçin köp esaslar döredildi. Ýurtda sosial goragy, eýeçiligiň dürli görnüşlerini özünde jemleýän ykdysadyýet hereket edýär, adam hukuklaryny goraýan hukuk döwleti berkeýär. Esasan hem jemgyýetde raýat jemgyýetiniň esasyny düzjek orta gatlak döräp başlady.

## 8.2. Jemgyýet we adamzat

**Jemgyýet we bileleşik.** Jemgyýet bitewi durmuşy-medeni ulgam bolup çykyş edýär. Jemgyýet birnäçe ulgamlardan durýar, olar bitewileşdiriji, ulgam dörediji häsiýetlere eýe bolýarlar. Şol ulgamlaryň biri bolup *sosial topar* çykyş edýär.

Sosial toparlar – bu belli bir häsiýetdäki durmuşy hereketiň subýekti bolup, hakykatda bar bolan adamlaryň bitewi birleşigi görnüşde çykyş edýär. Sosial toparlar – bu:

- hyýaly däl-de, hakyky, onda-da barlap bolýan birleşikdir;
- adamlaryň, sosial toparlaryň ýönekeý (mehaniki) jemi bolman, eýsem özünde ulgamlaýyn häsiýetleri jemleýän bitewilikdir;
- durmuşy özara täsiriň subýekti, ýagny olaryň özüniň ösüşiniň we öz hereketiniň hereketlendirijisidir.

Sosial toparlar özüniň köp dürli görnüşliligi bilen tapawutlanýarlar. Iki adamy özünde jemleýän kiçi toparlardan başlap, köpsanly halkara syýasy we ykdysady hereketler onuň dürli görnüşleridir. Sosial toparlary tapawutlandyrmak üçin dürli alamatlar esas edilip alynýar. Şolaryň esasynda territorial, etniki, demografiki toparlary tapawutlandyrmak mümkin. Ýokarda görkezilişi ýaly, sosial toparlar jemgyýetiň bitewilenmeginde, adamlaryň öňünde duran meseleleri çözmekde wajyp orun eýeleýärler. Olaryň jemgyýetiň durmuşyndaky ornunyň ykrarlanmagy raýat jemgyýetiniň döremegine esas bolýar.

Raýat jemgyýeti baradaky ideýa öz gözbaşyny antiki döwürden alyp gaýdýar. Rimli akyldar ***M.Siseron*** (b.e. öňki 106-43 ý.ý.) raýatyň

ýönekeý, durmuşy meseleden başga zada eli ýetmeýän adamdan tapawudyna ünsi çekipdir.

***M.Weberiň*** pikirler akymynda raýat jemgyýeti hakykylykdan has daşda bolan akyl ýetiriş abstraksiýasy, ideal kysym bolýar. Ýöne pikiriň özünde belli bir many bar. Onuň manysy ýokarda bellenilişi ýaly, häkimiýeti, jemgyýeti we şahsyýeti sazlaşdyrmak bilen baglanyşykly. Şeýle sazlaşyk gazanylanda häkimiýeti amal edýän döwletiň hökmany suratda kanuna daýanýan hukuk döwleti bolmaklygy wajypdyr. Şonda jemgyýet hem özgermelidir. Oňa dürli görnüşli assosiasiýalar, köpçülikleýin hereketler, partiýalar häsiýetli bolmaly. Şolaryň kömegi bilen ýerli öz-özüňi dolandyryş täze derejä galyp, belli bir şertlerde döwletiň täsiri çäklendirilmelidir. Raýatyň hem bu ýerde orny düýpgöter üýtgeýär. Olar indi öz wezipesine yhlasly, jogapkärçiligi duýýan, borçlaryny ýerine ýetirýän adamlardyr. Başgaça aýdylanda olar ýokary hukuk, ahlak, syýasy aňly, hukuk medeniýetli adamlardyr. Şeýle häsiýetlere eýe bolan adamlar köpelip jemgyýetde kem-kemden artýan kuwwatly *orta gatlak* döremelidir. Şol bir wagtda bu ýerde hyýalylykdan ýokary galmaklyk wajypdyr. Mesele ýeňil däl. Bu jemgyýetde hemme adamlar eýeçiler bolup çykyş etmeli we bolelin ýaşamalydyr. Ýöne adamzadyň şu güne çenli toplan tejribesi biriniň baýlyk toplamaklyga bolan nebsini we beýlekiniň mugthorlukda ýaşamak pikirini aradan aýryp bilmedi hem-de ýetmezçilik meselesini çözüp bilmedi. Bu birinjiden. Ikinjiden, ähli adamlaryň kanuna boýun raýatlar bolmaklygy hem göz öňüne getirilmegi örän kyn meseledir. Şu ýeňil bolmadyk meseleleriň çözgüdini döwletiň, jemgyýetiň we adamyň sazlaşygynyň, adamyň pähim-paýhasynyň üsti bilen tapmak mümkin. Diýmek, täze adamyň ýetişmegi, adamyň özüne akyl ýetirmegi we özünde adamkärçiligi açmaklygy şol çözgüde barýan ýollardyr.

## 8.3. Millet we onuň düýp mazmuny

Her bir jemgyýetde millet[26] wajyp orun tutýar. Millet belli bir territorial çäklerde taryhyň dowamynda kemala gelen adamlaryň dur-

---

[26] ***Bellik.*** Bu ýerde "millet" düşünjesi *etnos – halk* diýen düşünje bilen manydaş söz hökmünde alynýar. Aslynda, halkyň *millet* derejesine ýetmekligi özüniň döwleti bolmaklygy bilen baglydyr. (Ö.M.)

nukly birleşmesi bolup, oňa bitewi dil, medeni we psihiki umumylyk mahsusdyr. Şonuň ýaly-da, onuň agzalaryna özlerini başgalardan tapawutlandyrýan bitewilge degişlidiklerini aňlamak häsiýeti mahsus bolýar. Milletiň döremegi üçin tebigy esas bolup birek-birek bilen pikir alyşmaklyga we bitewileşmeklige mümkinçilik berýän territorial umumylyk hyzmat edýär. Milletiň döremekliginiň ýene bir şerti bolup dil umumylygy çykyş edýär.

Dörän milletiň birikdiriji görkezijisi bolup milli aň çykyş edýär. Bir millete degişliligiňi we ykbalyň birligini aňmaklyk adamlarda millilik duýgusyny berkidýär. Millet döränden soňra bitewi organizm hökmünde hereket edýär, ol içerki nikalar we nesilleri terbiýelemek işi bilen öz-özüni täzeden döredýär. Has durnukly ýaşamak üçin millet döwlet görnüşindäki öz sosial-territorial guramasyny döretmeklige çalyşýar.

Ýokarda bellenilişi ýaly, her bir milletiň döremekliginde ruhy medeniýetiň wajyp bölegi bolan, özüni rowaýatlardan we dini garaýyşlardan alyp gaýdýan dünýägaraýyş aýratyn orun eýeleýär. Türkmen milletiniň dünýägaraýşy ýekehudaýlylyk pikirleriniň esasynda kemala gelip, irki döwürlerde özüniň şöhlelenmesini rowaýatlarda, ertekilerde tapdy. Bütin halk üçin ýeke-täk ynanjyň, bitewi gymmatlygyň ýüze çykarylmagy milletiň akyl we duýgy, beden we köňül kuwwatynyň peýda bolmagyna getiripdi.

Türkmeniň milli aňynyň berkemeginde yslam dini aýratyn orna eýe bolupdyr. Türkmen aňynyň esasy aýratynlyklary we türkmen aňynyň, ýaşaýşynyň ähli taraplary belli bir derejede yslam dininiň ýörelgeleriniň maddy we ruhy ýüze çykmasy bolýar. Orta asyrlarda türkmeniň milli aňyna dünýewi gymmatlyklar ornaşyp güýçli täsir edip başlaýar. Şeýlelikde, berkän türkmen milleti özüniň sada sagdynlygy, gaýduwsyzlygy we ynsanperwerligi bilen tapawutlanýar. Baknalyk döwründe olary gowşatmaklyga meýiller edildi.

XX asyryň ahyrynda türkmen halky öz garaşsyzlygyny almaklygy bilen şu ajaýyp häsiýetler täzeden dikeldilip, türkmeniň döredijilik hyjuwynyň artmaklygyna täze esaslar döreýär. Türkmeniň aňyna umumadamzat gymmatlyklary we äheňleri tebigy suratda ýakyn bolýar. Türkmen halka özüni beýleki milletlerden tapawutlandyrýan sypatlary däl-de, özüni özgelere ýakynlaşdyrýan ölçegleri ileri tutýar. Türkmen halky adamlary biri-birinden çetleşdirýän synpy, dini, milli we beýleki ýö-

relgelerden daşda durup, adama we adamzada dereje berlip gelipdir. Şonuň üçin hem türkmen milletiniň uýýan ýörelgeleri çuňňur ynsanperwer häsiýete eýe bolýar. Diýmek, türkmeniň milliligi milletçilige getirmeýär. Türkmen beýleki milletleri beýgeldip beýgelýär.

Milletçilik bolsa, ýokarda jynsparazlyk taglymatlaryň eden täsiriniň mysalynda görkezilişi ýaly, beýleki milletleri kemsidip özüňi beýgeltjek bolmakdyr. Bu hili garaýyşlaryň nähili derejede elhençligine adamzat XX asyrda ýüze çykan faşistik hereketleriň mysalynda hem göz ýetirdi.

## 8.4. Maşgala we nika

Maşgala barada ylmy edebiýatda dürli hili garaýyşlar bar. Ilki bilen biz maşgala jemgyýetiň edarasy hökmünde garaýşyň üstünde durup geçeliň. Şonda jemgyýetiň beýleki edaralaryndan maşgalanyň tapawutlandyrylmagynyň tötänleýin däldigini belläliň. Jemgyýetçilik durmuşyny öwrenýän ähli ylymlarda maşgalany nesillerden-nesillere miras alynýan medeni nusgalary göteriji hem-de şahsyýeti terbiýelemegiň şerti hasaplaýarlar. Hut maşgalada adam ilkinji durmuşy tejribä, özüňi jemdyýetde alyp barmak endiklerine eýe bolýar. Ol bu ýerde bilimiň esaslaryny alýar.

Her bir jemgyýet üçin maşgala durmuşynyň esaslary, däp-dessurlary we düzgünleri özüniň özboluşlylygy bilen tapawutlanýar. Özem her bir adam üçin hut onuň özüniň jemgyýetindäki maşgala durmuşynyň gurluşy, maşgala däpleri we esaslary ýeke-täk mümkin bolan we iň gowy esaslar bolýarlar. Şol sebäpli maşgala durmuşyna, köplenç, milli nukdaýnazar bilen garalýar.

Eger maşgalanyň jemgyýetdäki ornuny aňlamak üçin onuň taryhyna garalsa, onda jemgyýetiň iň ýöntem görnüşlerinde maşgalanyň ýeke-täk sosial edara bolanlygy tassyklanylýar. Bu ýerde häkimiýeti, harytlary we beýleki baýlyklary bölmek meselesinde bir ýa-da birnäçe maşgalanyň maslahatynyň esasynda çözülendir. Has çylşyrymlaşan medeniýetlere geçilmegi bilen jemgyýetde beýleki edaralar döräp, olaryň ähmiýeti artyp başlaýar. Taýpalaryň ulalmaklygy bilen medeniýet ösüp syýasy guramalary döretmek gerekliligi döreýär. Şonuň ýaly-da, dini we beýleki edaralar döräp başlaýarlar, terbiýeçileriň we

ruhanylaryň kanunlaşdyrylan wezipeleri döredilýär. Olaryň käbiri maşgaladan aýrylýar.

Görşümiz ýaly, maşgala jemgyýetiň ähli sosial edaralarynyň esasy bolýar. Şonuň üçin maşgalanyň ösüşi barada aýdylanda, jemgyýetiň ösüşi göz öňüne gelýär. Jemgyýetiň beýleki edaralary ýaly maşgala hem jemgyýet derejesinde ähmiýetli wezipeleri ýerine ýetirmek üçin kadalaryň we düzgünleriň ulgamy gerek bolýar. Bu ýerde ol çagalary terbiýelemekligi we jemgyýetiň beýleki gereklilikleri üpjün edýän nika bilen birikdirilen topar ýa-da garyndaşlyk hökmünde kesgitlenýär. Jemgyýetiň köp görnüşlerinde maşgalanyň wezipeleri biri-birinden kän tapawutlanmaýar, şol bir wagtda hem adamlaryň olary amal ediş görnüşleri we usullary tapawutlanýar. Mysal üçin, türkmen maşgalasyna *monogamiýa* (**monos** grekçe – bir, ýeke-täk, **gamos** – nika) we *giňeldilen görnüş* häsiýetlidir. Oňa beýlekiler bilen meňzeşlik hem häsiýetli. Ähli jemgyýetlerde diýen ýaly maşgalanyň döreýän başlangyç döwri kynçylyklar bilen bagly bolup, är-aýal, ýanýoldaşlyk gatnaşyklary barlagyndan geçmeli bolýar.

Nikany jemgyýetçilik tarapyndan makullanan, maşgalany düzýän iki ýa-da köp adamlaryň maşgala bolmaklaryna kömek berýän özüňi alyp barmaklygyň nusgalary diýip kesgitlese bolar. Nika baglanyşygy diňe bir nesil öndürmek üçin gerek bolman, eýsem ýene-de ençeme hukuk we borç kadalaryny göz öňünde tutýar. Şonda her bir jemgyýet özüniň maşgalada adamlaryň özüňi alyp barmaklygyň nusgalyk ulgamyny döredýär.

Jemgyýetiň ähli görnüşlerinde maşgala kesgitli sosial meseleleri çözmekligi maksat edinýän sosial institutlaryň biridir. Ol şeýle institut hökmüde dürli funksiýalary ýerine ýetirýär. Olaryň iň esasylary jemgyýetiň täze nesilleri öndürmek we adamy milli hem-de umumadamzat gymmatlyklaryna girişdirmek, pikir alyşmak, şeýle-de duýgy isleglerini kanagatlandyrmak ýaly funksiýalardyr.

Öz düzümi we hili zerarly maşdala adamlaryň duýga bolan isleglerini kanagatlandyrýan esasy çeşme bolýar. Garyndaşlyk we ýanýoldaşlyk gatnaşyklary adamlara şeýle mümkinçilikleri döredýär. Maşgalada terbiýelenen her bir adam maşgala agzalaryndan miras hökmünde ony häsiýetlendirýän dürli derejeleri alýar. Olar onuň milleti,

şäher ýa-da oba medeniýetindäki orny we başgalardyr. Jemgyýetiň ähli görnüşlerinde maşgala öz agzalarynyň fiziki, ykdysady we psihologiki goraglylygyny üpjün edýär. Aýratyn ýagdaýlarda maşgala agzalary adamyň günäsi üçin günä we gynanç çekýärler. Maşgala agzalary bilelikde hojalyk ýöredip, öz agzalarynyň arasynda berk ykdysady baglanyşygyň bolmagyna hemaýat edýärler. Maşgala jemgyýetiň iň berk ykdysady topary hökmünde hem çykyş edýär.

## 8.5. Demografik meseleler

Maşgalalaryň esasy funksiýalarynyň biriniň täze nesilleri öndürmeklikdigi barada biz ýokarda hem belläp geçipdik. Maşgalalaryň döremekligi nikalaşmalar bilen baglanyşyklydyr. Jemgyýetde nikalaşmalaryň köpelmekligi çaga dogluşynyň derejesine, netijede bolsa, ilatyň san taýdan artmaklygyna täsir edýär. Nikalaşmalar, nika bozulmalary, çaga dogluşy, adam ölümi, migrasiýa ýaly meseleler wajyp demografik meselelerdir.

Jemgyýeti düzýän adamlar ýaş aýratynlygy, jynsy, maşgala ýagdaýy we ýaşaýan ýeri ýaly alamatlara görä dürli toparlara girýär. Adamlar bu alamatlar esasynda dürli ýaşdaky toparlara, aýallara we erkeklere, obalylara we şäherlilere, maşgalalylara we maşgalasyzlara (sallahlara we dullara) bölünýär. Adamlaryň şeýle toparlaryna ylmy dilde *demografik toparlar* diýilýär. Demografik toparlar sosial toparlaryň bir görnüşi bolup, jemgyýetçilk durmuşynda ähmiýetli roly oýnaýan toparlardyr. Hakykatdan-da, demografik toparlaryň hemmesi diýen ýaly jemgyýetçilik ösüşine öz täsirini ýetirip bilýän toparlardyr. Mysal üçin, belli bir döwürde ilatyň düzüminde çagalaryň agdyklyk etmegi olary iýdirip-içirmek, geýindirmek, okadyp-öwretmek, terbiýe bermek bilen baglanyşykly maşgala we döwlet çykdajylarynyň artdyrylmagyny zerurlyga öwürýär.

*Demografiýa* – bu ilaty öwrenýän ylmyň adydyr. Aslynda, demografiýa sözi **demos** – *halk* we **grapho** – *ýazýaryn* diýen manylary aňladýan gadymy grek sözlerinden emele getirilen düşünjedir.

Demografiýanyň esasy öwrenýän obýekti ilatdyr. *Ilat* – bu belli bir çäkde (belli bir obada, şaherçede, etrapda, şäherde, welaýatda,

ýurtda, sebitde we tutuş dünýäde) ýaşaýan adamlaryň köplügidir. Bu köplük wagtyň dowamynda sany azalyp ýa-da köpelip bilýän we düzümi üýtgäp durýan köplükdir.

Çägiň (mysal üçin, ýurduň) ilatynyň sanynyň we düzüminiň üýtgemekligi üç sany demografik hadysa bilen baglanyşyklydyr. Has dogrusy, çägiň ilatynyň sanynyň we düzüminiň üýtgemegi, esasan, şu aşakdaky sebäplere baglydyr:

- çaga dogluşynyň derejesiniň ýokary ýa-da pes bolmagyna;
- ölüm hadysalarynyň köpelmegine ýa-da azalmagyna;
- çäge göçüp gelýänleriň (ýa-da ondan göçüp gidýänleriň) sanynyň köpelmegine ýa-da azalmagyna.

Aýdaly, ýurtda çaga dogluşynyň derejesi ýokary bolup, üstesine-de ölýänleriň sany azalyp başlasa, ýurduň ilatynyň sany hem köpelýär. Ýurduň ilatynyň sanynyň artmagyna bu ýurda göçüp gelýänleriň sanynyň artmagy hem oňyn täsir edýär.

Ýurduň ilatynyň sany, düzümi *(adamlaryň ýaşy, jynsy, maşgalalygy we ş.m. alamatlar boýunça)* sebitler boýunça ýaýrawy, gürlügi *(1 kwadrat kilometre düşýän adam sany*), çaga dogluşynyň we adam ölüminiň derejesi, ilatyň göçüp-gonuş hereketi baradaky maglumatlar döwletiň demografik syýasatyny işläp düzmek üçin, onuň esasy ugurlaryny kesgitlemek üçin zerur bolan maglumatlardyr. Aýdaly, alnan maglumatlar ýurtda çaga dogluşynyň derejesiniň barha pese düşýänligini görkezýän bolsa, onda döwlet öz durmuş-ykdysady ösüşiniň baş ýörelgelerinden ugur alyp, çaga dogluşyny artdyrmak bilen baglanyşykly çäreleriň durmuşa geçirilmegini özüniň demografik syýasatynyň esasy maksadyna öwürýär.

Dünýäde häzirki döwürde ýüze çykýan demografik meseleler çözülmesi aňsat bolmadyk meseleleriň hataryna girýär. Bu meseleler halkara jemgyýetçiligini barha aladalandyrýar. Ýer togalagynyň onlarça milliard ilaty eklemeklige mümkinçiliginiň barlygyna garamazdan, dünýä baýlygynyň paýlanylyşy gyradeň däldir. Dünýäniň iň köp ilatly sebitleri bolan Aziýa we Afrika ýurtlarynda ilatyň sanynyň barha artmaklygy iýmit ýetmezçiligi, işsizlik, garyplaşmak ýaly hadysalaryň ýitileşmegine getirýär. Emma munuň tersine, Günbataryň ösen döwletleriniň köpüsi üçin ilatlarynyň sanynyň çaga dogluşynyň derejesiniň peselmegi netijesinde ilatyň düzüminde garry adamlaryň

paýynyň artmagyna sebäp bolýar we ol ýurtlar işçi güýjüni daşardan çekmeklige mejbur bolýarlar. Häzirki döwürde Ýewropanyň köp döwletlerinde gara işlerde ol ýurtlara göçüp baran aziýalylar we afrikalylar işleýär. Ilatyň düzüminde başga ýerlerden göçüp baranlaryň sanynyň barha artmagy Ýewropa ýurtlarynda özboluşly kynçylyklary döredýär. Göçüp baranlaryň (emigrantlaryň) hukuklarynyň kemsidilmegi olar bilen häkimiýetiň, ýerli ilatyň arasynda belli bir dartgynlyklaryň döremegine sebäp bolýar.

## Dokuzynjy bap
## Jemgyýetiň ruhy-medeni durmuşy

Jemgyýetçilik aňy. Jemgyýetçilik aňynyň düzümi. Jemgyýetçilik aňynyň formalary we olary çäklendirmekligiň ölçegleri. Diniň filosofiýasy. Ahlak aňy. Medeniýet we sungat

### 9.1. Jemgyýetçilik aňy

Ilki bilen jemgyýetçilik aňyna tutuşlygyna jemgyýetiň ruhy durmuşy hökmünde garap, onuň jemgyýetiň ýaşaýşynda we ösüşinde wajyp orna eýeligini bellemek gerek. Onuň düzümine girýän düşünjeler, garaýyşlar, pikirler, ýörelgeler jemgyýetçilik durmuşyny dogry we giňişleýin şöhlelendirýän bolsa, ol jemgyýetiň durmuşynda oňaýly ruhy-psihologiki atmosferany döredýär. Jemgyýetçilik aňy çäkli bolan ýagdaýynda bolsa, jemgyýetiň ruhy durmuşy garyplaşýar.

Aýratyn adamyň aňy we jemgyýetçilik aňy biri-biri bilen özara baglanyşyklydyr. Aýratyn adamyň aňynda onuň jemgyýetde ýaşaýşynyň we hereketiniň özboluşlylygy, şonuň ýaly-da, onuň häsiýetiniň, ruhy medeniýetiniň derejesi ýüze çykýar. Aýratyn adamyň aňy bilen jemgyýetçilik aňy biri-birlerine özara täsir edýär. Aýratyn adamlaryň özboluşly aňy täsin obrazlar, ideýalar bilen jemgyýetçilik aňyny baýlaşdyrýar. Şol bir wagtyň özünde hem her bir adamyň aňy jemgyýetçilik aňynyň täsiri bilen kemala gelýär we ösýär.

Aýratyn şahsyýet öz halkynyň, adamzadyň ruhy baýlygyny näçe köp özleşdirse, şonça-da ol ruhy taýdan baý bolýar.

Jemgyýetçilik aňynyň funksiýalary köpdürlüdir. Olaryň käbiriniň üstünde durup geçeliň. Olaryň birinjisi akyl ýetirmek funksiýasy. Jemgyýetçilik aňy adamlaryň gös-göni amaly işiniň hem, ylym äleminde amala aşyrylýan akyl ýetiriş işiniň hem netijeleriniň tebigat biliminde, jemgyýetiň durmuşyna akyl ýetirmeginiň netijeleri bolsa jemgyýetçilik taglymatlarda umumylaşdyrylýar.

Sosial toparlaryň, gatlaklaryň bähbitlerini beýan etmek jemgyýetçilik aňynyň iň wajyp funksiýalarynyň biridir. Jemgyýetçilik ösüşiniň irki döwürlerinde urugyň we taýpanyň bähbidine düşünmek görnüşinde ýüze çykypdyr, şoňa görä-de, ol adatlar, däp-dessurlar we beýleki görnüşlerde berkidilipdir. Häzirki döwürde bu wezipe **jemgyýetçilik aňynyň** *teoretik derejesine* laýyk gelýän **ideologiýanyň** üsti bilen amala aşyrylýar.

Jemgyýetçilik aňy hem, aýratyn adamyň aňy ýaly adamlaryň jemgyýetçilik durmuşynyň şöhlelenmesi bolup, olar daşky dünýäni köre-körlük bilen kabul etmeýär. Olar belli bir derejede özbaşdaklyga, onda-da ep-esli derejedäki özbaşdaklyga eýedirler.

Jemgyýetçilik aňy jemgyýetçilik durmuşynyň ýöne bir yzyna düşmän, ony aňlaýar, jemgyýetdäki özgerişleriň manysyny açýar. Ýöne ol jemgyýetçilik ösüşinden elmydama öňe geçip bilmeýär, ýagny kähalatlarda yza hem galýar. Doly ýüze çykyp, öz ýetjek derejesine ýeten halatynda, onuň durmuşy özgerişleri düýpli şöhlelendirip bilmek mümkinçiligi artyp başlaýar. Şol bir wagtyň özünde-de, jemgyýetçilik durmuşynyň iňňän çalt depginlerde özgermekligi jemgyýetçilik aňynyň belli bir wagt aralyklarynda yza galmaklygyna hem sebäp bolýar. Jemgyýetde bolup geçýän ol ýa-da beýleki özgerişleriň giňişleýin seljerişine esaslanyp, jemgyýetçilik aňy jemgyýetçilik durmuşynyň geljekki ösüş mümkinçiliklerini we ugurlaryny öňünden hem aňlap bilýär.

Jemgyýetçilik aňynyň belli bir derejedäki özbaşdaklygyny onuň ösüşinde adamzadyň paýhasyna, ylmyna, sungatyna, umuman, medeniýetiň gazananlaryna daýanýanlygy bilen hem düşündirmek mümkin. Bu bolsa islendik döwrüň jemgyýetçilik aňy üçin miraslaýynlygyň mahsuslygy bilen, ýagny onuň düzüminde geçen nesilleriň durmuşyň dürli ugurlarynda toplan we ösdüren ruhy mirasynyň ýatanlygy bilen

baglanyşyklydyr. Bular bolsa jemgyýetçilik aňynyň diňe bir jemgyýetçilik durmuşyny passiw şöhlelendirmek bilen çäklenmän, eýsem onuň öz ösüşiniň içerki logikasynyň, özüniň ýörelgeleriniň we däpleriniň hem bardygyny aňladýar.

Jemgyýetçilik aňynyň özbaşdaklygy onuň jemgyýetçilik durmuşyna aktiw (işjeňleýin) täsir etmekliginiň üsti bilen hem ýüze çykýar. Dürli görnüşdäki pikirler, taglymatlar, syýasy doktrinalar, ahlak ýörelgeleri, sungat eserleri we din ýaly ruhy hadysalar jemgyýetiň ösüşine položitel (oňyn) we otrisatel (oňyn däl) täsir edip bilýär. Egerde jemgyýetçilik aňy-da öz möwritini ötüren, häzirki döwrüň ösüş depginlerine kybap gelmeýän garaýyşlardyr düşünjeler, däplerdir dessurlar artykmaçlyk edýän bolsa, jemgyýetçilik durmuşynda dürli hili reformalary amala aşyrmak belli bir derejede kynlaşýar. Munuň näme üçin şeýle bolýanlygyna doly düşünmek üçin jemgyýetçilik aňynyň düzümi baradaky gürrüňe geçeliň.

## 9.2. Jemgyýetçilik aňynyň düzümi

Jemgyýetçilik aňynyň çylşyrymly düzümi bar. Onuň düzüminde her haýsy belli bir derejede özbaşdak we şol bir wagtda-da onuň beýleki taraplary bilen gönümel ýa-da aralyklaýyn baglanyşyga girýän ruhy düzüm böleklerini tapawutlandyrmak mümkin. Gutarnykly ýagdaýda jemgyýetçilik aňynyň aýratyn taraplaryny biri-biri bilen arabaglanyşykda bolan sistema hökmünde göz öňüne getirmek mümkin.

Häzirki döwrüň sosial filosofiýasy jemgyýetçilik aňynyň düzüminde aşakdaky taraplary tapawutlandyrýar:

- adaty we teoretik aňlar;
- jemgyýetçilik psihologiýasy we ideologiýa;
- jemgyýetçilik aňynyň formalary.

Şu düzüm bölekleri häsiýetlendirmek üçin ilki bilen biz jemgyýetçilik aňynyň derejeleri bilen baglanyşykly meseläniň üstünde durup geçeliň. Jemgyýetçilik aňy iki sany dürli garaýyşlardan, ýagny şöhlelendirilýän zadyň nukdaýnazaryndan we şöhlelendirmegiň derejesi nukdaýnazaryndan seljerilip bilner. Bu ýerde, bir tarapdan, tebigat we onuň kanunalaýyklyklary, beýleki tarapdan bolsa, jemgyýet we onuň ýörelgeleri şöhlelendirilýän zat hökmünde çykyş edýärler. Tebigatyň-da, jemgyýetçilik durmuşynyň-da şöhlelendirilişi, öz noba-

tynda, dürli derejede, ýagny gündelik-durmuşy aňyň görnüşinde ýa-da teoretik aň görnüşinde amala aşyrylyp bilner. Bularyň birinjisi ozaly bilen adamlaryň we sosial toparlaryň adaty, gündelik durmuşynyň şertleri arkaly kemala gelýän düşünjeleriň, endikleriň, pikirleriň, sosial meýilleriň jemi hökmünde çykyş edýär. Şoňa görä-de, adamlar şol garaýyşlaryň nireden peýda bolýandyklary we olary döreden jemgyýetiň nämeden ybaratdygy barasynda pikirlenmeýärler.

**Adaty aň** taryhy taýdan **jemgyýetçilik aňynyň** ilkinji görnüşidir. Jemgyýetiň kämilleşmekligi, zähmet bölünişiginiň güýjemegi adamlaryň gündelik işinden aýrybaşgalaşan teoretik derejede pikirlenmäniň döremegine getiripdir. Sosial gatlaklaryň we döwletiň peýda bolmagy, olar bilen bilelikde bolsa syýasatyň we hukugyň ýüze çykmagy jemgyýetçilik durmuşyny çylşyrymlaşdyrypdyr. Olar özüniň beýanyny aňyň degişli gurşawynda tapypdyr.

Adaty we teoretiki aňlary **jemgyýetçilik aňynyň** iki sany, ýagny – **aşaky** we **ýokarky derejeleri** hökmünde sypatlandyrmak mümkin. Olar biri-birinden jemgyýetçilik hadysalaryny aňlamaklygyň düýplüligi, olara düşünmekligiň derejeleriniň çuňlugy bilen tapawutlanýar.

Adaty aň ähli adamlara mahsus aňdyr. Ol adamlaryň her günki işleriniň, olaryň tejribeleriniň esasynda kemala gelýär. Ol, köplenç, adamlaryň durmuşy maglumatlary özakymlaýyn häsiýetde şöhlelendirmekleri esasynda ýüze çykýar. Haçan-da, adamlar ol ýa-da beýleki hadysalara ylmy taýdan düşünmedik ýagdaýlarynda, olar barada özleriniň adaty aňynyň derejesinde pikir ýöredýärler. Şeýle ýagdaýlar her bir adamyň we adam toparlarynyň tejribesinde hem az duşmaýar. Sebäbi biz köp zatlar barada ylmy esasda pikir ýöretmeýäris.

Adamlaryň bilimi näçe pes bolsa, şonça-da olar jemgyýetiň durmuşyndaky hadysalar barada adaty aňyň derejesinde pikir ýöredýärler. Ýöne ýokary sowatly adam hem ähli zat barada ylmy esasda pikirlenmeýär. Şol sebäpli adaty aňyň ýaýrawy ***teoretiki aňyňkydan*** has giňdir. Ol „sagdyn manyda“ jemgyýetçilik durmuşynyň köp hadysalary barada pikir aýtmaga, umuman, dogry çözgütleri tapmaklyga esas bolup hyzmat edýär. Hut şu tapawutly aýratynlygy hem adaty aňyň adamlaryň durmuşyndaky we jemgyýetiň ösüşindäki ornuny kesgitleýär.

Gündelik durmuşy tejribä esaslanýan adaty aňda adamlaryň ýaşaýyş durmuşynyň çylşyrymly ugurlarynda gerek bolan köp sanly peýdaly maglumatlar toplanýar. Şol bir wagtyň özünde hem adaty aň-

da hyýaly, örän howaýy, çen bilen aýdylýan, kähalatlarda ýalňyş we ters pikirler hem azlyk etmeýär. Olaryň döremekligi **jemgyýetçilik aňynyň** *jemgyýetçilik psihologiýasy* diýlip atlandyrylýan derejesiniň düzümine girýän *jemgyýetçilik pikiriniň* käbir meseleleri dogrusynda hakykatdan daş bolan dürli hili "eşitmişlere" ("myş-myşlara") eýerýänligi bilen baglanyşyklydyr. Şonuň üçin-de, jemgyýetçilik aňynda ***teoretik aňyň*** orny näçe ýokary bolsa, şonça-da jemgyýetçilik durmuşy sagdynlaşýar.

Teoretik aň adaty aňdan tapawutlylykda, jemgyýetçilik durmuşynyň hadysalaryna ylmy nukdaýnazardan baha berýär. Teoretik aňy logiki taýdan arabaglanyşykly garaýyşlaryň sistemasy hökmünde hem göz öňüne getirmek mümkin. Tebigatyna şu hili ýagdaýda seredilende, teoretik aňyny jemgyýetçilik durmuşynyň ol ýa-da beýleki taraplaryny ylmy nukdaýnazardan şöhlelendirýän ylmy taglymatlaryň sistemasy hökmünde hem häsiýetlendirmek mümkin. Teoretik aňyň döredijileri hökmünde bolsa ylmyň dürli ugurlarynda zähmet çekýän alymlar, hünärmenler çykyş edýärler.

Adaty we teoretik aňlar jemgyýetçilik aňynyň özara arabaglanyşykly we özara täsirde bolan taraplarydyr. Özara täsirdelik olaryň ikisini hem baýlaşdyrýar. Mysal üçin, jemgyýetçilik durmuşynyň dürli ugurlary bilen baglanyşykly ylmy maglumatlaryň goşulmagy bilen adaty aň baýlaşýar. Şu nukdaýnazardan baha berlende, häzirki jemgyýetçilik aňy mundan bir, iki asyr öňki jemgyýetçilik aňyndan has tapawutlydyr. Ýeri gelende aýtsak, Türkmenistandaky häzirki jemgyýetçilik aňy garaşsyzlykdan öňki ýyllardaky jemgyýetçilik aňdan köp derejede dürli garaýyşlara oňşarlygy bilen tapawutlydyr. Ýekeje bir mysal. Eger-de öňki kommunistik ideologiýanyň degişli ateistik ýörelgelerine laýyklykda dini däp-dessurlary berjaý edýän adamlar belli bir derejede ýazgarmalara sezewar edilen bolsalar, häzirki döwürde dindarlara öz uýýan dinleriniň düzgünlerini berjaý etmekde hiç hili päsgelçilik döredilmeýär we olar jemgyýetçilik pikiri tarapyndan ýazgarylmaýar.

Indi ideologiýanyň we jemgyýetçilik psihologiýasynyň özara baglanyşygy baradaky meseläniň üstünde durup geçeliň. Bilşimiz ýaly, ideologiýa adamlaryň durmuşy hakykata we biri-birine gatnaşyklaryny, durmuşy meseleleri we gapma-garşylyklary aňlamaklyga we

bahalandyrmaklyga hem-de bar bolan jemgyýetçilik gatnaşyklaryny berkitmeklige ýa-da üýtgetmeklige gönükdirilýän durmuşy maksatlary (maksatnamalary) öz içine alýan garaýyşlaryň we pikirleriň sistemasydyr. Ideologiýa jemgyýetiň hereketini manylaýjy we gözükdiriji sistema hökmünde adamy syýasy herekete iteriji we adamlary birikdiriji wezipeleri ýerine ýetirýän güýç hökmünde hem ýüze çykýar. Ideologiýa, esasan, syýasat bilen baglanyşyklydyr. Döwletler, synplar öz ideologiýalaryny dürli serişdeleriň üsti bilen ýaýradyp, wagyz edip, jemgyýetçilik aňyny, hususan-da, jemgyýetçilik psihologiýasyny özgertmäge, ösdürmäge, kämilleşdirmäge çalyşýarlar. Islendik döwlet öz ýöredýän syýasatyny ideologiýa arkaly halka ýetirýär. Bu ýerde ideologiýa we döwlet syýasaty bitewileşýär. Ideologiýa syýasy ideologiýa, ýagny döwlet ideologiýasyna öwrülýär. Döwlet ideologiýasynda jemgyýetiň esasy bähbitleri we baş ýörelgeleri kesgitlenilýär. Egerde döwlet ideologiýasynda jemgyýetiň isleg-arzuwlary öz beýanyny doly we dogry tapsa, jemgyýetçilik durmuşynda, hakykatdan-da, oňyn özgerilişikler bolup geçýär. Emma, haçan-da, döwlet ideologiýasy ýalňyş ýa-da howaýy ideýalara ýugrulan ýagdaýda alnyp barylsa, jemgyýetçilik durmuşynyň ösüşi progressiwleýin (öňe taraplaýyn) däl-de, regressiwleýin (yza gaýdýan görnüşli) häsiýete eýe bolýar. Döwlet ideologiýasynyň özenini emele getirýän ideýalar we garaýyşlar, esasan, döwlet başyna gelen syýasy partiýalar we syýasy liderler tarapyndan öňe sürülýär. Mysal üçin, geçen asyryň başlaryndan tä 90-njy ýyllara çenli öňki SSSR-iň çäginde kommunistiik ideologiýa ýöredilip, onuň özenini kommunistik jemgyýeti (synpsyz, ählumumy eýeçilik we deňlik bolan jemgyýeti) gurmak baradaky howaýy, utopistik ideýa (amala aşyrymaklygy mümkin bolmadyk ideýa) düzdi. Ýene bir mysal. Geçen asyryň 30-njy ýyllarynda Germaniýada döwlet ideologiýasyna öwrülen faşistik ideologiýa (aňrybaş ýokary millet hakyndaky we şol millete dünýäniň hemme halklarynyň tabyn bolmalydygy hakyndaky ideýa ýugrulan) Ikinji jahan urşy ýaly aýylganç wakanyň başlanmagyna we tutaşmagyna getirip, diňe bir nemes halkyna öwezini dolup bolmajak zyýanlary ýetirmän, eýsem dünýäniň beýleki halklarynyň jemgyýetçilik durmuşynyň ösüş depginlerini hem yza serpikdirdi.

Ýeri gelende aýtsak, 2007-nji ýyldan başlap Türkmenistanda ýöredilip ugralan döwlet ideologiýasynyň özenini jemgyýeti täzeden

galkyndyrmak, jemgyýetçilik durmuşynyň ähli gurşawlarynda uly göwrümli reformalary amala aşyrmak we döwletiň esasy aladasynyň adamlaryň bagtyýar durmuşyny üpjün etmek ("Döwlet adam üçindir!") bilen baglanyşyklydygy baradaky ideýalar düzýär. Şeýle ideýalara ýugrulan ideologiýanyň jemgyýetçilik durmuşyna onyň tasir etjekligi ikuçsuzdyr.

Islendik ideologiýa syýasy häsiýete eýedir. Şol sebäpli-de, köplenç, ideologiýany syýasy ideologiýa diýip hem atlandyrýarlar. Syýasy ideologiýada arzuw edilýän, islenilýän jemgyýetiň modeli we ony durmuşa geçirmek bilen baglanyşykly esasy ideýalar kesgitlenilýär. Şu nukdaýnazardan seredilende, **döwletiň syýasy ideologiýasy döwletiň dürli strategiýalaryndan, doktrinalaryndan, maksatnamalaryndan we meýilnamalaryndan ýokarda durýar**. Sebäbi olaryň hemmesi arzuwlanylýan jemgyýet baradaky öz beýanyny syýasy ideologiýada tapan baş ideýalaryň durmuşa geçirilişiniň ýollarynyň dürli derejeleridir. Eger-de döwlet strategiýasynda ideologiýada öňe sürlen ideýalara laýyklykda jemgyýetiň ol ýa-da beýleki gurşawlaryndaky özgertmeleriň baş ugurlary kesgitlenilýän bolsa, doktrinada jemgyýetiň haýsy prinsiplere esaslanylyp, ösdüriljekligi, maksatnamada bolsa haýsy ugurlarda haýsy möhletlerde nähili netijeleriň gazanyljaklygy, meýilnamada bolsa özgertmeler bilen baglanyşykly işleriň haçan we haýsy güýçler tarapyndan amala aşyryljaklygy beýan edilýär. Bu sanalanlaryň logiki yzygiderliligini şeýle suratlandyrmak mümkin:

| **IDEOLOGIÝA** | |
|---|---|
| Nähili jemgyýeti gurmak islenilýär? | Şol jemgyýet baradaky baş ideýalar |

↓

**STRATEGIÝA, KONSEPSIÝA, DOKTRINA**

Haýsy ugurlarda nähili özgertmeler amala aşyrylmaly we olar haýsy prinsipler esasynda alnyp barylmaly?

↓

**MAKSATNAMA**

Reformalaryň esasy maksatlary, belli bir möhletlerde garaşylýan esasy netijeler

↓

**MEÝILNAMA**

Haýsy işleriň we çäreleriň haçan we nähili güýçler arkaly amala aşyryljaklygy

Görşümiz ýaly, ideologiýa – jemgyýetçilik durmuşyny özgertmekligiň baş ideýalarynyň sistemasy hökmünde ýüze çykýar we islendik jemgyýetde esasy rol oýnaýar.

Jemgyýetçilik psihologiýasynda jemlenen jemgyýetçilik durmuşynyň gatnaşyklary we hadysalary özlerini diňe bir adamlaryň isleg-arzuwlarynda we bähbitlerinde ýüze çykarman, eýsem dürli görnüşli duýgularda, meýillerde, gylyk-häsiýetlerde, adatlarda, däplerde, şonuň ýaly-da, olaryň maksatlarynda, pikirlerinde we ymtylmalarynda hem öz beýanyny tapýar.

Jemgyýetçilik psihologiýasy adamlaryň öz ýaşaýyş şertlerine we jemgyýetçilik durmuşyna duýgy we paýhas gatnaşyklarynyň jemi bolup çykyş edýär. Ony sosial toparlaryň we milli birleşikleriň psihiki häsiýetleriniň ýüze çykmasy hökmünde hem häsiýetlendirmek mümkin. Mysal üçin, milli psihologiýada belli bir etniki umumylygy emele getirýän halkyň milli däpleridir dessurlary, milli medeniýeti, sungaty, ykdysady durmuşy, milli taryhy we ş.m. bilen baglanyşykly garaýyşlary, duýgularydyr pikirleri, durmuşy ýörelgeleri jemlenýär. Milli psihologiýa jemgyýetçilik psihologiýasynyň öz subýektine görä tapawutlandyrylýan görnüşidir. Jemgyýetçilik aňynyň, şol sanda jemgyýetçilik psihologiýasynyň subýekti hökmünde uly sosial toparlaryň her biri-de çykyş edip bilýär.

## 9.3. Jemgyýetçilik aňynyň formalary we olary çäklendirmekligiň ölçegleri

Häzirki döwrüň sosial filosofiýasynda jemgyýetçilik aňynyň syýasy, hukuk, ahlak, estetiki, dini, ylmy we filosofiki görnüşlerini tapawutlandyrýarlar. Olaryň her biri jemgyýetçilik durmuşynyň degişli taraplaryny şöhlelendirýär we olary ruhy taýdan ýüze çykarýar. Jemgyýetçilik psihologiýasynda jemgyýetde bolup geçýän syýasy, ykdysady we beýleki özgerişler jemgyýetçilik aňynyň degişli görnüşlerinde özboluşlygy şöhlelenýär.

Jemgyýetçilik aňynyň görnüşlerini nämeler esasynda tapawutlandyrmak mümkin? Ilki bilen olar özünde şöhlelenýän zatlar bilen tapawutlanýarlar. Olaryň her birinde jemgyýetçilik durmuşynyň ol ýa-

da beýleki tarapy şöhlelendirilýär. Hut şu hem olary çäklendirmekligiň esasyna goýlandyr. Mysal üçin, syýasy aňda beýleki görnüşlerden has giň möçberde adamlaryň syýasy hereketlerini we şonda ýüze çykýan gatnaşyklary özünde jemleýän jemgyýetiň syýasy durmuşy şöhlelenýär. Hukuk aňynda hukuk kadalaryny we kanunçylyk namalary işläp düzmek hem-de ulanmak bilen baglanyşykly jemgyýetiň hukuk durmuşynyň dürli pursatlary şöhlelenýär. Ahlak aňy jemgyýetde bar bolan ahlak gatnaşyklaryny şöhlelendirýär. Özüniň ýüze çykmasynyň bir görnüşi sungat bolan estetiki aň bolsa adamlaryň özlerini gurşap alýan dünýä bolan estetiki gatnaşyklaryny şöhlelendirýär. Jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlarynyň özara baglanyşykda bolany sebäpli, jemgyýetçilik aňynyň her bir görnüşiniň olary gönüleýin ýa-da gytaklaýyn şöhlelendirjekligi düşnüklidir. Ýöne "öz" meselesini ol beýlekilerden has doly şöhlelendirýär we ruhy taýdan özleşdirýär.

Jemgyýetçilik aňynyň görnüşleri, has dogrusy, formalary, sosial barlygyň degişli taraplaryny şöhlelendirmegiň görnüşleri we usullary bilen hem tapawutlanýarlar, diýmek, çäklenýärlerem. Mysal üçin, ylym dünýäni düşünjeler, gipotezalar, teoretik sistemalar, taglymatlar görnüşinde şöhlelendirýär. Şonda ol akyl ýetirmäniň tejribe, pikir ýöretmek, eksperiment usullaryna ýüzlenýär. Sungat estetiki aňyň ýüze çykmasy görnüşinde dünýäni çeper obrazlaryň üsti bilen şöhlelendirýär. Ahlak aňy özüňi alyp barmaklygyň ahlak kadalarynda we ýörelgelerinde, şonuň ýaly-da, däplerde, adatlarda we başgalarda öz beýanyny tapýan ahlak başdan geçirmeler we garaýyşlar görnüşde jemgyýetde bar bolan ahlak gatnaşyklaryny şöhlelendirýär. Jemgyýetçilik gatnaşyklary syýasy we dini garaýyşlarda hem özboluşly beýanyny tapýar.

Ahyrynda jemgyýetçilik aňynyň formalary jemgyýetiň durmuşynda tutýan orunlary we ähmiýetleri bilen hem tapawutlanýarlar. Şu ýagdaý olaryň her biriniň jemgyýetde ýerine ýetirýän wezipeleri bilen kesgitlenýär. Bu ýerde gürrüň jemgyýetçilik aňynyň dürli görnüşleriniň ýerine ýetirýän akyl ýetirmek, estetiki, terbiýeçilik we ideologiki wezipeleri, şonuň ýaly-da, adamlaryň özüni alyp barşyny we jemgyýetçilik gatnaşyklaryny ahlak, syýasy we hukuk taýdan sazlaşdyrmak wezipeleri barada barýar. Ylymda, sungatda, ahlakda, hukukda, dinde we filosofiýada jemgyýetiň ruhy mirasynyň saklanylyşy

barada hem aýtmak gerek. Şonuň ýaly-da, ylmyň, filosofiýanyň we jemgyýetçilik aňynyň beýleki görnüşleriniň öňdengörüjilik wezipesiniň hem barlygyny bellemek gerek. Jemgyýetçilik aňynyň her bir formasynda ýokarda görkezilen wezipeleriň belli bir toplumy jemlenýär. Şolary amal etmek bilen olaryň jemgyýetdäki orny kesgitlenýär.




**Jemgyýetçilik aňynyň esasy formalary**

Jemgyýetçilik aňynyň syýasy, hukuk, ahlak, estetiki, dini we beýleki formalary özara baglanyşykda we özara täsirde bolýarlar. Bu bolsa jemgyýetçilik aňynyň dürli formalarynda şöhlelendirilýän jemgyýetçilik durmuşynyň taraplarynyň özara berk baglanyşyklykda we özara täsirdeligi bilen baglydyr. Şeýlelikde, jemgyýetçilik aňy hem özboluşly bitewilikdir, ýagny jemgyýetçilik durmuşynyň bitewiligini açyp görkezýän bitewilikdir.

Jemgyýetçilik aňynyň şu hili düzüm bitewiliginde adamlaryň adaty we teoretik aňy, jemgyýetçilik psihologiýasy we ideologiýa, şonuň ýaly-da, ýokarda görkezilen jemgyýetçilik aňynyň formalary biri-birine täsir edýär. Ol ýa-da beýleki döwürde dörän jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň häsiýetine we jemgyýetde çözülýän meselelere görä jemgyýetçilik aňynyň ol ýa-da beýleki bir formasynyň (syýasy, hukuk, ahlak, ylmy, estetiki, dini we ş.m.) öňe çykmaklygy mümkindir.

## 9.4. Diniň filosofiýasy

Jemgyýetiň ruhy durmuşynyň aýrylmaz bir bölegi dindir. Ýokarda belleýşimiz ýaly, din jemgyýetçilik aňynyň aýratyn bir formasy bolup, onda jemgyýetçilik durmuşynyň din bilen baglanyşykly taraplary şöhlelenýär. Din dünýägaraýyşlaryň hem bir görnüşidir. Dünýägaraýyş hökmünde ol filosofiýa hem ýakynlaşýar. Din hem edil filosofiýa kimin adamzady gyzyklandyrýan baky meselelere özüçe jogap agtarýar. Dini dünýägaraýyşda hem ontologiýany we gnoseologiýany tapawutlandyrmak mümkin. Jemgyýetçilik aňynyň özboluşly bir ulgamy bolup, ol adam, dünýä, älem, tebigat we olaryň emele gelşi baradaky soraglara özüçe jogap berýär. Elbetde, şeýle hili sowallara dinde, köplenç, ylymdaky ýaly subutnamalara esaslanan jogaplar däl-de, ynançlara esaslanylan jogaplar berilýär.

Dini gnoseologiýa bilen ylmy gnoseologiýanyň arasynda hem tapawut bar. Dini aňyň ylym bilen aratapawudy, olaryň dünýä akyl ýetiriş usullarynyň arasyndaky tapawut bilen baglanyşyklydyr.

Mysal üçin, **ateistleriň** (hudaýsyzlyk diýen manyny berýän *atheon* diýen gadymy grek sözünden) dindarlara garşy ulanýan esasy argumentiniň manysy şeýleräk: eger-de Hudaýy gözüň bilen görüp, gulagyň bilen eşidip, teniň bilen syzyp bolmaýan bolsa, onuň barlygyny-da subut etmek mümkin däl. Ýöne şol bir wagtyň özünde hem ateistleriň hiç biri-de aňyň barlygyny onuň göze görünmeýänligine esaslanyp, inkär etmeýär. Adamyň wyždanyny hem biz göz bilen görüp bilmeýäris. Ýöne onuň barlygyny ýa-da ýoklugyny welin, biz adamlaryň özüni alyp barşynda häli-şindi görüp bilýäris. Eger-de adamzat diňe görüp bolýan zatlary hakykylyk diýip hasap eden bolsa, akyl ýetiriş işinde, belki, hiç haçan öňegidişlik hem bolmazdy. Dogry, Hudaýyň barlygy meselesi dogrusynda dürli döwürlerde dürli garaýyşlar öňe sürlüpdir. Mysal üçin, ***deizm*** taglymatynda Hudaýa diňe dünýäni ýaradan "başlangyç güýç" diýlen rol degişli edilen bolsa, ***panteizm*** taglymatynda adamzady gurşap alýan Tebigata, bütin Äleme Hudaý diýlip düşünilipdir.

Hudaýyň barlygy meselesine degişli garaýyşlaryň biri irki orta asyr hristian filosofiýasynyň wekili, monah **F.Akwinskiý** (1225-1274) tarapyndan öňe sürlüpdir. Ol öz pikirini belli bir esaslara görä delillendirmäge çalşypdyr. Onuň esasy subutnamalary aşakdakylardan ybarat:

***a) herekete esaslanan subutnama.*** Bu ýerde her bir hereketdäki zadyň haçan-da bolsa bir wagt başga bir zadyň täsiri astynda herekete gelenligi, ol zadyň özüniň hem başga bir zadyň täsiri esasynda herekete gelenligi, onuňam başga bir zadyň täsiri esasynda hereketlenenligi, garaz, hereketlendiriji güýçleriň sanynyň ummasyz uzyn zynjyry bar hem bolsa, başlangyç bir güýjüň bolmalydygy tekrarlanylyp, şol başlangyç güýç hökmünde diňe Hudaý bolup biler diýlen netije çykarylýar.

***b) sebäbi döredýän sebäbiň bolmalydygyna esaslanan subutnama.*** Eger her bir hadysa ol ýa-da beýleki bir sebäbiň netijesi hökmünde ýüze çykýan bolsa, onda dünýäniň başlangyjynyň hem sebäbi bolmaly. Emma ol sebäp hem başga bir sebäp esasynda döremeli. Ýöne iň başda öz-özüniň sebäbi bolan bir sebäp bolmaly. Şol sebäp hem diňe Hudaý bolup biler.

***ç) barlygyň kämillik derejelerine esaslanan subutnama.*** Adamlar kämil zat barada pikir ýöredenlerinde deňeşdirmä esaslanýarlar, ýagny islendik zadyň kämillik derejesi başga bir zat bilen deňeşdirilip kesgitlenilýär. Eger-de şeýle bolsa, onda iň kämil, iň ajaýyp, iň owadan, iň gowy bir zat hem bolmaly. Şol zat hökmünde bolsa diňe Hudaý kabul edilip bilner.

Emma F.Akwinskiniň bu subutnamalarynyň garşysyna getirilen argumentler hem az däl.

Din bilen ylmyň arasynda tapawudyň barlygyny diniň jemgyýetçilik aňynyň özboluşly görnüşi hökmünde ylymdan has ir döränligi bilen hem düşündirmek mümkin.

Dini gnoseologiýanyň ýene bir tapawudy onuň üçin belli bir derejede agnostisizmiň, käbir halatlarda bolsa, dogmatizmiň (şol bir garaýşy elmydama hiç haçan üýtgedip bolmaýan zat hökmünde kabul etmek) mahsuslygydyr.

Dini aň, esasan, ynançlar ulgamydyr. Dini ynançlaryň iň esasylarynyň biri, ýokarda hem belläp geçimiz ýaly, iň ýokary, adatdan daşary güýjüň – **Hudaýyň,** barlygyna bolan ynançdyr. Dini ynançlara görä Älemi ýaradan hem, bütin adamzadyň durmuşyny edara edýän hem, adamlary eden etmişlerine görä jezalandyrýan hem, sogap işleri üçin ýalkaýan hem **Hudaýdyr**.

Dinde iki sany dünýäniň, ýagny adamlaryň şu wagtky, entek dirikä, wagtlaýyn ýaşaýan "bu dünýäsiniň" we ölenden soň baky ýaşamaly "o dünýäsiniň" (transendentleýin dünýä) barlygy baradaky garaýyş aýratyn tekrarlanýar.

Din adamlaryň kalbynda durmuşdaky deňsizligiň müdimilik däldigi, Hudaýyň öňünde hemmeleriň deňligi, ahyryýetde deňligiň boljaklygy baradaky ynançlary döretmäge çalyşýar. Dine uýýan her bir adam özüniň o dünýäde ýaşajakdygyna, bakyýetiň barlygyna, horluklaryň we kynçylyklaryň wagtlaýyndygyna ynanýar. Bu ýagdaý onuň kalbynda öz durmuşyndan kanagatlylyk, şükranalyk, geçirimlilik, sabyrlylyk ýaly duýgulary döredýär we ösdürýär. Adamlaryň kalbyndaky şeýle duýgular olaryň biri-birleri bilen oňşukly we agzybir ýaşamaklarynyň esasyny düzýär, jemgyýetiň durnukly we asuda bolmagyna öz aýratyn täsirini ýetirýär.

Din halkyň ruhy dünýäsiniň goragçysy hökmünde hem çykyş edýär. Ol adamlara birek-birege hormat goýmagy, birek-biregi hatyralamagy, dostluk-doganlygyň hatyrasyna rehim-şepagatly bolmagy ündeýär. Din ynsana göriplikden we ýamanlykdan daşda durmaklygy maslahat berip, jemgyýetiň ahlak durkuny berkidýär, adamlaryň kalbyndaky gowulyga we adalatlylyga bolan ynançlaryny güýçlendirýär.

Dünýäniň halklarynyň medeniýetleriniň biri-birlerine meňzemeýşi ýaly, olaryň uýýan dinleri hem birmeňzeş däldir. Emma beýle diýildigi her bir halkyň aýratyn dini bar diýildigi däldir. Dinleriň diňe belli bir halklara degişlileri-de, birnäçe halklar üçin ählumumy din hökmünde kabul edilenleri-de bar. Özüniň ýaýrawyna görä häzirki zaman dinleri *milli* we *dünýä dinlerine* bölünýär. ***Milli dinleriň*** hataryna *daosizm, induizm, iudaizm (ýehudyçylyk)* we ş.m. başga birnäçe dinler girýän bolsa, dünýä dinleri diýlip hasap edilýän dinler bary-ýogy üç sanydyr, ýagny *buddizm, hristiançylyk* we *yslam* dinleridir. Milli we dünýä dinleri adamzadyň taryhy ösüşiniň dürli döwürlerinde dörän dinlerdir. Mysal üçin, hristiançylyk dini mundan iki müň ýyl ozal dörän din bolsa, yslam dininiň döräli bäri 1400 ýyl geçipdir. Dünýä dinleri, esasan, belli bir milli dinleriň binýadynda dörän dinler bolsa, milli dinleriň köpüsiniň esasynda adamzadyň has irki taryhynda dörän dini garaýyşlar ýatandyr. Gadymy geçmişde, ýagny adamzat tebigatdan ýaňy saýlanyp başlan

halatlarynda, dürli tebigy hadysalara (ýeriň titremegine, ýyldyrym çakmagyna, günüň ýaşyp-dogmagyna, gögüň gürlemegine, älemiň gurluşyna we ş.m.) adamlar özüçe düşünipdirler. Tebigatdan ejizlik adamlary dürli ynançlara eýermeklige iteklâpdir. Belli bir haýwanlary ýa-da ösümlikleri mukaddes bir zat hasap etmeklik *totemizm* diýlip atlandyrylýan gadymy dini, merhumlaryň ruhunyň janlydygyna ynanmaklyk *animizm* dinini, belli bir dag gaýalarynyň, gowaklaryň, daşlaryň we beýleki maddy jisimleriň keramatyna gol ýapmaklyk *fetişizm* dinini, ot-ýalynyň mukaddesligini we keramatlydygyny ykrar etmeklik *otparazçylyk* dinini, jynlardyr arwahlardan, dürli kesellerden jadygöýlik ýoly bilen açylyp bolunýanlygyna ynanmaklyk *porhançylyk, şamançylyk* we *magiýa* ýaly garaýyşlaryň döremegine getiripdir.

Häzirki zaman dinleriniň köpüsi üçin ýeke-täk bir iň ýokary, absolýut güýje – bir **Hudaýa** sygynmaklyk, ýagny ***monoteizm*** (bir hudaýlylyk) häsiýetli bolsa, gadym zamanlarda adamlar bir wagtyň özünde birnäçe hudaýyň barlygyna hem ynanypdyrlar. Köphudaýlylyga ylmy dilde, degişlilikde, ***politeizm*** diýilýär.

Dinleriň döreýiş we ösüş taryhy adamzat taryhynyň aýrylmaz bölegidir. Adamzadyň ösüş taryhyny dinleriň taryhyndan üzňe öwrenmek mümkin däl. Öz döwründe ynançlaryň we garaýyşlaryň bitewi ulgamyna öwrülen dinler döremedik bolsa, belki, adamzat nesli şu güne çenli wagşylykdan çykman galardy.

Umumadamzat medeniýetinde dine uly orun degişlidir. Din halklaryň birgiden gadymy däp-dessurlarynyň we baýramçylyklarynyň ömrüniň dowamat bolmagyna, nesilden-nesle saklanyp gelmegine uly ýardam edipdir we ýardam edýär. Dini baýramçylyklar, bilelikde ýerine ýetirilýän dini düzgünler we talaplar adamlary özara ysnyşdyrypdyr we jebisleşdiripdir.

Her bir halkyň dini gymmatlyklary wagtyň geçmegi bilen onuň gadymy we adaty däp-dessurlary bilen utgaşyp, häzirkizaman medeniýetleriniň kemala gelmegine getiripdir. Şu günki gün hiç bir halkyň medeniýetini onuň dini garaýyşlaryndan üzňe göz öňüne getirmek mümkin däl.

Din umumadamzat ahlak kadalaryny kabul edip, olary özüniň äheňine geçirip, Hudaý tarapyn buýrulan düzgünler hökmünde gör-

kezip, olary wagyz-nesihat edip, goraglap we ornaşdyryp gelipdir. Din adam öldürmek, ýalançylyk, talaňçylyk, ýalan söz, mugthorlyk, gedemlik, nejislik, töhmet, daş ýüreklilik, ikiýüzlülik, ten we ruhy hapalyk ýaly ýaramaz zatlaryň garşysyna aýgytly göreş alyp barypdyr. Dini taglymatlardaky oňat, peýdaly öwüt-ündewler umumadamzat gymmatlyklaryndan üzňe däldir, tersine, olaryň aýrylmaz bölegidir.

Diniň ylmy, bilim-sowatlylygy ösdürmäge uly hemaýat edenligini we edýänligini aýratyn bellemek gerek. Muňuň subutnamasy hökmünde Gündogar ýurtlarynda magaryf ulgamynyň tutuşlaýyn diniň garamagynda bolanlygyny ýatlamak hem ýeterlik. Ýöne şunuň bilen birlikde Orta asyr Ýewropa taryhynda buthananyň döwlet-syýasat işlerine gatnaşyp, inkwizisiýanyň kömegi bilen ylma we progrese uly zyýan ýetirenligi hem bellidir. Jordano Bruno, Kopernik, Galileý ýaly beýik akyldarlaryň dini inkiwizisiýanyň pidalary bolanlygy bize taryhdan belli. Emma ol wakalarda dini ýa-da dine uýan ýönekeý adamlary aýyplamak bolmaz.

Dini garaýyşlar, ilkinji nobatda, dünýä dinleri, adamzadyň ahlak gymmatlyklaryny saklap we gorap gelipdirler.

Diniň jemgyýetdäki şeýle wajyp orny mundan beýläk hem saklanarmy ýa-da ýok? Bu sorag ýönekeý sorag däl. Biz bu soraga jogap bermek üçin ýene-de din bilen ylmyň arasyndaky özara tapawutlylyk meselesine gaýdyp gelmeli bolýarys. Ateistleriň ylmy-tehniki progresiň geriminiň artmagy diniň ýitip gitmegine getirer diýen umytlary, näme üçindir häzire bu güne çenli hasyl bolman gelýär, ýagny ylma dini gysyp çykarmak başartman gelýär. Tersine, ylymda näçe köp açyşlar edildigiçe-de, şonça-da dini ynançlaryň artmaklygy ýüze çykýar. Dünýä akyl ýetirmekligiň we tebigatyň güýçlerini ele almaklygyň ummasyz köp meselelerini çözmekligi başaran ylym Älemde entek açylman galan syrlaryň öňküden-de köplügine göz ýetirýär. Açylmadyk syrlaryň köplügi bolsa, dini ynançlaryň öňküden-de berkemegine getirýär. Dogry, ylmy açyşlaryň köpelmegi, tehnikanyň ösmekligi dini aňyň üýtgemegine, dindarlaryň köp zatlara täzeçe garamaklaryna güýçli täsir edýär. Emma olaryň ähli zady ýaradan Hudaýa bolan ynamyny welin, birjik-de kemeldip bilmän gelýär.

Bu ýerde ýene bir sorag ýüze çykýar. Aslynda, ylym bilen dini biri-birine garşy goýjak bolmak zerurmy? Onda-da häzirki döwürde?

Ylmy-tehniki progresiň tas çür depesine diýen ýaly çykan adamzadyň bu günki gün öz eli bilen döreden howplarynyň gorkusynyň astynda ýaşaýan döwründe? Belki, hut din adamzatda şeýle gorkudan howatyr etmän ýaşamaklyga mümkinçilik berýän ýeke-täk ruhy güýçdür?

## 9.5. Ahlak aňy

Adam diňe jemgyýetde ýaşap, adam bolup bilýär. Şol sebäpli-de, ol belli bir düzgünlere boýun bolup ýaşamaklyga mejbur. Bu jemgyýetiň bitewiliginiň we durnukly ösmekliginiň iň wajyp şertleriniň biridir. Jemgyýetde kabul edilen kadalardyr düzgünlere laýyklykda her bir adamyň bähbidi we mertebesi goralýar. Olaryň arasynda ahlak düzgünleri aýratyn orna eýedir. Ahlaga we ahlaklylyga dürli hili kesgitlemeler berilýär. Ahlaga, köplenç, jemgyýetçilik we şahsy bähbitleriň bitewiligini gazanmak üçin adamlaryň özara gatnaşyklaryny we özlerini alyp baryşlaryny sazlaşdyrýan kadalaryň, düzgünleriň belli bir ulgamy hökmünde garalýar. Ahlaklylyk diýen düşünjä bolsa, öz gezeginde, şol kadalaryň we düzgünleriň adamlaryň durmuşynda we her günki hereketinde amal edilişini aňladýan kategoriýa hökmünde seretmek mümkin.

Gadymdan saklanylyp gelinýän ahlak kadalary we düzgünler ahlak gymmatlyklary hökmünde çykyş edýärler. Olaryň gelip çykyşy barada iki hili düşündiriş bar. Bu düşündirişleriň birinjisi – ahlak kadalarynyň we düzgünleriň gelip çykyşyny dinler we dinleri esaslandyran pygamberler bilen baglydyr. Ikinji düşündirişe görä, ahlak kada-kanunlary tebigy-taryhy sebäplere görä döreýär we kemala gelýär. Olar adamlaryň ýaşaýyş durmuşyndan alnyp, dürli durmuşy ýagdaýlarda synagdan geçip, taplanýarlar we kem-kemden tutuş jemgyýetiň ahlak ýörelgelerine öwrülýärler.

Islendik halk öz durmuş tejribesine esaslanyp, başga zorluk etmekligiň, ogurlyga ýüz urmaklygyň, ejize ganym bolmaklygyň ahlaksyzlykdygyny, halal ýaşamaklygyň, lebziňe wepaly bolmaklygyň, päk ýürekliligiň, dogruçyllygyň we ş.m. häsiýetleriň bolsa ýokary ahlaklylygyň nyşanylygyny ykrar edipdir. Eger-de husytlyk, namartlyk, aldaw, zorluk we gybat ýaly zatlar ýazgarylyp gelnen bolsa, mertlik, merdanalyk, hoşniýetlilik, kanagatlylyk, jomartlyk, halallyk, erkinlik, kiçi göwünlilik, sadalyk ýaly häsiýetler ähli döwürlerde we ähli halklarda goldanylyp gelnipdir.

Adamzat tarapyndan döredilen we ählumumy kabul edilen ahlak kadalarynyň içinde “Altyn kada” diýilýän bir kada bar. Onuň manysy: *özüňe islemeýän zadyňy başga hem etmeli däl*. Köp alymlaryň belleýşi ýaly, bu kada adamzadyň ahlagynyň kämilleşmegine iň güýçli täsir eden ahlak düzgünleriniň biridir.

Gönüden-göni adamlaryň hereketini kesgitleýän kada-kanunlar bilen bir hatarda ahlaga degişli gymmatlyklar, ideallar we düşünjeler hem bardyr.

Gymmatlyklar adam ýa-da adam birleşmeleri üçin arzylanýan mukaddeslikler hökmünde kabul edilen zatlaryň köplügidir. Mysal üçin, edep hut şu hili mukaddesliklere esaslanýar. Olar bolmadyk halatynda, edep hem bolup bilmeýär. Adamlary gowy hereketlere iterýän zatlaryň bolşy ýaly, adamlaryň köpüsi tarapyndan ýigrenilýän zatlar hem kän. Bular ýaramaz “gymmatlyklar” hasaplanylýar. Umuman, ahlak gymmatlyklary adamyň durmuşa, başga adamlara, özözüne bolan gatnaşygyny şertlendirýär. Dürli medeniýetlerde we halklarda, sosial toparlarda bu gatnaşyklar hil-hilidir.

Öz kabul eden gymmatlyklaryna görä adamlar jemgyýetde dürli gatnaşyklara girýärler, öz oňlaýan zatlaryny kesgitleýärler, etjek hereketleriniň maksatlaryny öňe sürýärler, ol ýa-da beýleki garaýşy goldaýarlar. Gymmatlyklar hukuk, syýasy, dini, hünär, çeper, ahlak häsiýetli görnüşlerde ýüze çykýar.

Adam hereketi üçin wajyp bolan ahlak gymmatlyklary gymmatlyk-ahlaklaýyn gözükmeler ulgamyna birigip, ahlak düşünjeler bilen berk baglanyşykda bolýarlar. Ahlak düşünjeleri *hakykat-galp, ýagşyýaman, halal-haram, haýyr-şer* ýaly biri-biri bilen baglanyşykly jübüt pikirlerde öz beýanyny tapýar. Hakykatyň garşysyna ýalan, söýginiň garşysyna ýigrenç, halallygyň garşysyna haramlyk, haýryň garşysyna şer goýlup bilner.

Ýagşylyk düşünjesi ahlak düşünjeleriniň ulgam dörediji başlangyçlarynyň iň esasylarynyň biri bolup çykyş edýär. Adamzadyň edep däpleri ähli ahlakly hasap edilýän zatlaryň ýagşylyga getirýänligini görkezýär. Adamyň ýaramazlygy bolsa galplykdan başlanýar. Iliň bähbidine hyýanat eden adam özüniň paş bolaryndan gorkup, özüni gizlemäge, özüniň hakyky ýüzünden başga bir ýüz edinmäge çalyşýar. Şeýdip hem ol galplyga ýüz urýar. Bu bolsa ahlak çüýrükligine getirýär.

“Ýagşy” we “ýaman” düşünjeleriniň ikitaraplaýyn ahlak bitewiligine, ahlak gymmatlyklara şahsy jogapkärçilikli eýermekligi, ahlak talaplary gürrüňsiz berjaý etmekligi şahsy taýdan aňlamaklygy görkezýän borç düşünjesi birigýär. Eger adam ahlak talaplary (edep kadalaryny) görüljek çäreden gorkusyna däl-de, ahlak borjundan ugur alyp ýerine ýetirende, ol şol talaplara özüniň içki duýgusyndan gelip çykýan talaplar hökmünde garaýar. Ahlak başlangyçlary göterijiler hökmünde şahsyýetde jemgyýetde çykyş edip bilýär. Diýmek, şahsyýet ahlak tarapdan bozuk birleşmä garşy durmak bilen, öz gezeginde birleşme hem ahlak talaplary ýerine ýetirmeýän adamy çäklendirmek bilen ahlak arassalygyny gorap bilýär.

Adama öz ahlak borjuny ýerine ýetirmek ýeňil düşmeýär, käcomplex halatlarda ol gorkuly hem bolýar (Watany goramak, heläkçilige düşen adamy halas etmek). Şonuň üçin halklaryň däbinde öz borjuna berilen adam örän ýokary baha eýe bolýar. Iň bir wajyp ahlak düşünjeleriniň biri ***wyždan*** düşünjesidir. Bu şahsyýetiň edep gymmatlyklara akyl ýetirmek, ähli durmuşy ýagdaýlarda olardan ugur almak, öz ahlak jogapkärçiligini özüniň kesgitläp bilmek, başgalaryň öňünde öz borjuňy duýmak ukyby bolýar. Wyždan adamyň ýagşy-ýaman işleriniň terezisi, eden işini ölçemek üçin ulanýan mähek daşydyr. ***Dogruçyllyk*** hem iň ähmiýetli ahlak düşünjeleriniň biridir. Ol adamyň mertebesini kesgitleýär. Adamyň gursagyndaky wyždany we dogruçyllygy onuň ruhy kämilliginiň nyşanlarydyr. “Hiç kim bilmez-le” diýip adam ýalan sözlese, ol sözüň hakyky manysynda adam bolup bilmez.

Jemgyýetçilik ösüşiniň häzirki özgerýän döwründe dogruçyllyk, päkgöwünlilik adam hereketiniň ähli ugurlarynda, ilki bilen zähmetde, telekeçilikde zerur bolýar. Bazar gatnaşyklarynda işiň netijeliligi adamlaryň öz baglaşan şertnamalaryny, önümçilikdäki borçlaryny doly we dogry ýerine ýetiren halatlarynda gazanylyp bilner.

Umumadamzat ahlak kadalary, tejribesi häzirki döwürde adamzadyň öňünde ýüze çykan, onuň ýaşaýşyna howp salýan ekologiki, dünýäde bar bolan yzagalaklyk we garyplyk bilen baglanyşykly meseleleri çözmeklige iterýär.

Jemgyýetiň özgerýän, onuň gymmatlyklar ulgamynyň üýtgeýän döwründe adamyň ahlak gözlegleri birahat we şol bir wagtda wajyp häsiýete eýe bolýar. Adamyň üýtgeýän şertlerde öz-özüni duýşy,

özüni bahalamaga bolan ukyby we öz hereketiniň manysyna düşünmekligi, onuň ahlak-psihologiki ýagdaýyna bagly bolýar. Düýpli özgerişler döwründe jemgyýetçilik we şahsy ahlaklylygyň näsazlygy, mysal üçin, ýigrenje getirýän adamlaryň biri-birine ynamsyzlygynyň döremekligi örän gorkuly bolýar. Şeýle döwürde adamyň paýhasyny durnuklaşdyryjy, adamy ugrukdyryjy, onuň öz hereketinde başgalaryň hem barlygyny ýatladýan gymmatlyklar gerek bolýar.

Adam hukuklary baradaky Ähllumumy Jarnamanyň 1-nji maddasynda: "Ähli adamlar öz mertebesinde we hukuklarynda azat we deň bolup dogulýarlar, olara akyl we wyždan berilen. Olar biri-birine degişlilikde dost-dogan ruhunda hereket etmelidirler" diýlip bellenilýär. Bu bolsa adam hukuklarynyň başga biri tarapyndan däl-de, adamyň tebigaty bilen bagly bolup tebigy taýdan berilenligini aňladýar. Adamlaryň biri-birine dost-doganlykly gatnaşyklarynyň gerekligi bolsa adamzadyň özüniň bütin taryhynyň dowamynda toplan ahlak gymmatlyklarynyň esasy ýörelgesidir.

Bu kadalaryň we hukuklaryň Ähllumumy Jarnama hökmünde kabul edilenligine garamazdan, olar adamlaryň arasynda hiç bir düşünişmezligiň bolmajaklygyny aňlatmaýar. Olar geçmişde-de bolan, häzirem bar, nebsimiz agyrsa-da, geljekde hem bolar. Bu ýerde esasy mesele adamzadyň şol kadalara we düzgünlere ideal hökmünde garap, olary doly berjaý etmeklige çalyşmaklygydyr.

Ahlaklylyk meýdanynda öz-özüňi terbiýelemeklik ilki bilen öz hereketleriňde özüňe ýokary talaply bolmak, özüňe gözegçilik etmek bilen baglydyr. Her bir adamyň aňynda, hereketinde ahlaklylygy berkitmek gowy işlere gönükdirilen durmuşy tejribäni köp gezek amal etmek bilen gazanylýar. Aslynda gowy zatlary we täze pikirleri gaýtalamak adamyň ösüşiniň wajyp şertleriniň biridir. Şeýle köp sanly gaýtalamaklygyň ýok ýerinde ahlak ösüşiň gowşaýanlygyny durmuş görkezýär. Şonuň üçin adam öz ruhy dünýäsini baýlaşdyrmak barada elmydama alada etmelidir.

## 9.6. Medeniýet we sungat

"Medeniýet" düşünjesi köp manyly düşünje. Medeniýet adamyň öz isleglerini (maddy we ruhy mazmunly) kanagatlandyrmak üçin

tebigatdan daşary döredýän zatlarydyr. Şonuň üçin oňa “ikinji tebigat” hem diýilýär. Filosofiýada medeniýete kähalat ruhy kadalaryň sistemasy hökmünde hem garalýar. Ol adamlaryň bolup geçýän hadysalary, belli bir nukdaýnazardan kabul etmeklerini, başga hili dälde, hut şu hili hereket etmeklerini, hereketleri we hadysalary özüňçe bahalamagy talap edýär. Gymmatlyklar, nyşanlar, sözler, manylar we durmuşy hereketler bir medeniýetiň çäginde biri-biri bilen berk baglanyşykda bolan zatlardyr. Her bir medeniýetiň özboluşlylygy, aýratynlygy bar. Şol bir wagtda dürli medeniýetler üçin belli bir umumylyk hem bardyr.

Medeniýet adamzat bilen bilelikde döreýär we ösýär. Ol her bir adam birleşmesini birikdirýän, baglanyşdyrýan başlangyçdyr. Eger adamzat siwilizasiýasynyň ösüş eýýamlaryna garalsa, onda medeniýetiň kem-kemden häzirkizaman jemgyýetinde öz-özüne ýeterlikli mana eýe bolandygyny görýäris.

Haçan-da ***“medeniýet”*** we ***“siwilizasiýa”*** diýen düşünjeleriň mynasybeti dogrusynda gürrüň edilende, golaý wagtlara çenli olara şol bir manydaky sözler hökmünde garalyp gelinýärdi. Diňe häzirki zamanda, totallaýyn (tutuşlaýyn) häsiýetli informasiýa asyrynyň gelmegi bilen olaryň arasyna çäk goýlup, olara many taýdan aýry-aýry düşünjeler hökmünde garalyp başlanyldy. Hakykat ýüzünde olaryň mynasybeti dialektikanyň ***“aýratynlyk”*** hem ***“umumylyk”*** diýen belli kategoriýalarynyň özara mynasybetine gabatlaşýar.

Eger “medeniýet” (aýratynlyk) öz binýadynda aýratyn halkyň taryhy indiwiduallygyna we geografiki ösüşine esas görýän, ýagny onuň dilini, däbini, dinini, sungatyny öz içine alýan bolsa, “siwilizasiýa” (umumylyk) diýen kategoriýa ylmy-tehniki progresiň we ýer şarynyň ähli ýurtlaryny industriallaşdyrmagyň daýanjy bolan obýektiw ylmybilimlere esaslanýar.

Umumadamzat bilimlerine girýän fizikanyň, himiýanyň, biologiýanyň, medisinanyň kanunlary we başgalar adamlaryň erkine, her halkyň medeniýetine, onuň diline, sungatyna, geografik şertlerine ýa-da fiziki tapawutlaryna bagly bolmaýar. Şonuň üçin hem her halk siwilizasiýanyň bilimlerine özboluşly, biri öň, beýlekisi soň gelýär. Olary önümçilige, oba hojalygyna, döwlet gurluşygyna bir wagtda ornaşdyrmaýar.

Soňky döwürde halkara leksikonyna (gepleşik diline) ymykly giren **“globalizasiýa”** düşünjesi praktikada (tejribe ýüzünde) **“siwilizasiýa”** düşünjesi bilen deňleşdi. Önümçilgiň senagat usullary we häzirki zaman tehniki hadysalar dürli halklarda, ýurtlarda şol bir ylmy bilimleriň ösüşiniň bir meňzeş basgançagy bolup durýar. Dünýä möçberinde intellektual sintez barlyşyksyz häsiýete eýe. Bu ýagdaý subutnama talap etmeýär.

Görşümiz ýaly, **“medeniýet”** hem **“siwilizasiýa”** diýen düşünjeler barha biri-birinden aýralaşmak, ýekemenlik ýagdaýa ýüz urýarlar, muny bütin adamzat taryhy hem doly tekrarlaýar. Bu ýerden bir netije öz-özünden ýüze çykýar: her halkyň milli medeniýeti diňe siwilizasiýanyň, ähli adamzat medeniýetiniň gymmatlyklarynyň binýadyna daýanyp ýaşap we ösüşe eýe bolup biler.

Hakykatdan hem ýöntem, ilkidurmuş jemgyýeti az sanly awçylardan we taýýar önümleri ýygnaýjy toparlardan kem-kemden häkimiýetiň we haryt çalşygynyň başlangyç görnüşlerine eýe bolan ekerançylyk we maldarçylyk birleşmelerine öwrülipdirler.

“Siwilizasiýalaryň” döreýşi we adaty döwletleriň ýüze çykmaklary durmuşy ösüşde bolup geçen medeni özgerişler bilen berk baglanyşykda bolupdyr. Bu ýerdäki “adaty” häsiýet gönüden-göni medeniýet bilen bagly. Has takygy, şol döwürde hatyň, bilim we ylym edaralarynyň, senetçilik we önümçilik tehnologiýasynyň, şäherleriň döremegi we ösmegi bazarlaryň hereket edip başlamagyny häsiýetlendirýär. Jemgyýetde durmuşy arabaglanyşyk we medeni miras edaralaýyn ähmiýete eýe bolýar.

Industrial jemgyýetiň ösmegi bilen jemgyýetçilik gymmatlyklarynyň içinde senagat önümçiligi we tehnologiýa öňe geçýär. Olar jemgyýetiň iň esasy baýlygyna öwrülýärler. Şäherleriň ösmekligi we adamlaryň hereketliligi jemgyýetiň gatlaklara bölünişini ýumşadyp, dürli durmuşy toparlaryň ýaşaýyş ölçeglerini biri-birine ýakynlaşdyrýar. Bu jemgyýetçilik gurluşynyň başlangyç döwründe dörän köpmilletli döwletler we imperiýalar soňra bir milletli döwletler bilen çalşylýar.

Bazar ykdysadyýetiniň ösmekligi, döwletleriň durmuş-ykdysady, tehnologik we senagat taýdan ösen we yzagalak toparlara bölünmegi industrial jemgyýetçilik ösüşine häsiýetli bolýar. Bu ýerde baý we garyp ýurtlaryň arasynda baýlyklaryň paýlaşylmagy we peýdalanylma-

gy düýpli tapawutlanýar. Garyp ýurtlar diňe bir ykdysadyýetde däl, eýsem medeniýetde hem kynçylyklary başdan geçirýärler. Köp döwrüň dowamynda toplanan meseleleriň bu gün agyr ýük bolup boýnundan ineni üçin, halklaryň öz ykballaryndan zeýrenmek duýgusyny başdan geçirýänleri az däl.

Üçünji müňýyllykda adamzat jemgyýeti täze ösüş ýoluna düşdi. Ol ählitaraplaýyn ösen jemgyýet bolup, milli girdejiniň köp bölegi maglumatlary öndürmek serişdelerine we adama harç edilýär. Bu döwrüň özboluşly aýratynlygy adamyň öz-özüni açmaklygyna hyzmat edýän döredijilik, ylym, sungat bilen baglanyşykly medeniýetleriň dürli görnüşleriniň ösmegi bilen kesgitlenýär.

Görşümiz ýaly, medeniýet adamzat jemgyýetiniň ösmekligi bilen iň täsirli güýje öwrülýär. Medeniýet takyk görnüşde dürli derejelerde hereket edýär. Adam toparlaryna degişlilikde medeniýetiň şu aýratynlygyny şöhlelendirmek üçin **toparlaýyn medeniýet** düşünjesi ulanylýar. Toparlaýyn medeniýet haýsy hem bolsa bir birleşmäni ýa-da sosial topary tapawutlandyrýan nyşanlaryň, ynançlaryň, gymmatlyklaryň, özüňi alyp barmak düzgünleriniň toplumydyr. Her birleşme öz toparlaýyn medeniýetini döredýär. Halklar öz milli medeniýetini, gullukçykar öz gulluk medeniýetini, mugallymlar öz pedagogik medeniýetini döredýär. Olar biri-birlerinden tapawutlanýan we belli bir umumylygy bolan medeniýetlerdir. Mysal üçin, “halk medeniýeti” düşünjesi belli bir halky häsiýetlendirýän nyşanlary, ynançlary, gymmatlyklary, özüňi alyp baryş kadalary we nusgalary kesgitlemek üçin iki manyda ulanylýar. Birinjiden, halk medeniýeti halkyň döreden ähli maddy we ruhy gymmatlyklarynyň jemi hökmünde häsiýetlendirilýär. Ikinjiden, halk medeniýeti halkyň ýaşaýyş ukyby bolup, onuň ýaşaýyş görnüşlerini we usullaryny kesgitleýär. Her bir halk öz ýaşaýan gurşawyna we geçmişde toplan durmuş tejribesine laýyklykda taryhy pursatlarda öz ýaşaýyş ukybyny ýokarlandyrmaklyga çalyşýar.

Ýokarda hem belläp geçimiz ýaly, XX asyryň ylmy-tehniki ösüşi adamzat jemgyýetiniň ähli ugurlaryna, şol sanda medeniýete hem öz güýçli täsirini ýetirdi. Köpçülikleýin maglumat we aragatnaşyk serişdeleriniň ösmekligi köpçülikleýin medeni çäreleri geçirmeklige köp we täze tehniki hem-de tehnologiki mümkinçilikleri döredýär. Bu bolsa **köpçülikleýin häsiýetli medeniýetiň** döremegine getirdi. Maglumat

serişdeleri özleriniň tehniki kuwwaty bilen medeni gymmatlyklaryň döredilişini we ýaýradylyşyny düýpgöter özgertdiler. **Köpçülikleýin medeniýet** ylmyň, sungatyň we sportuň dürli görnüşleri bilen bagly bolup, adamlaryň örän uly toparlaryna niýetlenýär. Şonda ol toparlaýyn medeniýetleriň çäklerinden çykyp, has giň köpçülige gönükmekligi maksat edinýär. Bu ýerde esasy mesele köpçülikleýin medeniýetiň ýöntem häsiýete eýe bolmazlygyndadyr. Sebäbi köpçülikleýin medeniýetiň şertlerinde adamlaryň köpüsi öz ruhy-medeni ösüşi barada yzygiderli aladalanmaýarlar. Olar bu medeniýetiň kömegi bilen täze döwre uýgunlaşmak isleýärler. Açyşlar, mysal üçin, ylmyň ugurlarynda köp sanly adamlar tarapyndan amal edilýär. Ýöne ol açyşlaryň netijesinden häzirki tehniki serişdeleriň kömegi bilen köp adamlar öz ylmy-döredijilik işleriniň ýerine ulanyp bilýärler. Netijede, adamlaryň döredijilik ukyplary peselýär. Köpçülikleýin medeniýetiň täsiri bilen aýratyn adam – “köpçülikleýin adam” = “massanyň wekili” ýüze çykýar. Bu hili adam özüniň özboluşlylygy, aýratynlygy barada kän oýlanyp hem durmaýar. Tersine, ol beýlekiler bilen meňzeşligine guwanýar. Adam elmydama özünde aýratyn ukyby açmaklyga çalyşýar we ony açyp bilmedik ýagdaýynda kemsinýär. Köpçülikleýin adama welin, şu hili duýgular häsiýetli bolman galýar.

Köpçülikleýin medeniýet bilen bir hatarda her bir jemgyýetde **elitarlaýyn**, ýagny saýlantgy adamlaryň medeniýeti hem ýüze çykýar, kämilleşýär we ösýär. Adamzat tarapyndan döredilen ylmy, filosofik we sungat eserleri ýörite taýýarlykly adamlar tarapyndan bahalanyp we özleşdirilip bilinýär. Geçen döwürlerde köpçülikleýin we elitar medeniýetleriň arasynda belli bir çäkler, hatda päsgelçilikler hem bolupdyr. Mysal üçin, Ýewropada saýlanan we ýörite taýýarlykly adamlar özara habarlaşmak üçin latyn dilini, Merkezi Aziýada bolsa, pars dilini ulanypdyrlar. Köpçülikleýin medeniýetiň ýüze çykmaklygy bilen elitar medeniýet belli bir derejede çäklendirilýär. Adamlaryň köpüsiniň medeniýete girişmegi bilen medeniýetiň hiliniň peselmegine esas döreýär. Sebäbi bu hadysa diňe aýratyn adamlaryň medeni derejesiniň ýokarlanmagyna däl, eýsem köpçüligiň medeniýetiň üstünden agalygynyň güýjemegine hem getirýär. Olar medeniýeti öz derejelerine getirmeklige çalyşýarlar. Diýmek, şu hili meýilleriň öňüni almak üçin elitar medeniýetiň saklanmagy zerur.

Medeniýetiň ýokarda sanalan dürli görnüşleri diňe bir öz häsiýetine eýe bolman, eýsem biri-biri bilen ýokary-aşaklaýyn we gapdallaýyn baglanyşykda hem hereket edýärler. Bu bolsa olaryň özara biri-birine girişmegine, bilelikde ýaşamaklaryna ýa-da, tersine, maşgala gapma-garşylygyndan başlap, milletara, medeniýetara düşünişmezliklere çenli eltip bilýär.

Bir medeniýetiň wekiliniň başga medeniýetiň gymmatlyklaryny kabul etmekligi şol medeniýetleriň arasynda meňzeşlik bolan ýagdaýynda mümkin bolýar. Eger şeýle meňzeşlik bolmadyk ýagdaýynda bir medeniýetiň başga bir medeniýeti öz içine almaklygy mümkin däldir.

Medeniýetleriň özara täsiri derňelen ýagdaýynda olary biri-birine garşy goýmakdan daşda durmaklyga çalyşmaly. Haýsy hem bolsa bir medeniýetiň gymmatlyklaryny öňe sürüp, başga medeniýetlere degişli kadalary we gymmatlyklary inkär etmeklik nädogrudyr. Sosiologiýa ylmy dürli halklaryň ýaşaýyş medeniýetlerini deňeşdirmek we öwrenmek maksady bilen medeni ählumumylyklary açyp görkezmeklige çalyşýar. Olar medeniýetleriň biri-birine düşünmeklerine esas döredýär.

Islendik medeniýeti sungatsyz göz öňüne getirmek mümkin däl. **Sungat** dünýäni estetiki usullaryň üsti bilen özleşdirmekligiň görnüşidir.

Estetika adam hereketiniň belli bir çägi bolup, onda özboluşly duýgulary we pikirleri oýarýar. Sungat hem ruhy önümçiligiň beýleki görnüşleri ýaly, adamyň hakyky barlygynyň gapdalynda özboluşly nusgawy dünýäni döredýär. Şonda tebigy güýçler, durmuşy ýörelgeler, ruhy duýgular, pikir yzygiderliligi estetiki taýdan gaýtadan işlenilip, çeper oýlanma dünýäsini döredýär.

Sungat gadymy zamanlarda döräpdir. Şonda ol öňki nesiller tarapyndan toplanylan tejribäni ýaş nesillere geçirmek, olara terbiýe bermek serişdeleriniň biri, şeýle hem aragatnaşyk usuly bolup hyzmat edipdir. Ol ösüp, jemgyýetde dürli hili wezipeleri ýerine ýetirýär. Häzirki döwürde sungatyň dürli görnüşleri bar. Olara surat, binagärlik, heýkeltaraşlyk, zergärlik, çeper edebiýat, sahna sungaty, kino sungaty we ş.m. degişlidir. Sungat eserleri adamzadyň genji-hazynasydyr. Sungat eserleri bilen tanşyp, biz geçmişde bolup geçen wakalaryda, beýleki halklaryň durmuşyny-da, gylyk-häsiýetlerini-de, ýaşaýan jemgyýetlerini-de aýdyň göz öňüne getirmäge mümkinçilik alýarys.

Sungat eserleriniň kömegi bilen jemgyýetde belli bir garaýyşlar, meýiller berkarar edilýär. Sungat ol ýa-da beýleki ahlak kadalary we ýörelgeleri ýaýratmagyň serişdesi bolup hem çykyş edýär. Ýagny sungatyň örän uly terbiýeçilik mümkinçilikleri bardyr. Sungatyň gnoseologik funksiýasy hem bar. Durmuşyň sungatda şöhlelendirilişi iňňän özboluşly häsiýete eýedir. Şol bir zat, şol bir jemgyýetçilik hadysasy sungatda onuň dürli görnüşleri bilen beýan edilip bilner, şol bir görnüşiň içinde bolsa dürli žanrlar bilen beýan edilip bilner. Beýleki bir tarapdan, sungatyň şol bir görnüşinde ýa-da şol bir žanrda dürli-dürli hadysalar özleriniň beýanyny tapýar.

Sungatyň adamlara edýän täsiri diňe bir sungat eserine däl, eýsem şol täsiri kimiň nähili syzyp duýýandygyna hem baglydyr. Adam öz kalbynda sungata düşünmek ukybyny beslemelidir, özünde estetiki duýgyny terbiýelemelidir. Her dürli sungat eserleri bilen tanşyp, adam ummasyz köp medeni baýlyklar bilen iş salyşýar, ol ruhy taýdan baýlaşýar, kämilleşýär. Sungata düşünmeklik medeniýetliligiň alamatydyr.

## Onunjy bap
## Taryhyň filosofiýasy

Halk taryhy esasy dörediji güýç hökmünde. Mähelle we onuň psihologiýasy. Taryhda şahsyýetiň orny. Taryhyň manysy hakynda. Taryhy progres hakynda.

### 10.1. Halk taryhy esasy dörediji güýç hökmünde

Halkyň taryhdaky kesgitleýji ornuny nygtaýan taglymatlar bilen bir hatarda, bu orny şahsyýetler bilen baglaýan taglymatlar hem az däl. Bu ýerde taryhy hereketlendiriji güýç hökmünde – “absolýut “meni” ***(M.Ştirner)***, “belent şahsyýetleri” ***(T.Karleýl)***, “ýokary adamy” ***(F.Nisşe)***, “dörediji elitany” ***(W.Pareto, G.Moska)***, “tehnokratik ýa-da dolandyryjy elitany” ***(Dž.Býornhem, G.Lassuel)***, “beýik şahsyýetleri” (häzirkizaman liderlik taglymaty) öňe sürýärler. Şahsyýetiň taryhdaky orny barada örän ýerlikli pikirleri Gegeliň, täzeleniş döwrüniň fransuz taryhçylary O.Týerriniň, F.Gizonyň, F.Minýeniň eserlerinde görmek bolýar.

Halk köpçüliginiň taryhdaky aýgytly ornuny nemes filosoflary ***K.Marks*** we ***F.Engels*** görkezmeklige çalşypdyrlar. Maddy önümçiligi adamzat ýaşaýşynyň ähli beýleki görnüşlerini kesgitleýji ugur hökmünde tapawutlandyryp, olar halk köpçüligini jemgyýetiň esasy hereketlendiriji güýji diýip häsiýetlendirýärler. Marks we Engels halk – maddy gymmatlyklary döredijі bolup, sosial rewolýusiýalary işewür durmuşa geçiriji güýje öwrülýär diýen pikiri nygtaýarlar. Şonuň ýaly-da, olar halkyň dili we ruhy medeniýeti döretmekdäki ornuny hem görkezýärler. Marksistik taglymat halk köpçüliginiň taryhdaky ornunyň kem-kemden güýjeýänligini we ýokarlanýandygyny belleýär. Onda-da onuň oýlanyşykly hereketiniň artýanlygyny nygtaýar. Görşümiz ýaly, bu ýerde halkyň taryhy ösüşdäki orny ilki bilen, onuň jemgyýetiň esasy öndüriji güýjüni düzýänligi bilen baglanylýar. Şu manyda ol hakykatdan hem taryhy döredijidir. Ýöne halk köpçüliginiň orny diňe maddy önümçilik bilen çäklenmeýär. Ol ruhy medeniýetiň hem esasyny döredýär. Olara halk sungatynyň eserleri, halkyň arhitektura-binägärlik nusgalary mysal bolup biler. Halk milli dili goraýar we ösdürýär, ajaýyp ruhy gymmatlyklary döredýär. Halk köpçüliginiň taryhdaky orny dürli döwürlerde üýtgäp, özgerip durýar.

Halkyň taryhy döredijі güýje öwrülmegi üçin onuň aňyýetiniň, guramaçylyk ukyplarynyň artmaklygynyň gerekligi baradaky pikir köp taglymatlarda öňe sürülýär. Taryhyň ösüşiniň kesgitleýji pursatlarynda taryhy şahsyýetleriň halky öňe alyp gitjek güýje öwrülmekleri üçin, olar özlerinde milleti öňe alyp gitjek ruhy güýç-kuwwaty jemlemeli bolýarlar. Bu ýerde şeýle baglanyşygyň ýüze çykmaklygy üçin taryhyň bir döwründe jemgyýetde ýygnanan gujur-kuwwat indiki bir döwürde milletiň kemala getiren şahsyýetinde tebigy suratda döremelidigi, özi hem şol ýerde galmak üçin ýa-da ýitip gitmek üçin däl-de, taryhy hereketiň üçünji nokadynda, täze hilde, milletiň özüne gaýdyp gelmek we ony täze belentliklere çykarmak üçin döremelidigi aýdylýar. Netijede, milletiň özi täze derejä galmaly. Şol derejede millet ruhy we maddy medeniýeti döredip, olary nesillerden-nesillere kämilleşdirip geçirmek ukybyna eýe bolýar. Bu derejä bitewileşen millet we jebis sosial toparlar ýetip bilýärler.

## 10.2. Mähelle we onuň psihologiýasy

Mähelle[27] – giňişlikdäki gönümel ýakynlygy ýa-da haýsy hem bolsa başga daşky täsiriň we duýgulaýyn umumylyk esasynda az wagtlaýyn birleşen, içki taýdan gurnalmadyk adamlaryň köpçüligidir. Ylymda mähelle dogrusynda dürli garaýyşlar bar. Köplenç, mähellä aňsyz, gözsüz, weýran ediji güýç hökmünde garalýar. Fransuz alymy **Gustaw Lebon** (1841-1931) mähelläniň düzümine sosial toparlaryň dürli görnüşlerini, hatda syýasy partiýalary hem goşup, oňa örän giň häsiýetnama berýär. Ol XX asyryň başlangyç döwrüni “mähelläniň zamanasy” diýip atlandyrýar.

Belli ispan filosofy **Ortega i Gasset** (1883-1955) özüniň “Köpçüligiň gozgalaňy” atly eserinde şu meseläni düýpli derňeýär. Onuň aýtmagyna görä, “mähelle” düşünjesi göze görnüp duran we belli bir hil häsiýete eýe bolan topary aňladýan düşünjedir. Alym bu düşünjäni sosiologik nukdaýnazardan derňeýär. Jemgyýet, onuň pikiriçe, iki zadyň, ýagny azlygyň we köpçüligiň hereketleriniň birligidir. Azlyk – adam ýa-da adamlaryň topary bolup, köpçülikden hil taýdan tapawutlanýar. Köpçülik – hil taýdan biri-birinden kän bir tapawutlanmaýan adamlaryň toplumy. Mähelläniň esasy häsiýetli aýratynlygy onuň hil aýratynlygyndadyr. Köplenç, mähelle başlangyç islegleri, pikirleri, ýaşaýyş obrazlary meňzeş bolan adamlardan emele gelýär. Alymyň pikiriçe, şeýle ýagdaý adamlar oňa nähili görnüşde saýlananlarynda hem her bir jemgyýetçilik toparynda bolup geçýär. Ýöne mähelläni saýlanan azlykdan tapawutlandyrýan häsiýetli aýratynlyk hem bar.

Mähelle ýa-da köpçülik däl toparlarda, olary düzýän adamlary herekete getirýän islegler, pikirler, kämillik ölçegler gabat gelýärler. Dürli hili işler bilen meşgul bolýan kiçi topar döremezden ozal, oňa girýän adamlar özboluşly häsiýete eýe bolup, haýsy hem bolsa bir sebäbe görä mähelleden aýrylmaly bolýarlar. Şonda adamyň kämillik nusgalarynyň we gözükmeleriniň topara girýän beýleki adamlaryň gözükmeleri bilen gabat gelmekligi kiçi toparyň döremekligine ilkinji esas bolup durýar. Köpçülikde bolsa şeýle meňzeşligiň döremekligi örän kyndyr.

---

[27] ***Bellik.*** Biz bu ýerde “mähelle” sözüni rus dilindäki ylmy edebiýatda “толпа” düşünjesiniň terjimesi hökmünde kabul eden-de bolsak, onuň doly derejede dogrulygyny anyk aýtmakdan saklanýarys. Belki, bu söze derek “jemende”, “ýygyndy”, “başly-baratsyz üýşmeleň” ýaly düşünjeler ulanylmalydyr. (Awtorlar)

“Köpçülige” diňe adamlaryň köplügi hökmünde garamak ýeterlik däldir. Ony psihologiki nukdaýnazardan häsiýetlendirmek hem zerurdyr. Sebäbi mähelle görnüşindäki köpçülige girýän adama belli bir aýratynlyk häsiýetli bolýar. Şonuň üçin, ýeke bir adama garalanda hem onuň köpçülik adamsy bolýanlygyny ýa-da bolmaýanlygyny aýtsa bolar. Orteganyň garaýşyna görä, köpçülikleýin adam ol ýa-da beýleki bir sebäplere görä ýagşy ýa-da ýaman tarapdan özüni bahalap bilmeýär. Onuň üçin özüňi “başgalar ýaly” duýmak häsiýetlidir. Mysal üçin, dürli sebäplere görä, özüniň aýratyn ukybyny bilmek üçin öz-özüne baha berjek bolýan ýönekeý adamy göz öňüne getirsek we onuň özünde şol ukyby görüp bilmedik ýagdaýyna garasak, ol özüni ýöntem, ukypsyz, ýönekeý duýmagy mümkin. Ýöne özüni “köpçülikleýin adam” kimin duýmaz. Ol mähellä birleşmez. Şu we beýleki esaslar mähelläni pähimli-paýhasly topardan tapawutlandyrýar. Bu ýerde mähelläni köpçülikden hem tapawutlandyrmak gerekdir.

Fransuz alymy **Gabriel Tard** (1843-1903) mähelläniň däl-de, köpçülikleýin birleşmeleriň (gazet, žurnal okyjylarynyň, sport janköýerleriniň we başgalaryň) ornunyň artýandygyny belleýär. Şol bir wagtda hem şu hili birleşmeleriň soňky wagtda mähelle häsiýetine eýe bolýandyklaryny hem biz görýäris. Şonuň üçin mähelläniň kemala gelşi, onuň görnüşleri we wezipeleri bilen baglanyşykly soraglary öwrenmek ähmiýetlidir. Özüni alyp barşyna görä, häzirki döwrüň ylmy tarapyndan mähelläniň dürli görnüşleri tapawutlandyrylýar. Adamlaryň mähellede özlerini alyp barşy yňdarma, öýkünme we sosial-psihologiki täsire düşme ýokary duýgurlyk esaslarda güýjeýänligi bilen häsiýetlendirilýär.

## 10.3. Taryhda şahsyýetiň orny

Belli bir şertlerde şahsyýet jemgyýetçilik durmuşyna dürli hili täsir edip bilýär. Şol şertleri häsiýetlendirjek bolalyň. Ol ýa-da beýleki adam taryhy hadysalara takyk sosial toparyň, bütin halkyň bähbidini şöhlelendirip, olaryň goldawyna düşende şeýle täsirlilige eýe bolýar. Şeýle şahsyýet, eger özüniň döredijiliginde öz döwrüniň gerekliliklerini şöhlelendirip, ýüze çykýan meseleleriň çözgüdini berip, döwrüniň wajyp jemgyýetçilik gerekliliklerine gulluk etmäge ukyply bolan ýagdaýynda

beýgelýär. Şu nukdaýnazardan ýurt ýolbaşçysynyň strategiki akyly, häsiýeti we erki taryhy döwür üçin uly ähmiýete eýedir.

Taryhyň kesgitleýji pursatlarynda halky täze sepgitlere gönükdirmek üçin döwrüň özboluşlylygyny, aýratynlyklaryny kesgitlemek gerek bolýar.

Adamlara aýratyn täsirlilik, adamlary özüňe çekijilik diňe bir ýurt ýolbaşçysyna degişlilikde däl, eýsem her bir ýolbaşçy üçin hem gereklidir. Ýolbaşçynyň aýratyn täsirliligi bilen baglanyşykly meselä garalanda ***“harizmatiki şahsyýet”*** baradaky düşünjäni hem açyp görkezmelidir. ***“Harizma”*** (grekçe *harisma*-merhemet, hudaý tarapyn, hudaýdan berlen peşgeş) düşünjesi aýratyn täsirliligi aňladýar. Şahsyýeti häsiýetlendirmekde bu düşünjäni nemes sosiology **Maks Weber** giňişleýin ulanýar. Harizma lidere “belent wezipäni” amal etmeklige mümkinçilik berýän, oňa mahsus bolan seýrek duş gelýän häsiýetdir. Köpçülik bilen lideriň aragatnaşygyna bu ýerde duýgulaýyn-mistiki häsiýet berlip, onuň özüňi doly açmaklygy, çäksiz ynanjy we goldawy talap edýänligi bellenilýär. Bu hili aragatnaşyk “mertligi”, “merdanalygy”, “yzygiderli edermenligi” göz öňünde tutýar.

### 10.4. Taryhyň manysy hakynda

Taryha akyl ýetirmek bilen bagly meseleler filosoflary elmydama gyzyklandyrypdyr. Şol meseleletiň çözgütleriniň ilkinji gözlegi taryhy rowaýatlaryň üsti bilen beýan etmek esasynda gazanmaklyga getiripdir. Mysal üçin, “Oguznamalar” diýlip atlandyrylýan rowaýatlar geçmişi belli bir derejede aňlamaklyga käbir esaslary döredýärler. Olarda taryhy maglumatlar rowaýat görnüşinde berlip, aslynda bolup geçen taryhy wakalar beýan edilýär. Ýöne olarda taryhy tejribäniň düýp manysy bolan paýhas pikirler berilmeýär. Olarda garalýan wakalara üns agalyk edip, wagt ölçegi duýulmaýar. Ähli wakalar bolsa şol bir giňişlikde berilýär.

Ilkinji taryhçy **Gerodot** hasaplanylýar. Onuň “Taryh” atly eserinde şindi ösüş, özgeriş görkezilmeýär. Beýan edilýän zatlar aýry-aýry şekillere bölünip, olar yzygiderli bitewiligi berip bilmeýärler. Onuň beýan edýän taryhynyň yzygiderligi hyýaly häsiýete eýe bolýar. Ýöne Gerodot diňe bir wakalary gyzykly beýan etmän, onuň taryhy eseri

örän peýdaly durmuş sapaklaryny hem öz içine alýar. Gerodotyň eserlerinden taryhy filosofiki esasda aňlamaklyga täsir eden üç zady bellemek mümkin: taryh diňe syýasy ýa-da harby taryh bolup biler; döwlet işewür azlykdan we maýda köplükden durýar; halkyň taryhynda kem-kemden amal edilýän gizlin syr bardyr.

**Fukidid** we soňky taryhçylar Gerodotdan tapawutlylykda, taryhy esaslara daýanýarlar. Fukididiň eserlerinden soňra taryha adamlaryň häkimiýet we döwletde täsirlilik üçin göreşini hem-de döwletiň agalyk üçin göreşişini şöhlelendirýän wakalar hökmünde aňlamaklyk döredi. Ýöne taryh filosofiýasynyň ilkinji wekili hökmünde italýan akyldary **Wikony** görkezse bolar. Onuň "Täze ylym" atly kitaby taryha adamlaryň dil, kada-kanun, hökümet we başga ulgamlary döredýän özgerişi hökmünde garaýar. Wiko taryhda adamzat jemgyýetiniň we onuň edaralarynyň döreýşiniň hem-de kemala gelşiniň özgerişini görýär. Wikonyň pikiriçe, taryh geçmiş bilen diňe geçmiş hökmünde meşgul bolmaýar. Ol ilki bilen biziň öz ýaşaýan jemgyýetimiziň hakyky düzümi, bize mahsus bolan gylyk-häsiýetler, däp-dessurlar we bizi gurşap alýan adamlar bilen meşgul bolýar.

Wikonyň pikiriçe, taryhda umumy häsiýetlere eýe bolan döwürler bolýar. Ol häsiýetler her bir zada meňzeş öwüşgin berip, beýleki bir döwürlerde gaýtalanýar. Şonda iki döwür hem öz tebigaty boýunça biri-birine meňzeş bolýarlar. Dogrudan hem taryhda Wikonyň bu pikirini tassyklaýan mysallar bar.

Wikonyň taryhynda meňzeş döwürler şol bir yzygiderlikde gaýtalanmak häsiýete eýe bolýarlar. Gahrymançylykly döwürlerden soňra klassyky döwürler gelip, ol ýerde paýhas hyýaly oýlanmalardan, senagat oba hojalygyndan, parahatçylyga esaslanýan ahlak, söweşe esaslanýan ahlakdan agdyklyk edýär. Ondan soňra pese düşmeklik häsiýetli bolýar. Taryh gaýtalanýan, aýlawly hereket görnüşinde ýüze çykýar. Aýlawly hereket şonda ýöne bir tegelek görnüşli hereket bolman, eýsem spirallaýyn hereket görnüşine eýe bolýar. Diýmek, her bir täze aýlawda ösüşiň täze derejesine galynýar.

Görşümiz ýaly, Wiko XIX asyrda ýüze çykan esasy taryhy-filosofiki taglymatlaryň esaslandyryjysy bolýar. Şonda bir ugurly, köp ugurly we aýlawly ösüş taglymatlary peýda boldular.

## 10.5. Taryhy ösüş hakynda

Gegel, Marks we käbir beýleki filosoflar adamzat taryhyny bitewi görnüşde häsiýetlendirip, ähli halklaryň – birisiniň ir, beýlekisiniň bolsa giç bir maksada barýandyklaryny belleýärler. Ösüş ýoluna düşen halklaryň maksadyny her bir filosof özüçe kesgitläpdir.

Gegel adamzadyň taryhy hereketi öz bähbidine eýerýän aýratyn adamlaryň hereketiniň jemi bolýanlygyny adalatly belläpdir. Ähli ermleriň we gözükmeleriň jemi her bir adamyň garaşýan netijesinden düýpgöter başga netijä getirýär. Diýmek, adamlar haýsy hem bolsa has ýokary we olaryň bilmeýän zadynyň gurallary bolýarlar. Taryhda haýsy hem bolsa bir ruh, dünýä paýhasy hereket edýär. Dünýä taryhynyň maksady – dünýäniň ruhunyň öz-özüne akyl ýetirmekligi bolýar. Dünýäniň ruhy her bir halkyň ruhunda aňlanýar. Halkyň ruhy ony aňlamaklyga çalyşýar, beýgelýär, ýöne ol soňra pese düşüp öz ornuny beýlekilere, has ýaş halklara bermeli bolýar.

Ösüş ýokary galýar. Bu ýerde ösüşiň kriteriýasy bolup erkinligi aňlamaklyk çykyş edýär. Adamzat ösüp, kem-kemden erkinligi has çuňňur aňlamaklyk ýoluna düşýär. Gegeliň dünýä ruhy diýip atlandyrýan düýji ýer ýüzüni gezip, öz-özüni aňlamaklygyň belentliklerine galýar. Gegeliň pikiriçe, Gadymy Gündogar-onuň çagalyk döwri, Gresiýa-ýetginjekligi, Rim-kämilligi, german dünýäsi bolsa, onuň garrylygy.

Şeýlelikde, taryh, Gegeliň pikiriçe, Dünýä paýhasynyň progressiw ösüşiniň taryhy hökmünde çykyş edýär. Adamzat erkinligiň agalygynyň basgançaklaryna (ol basgançaklar bolup aýry-aýry ýurtlaryň we halklaryň erkinligi gazanmaklary hyzmat edýär) galýar.

Marksyň garaýyşlarynda hem Gegeliň güýçli täsiri duýlup, adamzat taryhy bitewi hasaplanylýar. Ähli halklar öz ösüşlerinde jemgyýetçilik-ykdysady ösüşiň bäş formasiýasyny, ýagny ilkidurmuş obşina, gul eýeçilik, feodal, kapitalistik we kommunistik formasiýalary geçmeli. Kommunizmde adamlaryň ähli gereklilikleri doly kanagatlandyrylyp, garyplyk ýok bolmaly. Adamlar maşynlary dolandyryp, işden boş wagtlary öz ruhy ösüşleri bilen meşgul bolup, öz-özlerini kämilleşdirmeli.

Marks taryhda adamlaryň aňyna we erkine bagly bolmadyk, obýektiw kanunlar agalyk edýär diýip belleýär. Ol bu netijäni taryhda

gaýtalanmanyň barlygyna esaslanyp çykarýar. Marksyň pikiriçe, eger taryhda kanunlar bar bolsa, onda olara akyl ýetirip, adamzadyň taryhy ösüşini ol ýa-da beýleki takyklykda dolandyrmak mümkin.

Marksam, Gegelem adamzadyň ösüşiniň maksadyny – Zeminde paýhasyň we azatlygyň dabaralanmagynda görüpdir. Şu maksada-da ähli halklaryň geljegine ynanypdyr. Marksyň taglymaty öz sadalygy bilen özüne çekiji bolup, birnäçe döwletler ony özlerine “dini ynanç” hökmünde kabul etdiler. XX asyryň ortalarynda kommunistik döwletleriň halkara birleşmesi ýüze çykyp, şol asyryň aýaklarynda ol birleşme dargady. Oňa giren halklar täzeden ösüş ýoluny gözlemeli boldular. Ony biz Türkmenistanyň mysalynda hem görýäris.

Ösüş barada ýokarda görkezilen taglymatlardan başga-da köp sanly garaýyşlar bar. Amerikan alymy **Uolt Rostouyň** “Kommunistik däl manifest” adyny alan “Ykdysady ösüşiň derejeleri” atly kitaby Marksyň taglymatyna garşy ýazylan hem bolsa, ol ondan kän tapawutlanmaýar. Bu ýerde hem bir ugurly ösüşiň shemasy berlip, formasiýanyň ýerine “dereje” sözi ulanylýar. Rostou ähli adamzat taryhyny tehnikanyň kämilleşmeklik taryhyna syrykdyrýar. Ýewropanyň ösen ýurtlarynyň we ABŞ-nyň ösüşi bu ýerde öňünden kesgitlenen, Aziýa, Afrika we Latyn Amerikasynyň ýurtlary bolsa Rostouň taglymatynda taryhdan daşky ýagdaýda garalýar.

Şonuň ýaly-da, köp ugurly ösüşiň we aýlawly ösüşiň taglymatlary hem bar. Nemes alymy **Karl Ýaspersiň** (1883-1969) “Taryhyň başlangyçlary we onuň maksady” atly kitabynda köp ugurly ösüş taglymaty beýan edilýän bolsa, nemes alymy **Oswald Şpengleriň** (1880-1936) “Ýewropanyň ýaşmagy”, şonuň ýaly-da, iňlis alymy **Arnold Toýnbiniň** (1889-1975) “Taryha akyl ýetirmek” atly düýpli işinde taryhyň *siwilizasion* ösüş taglymaty berilýär.

Görşümiz ýaly, taryhy ösüş barada taglymatlar az däl. Ýöne ähli ýurtlar we halklar üçin birmeňzeş, nusgalyk ösüş taglymaty ýok, durmuşyň görkezişi ýaly, ol bolup hem bilmez. Her bir ösüş ýoluna düşen halk öz geçen taryhy ýoluny we umumadamzat ösüş ýoluny düýpli öwrenip, ösen halklaryň bu ugurda toplan tejribesini öz medeniýetiniň esasynda özleşdirip, öz geljegini kesgitlemeli bolýar.

# III bölüm

# FILOSOFIÝANYŇ TARYHY

## On birinji bap
## Filosofiýanyň taryhynyň esasy döwürleri we häzirkizaman filosofiýasynyň esasy ugurlary

Gadymy hindi we gadymy hytaý filosofiýasy. Gadymy grek filosofiýasynyň görnükli wekilleri. Fales, Anaksimandr, Anaksimen, Geraklit. Parmenid, Zenon, Pifagor, Empedokl, Anaksogor, Demokrit. Sokrat, Platon, Aristotel. Orta asyr Gündogarynyň filosofiýasy. Orta asyr Ýewropa filosofiýasy. Galkynyş döwrüniň filosofiýasy. Fransuz materalistleri. Nemes klassyky filosofiýasy. Marksizm. Häzirkizaman filosofiýasy we onuň esasy ugurlary.

### 11.1. Gadymy hindi we gadymy hytaý filosofiýasy

Filosofiýanyň uzak taryhy bar. Gürrüňi gadymy **hindi filosofiýasyndan** başlalyň. Gadymy hindileriň filosofiýasynyň ösüş taryhyny şertleýin üç sany tapgyra bölmek mümkin:

1. **Wediki tapgyr** (b.e. öňki XV-VI asyrlar).
2. **Epiki tapgyr** (b.e. öňki VI-II asyrlar aralygy).
3. **Sudralar zamany** (b.e. öňki II asyrdan – b. eramyzyň VII asyry aralygy).

Hindi filosofiýasy köptaraplylygy bilen, üns merkezinde saklanan meseleleriniň köplügi bilen tapawutlanýar. Esasy üns beren meseleleriniň hataryna barlyk we ýokluk meselesi (ontologiýa), ruh we ten meselesi (antropologiýa) hem-de akyl ýetiriş meselesi (gnoseologiýa) girýär. Hindi filosofiýasynyň häsiýetli aýratynlyklary hökmünde *özakymlaýyn materializmiň, naturalizmiň, diniligiň, dialektikanyň elementar düşünjeleriniň* mahsus bolanlygyny görkezmek mümkin.

Gadymy hindi filosofiýasynyň ontologiýasynda **Rita kanuny** (kosmiki ewolusiýa, tapgyrlaýynlyk, tertiplilik, özara baglanyşyklyk) baradaky taglymat esasy orun eýeleýär. Hindi ontologiýasynda **barlyk**

we **ýokluk** Brahmanyň- Kosmosyň (Ýaradyjy Hudaýyň) dem alşyna we dem çykaryşyna bagly edilip görkezilýär. Ýaradyjy Hudaý 100 kosmiki ýyl (ýer ýylynyň 8 mlrd 640 mln ýylyna barabar) ýaşaýar diýlip hasaplanylypdyr. Barlyk bilen ýoklugyň öz orunlaryny çalşyp durmaklygy kanunalaýyklyk hasaplanylypdyr.

Dünýäniň ilkinji başlangyçlary hökmünde materiýanyň şu görnüşleri – **Ýer**, **Ot**, **Suw**, **Howa** we **Ruh** kabul edilipdir.



*Howa – gök tegelek, Ýer – sary kwadrat, Ot – gyzyl üçburçlyk, Suw – ýarymaý, Ruh – gara tegelek*

**Gadymy hytaý filosofiýasy** b.e. öňki VII – b.e. III asyry aralygynda ýüze çykypdyr we ösüşe eýe bolupdyr. Esasy ugurlary **daosizm** we **konfusiançylyk** hasaplanylýar. **Daosizm** taglymatynyň esaslandyryjysy **Lao-Szy** (b.e.öňki VI-V asyrlar) atly hytaý akyldary. Daosizmde **dao** – bu ähli bar zatlaryň çeşmesi we dünýäniň esasy diýlip düşünilýär. Dao tebigatyň ösüş kanuny hem hasaplanylýar. *“Dao – adamlaryň gatnaw ýoly”, “daony bilmeýänler azaşýar”* diýlen prinsipler bu taglymatda etikanyň meselelerine hem üns berlenligine güwä geçýär.

Daosizmiň esasy ideýalary aşakdakylardan ybarat:

- Hemme zat özara baglanyşykly;
- Materiýa ýeke-täk- dünýäniň esasy;
- 4 başlangyç baradaky garaýyşlar (suw, ýer, howa, ot);
- Tebigatyň kanunlary obýektiw häsiýete eýe.

**Konfusiançylyk.** Bu taglymat beýik hytaý akyldary **Konfusiniň (Kun-fu-szy)** (b.e. öňki VI–V asyr) ady bilen baglanyşdyrylýar. Onuň ýörgünli ady **“Kun mugallym”** bolupdyr. Esasy eseri – **“Lun ýuý”** (“Söhbetler we pähimler”). Konfusiniň taglymaty, esasan, etiki mesele-

lere bagyşlanylypdyr. Konfusiý üçin ahlaklylygyň idealy – wepaly, ýüregi açyk, dogruçyl, adalatly adam. Konfusiý hereketlerde sabyrlylygyň we howatyrlylygyň, ene-atalaryň çagalar tarapyndan sylanylmaklygynyň we häkimiýetiň "ýumşaklygynyň" tarapdary bolupdyr.

## 11.2. Gadymy grek filosofiýasy

Filosofiýanyň taryhy baradaky gürrüň, köplenç, gadymy grek (antiki) filosofiýasyndan başlanylýar. Munuň özüne ýetesi sebäbi bar. Filosofiýa özüniň hakyky manysynda alnanda, hut Gadymy Gresiýada dörän hadysadyr. Hawa, filosofiýanyň taryhyny Gadymy Müsürden alyp gaýtmaklyk baradaky garaýyşlar hem soňky döwürde az gabat gelmeýär. Emma Gadymy Müsüriň filosofiki mirasy hökmünde kabul etmeklik üçin hödürlenilýän maglumatlaryň köpüsi welin, goşmaça subutnamalary talap edýär, ýagny olara entek doly derejede ynandyryjylyk mahsus däl.

Gadymy grek filosofiýasy, esasan, **dört tapgyra** bölünýär. Onuň ***birinji tapgyryna*** şertleýin **Sokrata çenli döwür** diýlip, ol döwrüň esasy wekilleri hökmünde **Fales** (b.e.öň 625-545-nji ýyllar), **Anaksimandr, Anaksimen** we **Geraklit** (b.e.öň 544-483-nji ýyllar), **Pifagor** (b.e.öň 580-500), **Anaksagor** (b.e.öň 500-428) we **Demokrit** (b.e.öň 460-371) ýaly akyldarlaryň atlary görezilýär.

Indi bu akyldarlaryň her biriniň öňe süren esasy garaýyşlary bilen tanşalyň. **Fales "Ýedi akyldarlar"** toparynyň başynda durupdyr. *"Hemme zat suwdan döreýär"* diýen tezisiň awtory. **Anaksimandr "arhe"** ideýasyny öňe sürüp, oňa ilkinji başlangyç – **apeýron** diýipdir. Onuň "apeýron" diýýäni abstrakt materiýa**. Anaksimen** ilkinji başlangyç hökmünde **howany** kabul edipdir. **Geraklit "Tebigat hakynda"** diýen filosofik eseriň awtory. *"Şol bir suwa iki gezek girip bolmaýar"* we *"Ähli zat üýtgeýär"* ýaly tezisleri bilen yz galdyrypdyr. Dünýäniň başlangyjy hökmünde **ody** kabul edipdir. **Pifagor** *"filosofiýa"* diýen adalganyň awtory. *"Hemme zadyň esasyny sanlar düzýär"* diýip hasaplapdyr. Onuň tarapdarlary we okuwçylary *Pifagor soýuzyny* emele getiripdirler. **Anaksagor** *"gomomeriýalar"*– dünýäni emele getirýän tohumlar hakyndaky ideýanyň awtory. **Demokrit** – beýik materialist, ähli zat bölünmeýän **atomlardan** we boşlukdan ybarat diýip düşünipdir.

Gadymy grek filosofiýasynyň **klassyky döwrüniň** esasy wekilleriniň hatarynda ilki bilen **Sokratyň** (b.e.öň 469-399) ady tutulýar. Soňra bu döwrüň filosofiýasynda aýgytly rol oýnan **Platonyň** (b.e.öň 427-347), **Aristoteliň** (b.e. öň 384–322), **Antisfeniň** we **Diogeniň** atlary tutulýar.

Grek filosofiýasynyň **üçünji tapgyry ellinistik döwür** diýlip atlandyrylyp, onuň esasy wekilleriniň hataryna beýik **eleatlar Ksenofan, Parmenid** (b.e.öň 540-480), **Zenon, Empedokl** we **Epikur** girizilýär. **Parmenid "barlyk"** düşünjesini girizen filosof. *"Hereketde ýok, ýoklugam ýok, diňe barlyk bar"* diýen tezisiň awtory. **Zenon** öz **aporiýalary** (düşündirmesi kyn meseleleri) bilen belli. Onuň *"Dihotomiýa", "Peýkam", "Ahilles we pyşbaga"* atly aporiýalary özüne çekýär. **Empedokl** *4 stihiýa* (ýer, suw, howa we ot) we olary birleşdirýän iki sany güýç – **dostluk** we **duşmançylyk** baradaky pikiri öňe sürüpdir.

Grek filosofiýasynyň soňky, ýagny **dördünji tapgyry** eýýäm Gadymy Rim bilen baglanyşdyrylyp, onuň iň esasy wekilleri hökmünde **Lukresiý Karyň, Siseronyň** we **Mark Awreliniň** atlary sanalýar.

## 11.3. Afin mekdebi – Sokratyň, Platonyň, Aristoteliň taglymatlary

**Sokrat.** Sokratyň filosofiýasy, esasan, "Nähili ýaşamaly?" diýen ahlak meselesi bilen baglanyşyklydyr. Ol öz ömrüniň mysalynda diňe bir şägirtlerine däl, eýsem ähli geljekki nesillere sapak beripdir.

Sokrat üçin esasy ahlak gymmatlyklary hökmünde ak göwünlilik, öz borjuňa eýermeklik, ýagşylyga gulluk etmeklik çykyş edipdir. Ol öz ahlak garaýyşlaryndan ölümiň öňünde hem dänmändir. Sokrat ýagşy bilen ýamanyň arasyndaky tapawudyň otnositel däl-de, absolýut häsiýete eýe bolýanlygyny tekrarlapdyr. Ýagşynyň, ýamanyň nämedigini bilmeklik adama ahlaklylygy berýär. Şonuň üçin-de, Sokrat ahlaklylyk bilen baglanyşykly düşünjeleri takyk kesgitlemeklige we olaryň manysyny açmaklyga uly üns beripdir. Ol garalýan zada dogry kesgitleme bermeklik şol zadyň manysyny açmaklygyň esasydyr diýip hasaplapdyr.

Sokrat hakykylygy gazanmaklygy düşünjeleri derňemekligiň sungatyna eýe bolmak bilen baglanyşdyrypdyr. Bu bolsa onuň dia-

lektika baradaky özboluşly taglymatynyň esasyny düzýär. Akyldaryň dialektiki usulynyň manysy, söhbetdeşligiň dowamynda ugrukdyryjy we takyklaýjy soraglar bilen garşydaşyny ozalky eýeleýän nukdaýnazaryna garşy ýagdaýa getirmek bolýar. Şondan soňra hakykylygy bilelikde gözlemeklik başlanýar. Sokrat üçin hakykylyk aýratyn adamyň kellesinde taýýar görnüşde bolman, ol bilelikde hakykylygy gözleýän söhbetdeşleriň söhbediniň dowamynda döreýär. Şonuň üçin akyldar öz usulyny hakykylygyň döremegine kömek berýän ***maýewtika*** (grekçe *göbek enelik sungaty*) diýip atlandyrypdyr.

**Platon.** Gadymy grek filosofiýasynda Sokratdan soň aýratyn yz galdyran akyldar onuň şägirdi Platondyr. Ol öz eserleri bilen Sokratyň döredijiligine ölmez-öçmez ýadygärlik goýupdyr. Mälim bolşuna görä, Sokrat öz pikirlerini ýazga geçirmändir. Sokratyň filosofik taglymaty bize diňe Platonyň degişli ýazgylary esasynda ýetipdir.

Platonyň filosofiki sistemasy diňe bir Sokratyň filosofiýasynyň däl, eýsem ondan öňki filosofiýanyň hem logiki dowamydyr. Ýöne akyldaryň filosofiýasyna onuň durmuşyna iň güýçli täsir eden hadysa – Sokratyň nähak ölümine bolan garaýşyny göz öňüne tutmazdan, düşünmek kyn.

Platon: “Adalatlylyk we hakykylyk pikirlerini basgylap, adamlaryň iň mynasybyna ölüm jeza beren dünýä hakyky bolup bilermi?” diýen soragyna özi: “Ýok” diýip jogap beripdir. Platonyň pikiriçe, adaty dünýä ýaşaýar, barlyga eýe bolýar. Ýöne ol ýaşaýyş hakyky däl. Bu dünýäden başga bir dünýä – **arassa manylar** dünýäsi bar. Platon şol manylary aňlatmaklyk üçin “ideýa” (pikir) diýen düşünjäni ulanýar. Adaty dilde ol daşky görnüş, obraz, hil diýen manylary berýär. Pikirler (ideýalar) dünýäsi diňe bir manylaryň agalygy bolman, eýsem ýagşy manylaryň agalygy bolýar. Platon ideal dünýäni adaty dünýä diňe bir mazmunhadysa däl, eýsem ýagşy-ýaman manyda hem garşydaş goýýar.

Şonuň üçin Platon pikirleriň pikiri, iň ýokary pikir (ideýa) hökmünde Ýagşylyk pikirini öňe çykarýar. Bu pikir iň ýokary talaplary kanagatlandyrýan hakykylygyň, ölçegliligiň, sazlaşygyň çeşmesi. Ýagşylyk pikiri Güne kybapdaş. Adaty dünýäde bar bolan Gün, ideal dünýäde – Ýagşylyk pikiri. Pikirler dünýäsi hem hakyky, ýagny baky we üýtgemeýän barlygyň dünýäsi. Platonda barlygyň garşydaşy bolup, ýokluk çykyş edýär. Bu ýerde pikir däl-de, materiýa agalyk edýär. Materiýa ýekeligiň, üýtgemekligiň, ölmekligiň we dogmaklygyň, te-

bigy gerekliligiň, ýamanlygyň we baknalygyň çeşmesi. Pikir hem materiýa ýaly bakydyr.

Platon üçin hakyky dünýä ýagşylyk pikiri bilen şöhratlanýan pikirler dünýäsi. Bu dünýä päk manylary synlaýan Hudaýlara degişlilikde ilkinji bolup çykyş edýär. Şol manylary „synlaýan akylyň“ hataryna diňe bir hudaýlar däl, eýsem geçmişde ölenleriň we geljekde öljekleriň ölüm zerarly ýok bolan we ýok boljak ruhlary hem girýär. Bu ýerde Platon adamyň aýratyn ukybynyň barlygyny belleýär. Adam özüniň daşyny gurşaýan dünýäni duýmak we oňa seslenmek bilen bir hatarda, ruhy ölçeglere geçmeklige mümkinçilik berýän başga tebigata eýe bolan güýjüň täsirinde-de bolýar. Platon adamyň baky ruhuny keramatly pikirler dünýäsi bilen baglanyşdyrýar.

Platon duýgulardan başlap, adamyň ruha päk halda göz ýetirýänçä, beden lezzetini inkärläp, kem-kemden gözelligiň arassa görnüşlerine geçmekligini göz öňünde tutýar. Şonda adam gözellige syn edip, howaýylygy däl-de, hakykylygy synlaýanlygy üçin hakyky ýagşylyga ukyply bolýar. Platon diňe bir hakyky ýagşylyk barada pikir ýöretmek bilen çäklenmän, filosoflaryň ýolbaşçylyk edýän ideal döwletiniň taslamasyny düzüp, ony durmuşa geçirjek bolupdyr. Platonyň aýtmagyna görä, bu döwletde durmuş berk kadalaşdyrylandyr. Her bir raýatyň we sosial gatlagyň hukugy we borjy kanun esasynda kesgitlenendir. Hususyçylyk jemgyýetçilige boýun edilendir. Platonyň döwletinde iň ýokary maksat raýatlaryň abadançylygy baradaky alada syrykdyrylýar. Bu abadançylyga bolsa adalatlylyk we paýhas pikirleriniň durmuşa geçirilmegi diýlip düşünilýär. Platon ***ideal döwlet*** baradaky taslamasyny esaslandyryp, meseläniň içine girişipdir. Ol şol döwürdäki döwlet häkimiýetiniň görnüşlerini tankytlapdyr. Akyldaryň ideal döwlet baradaky taglymaty utopiki (hyýaly) häsiýete eýe bolanlygyna garamazdan, onuň döwlet görnüşlerini tankytlap, öňe süren pikirleri bu günki gün hem öz ähmiýetini ýitirenok.

**Aristotel.** Platonyň filosofiýasyna Sokratyň taglymaty täsir eden bolsa, onuň özüniň filosofik garaýyşlary Platon akademiýasynyň tanymal uçurymy Aristotel tarapyndan ösdürilipdir.

Dogry, Aristotel öz ussadynyň filosofiki garaýyşlary bilen doly derejede ylalaşmandyr. Aristotel: “Platon we hakykylyk meniň üçin örän gymmatly, ýöne meniň borjym hakykylygy ileri tutmaklygy ta-

lap edýär" diýipdir. Akyldar ilki bilen Platonyň pikirler taglymatyny tankytlapdyr. Ol Platonyň özbaşdak däl zady özbaşdak hasaplap ýalňyşýanlygyny belläpdir. Aristotel ussadynyň käbir filosofiki garaýyşlaryny tankytlasa-da, özüniň filosofiki taglymaty üçin Platona baglydygyna düşünipdir.

Aristotel antiki filosoflaryň içinde ilkinji bolup filosofiýany takyk ylymdan tapawutlandyryp başlaýar. Ol manylar ýa-da ilkinji esaslar we sebäpler baradaky ylym bolan *birinji filosofiýany* tebigaty öwrenýän *ikinji filosofiýadan* tapawutlandyrypdyr. Taryhda *metafizika* adyny alan birinji filosofiýanyň garaýan meseleleri tebigat bolman, akyl ýöretmeklik esasynda aňlanýan duýgudan ýokardaky baky manylardyr. Aristoteliň pikirine görä, diňe birinji filosofiýa sözüň doly manysynda filosofiýadyr. Şonuň bilen bir hatarda Aristotel fizika, tebigat baradaky taglymatlaryň hem filosofiýalygyny inkär etmändir, ýöne ol olary ikinji filosofiýa diýip hasaplapdyr.

Birinji filosofiýanyň üns merkezinde barlyk bilen baglanyşykly meseleler durupdyr. Aristotel dört sany ilkinji başlangyçlar ýa-da ilkinji sebäpler baradaky taglymaty işläp düzüpdir. Olaryň hatarynda formalar, materiýa, hereket we maksat bilen baglanyşykly sebäpler görkezilipdir. Aristoteliň olar barada aýdan käbir pikirleriniň üstünde durup geçeliň. Mysal üçin, materiýanyň we formanyň baglanyşygyny akyldar formanyň materiýanyň manysyny düzýänligini, materiýanyň bolsa formanyň çap bolýan esasy bolup çykyş edýänliginiň üsti bilen düşündirýär. Bu ýerdäki formanyň işewürligini akyldar onuň hereketliligi bilen esaslandyrýar. Aristoteliň aýtmagyna görä, ähli hereketler maksat bilen esaslandyrylan içki gözükmä eýe bolýar.

Dört başlangyç baradaky taglymatyny akyldar barlygyň iň ýokarky basgançagy bolan absolýut Akyl baradaky taglymat bilen jemleýär. Bu akyl diňe özüne bagly bolup, hiç bir zat bilen esaslandyrylmaýar. Görşümiz ýaly, iň ýokary barlyk baradaky taglymat teologiýa (hudaý baradaky taglymat) bolýar. Aristotel üçin hudaý soňky dini taglymatlarda bolşy ýaly şahsylaşdyrylan hudaý bolman, şahsylaşdyrylmadyk Hudaý – Akyl bolup çykyş edýär. Ähli älemi öz içine alýan obýektiw teologiýa esasynda Aristoteliň ahlak we syýasat baradaky taglymatlary esaslandyrylýar. Adamyň ahlaklylygyna akyldar päk maksatlara ymtylmaklyk diýip düşünýär. Ýokary päklik adamyň paýhasyna bagly bolan aýratynlygy

we borjy bilen kesgitlenýär. Şonuň üçin adamyň işi – paýhasly hereketi, kämil adamyň borjy bolsa paýhasly hereketini ajaýyp görnüşde ýerine ýetirmegidir. Päklige ymtylýan ýaşaýyş hereketli bolmalydyr. Onda-da ýöne bir hereketli däl, eýsem ýagşylygy dörediji hereketli bolmalydyr. Aristoteliň aýtmagyna görä, ýaşaýşyň hakyky maksady lezzet däl. Ol ruhuň akyl ýöretmekligi bilen ýetilýän keýpi-sapalygydyr. Aristotel üçin ahlak kämilligi hakykylygy synlap, keýpi-sapalyga ýetmeklikdir. Akyldar ony öz ömrüniň ýokary maksadyna öwrüpdir.

Aristoteliň aýtmagyna görä, adam diňe bir paýhasly bolman, eýsem ol ýaşaýşy jemgyýetden aýralykda bolup bilmeýän "syýasy haýwan" hem bolýar. Adamlaryň bilelikdäki ýaşaýşy maşgaladan başlanyp, urug we oba-kendiň üsti bilen ösüp, urug we kent aragatnaşygyny düzýän döwlete çenli galýar. Birleşmäniň iň ýokary görnüşi bolan döwlet belent abadançylyga gönügýär. Şu nukdaýnazardan Aristotel gadymy grek polisleriniň syýasy gurluşynyň görnüşleri bolan maşgalany, ykdysadyýeti, gulçulyk institutyny derňeýär. Platondan tapawutlylykda ol nusgalyk döwletiň üstünde durman, bar bolan syýasy görnüşleriň haýsysy abadan durmuşa ýetmeklige esas döretjekdigini derňeýär. Aristoteliň bitiren işleri gadymy grek filosofiýasy tarapyndan toplanan ylym-bilimi kadalamaklyk bilen çäklenmeýär. Ol ylymlaryň ösüşiniň esasy ugurlaryny hem kesgitleýär. Aristotel tebigat barada sazlaşykly taglymaty – fizikany döreden ilkinji akyldardyr. Ol dogry pikirlenmekligiň kanunlaryny we görnüşlerini kesgitleýän formal logikanyň hem esaslaryny goýupdyr.

## 11.4. Ellin-rim filosofiýasy

**B**u filosofiýanyň esasy akymlary bolup ***epikurizm, stoisizm*** we ***skeptisizm*** mekdepleri çykyş edýärler. Şol mekdepleriň gözbaşynda **kinikler** durupdyrlar. Bu ugry esaslandyranlar **Antisfen** (b.e. öňki 445-360 ýý.) we **Diogendir** (b.e. öňki 445-360 ýý.). Olar Afin mekdebiniň filosoflary bilen bir döwürde ýaşan hem bolsalar, öz garaýan meselelerine we filosofiki pikirlenişlerine görä filosofiýanyň klassyky döwrüne degişli hasaplanylmaýar. ***Kinikler*** grek polisiniň gowşap dargaýan döwründe meşhurlyga eýe bolup, antiki döwrüň soňuna çenli saklanyp galypdyrlar.

Kinikler filosofiýanyň wezipesine täzeçe garaýarlar. Olaryň pikiriçe, filosofiýa howaýy akyl ýetirmeler bilen meşgul bolman, adama ahlakly ýaşaýşyň ýoluny görkezmelidir. Onuň üçin bolsa gymmatlyklara täze garaýyş gerek. Diogeniň belleýşi ýaly, ýalňyş gymmatlyklaryň ýoguna çykmaly. Şol gymmatlyklaryň hataryna kinikler emlägi, lezzeti, bedeni lezzeti, jemgyýetçilik aňyna baglylygy goşýarlar. Olar tebigatyň adama iň çäkli gereklilikleri kesgitleýänligi sebäpli, ähli lezzetlerden el çekmekligi, terkidünýäligi wagyz edýärler. Kinikleriň filosofiýasynyň ruhy hiç bir zat bilen çäklenilmeýän azatlygyň üsti bilen aňladylýar. Olar ten gerekliliklerinden azatlyk, olary düýpli çäklemek; adam nogsanlyklaryndan azatlyk, ulumsylykdan, şöhratparazlylykdan, nebisden, köpçülikde özüňi alyp barmaklygyň şertliliklerinden azatlykdyr. Şeýle azatlygy öz-özüňi çäklemek we öz-özüňe buýurmak esasynda gazanyp bolýar. Kinikleriň edebi özboluşly aýratynlyk we subýektiwlik häsiýetlerine eýe bolýar. Ol adamyň erkine we onuň özbaşdak ýaşamak ukybyna baglydyr.

Epikurizme hem şu hili häsiýetler mahsus bolupdyr. Demokritiň pikirleri bilen ruhlanyp, **Epikur** (b.e. öňki 341-270 ýý.) Afinide öz bagynda filosofiki mekdebi esaslandyrýar. Ol taryha **Epikuryň bagy** ady bilen girýär. Epikur filosofiýa gaýgy-gamsyz we ezýetsiz durmuşy döredýän aňly taglymat hökmündäki garaýşy ösdürýär. Epikuryň ahlak taglymatyny erkinlik edebi hökmünde kesgitlese bolar. Adamyň özüni erkin alyp barmaklygynyň esaslary tebigatyň özüne esaslanýar. Epikur erkinligiň ilkibaşky fiziki sebäplerini Demokritiň gaýtadan işlenen atomistik taglymatyndan alyp gaýdýar. Şonda ol düýpgöter täze usuly – atomlaryň hereketde öz erkine gyşarmaklyga bolan ukyby baradaky pikiri girizýär. Epikuryň fizikasynda atomlaryň özbaşdak gyşarmaklygy tebigatyň iň az erkinligi bolýar. Akyldaryň pikiriçe, şol erkinlik bolmasa, adamlaryň hereketlerinde hem erkinlik bolup bilmeýär. Epikuryň aýtmagyna görä, adamyň bagtyýarlygyna bolan garşylyklary adamlaryň durmuşyna Hudaýlaryň goşulmaklygyny, o dünýädäki ýaşaýyşdan, ölümden gorkyny aradan aýryp erkin bolup bilýär. Epikuryň pikiriçe, filosofiýanyň iň esasy wezipesi hem adamy şol gorkulardan goramakdan ybaratdyr.

Rim topragyna epikurizm taglymaty b.e. öňki I asyrda aralaşýar. **Tit Lukresiý Karyň** (b.e. öňki I asyryň ortalary) “Zatlaryň tebigaty

barada" poemasyny latyn dilinde ýazmaklygy epikurizmiň bu ýere ýaýramaklygyna uly täsir edýär. Şol döwürde latyn dilinde filosofiki adalgalaryň bolmanlygy sebäpli, Lukresiý Epikuryň pikirlerini şahyrana obrazlaryň üsti bilen bermekligi dogry tapýar.

Kiteondan bolan **Zenonyň** (b.e. öňki 336-265 ýý.) esaslandyran ***stoisizm*** taglymaty b.e. öňki III asyrdan – b.e. II asyryna çenli hereket edýär. Bu mekdebiň "Stoýz" ady Zenonyň öz taglymatyny beýan eden ýeri – şol ady göteren **port** (gämi duralgasy) bilen baglydyr. Epikura eýeren ***stoikler*** adam durmuşynyň esasy maksadyny bagtly ýaşaýşa ýetmek bilen baglapdyrlar. Ýöne bagta bolan ýoly olar özleriçe düşündiripdirler. Adamyň bagtly durmuşy, onuň tebigaty bilen bagly paýhaslylyk, ruhulyk esasynda öz ýoluny özi saýlap ýaşamagy bilen mümkin bolýar. Tebigat bilen sazlaşykly ýaşaýşa ymtylyp, stoikler adamyň kemçilikleriniň we kynçylyklarynyň ilkinji çeşmesi bolan güýçli duýgulardan azat bolup, ahlak azatlygyny gazanmaklygyň ýollaryny gözläpdirler. Stoikler durmuşyň şatlykly we kynçylykly günlerini birmeňzeş asudalyk bilen geçirmekligi öwredipdirler. Olar nusgalyk ahlagy berk we yzygiderli ýagşylygy amal etmekde görüpdirler. Olar "Ýagşylyk edip bilmeseň, ýaşamanyň gowy" diýen ýörelgä eýeripdirler.

Durmuşyň iň wajyp meselelerine köpsanly mekdepleriň gapma-garşylykly garaýyşlary göwnüçökgünlige, ynamsyzlyga – *skeptisizme* getirýär. Skeptikleriň taglymaty bilimiň dogrulygyna güýçli müňkürlik bolupdyr. Skeptisizmi **Pirron** (b.e. öňki 360-270 ýý.) esaslandyrypdyr. Ol filosofyň zatlara ýeke-täk mümkin bolan garaýşy haýsy hem bolsa bir zady aýtmaklykdan saklanmakdyr diýipdir. Skeptik-filosof hiç bir zada hökmany-hakykylyk manyny bermändir. Şeýle adamyň içki dünýäsine ugrugýan, şol bir wagtda hem özüniň nazaryýet-akyl ýetiriş ynamsyzlygy bilen tapawutlanýan taglymatlar diňe bir ellinizmiň irki döwrüne däl, eýsem giçki ellinizm üçin-de häsiýetli bolupdyr.

Giçki ellinizmiň filosofiki taglymatlary Platonyň filosofiýasyna esaslanyp, **neoplatonizm** ady bilen taryha girýär. Giçki ellinizmiň filosofiki taglymatlary örän üýtgeşik döwürde işlenip düzülýär. Rimiň grek dünýäsiniň üstünden agalyk edýän döwründe Rimde ellin medeniýeti emele gelýär. Giçki antiki döwrüň iň çuňňur taglymaty bolan neoplatonizm öz eýýamynyň iň esasy häsiýetlerini – uniwersallygyny we weýrançylygyny özünde jemläpdir. Ol Rim imperiýasynyň jan

howply asyrlaryny öz içine alýar. Ol harby şowsuzlyklar, ählumumy çökgünlik, dagynyklyk, gullaryň gozgalaňlary, milli gozgalaňlar, ýerleriň ýitirilmegi ýaly kynçylyklar bilen baglanyşýar. Rim imperiýasynyň soňky asyrlardaky weýrançylygy ýeke bir neoplatoniki filosofiki taglymatlaryň däl, eýsem şol döwürde döräp, gün-günden güýç alan *hristiançylygyň* (Isa pygamberiň ýörelgelerini dowam edijiler) hem real ýaşaýşyň meselelerinden el çekmegi bilen häsiýetlenendir.

Antiki filosofiýanyň görnükli wekili **Plotindir** (b.e. 204-270 ýý.) Plotin Platonyň filosofiýasyna eýeripdir. Ol ony ýöne bir gaýtalaýjy bolman, eýsem döredijilikli ösdürip, täze pikirler bilen baýlaşdyrypdyr. Plotini we Platony duýgulardan ýokarky dünýäniň reallygyny görünýän dünýäniň howaýylygyna garşy goýmaklyk birikdirýär. Plotin üçin barlygyň iň ýokary basgançagy, Platonyň aýdyşy ýaly, pikir däl-de, hiç bir häsiýeti bolmadyk, özüne ýeterlik başlangyç hökmünde kesgitlenen keramatly ***Birinji bitewilik*** çykyş edýär. Plotiniň filosofiýasynyň esasy manysy hem şol keramatly Birinji bitewilikden dünýäde bar bolan ähli yzygiderliligi ýüze çykarmakdan ybarat bolupdyr. Bitewilikden döreýän ilkinji zat Akyl (Nus) bolýar. Ol barlyk kämilliginiň derejesi boýunça Bitewilige iň ýakyn durýar. Ýöne döredilýän zat hökmünde Akyl dörediji Bitewilikden aşakda durýar. Bitewilik we Akyldan soňra Ruh gelýär. Ol Akyla, Akylyň Bitewilige degişli bolşy kimin, degişli. Onuň iki hili tebigaty bar. Onuň bir bölegi Akyla, beýlekisi daşyna ymtylýar. Görünýän dünýä, ýagny tebigat, Ruhuň emanasiýasy (akyp çykmasy) bolýar.

Medeni-taryhy nukdaýnazardan Plotiniň filosofiýasynda onuň filosofiýasynyň özi däl-de, onuň öňe süren pikirleri, esasan-da:

- aşakly-ýokarly kadalaşdyrmak esasynda barlyga gymmatlyklaýyn garaýyş;
- ýokary barlygy döredijilikli başlangyç hökmünde kabul etmek;
- ýokary barlyk tarapyndan aşakynyň döredilmegi

ýaly pikirleri has-da gymmatlydyr. Hristiançylygyň dini filosofiýasyna örän ýakyn bolan bu pikirlere köp döwrüň dowamynda ýaşamaklyk miýesser edipdir.

Umuman, antiki filosofiýa filosofiýa ylmynyň kemala gelmeginde aýgytly döwürdir. Ol indi birnäçe asyrlar bäri adamzat paýhasynyň kämilleşmeginiň egsilmez çeşmesi bolup hyzmat edip gelýär we geljekde-de onuň öz ähmiýetini ýitirmejekligi aýdyň zat.

## 11.5. Orta asyr filosofiýasy

Orta asyr filosofiýasy müň ýyla golaý, takmynan, V asyrdan XV asyra çenli döwri öz içine alýar. Orta asyr filosofiýasy özboluşly häsiýete eýe bolup, onuň ösüşine Günbatarda hristian filosofiýasy we Gündogarda musulman filosofiýasy uly goşant goşupdyr.

**Günbatar Ýewropa döwletleriniň orta asyr hristian filosofiýasy.** Orta asyr filosofiýasy antiki rasionializminiň esasynda we diniň güýçli täsir edýän sosial hem-de ruhy gurşawynda kemala gelipdir. Günbatar Ýewropa döwletleriniň orta asyr filosofiýasy gapma-garşylykly häsiýete eýe bolupdyr. Bir tarapdan, onuň mazmunynyň aglaba bölegini teologiýa (hudaýşynaslyk) düzüpdir. Ol Injilde getirilýän düşünjeleriň esasynda Hudaýyň barlygyny, ruhuň bakylygyny esaslandyrmaklyga çalyşýar. Şeýle garaýyş has hem **patristika** diýlip atlandyrylýan irki döwre häsiýetli bolýar. Bu döwürde orta asyr filosofiýasy "dini taglymatlaryň hyzmatkäri" diýen ada eýe bolýar. Ikinji tarapdan, öz ösüşiniň ikinji ýarymynda **sholastika** ("scholastikos" – latynça "alym, mekdep") döwründe diniň ykrar edýän çäklerinde ylmy filosofiýa häsiýetli bolan ynanç bilen paýhasyň aýratynlygy hem umumylygy ýaly meseleleri işewür derňeýär. Dünýä filosofiýasynyň taryhyndaky orta asyr filosofiýasynyň oňaýly orny hut şu tarapyň bitiren işleri bilen baglydyr. Umuman, bu filosofiýada şu ikiýanlylyk, onuň garaýan ähli meselelerinde duýulýar. Mysal üçin, hristian ontologiýasy ynanja hem-de paýhasa daýanyp, öz düşünjelerini esaslandyrmaklyga ***irrasional*** we ***rasional*** usullary ulanyp, dünýäni we adamy dörediji bolup Hudaýyň çykyş edýänligini tassyklamaklyga çalşypdyr. Orta asyr filosofiýasynda adam baradaky taglymatyň (antropologiýanyň) hem özboluşlylygy bar. Adam bu ýerde Hudaýyň gurnaýan we kadalaşdyrýan dünýäsiniň bir bölegi bolup çykyş edýär. Ol diňe bir hudaýtarapyn döredilmän, oňa meňzeşem bolýar. Ýöne adamyň tebigaty ikiýanlydyr. Onuň ruhy we teni bar. Hudaý tarapyndan berlen ruhlulygy hem-de şeýtan tarapyndan guýulýan bozgaklygy bar.

***Sholastikanyň*** we ***gumanistik*** eýýamyň çatrygynda ýerleşýän taglymaty bilen çykyş eden ***Nikolaý Kuzanskiniň*** (1401-1464) pikiriçe, adam ýagtylygyň we ten tümlüginiň bitewiligi hökmünde öňe çykyp, adam Hudaýy bolýar.

Orta asyr sosial filosofiýasynda hem döwür bilen häsiýetlendirilýän özboluşlylyk duýulýar. Merkezleşdirilen Rim imperiýasynyň dargamagy bilen dörän täze agalyk ediji toparyň bähbitlerini şöhlelendirip, bu taglymat Platondan gözbaş alýan gatlaklara bölünen jemgyýet berk merkezleşdirilen, monarhistik döwlet baradaky pikiri goraýar. Bu döwlet Injiliň "asmanda ýeke Hudaý, ýerde bir patyşa" diýen ýörelgesine eýerýär. Şonuň bilen bir hatarda ol käbir geljegi bar bolan ählumumy deňligiň gerekligi, ýakyna söýgi we beýleki gumanistik pikirleri hem öňe sürüpdir. Hristian sosial filosofiýasynyň demokratik häsiýetiniň ýene bir tarapy hereket edýän jemgyýetçilik we döwlet gurluşynyň üýtgemegi we kämilleşmegi, onuň kämil däl "ýer kendinden" kämil "asman şäherine" öwrülmegi baradaky pikir bilen baglanyşyklydyr. Jemgyýetçilik gurluşynyň dialektikasy, onuň hereketliligi baradaky garaýyşlary işläp düzmek we şonuň esasynda taryhyň filosofiýasynyň ilkinji esaslaryny döretmek orta asyr filosofiýasynyň wajyp gazananlarynyň biridir.

Orta asyr filosofiýasy özboluşly akyl ýetiriş taglymaty hem işläp düzýär. Bu özboluşlylyk şol döwürdäki dini we dünýewi garaýyşlaryň baglanyşygynyň esasynda döreýär. Bu baglanyşygyň esasynda gazanylýan hakykylyk bolsa diňe bir aňlanan, ýagny rasional esaslarda däl-de, eýsem ynanjyň, intuisiýanyň kömegi bilen amal edilýär. Ondada dünýä akyl ýetirmegiň soňky usuly has ygtybarly hasaplanýar. Esasan, dini öwrenijiler şu usuly ulanýarlar. Hawa, bu ýagdaýa hristian filosofiýasynyň Platon we Aristotel tarapyndan döredilen filosofiki ulgama daýanmaklygy päsgelçilik bermeýär. Orta asyr filosofiýasynda şeýle "zähmet bölünişiginiň" gerekligini **Foma Akwinskiý** (1225-1274) yzygiderli nygtapdyr.

Orta asyr filosofiýasy filosofiki pikiriň uzak döwrüni öz içine alýar. Ol özüniň içki bitewiligine garamazdan, iki aýdyň döwre: **patristika** we **sholastika** bölünýär. Patristiki döwri, esasan, I-VII asyrlar aralygy bilen baglaýarlar. Bu döwrüň belli filosofy **Awgustin Awrelidir** (354-430). Ol bütin orta asyryň dowamynda hereket eden hristian teologiýasyny işläp düzýär. Awgustin ontologiki taglymaty (barlyk baradaky filosofiki taglymat) işläp düzüp, ilki bilen Hudaýyň dünýäni hiç zatdan döredişini esaslandyrýar. Onuň aýtmagyna görä, Hudaý diňe bir Platonyň göz öňüne getirişi ýaly bar bolan baky, ilkinji materiýadan

dünýäni gurnaman, eýsem dünýäni düzýän substansiýany hem döredýär. Akyldaryň ady bilen taryhyň özgerişi baradaky taglymat baglydyr. Onuň esasyny ýokarda aýdylyşy ýaly, jemgyýetçilik durmuşynyň aşaky basgançakdan ýokarky, ýagny “ýerdäki kentden” “Hudaýyň şäherine” yzygiderli geçilýänligini kabul etmek baradaky garaýyş düzýär.

Awgustiniň filosofiýasynda adam meselesine uly orun berilýär. Onuň pikirine görä, Adamyň tebigaty ikiýanly, ýagny ruhy we ten başlangyçlaryndan durýar. Adamyň ruhunyň esasy ukyby onuň Hudaýa ynanmak ukybydyr. Bu ukyp adamyň iň ýokary ukyby bolsa-da, ýeke-täk ukyby däldir. Adama berlen beýleki ruhy gymmatlyk – adama tebigata we jemgyýete akyl ýetirmeklige mümkinçilik berýän paýhas we oýlanmaklyk ukyplarydyr. Paýhas diňe ynanjyň görkezmelerini berkidýär. Onuň özi hakykaty tapyp bilmeýär. Şu ukyplaryň sazlaşygy adama ýamanlyga garşy durup, ýagşylygy gazanmaga mümkinçilik berýär. Awgustiniň we hristian filosofiýasynyň beýleki wekilleriniň şu hili garaýyşlary hristian dininiň doktrinasynyň berkemegine we buthananyň syýasy ulgamda agalygyna getiripdir.

Orta asyr filosofiýasynyň ikinji döwri – **sholastika** IX-XV asyrlary öz içine alýar. Bu döwrüň görnükli wekili **Foma Akwinskidir.** Onuň filosofiýasy resmi katoliki ideologiýanyň ensiklopediýasy hökmünde kabul edilendir. Foma Akwinskiniň filosofiýasy ***neotomizm*** diýlip atlandyrylýar. Akyldaryň bitiren işleriniň esasylarynyň biri orta asyr filosofiýasynyň merkezi meselesi bolan – din bilen ylmyň, ynanjyň we akylyň arabaglanyşygyny çuňňur işläp düzenligi bilen baglydyr. Bu meseleler patristika döwründe hem filosoflary gyzyklandyrypdyr. Ýöne olar ony ylmy taýdan subut etmekligiň gerek däldiginden ugur alypdyrlar. Akwinskiniň taglymaty bolsa akyly we ynanjy sazlaşdyrmaklyga gerek bolan örän köp esaslary ýüze çykarýar. Onuň aýtmagyna görä, ynanjam, paýhasam Hudaýa we onuň döreden dünýäsine akyl ýetirýär. Ynanç we akyl usullary biri-biriniň üstüni ýetirýärler. Biziň ynançlarymyzyň iki çeşmesi hem hudaýtarapyn döredilendir. Ýöne ynanjyň Hudaýyň barlygynyň hakykylygyny islege we erke görä kabul edýänligi, akylyň bolsa elmydama müňkür bolýanlygy olary tapawutlandyrýar. Ynanç – elmydama akyldan ýokarda. Foma Akwinskiniň bu taglymaty şu gün hem dini filosofiýa tarapyndan ulanylýar.

Orta asyr filosofiýasynda bu meseläniň giňişleýin ara alyp maslahatlaşylmagy uniwersallyk we aýratynlyk, ýagny umumy we takyk

düşünjeleriň deňeşdirilýän gymmatlyklaryň üsti bilen akyl ýetirmeklige getirýär. Adamyň duýgy organlary bilen diňe aýratynlyklary kabul edýänligini filosoflar ozaldan bilipdirler. Şol bir wagtyň özünde-de, adamyň her günki durmuşynda umumy düşünjeler hem ähmiýetlidir. Şonuň üçin umumy düşünjelere akyl ýetirmek wajypdyr. Şu meseläni anyklamak bilen baglanyşykly orta asyr filosofiýasynda iki akym, ýagny ***realizm*** we ***nominalizm*** akymlary döreýär. Olar bu soragyň jogabyny garşydaş çözýärler.

***Nominalistler*** diňe aýratyn zatlary aňladýan takyk düşünjeler hakykylyk bolup biler diýip hasaplapdyrlar. Umumy düşünjeler, ýagny uniwersiaýalar bolsa pikir ýöretmekligiň daşynda hiç bir belli zady aňlatmaýar. Şonuň üçin nominalistleriň pikiriçe, olar diňe pikiriň görnüşidirler. ***Realistler*** bolsa aýratynlykdaky däl-de, görnüşi, kowmy, synpy häsiýetlendirýän umumy düşünjeleriň uly ähmiýete eýe bolýandygyny belleýärler. Şeýle garaýşy Foma Akwinskiý doly goldapdyr.

Şu garşydaş taraplary ylalaşdyrjak bolýan orta asyr filosofiýasynyň ýene bir akymy ***konseptualizm*** döreýär. Bu akymyň belli wekili **I.Duns Skot** (1265-1308). Onuň pikiriçe, herki zat umumylygyň we aýratynlygyň birligi görnüşinde ýüze çykýar.

## 11.6. Orta asyr musulman dünýäsiniň filosofiýasy

Orta asyrlarda yslam dünýäsinde ösüşe eýe bolup başlan filosofiki pikirler, köplenç, ylmyň esasynda kemala gelipdir. Şol döwürde Merkezi Aziýada ýaşan alymlaryň matematika, astronomiýa, lukmançylyk, geografiýa, taryh ylymlarynda, aýratyn-da alhimiýada meşhurlyga eýe bolandyklary taryhdan bellidir. Aslynda lukman, astronom we geograf bolan filosoflar, köplenç, howaýy pikir ýöretmelere däl-de, takyk ylymlara, tejribä höwesli bolupdyrlar. Orta asyr musulman filosofiýasynyň görnükli wekilleri hökmünde **Al-Farabynyň**, **Ibn Sinanyň** we **Al-Gazalynyň** atlary tutulýar.

**Al-Faraby** (870-950) ýüzden gowrak filosofiki we tebigy ylymlaryň taryhyna degişli eserleri döredipdir. Ol diňe bir Ýakyn we Orta Gündogarda aristotelizmi esaslandyryjylaryň biri bolman, eýsem täze döwrüň filosofiýasynyň döremegine güýçli itergi beren akyldar bolupdyr. Faraby teoretik (logika, filosofiýa we tebigy ylymlar) we ama-

ly (edep we syýasat) böleklerden bolan ylmyň akyl ýetirişiň esasy serişdesiliginden ugur alypdyr. Ol hakyky bilimi ýalan bilimden tapawutlandyrmaga kömek berýän logika ilkinjiligi beripdir. Şol esasda hem filosof paýhasyň aýratyn ähmiýetini belläpdir. Onuň pikiriçe, diňe filosofiýa adama barlygyň manysyna düşünmeklige ýardam etmeklige ukyply. Barlyk bolsa "bitewilik" we şol bir wagtda hem "köplük". Barlygyň bu hili ýagdaýy barlygyň dürli gurşawlarynyň bir "bitewilikden" gelip çykýanlygy bilen bagly. Farabynyň aýtmagyna görä, dünýä dokuz sany, biri-biriniň içinde ýerleşýän asman çäklerinden durýar. Olarda ýaşaýan ruhlar bu asmanlary herekete getirýär. Asman çäkleri hereketi ilkinji itergiden alýarlar.

Faraby dünýäniň köpdürlüligini esaslandyrmak üçin Aristoteliň forma we materiýa baradaky taglymatyny ulanýar. Ol ruhuň bakylygy barada Platon bilen ylalaşmaýar. Faraby ruhuň ten bilen bile döreýänligini we ýok bolýanlygyny nygtapdyr. Şonuň üçin akyldaryň akyl ýetiriş taglymaty Platonyň ýatlamaklyk taglymaty bolmaýar. Paýhasly ruh duýgularyň görkezmelerini ulanyp, zatlaryň tebigatyny açýar. Zatlaryň manysy akyl esasynda aýan bolýar. Bu ýerde akyl logika esaslanýar. Ýöne ol ilki bilen duýgy organlarynyň berýän maglumatlaryna daýanmaly.

Al-Faraby ylmy ilkinji orunda goýan musulman filosofy hasaplanylýar. Onuň filosofiýasy gnoseologiýanyň we ontologiýanyň çylşyrymly meselelerini çözmeklige çalyşýar. Şu maksat bilen ol barlygyň sypatlaryny, onuň görnüşlerini: ýönekeý böleklerini – howa, ot, toprak, suw; şonuň ýaly-da, minerallary, ösümlikler we haýwanat dünýäsini, adamy derňeýär. Şeýlelikde, akyldar dünýäniň obýektiw hereket edýänligini düşündirýär. Faraby gumanitar ylymlara hem uly goşant goşupdyr. Syýasat we sungat bilen baglanyşykly meselelere-de uly üns beripdir. Akyldar özüniň paýhasy, ölmez-ýitmez filosofiki eserleri bilen musulman dünýäsinde Aristotelden soň *ikinji mugallym* adyna mynasyp bolupdyr.

**Ibn Sina** (Awisenna) (980-1037) adamzadyň filosofiki pikirine saldamly goşant goşan akyldardyr. Ol 300-den gowrak eserleri döreden, olaryň arasynda onuň "Tebipçilik ylmynyň Kanuny", "Bilimler kitaby" ýaly eserleri uly meşhurlyga eýedir. Ibn Sina ensiklopediki

bilimlilige eýe bolan akyldardyr. Ol ylymlary öwrenýän zatlaryna görä kadalaşdyrmagyň wajyplygy baradaky pikiri öňe sürýär. Akyldar tebigat ilkibaşdan bar we ýok edilmeýär diýen pikiri goldapdyr. Tebigatyň kanunlary üýtgemeýärler, şonuň üçin olara adam akyl ýetirip bilýär.


**Ibn Sina**

Ibn Sinanyň filosofiki mirasynda barlyk taglymaty aýratyn orun tutýar. Ol barlygyň iki görnüşini, ýagny Gerekli Bar zadyň we Mümkin bolan Bar zadyň barlygyny tapawutlandyrýar. Gerekli Bar zadyň barlygy – bu bozulmaýan barlyk – ruhy manydyr. Ol "arassa hakykylyk" we "arassa paýhas". Ibn Sinanyň bu barlygy Platonyň "Bitewiligine" we Aristoteliň "ilkinji hereketlendirijisine" kybapdaşdyr. Mümkin bolan Bar zadyň barlygy – bu tebigat üýtgemeklige we dürlülige eýe bolan maddy dünýädir. Barlygyň bu iki görnüşiniň arasynda durnukly arabaglanyşyk bar. Ol ruhuň we tebigatyň baglanyşygydyr. Eger ruh baky we tebigat bilen bagly bolsa, tebigat hem baky bolýar. Ýöne Ibn Sinanyň Gerekli Bar zat barlygy ähli zady dörediji däl-de, *emanasýadyr*. Ibn Sinanyň düşündirmeginde bu ýerde täsin zat tebigatyň öz-özünden özakymly ösüşdeligidir. Ol minerallaryň döreýşini, olaryň ösümlikler dünýäsine geçişini, soňra haýwanat dünýäsine, olardan bolsa aňly jandarlaryň ýüze çykyşyny derňeýär.

Ibn Sinanyň akyl ýetiriş taglymaty hem filosofiki-taryhy baha mynasypdyr. Bu taglymat tebigy-ylmy esaslardan, barlanýan zatlaryň obýektiwlige eýe bolýanlygyndan ugur alýar. Akyl ýetiriş – bu akyl ýetirýäniň duýgularynda we aňynda barlanýan zatlaryň keşbiniň şöhlelenmesidir. Akyldar öz döwrüniň adamsy. Onuň pikiriçe, akyl ýetiriş ruh bilen dünýäniň ähli hadysalarynyň şekilini özünde jemleýän paýhasyň birleşmesidir. Ibn Sinanyň eserlerinde akyl ýetirişiň wajyp meseleleri bolan bilimiň hakykylygy, intuisiýanyň akyl ýetirmeklikdäki orny giňişleýin derňelýär.

Filosof logikanyň meselelerine hem aýratyn üns beripdir. Ol logikany pikiriň öz tebigatyndan alynýan pikiriň kanunlary we görnüşleri

baradaky ylym diýip kesgitleýär. Logika hakykylyk baradaky ylym bolup, pikir ýöretmäniň görnüşlerini we subut etmekligi öwrenýär.

Ibn Sinanyň filosofiki we ylmy döredijiliginiň adamzadyň bitewi medeni däpleriniň birikdiriji halkasy bolup gulluk edýänligini bellemek gerek. Ibn Sina diňe bir Gündogaryň däl, eýsem Günbataryň hem ylmynyň we medeniýetiniň ösmegine itergi beren akyldardyr. Alymyň "Tebipçilik ylmynyň Kanuny" atly kitaby alty asyryň dowamynda Ýewropanyň lukmanlaryna okuw kitaby bolup hyzmat eden eserdir. Ibn Sinanyň "Söýgi barada" atly eserinde beýan eden Gözel Zenana akgöwünli hyzmat etmek baradaky pikiri **turbadurlaryň**[28] şygryýetiniň hem-de orta asyryň soňunda Ýewropada **Danteniň** söýgi taglymatynyň esasyny düzýär. Danteniň ähli döwürleriň we halklaryň akyldarlarynyň arasynda Ibn Sinanyň adyny tutmagy muňa doly şaýatlyk edýär.

**Abu Hamit Muhammet ibn Muhammet al-Gazaly** (1059-1111) orta asyr musulman dünýäsiniň iň görnükli akyldarlarynyň biridir. Ol kanuny öwreniş, filosofiýa we logika, teologiýa, sufizm tejribesi, sufizm nazaryýeti ugurlary boýunça 100-den gowrak ylmy işleri ýazypdyr. Ol sufizmiň görnükli wekilleriniň biridir. Onuň taglymatyna metafizikany we terkidünýälik tejribesini sazlaşdyrmak häsiýetli bolupdyr. Şonuň ýaly-da, bu taglymatda mistiki söýginiň üsti bilen kem-kemden Hudaýa akyl ýetirmek we onuň bilen birleşmek pikirleri öňe sürlüpdir.

Al-Gazaly diňe bir musulman medeniýetine uly täsir eden akyldar bolman, eýsem onuň döredijiligi orta asyr Ýewropa medeniýetinde hem uly gyzyklanma döredipdir. Köp taryhçylaryň belleýşi ýaly, Gazaly Foma Akwinskiniň döredijiligine we ähli sholastiki garaýyşlara itergi beripdir. Onuň esasy eseri bolan "Ylym baradaky kitapda" sünni gymmatlyklary bilen sufileriň nusgalaýyn garaýyşlaryny birleşdirilmeklige çalşylýar. Şol esasda ynanç baradaky ylymlary dikeltmeklik maksat edinilýär. Gazaly dini duýgynyň öwrenýän meselesine öwrülip, durmuşyň talaplaryndan yza galan sufi däplerini işewürleşdirmeklige çalşypdyr. Şonuň üçin hem ol öz esasy eseriniň maksadyny ynanç baradaky ylymlary dikeltmek bilen baglapdyr. Gazaly Gurhanyň aýatlaryny we Muhammet pygamberiň hadyslaryny teswirlemek bilen sufileriň dine ygtybarlyklaryny subut etmeklige çalşypdyr. Onuň dö-

[28] ***Bellik.*** Turbadurlar diýlip, orta asyr Ýewropasynda meşhur bolan aýdymçylar topary atlandyrylypdyr. Olaryň aýdymlary söýgi lirikasyna ýugrulypdyr. (Ö.M.)

redijiligi üçin skeptiki (müňkürlik) çemeleşmeler häsiýetli bolupdyr. Orta asyrda musulman paýhasy üçin Gazalynyň skeptisizmi örän özboluşly hadysadyr. Akyldaryň skeptisizminiň gözbaşynda adam paýhasynyň akyl ýetirmeklik mümkinçiligini inkärlän sufileriň garaýyşlary ýatyr. Müňkürlik mydama musulman akyldarlaryny dini-mistiki çözgütlere getirmändir.

Gazaly bolsa müňkürligi hakykylygy gazanmaklygyň ýoly hasap edipdir. Gazalynyň döredijiligini öwrenen ýewropaly alymlar akyldaryň döredijiliginiň şu tarapyna ünsi çekip, ony **Dawid Ýumyň** garaýyşlaryny we ähli skeptiki filosofiki akymy esaslandyryjy hasap edýärler. Dogrudan hem Gazaly Ýumdan ýedi asyr öň intellektual skeptisizmiň iň ýokary derejesine ýetipdir. Ol özüniň ýiti dialektikasy bilen "sebäpliligiň ýoluny kesip, biz sebäbem, netijänem bilemzok, diňe biriniň beýlekiniň yzyndan gelýändigini bilýäris" diýýär. Ýöne ýerden fransuz alymy Renan "Gazalydan soňra Ýuma aýdara zat galmandyr" diýip bellemändir.

Gazaly öz döredijiliginde hadysalaryň sebäpli baglanyşygyny inkär edýär. "Hadysalar zynjyrynda akyl ilkinji orunda dur, şonuň üçin ol erki ýüze çykarmagyň, diýmek, hereketiň hem sebäbi bolýar" diýýänleri Gazaly nadan hasap edipdir. Gazalynyň aýtmagyna görä, ähli zadyň sebäbi we olary dörediji Allatagaladyr. Ol bir hadysanyň diňe beýleki hadysa täsiri bolan halatynda ýüze çykyp bilýänligini kesgitleýän düzgüni döredipdir. Allatagala bilen baglanyşykly hadysalaryň yzygiderliligi belli bir derejede şertleriň zynjyry hökmünde ýüze çykýar. Şeýlelikde, Gazalynyň müňkürlik baradaky garaýyşlary özboluşly pikir bilen beýan edilýär. Hadysalaryň kesgitli yzygiderliligi bar. Mysal üçin, maşgala-durmuş-aň-erk-güýç-hereket. Şu hadysalaryň hiç biri kähalatlarda dowamly, käte bolsa ýyldyrym çaltlylygynda gelýän Bitewi Hakykatdan öň gelip bilmeýärler. Şonuň üçin akyldaryň aýtmagyna görä, esasan, Hudaýa akyl ýetirmeklige çalyşmaly. Gazalynyň aýtmagyna görä, bu ýerde esasy zat ony amal edip bilenligiň ýa-da bilmänligiň däl-de, şol ýola düşmeklikdir.

Akyl ýetirmekligiň ýollaryna degişlilikde Gazaly adamyň dürli ukyplylygy baradaky taglymaty işläp düzýär. Onuň "Ylym baradaky kitap" atly eseriniň tekstiniň esasynda olaryň iki esasy görnüşini – akyl we ýokary duýgurlyk ukybyny görkezmek bolar. Söýgi baradaky

kitabynda Gazaly ony eşitmek, görmek, ys almak we beýleki ukyplar bilen deňeşdirýär. Ýürekde "hudaýyň çyragy" atlandyrylýan ukyp bar. Ol ony "paýhas", "içerki görüş", "ynanjyň ýagtysy" ýa-da "hakyky bilim" diýip hasaplaýar.

Gazaly bilimiň peýdaly işe gönükdirilmeginiň gerekligini nygtaýar. Ol peýdalanylmaýan şahsy ylmy elhenç ýolbars gelende gerek bolan, ýöne alyp bolmaýanlygynda gizlenen pyçaga meňzedýär.

"Ylym baradaky kitapda" musulman paýhasynyň esasy üç ugry: adatylyk, rasionallyk we mistika birleşendir. Bularyň ählisi akyldaryň filosofiki taglymatyndan köp sanly netijeleri çykaryp boljakdygyny giňişleýin düşündirýär. Gazalynyň filosofiki taglymatynyň dürli häsiýetliligi we onda dünýäniň iri dini ulgamlaryna bagly bolan gapma-garşylyklaryň utgaşmasy dürli sosial toparlaryň we synplaryň ony öz bähbidine ulanmaklaryna mümkinçilik berýär.

Ymam Gazaly musulman dini taglymatynyň taryhynda "Hudjat al Yslam" – "Yslamyň subutnamasy" ady bilen giren akyldardyr.

Görşümiz ýaly, musulman filosofiýasy orta asyrlarda ýokary derejä galypdyr. Ol, bir tarapdan, filosofiýany we ylmy, ikinji tarapdan bolsa, ylmy we dini sazlaşdyrmaklyga çalşypdyr. Onuň Täze döwrüň ylmynyň we filosofiýasynyň ýüze çykmaklygyna eden güýçli täsirini hem hut şu ikitaraplylyk bilen düşündirmek mümkin. Şonuň üçin-de, orta asyr musulman filosofiýasy filosofiýanyň taryhynda aýratyn orny eýeleýär.

### 11.7. Galkynyş (Renessans) döwrüniň filosofiýasy

Günbatar Ýewropanyň taryhynda ajaýyp medeniýeti döreden geçiş döwri – Galkynyş (Renessans – Täzeden döreýiş) eýýamy başlanýar. Ykdysadyýetde feodal gatnaşyklar ornuny kem-kemden täze gatnaşyklara berip, industrial önümçiligiň başlangyçlaryna ýol açýar. Biri-biriniň yzyndan, ýagny ilkinji çap edilen kitaplar, därili ýaraglar, **Kolumbyň** Amerikany açmagy, **Wasko da Gamanyň** Afrikanyň daşyndan aýlanyp, Hindistana deňiz ýoluny açmagy, **Magellanyň** Ýeriň daşyna aýlanmagy, ylmy dersler hökmünde geografiýanyň we kartografiýanyň döremegi, matematika simwoliki bellikleriň girizilmegi, ylmy anatomiýanyň we fiziologiýanyň esaslarynyň döremegi ýaly düýpli açyşlar bu döwri häsiýetlendirýän alamatlardyr. Bular

hristian dünýäsinde buthananyň ýeke-täk agalygynyň synmagyna getiren alamatlardyr.

Dünýewi bähbitler we ýerdäki adamyň ählitaraply ýaşaýşy ylmyň we sungatyň esasy meselesine öwrülýär. **Bokkaçço** özüniň “Dekameron” atly eserinde şäherlileriň sagdyn aňyny we olaryň ýaşaýşa bolan hyjuwyny şekillendirip, ruhanylaryň azgynlygyny we dworýanlaryň ýaltalygyny paş edýär. **Erazm Rotterdamskiniň**, **Rableniň, Gutteniň** eserleri orta asyryň köne ideologiýasyny tankytlap, ynsanperwerlik pikirlerini öňe sürýärler.



**Leonardo da Winçi**

Italýan suratçylary, heýkeltaraşlary we binagärleri **Leonardo da Winçiniň** we **Mikelanjelo Buanarrotiniň** döredijiligi ynsanperwerlik pikirleriniň ösmegine örän güýçli täsir edipdir. Leonardo da Winçi özüniň surat, heýkeltaraş we binagärlik eserlerini, matematika, biologiýa, geologiýa, anatomiýa, fizika bilen baglanyşykly işlerini adama, onuň belentligine bagyş edýär. Meşhur “Gizlin agşamlyk”, “Džakonda” (Mona Lizanyň portreti) eserleriň awtory hökmünde Leonardo Galkynyş eýýamynyň estetikasynyň ynsanperwerlik ýörelgelerine güýçli täsir edýär. Mikelanjelo özüniň “Isa gözýaş edýär” eserinde we “Dawid” diýip atlandyran heýkelinde adamyň beden we ruhy gözelligini wasp edýär.

Galkynyş eýýamynyň medeniýeti we filosofiýasy adamyň şahsyýet hökmünde gymmatlygyny, erkin ösüşe we özüniň ukyplaryny açmaklyga bolan hukuklaryny tassyklamaklyga gönükdirilendir. Jemgyýetçilik gatnaşyklaryny bahalandyrmagyň täze ölçegi hökmünde *gumanizm* (ynsanperwerlik) kabul edilýär. Galkynyş eýýamynyň ynsanperwerligi ilkinji döwürde orta asyr sholastikasyna we buthanunyň ruhy agalygyna garşy durýan dünýewi erkin pikirlilik hökmünde çykyş edýär.

Bu eýýama mahsus bolan ynsanperwerlik ideýasy filosofiýanyň we edebiýatyň gymmatlyklaýyn ahlak äheňiniň üsti bilen hem tassyklanylyp başlanýar. Galkynyş eýýamynyň filosofiki eserleriniň sanawynda **Fasionyň** “Adamyň artykmaçlygy we belentligi”, **Lorre-**

**so Wallanyň** “Lezzet hakyky abadanlyk hökmünde”, **Werjerionyň** “Beýik ahlaklylyk we erkin ylymlar barada”, **Manettiniň** “Mertebe barada”, **Petrarkanyň** “Bagtly we bagtsyz ykbala garşy serişdeler barada” we beýlekilerdir.

Täze medeniýet we filosofiýa ilki bilen Italiýada ýüze çykýar. Soňra Galkynyş Ýewropanyň beýleki ýurtlaryny – Fransiýany, Germaniýany we beýlekileri öz içine alýar. Galkynyş eýýamynyň filosofiýasynyň aýratynlygyny, *birinjiden,* tebigaty derňemek esasynda “Kitap aklyny” we sholastiki sowatlylygy inkär etmek, *ikinjiden,* antiki filosoflar Demokritiň, Epikuryň materialistik garaýyşlaryny peýdalanmak, *üçünjiden*, tebigaty öwrenýän ylymlar bilen berk baglanyşyk; *dördünjiden*, adam meselesini derňemek bilen bagly bolupdyr diýip hasaplamaklyga doly esas bar.

Bu döwrüň filosofiýasynda fransuz filosofy **Mişel Montene** (1533-1592) aýratyn orun degişlidir. Ol özüniň “Tejribeler” atly belli eserinde durmuş kitabyny ýazmaklyga çemeleşipdir. Bu eser “Gepleşikler pursaty – gorkuly pursat”, “Gorkaklyk üçin jezalandyrylyş”, “Biriniň peýdasy – beýlekiniň zyýany”, “Aramlylyk barada”, “Artykmaçlyga garşy kanunlar barada”, “Gadymy adamlaryň tygşytlylygy barada”, “Ýaş barada”, “Şol bir netijäni dürli serişdeler bilen gazanyp bolýar”, “Ata-enäniň söýgüsi barada”, “Şöhrat barada”, “Gazaplylyk barada”, “Özpikirlilik barada”, “Pikir alyşmanyň üç görnüşi barada” ýaly bölümlerden ybarat. Başda Monten “Tejribelerde” antiki filosoflaryň *(Plutarh, Seneka*) ahlak-filosofiki garaýyşlarynyň beýanyny bermekligi göz öňünde tutupdyr. Ýöne soňra oňa düýpli goşmaçalar girizilipdir. Monten bütin ömrüniň dowamynda bu eseriň üstünde işläpdir.

Monten Foma Akwinskiden gaýdýan ***teosentrizme*** (hudaýy merkezi ideýa hasaplamak) garşy çykyş edipdir. Onuň garşysyna ***antroposentrizmi*** (adamy merkezi ideýa hasaplamak) goýupdyr. Ol adama başga bir zadyň kömegi bilen däl-de, onuň özüniň üsti bilen, adam serişdeleriniň kömegi bilen garamaklygy ündäpdir. Akyldar hakykylygy müňkürligiň (skeptisizmiň) üsti bilen gazanmagy, onda-da diňe bir hakykylygy gözlemek bilen meşgul bolman, eýsem “Adam neneňsi ýaşamaly?” diýen soragyň jogabyny tapmak bilen meşgul bolupdyr. Bu ýerde Monten skeptiklerden tapawutlylykda, hakykylygyň gözleginden gaça durmandyr. Ol hakykylygy dürli ýollar bilen gözläpdir. Monten üçin hakykylyk ýeke-täk

ýa-ha ony doly gazanyp bolýar, ýa-da asla gazanyp bolmaýar. Müňkürlik bolsa akyldar üçin akyl işini işewürleşdirmäge gerek. Monteniň “Tejribeleri” diňe bir Täze döwür filosofiýasy üçin täzelik bolman, eýsem häzirki döwrüň filosofiki oýlanyşy üçin hem ähmiýetlidir.

Galkynyş döwrüniň görnükli filosoflarynyň biri **Nikolo Makiawelli** (1469-1527) hasaplanylýar. Ol ilkinjileriň hatarynda bu döwürde sosial filosofiki meseleleri derňäp başlapdyr. Ol dünýewi döwletiň gerekligi baradaky ideýany öňe sürüpdir. Ol adamlary herekete iteriji güýç bolup egoizmiň, ýagny şahsy bähbitleriň başgalaryň bähbitlerinden ileri tutulmaklygynyň çykyş edýänligini nygtapdyr. Makiawelliniň pikiriçe, adamlara, ilkinji nobatda, her hili ýollar bilen baýlaşmaklyga bolan höwesiň häsiýetli bolýanlygy sebäpli, bu ýerdäki adam hyjuwlaryny aýratyn güýç bilen çäklendirmek gerek bolýar. Şeýle güýç hökmünde bolsa döwlet çykyş edýär. Buthana tarapyndan däl-de, diňe döwlet tarapyndan döredilýän hukuk jemgyýetde düzgüni ýola goýýar. Özüniň “Hökümdar” atly eserinde Makiawelli ilatyň içinde raýat goldawlylygy pes şertinde güýçli döwleti döretmekligiň mümkinçiliklerine garaýar. Şol mümkinçilikleriň içinde akyldar hökümdaryň öz raýatlaryna degişlilikdäki hereketiniň üstünde durup geçýär. Şonda ol paýhasly hökümdaryň özüni döwletden aýryp biljek nogsanlyklardan daşda durmagynyň we beýleki nogsanlyklardan saklanmagynyň gerekligini belleýär. Mysal üçin, tarhan hökümdar adyna eýe bolmak gowy zat, ýöne kimde-kim şol ada eýe boljak bolup tarhanlygy ýüze çykarýan bolsa, ol özüne zelel ýetirýär. Şonuň ýaly-da, Makiawelli: “Söýgä ynam döretmek gowumy ýa-da gorka?”, “Ýigrençden neneňsi daşda durup bolar?”, “Hökümdar özüni hormatlamaklary üçin nähili hereket etmeli?”, “Hökümdaryň maslahatçylary”, “Ýaranjaňlardan neneňsi daşda durmaly?” we beýleki soraglary hem derňeýär. Mysal üçin, ol: “Hökümdaryň paýhasyna ilki bilen onuň nähili adamlary özüne ýakynlaşdyrýandygy bilen baha berýärler” diýýär. Akyldar hiç zatdan çekinmän, öz pikirini aýdyp bilýän paýhasly adamlaryň birnäçesiniň parasatly hökümdaryň töweregini gurşamalydygyny belleýär. Ýöne akyldaryň pikiriçe, hökümdar meseläniň çözgüdine özi ýetmeli.

Makiawelli syýasy maksatlary gazanmak üçin hökümdar ähli serişdeleri ulanyp biler diýen pikiri öňe sürýär. Hökümdar öz hereketinde

kabul edilen ahlak ýörelgelerinden ugur almaly bolýanlygyna garamazdan, döwleti berkitmeklige hyzmat edýän bolsa, syýasatda olary hasaba alman hem biler. Makiawelliniň şu hili garaýyşlary soňra ***makiawellizm*** adyna eýe bolupdyr. Ýöne syýasatda ulanylýan hapa serişdeler Makiawelliniň tapan zady däl. Olar adamzat taryhynda Makiawelliden öňem, ondan soňam örän kän duşýar.

Galkynyş döwrüniň sosial filosofiki pikiri, esasan, “Utopiýa” atly eseriň awtory **Tomas Moryň** (1478-1535), “Gün şäheri” atly meşhur eseri döreden **Tomazo Kampanellanyň** (1568-1639) atlary bilen baglanyşdyrylýar.

Galkynyş döwrüniň filosofiýasy üçin **naturafilosofiýanyň** (tebigat filosofiýasynyň) döremekligi hem mahsusdyr. Naturafilosofiýa bu döwürdäki uly açyşlaryň we tehniki ösüşiniň esasynda kemala gelýär. Naturafilosofiýa, köplenç, ***panteistik*** (tutuş tebigata hudaý diýip düşünmek) häsiýete eýe bolýar. Ýagny panteistler Hudaýyň barlygyny inkär etmän, ony tebigat bilen bir zada öwürýärler. Neapolda tebigaty tejribeleýin öwrenmek üçin akademiýany esaslandyran **Bernardino Tolezio** (1509-1588) we Rim Papasy Piý II-niň ýakyn maslahatçysy bolan alym we filosof **Nikolaý Kuzanskiý** (1401-1464) dagylar şeýle filosofiýanyň esasy wekilleri hasaplanylýarlar.

Panteistik filosofiýanyň görnükli wekili N. Kuzanskiniň pikiriçe, Ýer dünýäniň merkezi däldir, hereketsiz hasap edilýän ýyldyzlar hem dünýäni çäklendirýän gurşaw däldirler. Akyldar tebigata düşünmeklige degişli, ýagny gapma-garşylylyklaryň bitewiligi, ýekeleýin we umumy zat, mümkinlik we hakykat, tebigatda gutarnyksyzlyk we gutarnyklylyk ýaly birnäçe dialektiki pikirleri öňe sürüpdir.

Filosof akyl ýetiriş meselelerine degişli pikirleri hem öňe sürüpdir. Ol **metodologiýa** düşünjesini, döredijilik meselesini – adamyň mümkinçilikleriniň has hem akyl ýetiriş gurşawynda çäksizligini esaslandyrypdyr. Şol bir wagtda hem onuň akyl ýetiriş taglymatynda oňa mahsus bolan panteistik garaýyşlaryň täsiri aýdyň duýlupdyr. Akyldaryň aýtmagyna görä, Hudaý ähli bolup biljek zatlaryň öňden barlygy bolup çykyş edýär. Başlangyç ähli zatlary şöhlelendirýär, adam bolsa dürli gapma-garşylyklary ýeňip geçip, gutarnyksyz pikirlenmeklige ukyplydyr. Kuzanskiniň filosofiýasy geljekki naturafilosofiki pikirlere güýçli täsir edipdir.

Galkynyş döwrüniň beýik akyldarlarynyň biri **Jordano Brunodyr** (1548-1600). Ol dünýäniň döredilenligi we geljekki ahyryýet baradaky pikirlere garşy çykyş edipdir. Akyldar **Kopernigiň** geliosentrizm taglymatyny ösdüripdir. Şol bir wagtda ol Hudaý barada örän köp ýazypdyr. Ýöne onuň göz öňüne getirýän Hudaýy – bu döredýän we döredilýän, sebäp we netije bolýan Älemdir. Bu ýerde panteistik pikirler aýdyň görünýär. Brunonyň naturafilosofiki garaýyşlary antiki çeşmelerden alnan özakymlaýyn dialektika bilen birleşýär. Onuň adama **mikrokosm** hökmünde garaýşy hem täsindir. Adamyň paýhasynyň güýji ony dünýäden ýokary galdyrýar. Bruno 1592-nji ýylda nähak günälenip, zyndana taşlanýar, 1600-nji ýylda bolsa **ýeretik** (*katolik buthanasynyň ündewlerine garşy gelýän pikirleri gol ýapýan adam*) hökmünde diriligine oda ýakylýar.



**Jordano Bruno**

**Galileo Galileýiň** (1564-1642) eserleriniň hem filosofiki ähmiýeti uludyr. Ol Aýyň kraterlerini we gerişlerini açyp, Akmaýanyň ýolunyň ýyldyzlaryň tükeniksiz sanyndan ybaratdygyny, Ýupiteriň hemralaryny, Gündäki tegmilleri görüp, "Asmanyň Kolumby" şöhratyna eýe bolupdyr. Onuň şu açyşlary sholastika we buthana bilen bäsdeşligiň başlangyjyny goýýar. Rim buthanasy Kopernigiň garaýyşlaryny wagyz etmekligi gadagan etse-de, Galileý bu taglymatyň hakykylygyny subut etmekligiň üstünde işlemekligini dowam edýär.



**Galileo Galileý**

Mehanikanyň meseleleriniň üstünde işläp, Galileý tebigy gereklilligiň barlygyna şaýatlyk edýän käbir düýpli kanunlaryny açýar. Bu pikirler **Kepleriň** açan planetalarynyň Günüň daşyndaky hereketiniň

kanunlary bilen güýçlenýär. Şular hem Galileýe “Dünýäniň esasy – Ptolomeýiň we Kopernigiň iki ulgamy barada” atly eserinde adamzat taryhynda ilkinji gezek tebigatyň kanunlary diýen düşünjäni girizmeklige mümkinçilik berýär. Bu kitap katolik buthanasy tarapyndan Galileýiň hem edil Bruno ýaly, **ýeresde** günälenmegine esas bolýar. 1833-nji ýylda Galileý jenaýat jogapkärçiligine çekilýär. Şonda ol resmi suratda öz pikirinden ýüz öwürmäge mejbur bolýar. Ýöne bu kazyýet Galileýiň garaýyşlaryna bolan ünsüň güýçlenmegine has giň esaslary döredýär. Diňe bir astronomlar däl, eýsem matematikler, fizikler, tebigaty öwrenijiler ýeke bir Galileýiň däl, eýsem Kopernigiň we Brunonyň hem pikirleriniň hakykylygyny ykrar edip başlaýarlar.

Galileý emeli zatlary aradan aýryp, tebigaty tejribäniň üsti bilen öwrenmäge çagyrýar. Ol hadysalary düşündirmegiň tebigy sebäplerini gözlemekligiň gerekligini belleýär. Onuň pikiriçe, ähli hadysalary takyk mukdar arabaglanyşyklara getirmek mümkin. Şonuň üçin ol matematikanyň we mehanikanyň ähli ylymlaryň esasynda durýanlygy baradaky pikire gelýär. Galileý ylmy metodologiýa mukdarlaýyn derňewi, tebigaty tejribeleýin-induktiw we abstrakt-deduktiw usullar bilen barlamaklygy girizýär.

Galileýiň ylmy usulyýeti ilki bilen matematika we mehanika daýanýar. Bu hem onuň dünýägaraýşynyň mehaniki materializme tarap gönükdirilmegine getirýär. Ol tebigatyň gizlin syrlaryny matematikanyň dilini özleşdirmän açyp bolmaýanlygyny yzygiderli belleýär. Galileýiň taglymatynda Hudaý planetalara hereket berýän ilkinji hereketlendiriji *(deizm)* bolup çykyş edýär. Şondan soňra tebigat öz obýektiw kanunlaryna eýe bolýar. Görşümiz ýaly, Galileý ilkinjileriň biri bolup tebigata deistiki (*Hudaýy dünýäni dörediji diýip*, *tebigatyň we jemgyýetiň durmuşyna onuň täsirini inkärleýänler*) garaýyşy kesgitläpdir. Bu garaýyş soňra XVII we XVIII asyrlaryň akyldarlarynyň döredijiliginde hem duş gelýär.

## 11.8. Täze döwrüň filosofiýasy

**XVII-XVIII ýüzýyllyklaryň Günbatar Ýewropa filosofiýasy.** XVII asyrdan başlap tebigaty öwrenýän ylymlar güýçli depginde ösýärler. Deňizde ýüzmekligiň gerekliligi astronomiýanyň ösmekligini kesgitleýär. Şäher gurluşygy, gämi gurluşygy, harby işler – matema-

tikanyň we mehanikanyň ösmekligine getirýär. Täze ylym ilki bilen maddy önümçilige daýanýar. Dokma senagatynda maşynlar ulanylyp başlanýar. Kömür we metallurgiýa senagatynda önümçilik serişdeleri kämilleşdirilýär.

**E.Toriçelli** tejribe esasynda howanyň basyşynyň barlygyny tassyklaýar, rtut barometrini we howa nasosyny oýlap tapýar. **I.Nýuton** mehanikanyň esasy kanunlaryny, şol sanda bütindünýä dartylyş kanunyny kesgitleýär. **R.Boýl** mehanikany himiýada ulanyp, **himiki element** düşünjesini işläp düzýär. Iňlis fizigi **U.Gelbert** magnitiň häsiýetini we amaly ulanylyşyny derňeýär. **R.Dekart** we **G.Leýbnis** matematikanyň, mehanikanyň, fizikanyň, fiziologiýanyň ösüşine saldamly goşant goşupdyrlar. Jemgyýetçilik ylymlarynda tebigy hukuk taglymaty işlenilip düzülýär (Angliýada **T.Gobbs,** Gollandiýada **G.Grosiý**). Ylmyň şeýle güýçli ösüşi öz döwrüniň filosofiýasyna hem aýgytly täsir edipdir. Filosofiýada sholastikadan we dinden kesgitli bölünişik başlanýar. Dini dogmatlaryň agalygyna we diniň täsirine garşy kesgitli göreş başlanýar. Paýhasyň güýji baradaky taglymat we ylmy barlaglaryň çäksiz mümkinçiliklerine bolan ynam döreýär. Täze döwrüň filosofiýasyna tejribeleýin tebigy ylymlardan gelip çykýan güýçli **materialistik** häsiýet mahsus bolupdyr.

Täze döwrüň filosofiýasynda, esasan-da, XVII asyryň filosofiýasynda, ontologiýanyň meselelerine, ýagny barlyk taglymatyna üns güýçlenýär. Şeýle garaýyş hereket, giňişlik we wagt barada pikir ýöredilende aýdyň görünýär. Filosofiýanyň we ylmyň esasy wezipesi adamyň tebigatyň üstünden agalygyny, adamyň saglygyna we gözelligine hyzmat etmeklik hasaplanylýar. Bu bolsa olaryň başlangyç güýçlerini, hadysalaryň sebäplerini derňemekligi talap edýär. Şonuň üçin Täze döwrüň filosoflarynyň ählisini diýen ýaly **substansiýa** (*ilkinji esas, ähli zatlaryň we hadysalaryň manysy*) we onuň häsiýetleri gyzyklandyrýar. Bu döwrüň filosofiýasynda "substansiýa" düşünjesine iki hili çemeleşilýär. Birinjisi, barlygyň ahyrky esaslandyrylyşy hökmünde garamak bolup, ol substansiýa ontologiki düşünmek bilen baglanyşyklydyr. Ikinjisi, substansiýanyň ylym üçin gerekliligini görkezýän gnoseologiki aňlamak bilen baglydyr. Birinjini iňlis filosofy **Frensis Bekon** (1561-1626) esaslandyrýar. Ol substansiýany takyk zatlaryň görnüşine kybapdaş hasaplaýar. Onuň görnüşini hil taýdan

häsiýetlendirýär. Bu ýerde materiýa hereketiň dürli görnüşlerine eýe bolan we dürli öwüşgin berýän hil köpdürlüligi hökmünde çykyş edýär. Bekon materiýa gögümtil, garamtyl, ýylylyk, agram we başga häsiýetleri berýär. Olar alymyň pikiriçe, materiýanyň iň ýönekeý häsiýetleridir. Şu "häsiýetleriň" dürli utgaşdyrylmasyndan tebigatyň zatlarynyň dürli görnüşleri döreýär.

F. Bekon materiýanyň hil dürlüliligi baradaky taglymatyny özüniň forma we hereket baradaky taglymaty bilen berkidýär. Onuň düşünişine görä, forma zatlara degişli häsiýetiň maddy manysy, ýagny zadyň maddy bölejikleriniň hereketiniň kysmydyr. Giňişlik onuň üçin boşluk däl-de, materiýanyň durnukly eýeleýän ýeridir. Ol giňişligi maddy zatlaryň uzynlygy bilen deňeşdirýär. Bekonyň pikirine görä, wagt maddy zatlaryň tizliginiň obýektiw ölçegidir. Wagta şeýle garaýyş üns bermeklige mynasypdyr. Sebäbi wagt bu ýerde maddy zatlaryň üýtgeýşiniň depginini häsiýetlendirýän dowamlylykdan we uzaklykdan durýan materiýanyň belli bir içki häsiýeti hökmünde kabul edilýär. Şeýlelikde, wagt hereket bilen berk baglanýar. Bekonyň pikiriçe, hereket materiýanyň aýrylmaz ilkinji häsiýetidir. Materiýanyň baky bolşy ýaly, hereket hem bakydyr. Ol hereketiň tebigatdaky 19 görnüşini, ýagny yrgyldama, garşylyk, inersiýa, ymtylma, dartgynlyk, ýaşaýyş ruhy, ezýet we ş.m. tapawutlandyrýar. Bu görnüşler şol döwürde düýpli öwrenilen mehaniki hereketiň ol ýa-da beýleki häsiýetleridir. Şol bir wagtda hem Bekon materiýanyň hereketleriniň özboluşly görnüşleriniň köplügi sebäpli, dünýäniň hem köp hili bolýanlygyny duýup, olary derňemek we düşündirmek isleýär.

F. Bekonyň materialistik garaýyşlary iňlis filosofy **Tomas Gobbsyň** (1588-1679) eserlerinde ösdürilýär we kadalaşdyrylýar. Gobbs materiýa ýeke-täk substansiýa hökmünde garap, ähli hadysalary, hereketleri şol substansiýanyň ýüze çykyşynyň görnüşleri hasaplaýar. Materiýa – baky, jisimler we hadysalar – wagtlaýyndyr. Olar döreýärler we ýok bolýarlar. Pikirlenmäni materiýadan aýryp bolmaýar, sebäbi diňe materiýanyň özi pikirlenýär. Jesetsiz jisimiň bolup bilmeýşi kimin, jesetsiz substansiýa hem bolup bilmeýär. Hut materiýanyň özi ähli üýtgemeleriň subýekti bolup çykyş edýär. Ähli material jisimler giňişlilik bilen häsiýetlendirilýär. Uzynlygy, giňligi we beýikligi bolany sebäpli olary ölçäp bolýar. Bekonyň garaýşyndan tapawutlylykda,

Gobbsyň materiýasy hil häsiýetlere eýe däldir. Ol ony geometr we mehanik hökmünde mukdar taýdan derňeýär. Material dünýä bu ýerde reňke, ysa, sese we başgalara eýe bolmaýar.

Dünýä baradaky filosofiki oýlanmalarynda Gobbs käbir ateistik garaýyşlaryna garamazdan, köplenç, **deist** (*deizme eýeriji*) hökmünde çykyş edýär. Ol öz eserlerinde durnukly tebigy baglanyşyklaryň we kanunalaýyklygyň ähmiýetini nygtaýar. Şol bir wagtda hem ol Hudaýy adamlaryň durmuşyndan aýyrmaýar. Onuň pikiriçe, adamlaryň erkinligi Hudaýyň isleýän zadyndan köp ýa-da az bolmaýan gereklilik bilen baglanyşýar. Hudaý hadysalaryň kanunalaýyk geçişine goşulmaýar.

Bekonyň we Gobbsyň substansiýany monistiki nukdaýnazardan düşündirişlerine fransuz filosofy **Rene Dekart** (1596-1650) dünýä dualistik (lat. dualis-ikiýanly) düşünmekligi garşy goýýar. Dekart biri-birine bagly bolmadyk iki başlangyjyň: maddy däl ýa-da "oýlanýan substansiýanyň" we maddy ýa-da "giňişleýin substansiýanyň" barlygyny belleýär. Bu substansiýalar parallel ýaşaýan ýaly. Olary metafizika we fizika öwrenýärler. Metafizika ruhy substansiýany we onuň bilen baglanyşykly akyl ýetirişiň ýörelgelerini we barlygy derňeýär. Fizika bolsa tebigat filosofiýasy hökmünde çykyş edýär. Onda dünýäniň döreýşi, Zeminde ýaşaýşyň ýüze çykyşy we ösüşi barada taglymat getirilýär. Çylşyrymly maşyn görnüşindäki haýwanlaryň we adamlaryň bedenleriniň gurluşy görkezilýär.

Dekart kosmos baradaky taglymatyň esasyna materiýanyň we onuň dürli bölekleriniň hereketi bilen kesgitlenen Gün sistemasynyň tebigy ösüşi baradaky pikiri goýýar. Akyldar materiýanyň bölekleriniň hereketiniň sebäbini olaryň tüweleýleýin aýlanyşy bilen düşündirip, onuň özbaşdak döredijilik güýje eýe bolýanlygyny belleýär. Ol hereketi jisimleriň giňişlikdäki öz ýerini üýtgetmegi bilen baglap, mehaniki görnüşde düşündirýär. Şeýlelikde, Dekart öz garaýşy bilen gapma-garşylyga girýär. Giňişligi jisimiň uzynlygy hökmünde häsiýetlendirip, hereketi jisimleriň biri-birine degişlilikdäki ýeriniň üýtgetmegi hökmünde düşündirýär. Bu bolsa giňişligi boşluk hökmünde ykrar etmeklige getirýär. Ol hem deistler ýaly hereketiň ilkinji sebäbini Hudaý bilen baglaýar.

Dekartyň **dualistik taglymatyna** golland filosofy **Benedikt Spinoza** (1632-1677) garşy durýar. Spinoza dünýä **monistik** garaýşy işläp düzýär. Onuň monizmi panteizm görnüşinde, ýagny Hudaý we tebigat

şol bir zatlar hökmünde häsiýetlendirilýär. Tebigat bu ýerde hem dörediji hem-de döredilen bolup çykyş edýär. Şol bir wagtda-da Spinoza diňe esasy alamatlary giňişlik we pikirlenmek bolan maddy substansiýanyň barlygyny nygtapdyr. Şeýlelikde, bütin tebigat diňe bir Hudaý bolany üçin däl-de, eýsem pikirlenýänligi sebäpli hem janlydyr.

Spinoza hereketi Hudaýyň ilkinji itergisi bilen däl-de, oňa tebigatyň özüniň sebäpkär bolýanlygy bilen düşündirýär. Hereket tebigatyň manysyny hem çeşmesini düzýär. Ýöne hereket Spinozanyň beýanynda alamat däl-de, substansiýanyň ýagdaýy – modusy (baky we gutarnyksyz) bolýar. Alymyň pikiriçe, hereket takyk zatlarda bolup bilýär. Substansiýa bolsa hereketden mahrumdyr. Spinoza materiýany "özüne sebäpkär" diýip häsiýetlendirýän hem bolsa, materiýanyň öz-özüniň hereketliliginiň manysyna düşünmändir. Şol bir wagtda hem Spinoza yzygiderli **determenistdir** (lat. *determinare* – kesgitlemek). Ol hadysalaryň döremeginiň, bolup geçmeginiň, ýok bolmagynyň obýektiw sebäpler bilen baglydygyny belläpdir. Şol sebäpli baglanyşygyň iki hilini: içki (immanentleýin) we daşky (mehaniki) görnüşlerine ünsi çekipdir. Olaryň birinjisi substansiýa, ikinjisi bolsa *modusa* degişlidir. Spinoza determinizmiň kömegi bilen diňe bir sebäp-netijeleýin baglanyşygy däl, eýsem tötänleýin, zerurlyk we erkin gatnaşyklary hem derňeýär. Spinoza öz "**Etikasynda**" tötänliligiň obýektiwligini aradan aýryp, ýeke-täk zerurlygyň agalygyny nygtaýar. Ýöne zatlaryň takyk ýagdaýyna garanda, onuň determenistik taglymaty manylaýyn we çuňňur häsiýete eýe. Spinoza tötänligi we zerurlygy bilelikde görüp bilmändir. Şol bir wagtda hem onuň taglymaty ylymda agalyk edýän teologiýa garşy gönükdirilipdir.

Nemes filosofy **Gotfrid Wilgelm Leýbnis** (1646-1716) Spinozanyň substansiýa düşünjesine hereketli güýç ýörelgesini ýa-da "öz-özünden hereketliligi" goşýar. Özüniň "**Monadologiýa**" atly eserinde filosof maddy hadysalary bölünmeýän, ýönekeý ruhy bölekleriň – *monadalaryň* ýüze çykmasy diýip düşündirýär. Monada hereketli güýjüň maddy bolmadyk, ruhy merkezi bolýar. Monadalar baky we ýok edilmeýär. Her bir aýratyn monada ruhuň



**G.W. Leýbnis**

we teniň bitewiligidir. Monadanyň ruhy manysynyň daşky aňladylmasy sandyr. Işewürlik, hereket monadanyň häsiýetleridir. Leýbnisiň pikiriçe, tebigaty diňe bir mehanikanyň kanunlary bilen düşündirip bolmaýar. Onuň üçin *maksat* düşünjesini girizmeli. Sebäbi her bir monadanyň özüniň hereketiniň esaslary we olaryň maksady bolmaly. Ruh teniň maksady, onuň ymtylýan zady hökmünde çykyş edýär. Monadanyň ruhunyň we teniniň özara täsiri hudaýtarapyn kesgitlenen sazlaşykdyr. Leýbnis monadalary üç görnüşe bölýär. Olar ýaşaýşyň monadasy, jan monadasy we ruhuň monadasydyr. Şonuň esasynda akyldar çylşyrymly substansiýalary hem üç topara bölýär: ýaşaýyş monadasyndan organiki däl tebigat ýüze çykýar, jan monadasyndan – haýwanlar, ruh monadasyndan bolsa, adamlar kemala gelýärler.

Iňlis filosofy **Jon Lokk** (1632-1704) substansiýany gnoseologiki taýdan derňemeklige başlaýar. Lokk pikirleriň we düşünjeleriň çeşmesi bolup daşarky dünýäniň, ýagny maddy zatlaryň çykyş edýänligini tassyklaýar. Maddy zatlara diňe mukdar häsiýetler mahsus. Maddy zatlar biri-birinden diňe ululygy, görnüşi, hereketi we hereketsizligi bilen tapawutlanýar. Bular – “ilkinji hiller” bolsa, ys, ses, reňk we tagam “ikinji hillerdir”. Olar zatlarda bolmaýarlar. Lokkyň aýtmagyna görä, olar subýektde “ilkinji hilleriň” täsiri bilen döreýär. Häzirki döwrüň ylmynyň nukdaýnazaryndan “ilkinji hillere” we “ikinji hillere” bölmeklik ýöntem we ylmy esasa eýe bolmaýan ýaly bolup görünýär. Ýöne subýektiw idealizmiň tarapdarlary ony logiki taýdan soňuna ýetirýärler. Olaryň aýtmagyna görä, “ilkinji hiller” hem “ikinji hiller” kimin subýekte bagly bolmadyk hiç bir obýektiw mana eýe bolup bilmeýärler. Mysal üçin, iňlis filosofy **Jorj Berkli** (1685-1753) her bir hiliň obýektiw esasyny inkärläp, hakykatda olary adamyň duýgusyna getirip ateizme, materializme we deizme garşy açyk çykyş edýär. Akyldaryň aýtmagyna görä, hakykatda diňe “ruhlar”, olary döreden Hudaý, şonuň ýaly-da, hudaý tarapyn adamyň ruhuna salnan “pikirler” ýa-da duýgular bolýarlar. Ol ähli zatlary duýgularyň dürli hili baglanyşygy bilen düşündirýär.

Iňlis filosofy **Dewid Ýum** (1711-1776) hem **Berkli** ýaly ontologiki meseleleri, substansiýany materialistik düşündirişe garşy çykyş edip, çözýär. Ol maddy we ruhy substansiýalaryň real ýaşaýşyny inkär edýär. Filosof substansiýalaryň “ideýasynyň” barlygyny nygtapdyr.

Şeýle “ideýalar” hökmünde ylym däl-de, adaty akyl ýetirişe mahsus bolan adamyň “kabul eden zatlarynyň birleşigi” çykyş edýär.

Ýum dünýä akyl ýetirmeklikde sebäpli baglanyşygy inkär edipdir. Hakykylykda dünýäniň ýaşaýanlygy ýa-da ýaşamaýanlygy onuň üçin kesgitlenip bolunmaýan meselä öwrülipdir. Alym üçin bir hadysanyň beýlekiden öň gelýänligi, onuň ikinjä sebäp, ikinjiniň bolsa netije bolýanlygyna esas bolup bilmeýär. Şu ýerden hem Ýumyň skeptisizmi gelip çykýar.

Täze döwrüň filosofiýasy gnoseologiýany esaslandyrmakda aýgytly ädim ädýär. Bu ýerde esasy meseleler hökmünde adamyň daşarky dünýä akyl ýetirişiniň usulyýeti, filosofiki ylmy usul, içerki we daşarky tejribäniň baglanyşygy çykyş edýär. Ýagny esasy iki gnoseologiki ugur – **empirizm** we **rasionalizm** ýüze çykýar. Tejribeleýin ylymlara, synlama metodyna we eksperimente uly ähmiýet beren **F. Bekon** empiriki akyl ýetiriş usuly esaslandyryjy bolup çykyş edýär. Ol ylymlaryň çeşmesini we hakykylygyň ölçegini tejribede görýär. Filosof akyl ýetirmä daşky dünýäni adamyň aňynda şöhlelendirmek hökmünde garap, akyl ýetirişde tejribäniň kesgitleýji ornuny nygtapdyr. Şol bir wagtda-da ol akylyň akyl ýetirmekdäki ornuny hem inkär etmeýär. Akyl duýgulaýyn akyl ýetirişiň we tejribäniň netijelerini işläp, hadysalaryň sebäpli baglanyşygyny tapmaly, tebigatyň kanunlaryny açmaly. Akyldar belli bir derejede duýgulaýyn we rasional pursatlaryň akyl ýetirişdäki bitewiligini belläp, akylyň bu ýerdäki ornuna kembaha garaýan ýöntem empiriki çemeleşmä garşy çykyş edipdir. **Bekonyň** empiriki garaýyşlaryny **T.Gobbs** dowam edýär. Lokk ähli adamzat aňyny duýgulaýyn tejribeden çykarmaklyga synanyşýar. Ol aňa tejribä bagly bolmadyk özakymlaýyn güýjüň häsiýetli bolýandygyny hem belleýär. **Berkli** şeýle kesgitsizligi ulanyp, doly daşarky tejribäni aradan aýyrýar.

XVII asyrda akyl ýetiriş taglymatynda rasionializm **R.Dekartyň**, **B.Spinozanyň**, **G.Leýbnisiň** eserlerinde açylýar. **Dekart** özüniň “Usullar barada oýlanma” atly eserinde ylymlaryň çeşmesi we hakykylygyň ölçegi daşky dünýäde däl-de, adamyň paýhasynda bolýar diýen netijä gelýär. Akyl ýetirişiň başlangyjy intellektual intuisiýa ýa-da arassa akyl aýlamaklyk bolýar. Ähli pikirleri Dekart iki topara, ýagny duýgudan gelen we aslynda bolan toparlara bölýär. Soňky topar doly hakykylyga eýe bolýar. Akyldar olaryň hataryna Hudaý

baradaky pikiri, matematiki aksiomalary we beýlekileri goşupdyr. Mysal üçin, açyşlara itergi berýän hakyky başlangyç, usul ýa-da gural bolup ähli bar bolan zatlara müňkürlik çykyş edýär. Ähli zada müňkür bolup, müňkür bolýan pikiriň barlygyna müňkür bolmaly däl. Şonuň netijesinde alym ýeke-täk hakykylyga eýe bolýan zat pikirdir diýen netijä gelip, “Men pikirlenýärin, diýmek, men bar” diýen ideýany öňe sürýär. Onuň üçin biziň göz öňüne getirýän zatlarymyzyň aýdyňlygy we takyklygy hakykylygyň ölçegidir.

Spinoza akyl ýetirişiň üç görnüşini, ýagny takyk we hakyky bolmadyk göz öňüne getirmeleri berýän duýgulaýyn akyl ýetiriş, moduslarda bilim berýän akylyň üsti bilen akyl ýetiriş we iň ýokary hakykylygy açýan intuisiýanyň üsti bilen akyl ýetirişiň görnüşlerini belleýär. Leýbnis ähli hakykylygy gerekli hakykylyga (akylyň hakykylygy) we tötänleýin hakykylyga (bar zatlaryň hakykylygy) bölüpdir. Ol akyl hakykylygynyň hataryna substansiýa, barlyk, sebäp, hereket we deňlik ýaly düşünjeleri, şeýle hem logikanyň, matematikanyň ahlagyň ýörelgelerini goşýar. Onuň pikiriçe, akyl şu hakykylyklaryň çeşmesi bolup çykyş edýär.

Täze döwrüň filosofiýasy örän wajyp sosial taglymatlary orta çykarýar. Olaryň hataryna “**tebigy hukuk**” we “**jemgyýetçilik şertnamasy**” ýaly taglymatlary goşmak bolar. Mysal üçin, **J. Lokk** adamyň tebigy hukugy hökmünde onuň erkinligini we zähmet esasynda gazanylan emlägine bolan hukugyny kesgitleýär. Ol özüniň “Döwlet dolandyryşy barada iki traktat” atly işinde adamlaryň ilkinji ýagdaýlary hökmünde “tebigy hukugyň” agalygyny erkinlik, deňlik we eýeçiligiň goraglylygy esasynda kesgitleýär. Ol hem edil Gobbs ýaly adamlaryň “tebigy hukugyny” goramaklyga “jemgyýetçilik şertnamasynyň” netijesi bolan döwletiň gerekligini belleýär. Gobbsyň pikirine görä, adamlaryň ilkibaşdan güýçli we gaharjaň bolandyklary sebäpli, biri-birini ýok etmezlikleri üçin jemgyýetçilik şertnamasynyň esasynda döwlet ýüze çykýar. Lokkyň pikiriçe, döwlete tebigy hukugyň belli bir bölegi ilki bilen hem söz azatlygyny, ynanjy we eýeçiligi goramaklyk geçirilýär. Alym häkimiýeti ýerine ýetiriji, kanun çykaryjy we kazyýet şahalaryna bölmek baradaky taglymaty hem ösdürýär. Bu ýerde kesgitleýji orun parlamentde kanun çykaryjy häkimiýete degişli

edilýar. Hut kanun çykaryjy häkimiýet jemgyýetde ýola goýulýan düzgüni we edara ediş usuly kesgitleýär.

## 11.9. Fransuz Magaryfçylygynyň filosofiýasy

Fransuz Magaryfçylygynyň filosofiýasy XVIII asyrda döräp, ol iki ugra bölünýär:

1) Wolteriň, Monteskýeniň we Russonyň deistik materializmi;

2) Nýutonuň, Galileýiň, Dekartyň tebigy ylymlarynyň esasynda deizmiň nazaryýet esaslaryny tankytlaýan Didronyň, Golbahyň, Gelwesiniň we Lametriniň garaýyşlary.

**Fransua Wolter** (1694-1778) fransuz Magaryfçylygynyň filosofiýasynyň iň görnükli wekilleriniň biri hasaplanylýar. Ol Täze döwrüň ylymlaryny, ilki bilen Nýutonyň mehanikasyny we fizikasyny, iňlis konstitusion düzgünleri we edaralaryny wagyz ediji, şahsyýetiň azatlygyny goraýjy bolup çykyş edýär.

**Žan Žak Russo** (1712-1778) Ýewropanyň rewolýusion ideologiýasynyň kemala gelmegine örän güýçli täsir eden akyldarlaryň biridir. Onuň “Jemgyýetçilik şertnamasy” atly eseri azatlyk, ýuridiki hukuklaryň deňligi ýörelgelerine esaslanýan raýat jemgyýetini nazaryýet taýdan esaslandyrýan taglymat bolup çykyş edipdir. Russonyň garaýyşlary Beýik fransuz rewolýusiýasy döwründe *ýakobinsçiler* diýlip atlandyrylan topary ruhlandyrypdyr.

**Şarl Lui Monteskýe** (1689-1755) **geografiki determinizm** taglymatyny esaslandyryjylaryň biri hasaplanylýar. Bu taglymat howa şertleri, toprak we ýeriň üstki ýagdaýy halkyň ruhunyň we jemgyýetiň ösüşiniň häsiýetini kesgitleýän esaslar bolýanlygyndan ugur alýar. Olar döwleti dolandyrmaklygyň häsiýetine hem täsir edýärler. Monteskýe döwlet dolandyryşynyň iň kämil görnüşi hökmünde konstitusion monarhiýanyň çykyş edýänligini belläpdir. Monteskýe häkimiýetiň bölünişigi taglymatyny öňe sürýär.

XVIII asyryň ikiji ýarymynda magaryfçylyk hereketi giň demokratik häsiýete eýe bolýar. Bu pikiri goldaýan filosoflar D. Didro tarapyndan çap edilýän “Ensiklopediýanyň” daşyna jebisleşýärler. Bu işe **Gelwesiý, Golbah** we **Lametri** işjeň gatnaşýarlar. Olar soňky filosoflara we filosofiki mekdeplere güýçli täsir eden materializmiň ösen görnüşini kemala getiripdirler. Öz döwründe meşhurlyga eýe

bolan “Adam – maşyn” atly eseriň awtory **Žýulýen Ofre de Lametri** (1709-1751) maddy dünýäniň “özbaşdak ýaşaýanlygyna“ we onuň başlangyjynyň we soňunyň ýoklugyna çyn ýürekden ynanypdyr. Lametriniň materialistik garaýşy Epikuryň atomistik materializminiň, Spinozanyň materialistik taglymatynyň we Lokkyň sensualizminiň täsiri esasynda kemala gelýär. Ol Dekartyň maddy däl we ölmeýän ruh baradaky pikirini paşa çykarmaga çalşypdyr. Ruh, onuň pikiriçe, beýniniň işewürliginiň ýüze çykmasy we wezipesi bolýar. Lametri adamy maşyn kimin öwrenýär. Ol adamyň bedeniniň mehanikasyny öwrenmek öz-özünden onuň duýgy we pikir işiniň manysyny açar diýen pikire eýeripdir. Bu nädogry garaýyşdyr.

Fransuz materializminiň filosofiki garaýyşlaryny yzygiderli beýan ediji bolup **Pol Genrih Golbah** (1723-1789) çykyş edýär. Onuň “Tebigat ulgamy” atly eseri “XVIII asyryň materializm we ateizm kodeksi” hökmünde kabul edilipdir. Bu eser 1770-nji ýylda neşir edilipdir. Onda ontologiýanyň wajyp meseleleri bolan materiýa, hereket, giňişlik, wagt, sebäplilik, tötänlilik, zerurlyk we ş.m. kategoriýalar giňişleýin beýan edilýär. Onuň üçin tebigat ähli zadyň sebäbi bolýar. Çünki ol Hudaý zerarly däl-de, özi zerarly ýaşaýar. Tebigat Golbah üçin öz energiýasynyň güýji esasynda hereket edýän zatlaryň bitewiligi bolýar. Ähli zatlar bolsa bölünmeýän we üýtgemeýän atomlardan ybarat. Ol atomy XVII asyryň materialistleri kimin syzdyrmaýan, agramly, dowamly görnüşe eýe bolan hereketli zat hökmünde häsiýetlendirýär. Filosof *materiýa* düşünjesini *jisim* düşünjesine meňzedýär. Golbah tebigatyň ähli baglanyşyklarynyň we hereketleriniň üstünden berk zerurlygyň agalyk edýänligini belleýär. Älem onuň pikiriçe, biri-birinden gelip çykýan sebäp we netije baglanyşygynyň gutarnyksyz zynjyrydyr. Şonuň üçin Golbah tebigatda-da jemgyýetçilik durmuşynda-da tötänlige ýer goýmaýar. Filosofyň pikiriçe, adam hem zerurlygyň guludyr, sebäbi ol öz durmuşynyň diňe bir pursatynda hem erkin bolup bilmeýär. Onuň hereketleri diňe olaryň ýüze çykyşy görnüşinde bolup biler. Bu bolsa Golbahyň determinizminiň *fatallaýyn* häsiýete eýe bolanlygyny görkezýär.

**Deni Didro** (1713-1784) özüniň “Materiýanyň we hereketiň filosofiki ýörelgeleri”, “Tebigaty düşündirmek baradaky pikirler” we başga eserlerinde subýektiw idealizme garşy çykyş edip, ontologiki meselelere öz garaýşyny berýär. Ol ähli bar zatlar maddylaýyn

bolýarlar diýip öwredipdir. Dünýä gutarnyksyz döreýär we ýok bolýar. Her bir pursat döreýän we ýok bolýan ýagdaýda ýüze çykýar. Hiç haçan başga dünýä bolmandyr we bolmazam. Görşümiz ýaly, Didro barlyk meselelerini derňemekde dialektikany ulanýar. Onuň pikiriçe, ähli materiýa duýýar. Bu **gilozoizmiň** (grekçe *hule*-zat we *zöe* ýaşaýyş) nukdaýnazarydyr. Ýöne ol “inert duýgulygy” we “hereketli duýgulygy” tapawutlandyrýar. Onuň pikiriçe, soňky belli bir derejede gurnalan materiýada ýüze çykýar.

Didro hereketiň tebigatyna beýleki fransuz materialistlerinden has çuňňur düşünipdir. Ol daşarky we içerki hereketleri tapawutlandyrypdyr. Birinjä – giňişlikdäki hereket, daşky täsir, ikinjä bolsa – içerki, jisimleriň molekulýar gizlin hereketi hökmünde garapdyr. Fransuz materializmi material substansiýanyň wajyp tarapy hökmünde hereketi kabul edipdir.

Didro, Golbah, Lametri, Gelwesiý gnoseologiki meselelere hem üns beripdirler. Olar ylmyň çeşmesini adamyň daşarky we içerki dünýäsi bilen baglapdyrlar. Onda-da bu dünýälere akyl ýetirip bolýandygyny belläpdirler. Fransuz materialistleri akyl ýetirişiň duýgulaýyn we rasional görnüşleriniň ähmiýetini aňlapdyrlar. Duýgular şaýatlyk maglumatyny berýän bolsalar, akyl şol maglumatlaryň dogrulygyny derňeýän emin hökmünde çykyş edýär. Akyl duýgynyň maglumatlaryndan aýrylyp bilmeýär, ýöne olara gereginden artykmaç ynanyp hem bilmeýär. Akylyň duýgudan aýrylan ýagdaýynda akyl ýetiriş başa barmaýar.

Fransuz filosoflarynyň jemgyýetçilik durmuşyna garaýyşlary, olaryň gnoseologiki meseleleri çözüşleri bilen baglydyr. Olaryň tejribäniň duýgyny, pikir ýöredişi we paýhasy kemala getirmekdäki orny bilen baglanyşykly meseleleri çözmekleri daşky şertleriň we terbiýäniň adamyň kämilleşmegine we dürli jemgyýetçilik hadysalaryň döremegine edýän täsirini ýokarlandyrmagyň ýollaryny görkezýär. Daşky gurşawyň şahsyýeti kemala getirmekdäki orny baradaky taglymaty fransuz akyldarlarynyň gazanan uly üstünligidir. Olar adamlaryň doglanlarynda deň we meňzeş bolýandyklaryny belläpdirler. Adamlaryň akyl we ahlak tapawutlylygy diňe terbiýäniň we daşky şertleriň tapawudy bilen kesgitlenýär. Bu meseläni derňemeklige **Klod Adrian Gelwesiý** (1715-1771) tarapyndan uly üns berlipdir. Gelwesiý üçin adamyň, onuň ruhy kysmynyň daşky gurşawa baglylygy baradaky pikir esasy bolup, onuň ähli sosial-filosofiki garaýyşlarynyň içinden eriş-argaç bolup geçýär. Ol

özüniň “Adam hakyndaky” eserinde: “Adamlar öz dogluşlary kimin bolanoklar, olary durmuş şeýle edýär” diýýär. Gurşawa Gelwesiý Monteskýe ýaly klimat we toprak diýip düşünmeýär. Gurşaw onuň üçin adama täsir edip biljek sosial hadysalaryň toplumydyr. Filosof sosial gurşawy döredýän zatlaryň hataryna döwleti dolandyrmaklygyň görnüşini, mekdebi, köpçülige ýaýradylýan kitaplary we başga birnäçe zatlary goşýar. Daşky gurşawyň iň täsirlisi, onuň pikiriçe, döwleti dolandyryşyň görnüşi we hereket edýän döwlet kanunlarydyr.

Fransuz materialistleriniň eserlerinde şahsyýetiň taryhdaky orny giňişleýin derňelýär. Olar beýik şahşlaryň halklaryň häsiýetlerini we ahlagyny kesgitleýändiklerini, bagtly we bagtsyz, gaýduwsyz, yrymçyl, şöhratparaz we gysganç edýändiklerini belläpdirler. Taryhy-filosofiki edebiýat fransuz magaryfçylary bilen 1789-1794-nji ýyllaryň Beýik Fransuz rewolýusiýasynyň berk baglanyşykda bolandyklaryny görkezýär. Bu rewolýusiýany taýýarlamakda we amal etmekde fransuz materialistleriniň garaýyşlary uly orun eýeläpdir.

## 11.10. Nemes klassyky filosofiýasy


W.F. Gegel

Nemes klassyky filosofiýasy adamzadyň filosofiki pikir medeniýetiniň ösüşinde aýratyn yz galdyran taglymatlaryň toplumydyr. Ol döwür, esasan, **Immanuil Kantyň** (1724-1804), **Iogann Gotlib Fihtäniň** (1762-1814), **Fridrih Wilgelm Şellingiň** (1775-1854), **Georg Wilgelm Fridrih Gegeliň** (1770-1831), **Lýudwig Andreas Feýerbahyň** (1804-1872) filosofiki döredijiligi bilen baglanyşdyrylýar. Bu filosoflaryň her haýsy taglymatlara we pikirlere baý öz filosofiki ulgamyny döreden alymlardyr. Şol bir wagtda hem nemes klassyky filosofiýasy bir bitewi ruhy birleşme bolup çykyş edýär. Şol birleşigiň tapawutly aýratynlyklary aşakdylardan ybaratdyr:

1. Filosofiýanyň adamzat taryhyndaky we dünýä medeniýetiniň ösüşindäki ornuna özboluşly düşünmek. Nemes klassyky filosofiýasy

15. Sargyt №

filosofiýanyň medeniýetiň tankydy aňy, “harçaňlaşýan aň”, “hakykata ýylgyryp garaýan”, medeniýetiň “ruhy” bolmalydygyny göz öňünde tutupdyr.

2. Nemes klassyky filosofiýada diňe bir adamzadyň taryhy däl, eýsem adamyň manysy hem derňelýär. Kant adama ahlakly ynsan hökmünde garaýar. Fihte aňyň işewürligini we hereketliligini hem-de adamyň öz-özüni aňlamagynyň wajyplygyny belleýär. Şelling obýektiwligiň we subýektiwligiň özara baglanyşygyny görkezmekligi filosofiki mesele hökmünde öňe sürýär. Gegel öz-özüňi aňlamagyň we aýratyn aňyň çägini giňeldýär. Ol jemgyýetçilik aňynyň dürli görnüşlerini çuňňur derňeýär. Feýerbah materializmiň täze görnüşini – **antropologiki materializmi** döredýär.

3. Nemes klassyky filosofiýasynyň wekilleriniň ählisi filosofiýa filosofiki dersleriň, karegoriýalaryň we pikirleriň ulgamy hökmünde garaýarlar.

4. Nemes klassyky filosofiýasy dialektikanyň bitewi konsepsiýasyny işläp düzýär.

5. Nemes klassyky filosofiýasy ynsanperwerlik meselelerini işläp düzmekde filosofiýanyň aýratyn ornuny belleýär we adamzadyň ýaşaýşyny aňlamaklyga çalyşýar.

Indi bu filosofiýanyň wekilleriniň filosofik taglymatlary barada aýratynlykda durup geçeliň.

***Kantyň filosofiýasy*** barada gürrüň edilende, onuň döredijiligini, köplenç, iki döwre bölýärler. *Birinji döwür* alymyň Kýenisberg uniwersitetini tamamlandan 1770-nji ýyla çenli aralygy öz içine alýar. Ilki bilen akyldar oňa çenli belli bolmadyk dünýäniň mehaniki däl şekilini düşündirmeklige çalyşýar. Ol Älemdäki ähli jisimleriň maddy böleklerden – atomlardan durýanlygyndan ugur alýar. Olar içerki, özlerine mahsus bolan, özüne çekijilik we iterijilik güýçlere eýe bolýarlar. Kant özüniň kosmologiki taglymatynyň esasyna bu pikiri goýýar. Älem dünýä giňişliginde ýaýran dürli maddy bölekleriň garymgatymlygy görnüşinde bolýar. Özlerine mahsus bolan çekijilik güýje eýe bolandyklary sebäpli, olar (Hudaýyň ilkinji itergisine mätäç bolman) hereketde bolýarlar. Şonda has uly dykyzlykdaky “ýaýran bölejikler” özlerine çekijilik güýjüň täsiri bilen öz daşlaryna beýleki dykyzlygy uly bolmadyk bölejikleri ýygnaýarlar. Ol: “Maňa materiýany beriň,

men dünýäniň nähili emele gelendigini görkezeýin” diýýär. Kantyň kosmogen gipotezasy filosofiýanyň we ylmyň ösmegine örän güýçli täsir edýär. Birinji döwrüň ahyrynda akyldaryň öňünde akyl ýetirişiň mümkinçilikleri bilen baglanyşykly meseleler örboýna galýar. Şonuň üçin ol 70-nji ýyllarda naturafilosofiýa meselelerinden akyl ýetiriş taglymatynyň meselelerine geçýär.

Kantyň filosofiki döredijiliginiň *ikinji döwri* filosofiýanyň taryhyna “tankydy döwür” ady bilen girýär. Birinji we ikinji döwürleriň arasynda ikinjiniň taýýarlanylyş döwri ýatyr. Ol döwür 1770-nji ýyldan Kantyň “Arassa paýhasyň tankydy” ady bilen 1781-nji ýylyna çykan eserine çenli aralygy öz içine alýar. Onuň başynda akyldar “Duýgy we akyl bilen ýetilýän dünýäniň görnüşleri we ýörelgeleri” atly işini ýazýar. Bu iş soňra “Arassa paýhasyň tankydy” (1781), “Amaly paýhasa tankyt” (1788), “Akyl ýöretmeklik ukybynyň tankydy” (1790) eserlerini ýazmaklyga başlangyç bolýar. Bu kitaplaryň birinjisinde Kant akyl ýetiriş taglymatyny, ikinjisinde – etikany, üçünjisinde – estetikany we tebigatdaky maksadalaýyklylyk baradaky taglymaty beýan edýär. Şu işleriň ählisiniň esasynda “zatlaryň özündeligi” we “hadysalar” baradaky taglymat ýatýar.

Kant üçin adamyň aňyna (duýgulara, pikire) bagly bolmadyk *zatlaryň dünýäsi* bar. Bu ýerde akyldar materialist hökmünde çykyş edýär. Ýöne, haçan-da Kant adamyň akyl ýetiriş mümkinçilikleri we çäkleri, onuň görnüşleri baradaky meselä geçende, ol akyl ýetirişiň üsti bilen däl-de, ynanjyň (Hudaý, ruh, bakylyk) üsti bilen açylýan bar zatlaryň dünýäsi – “zatlaryň özündeligi” baradaky pikiri öňe sürýär. Şeýlelikde, Kantyň pikirine görä, “zatlaryň özündeligi” bu dünýäniň, wagtyň we giňişligiň çäginden daşarda bolan dünýä (*transsendentleýin*) hökmünde ýüze çykýar.

Kant ähli bilimleri tejribeleýin (*pastorial*) we tejribeden öňki (*aprior*) görnüşlere bölýär. Bular bilimleri ösdürmekligiň dürli usullarydyr. Birinji tejribäniň maglumatlaryny jemlemek, ýagny induktiw usul bilen alynýar. Ýöne tejribe ählumumy bilimi berip bilmeýär. Kant apriorlyk bilen ählumumy we gerekli bilimleri alyp bolup bilýär diýen netijä gelýär. Kant: “Neneňsi statiki aprior bilimler bolup bilerler?” diýen soragy goýýar. Şu soragyň jogaby, onuň pikiriçe: 1. Neneňsi matematika mümkin? 2. Neneňsi tebigaty öwreniş mümkin? 3. Ne-

neňsi metafizika (filosofiýa) mümkin? diýen soraglara jogap tapmaga kömek bermeli.

Filosof akyl ýetirişiň üç gurşawyny, ýagny duýgyny, aňy we paýhasy derňeýär. Garalýan zatlar bize duýgynyň üsti bilen berilýär, aňyň üsti bilen bolsa, olar aňlanylýar. Paýhas bolsa aňa gönügip, tejribe bilen baglanyşykda bolmaýar. Şonuň üçin Kantyň taglymatynda, zerur we ählumumy bilimiň garaýan zady hökmünde tebigat aň tarapyndan "gurnalýar". Şeýlelikde, akyldar aňyň ylmyň meselelerini – hadysalaryň dünýäsini "kadalaşdyrýan" umumy we zerur kanunlary döredýänligi baradaky netijä gelýär. Kant subýektiw idealizmiň özboluşly görnüşini döredýär. Onda-da bu özboluşlylyk ýeke bir alymyň: "Giňişlik we wagt janly gözegçiligiň diňe görnüşi bolýar" diýen jümlesi bilen kesgitlenmän, eýsem onuň baglanyşyklara we kanunlara aňyň önümi hökmünde garamagy bilen hem baglydyr.

Kantyň adamyň akyl ýetiriş ukyplary baradaky taglymatynyň ýene bir bölegi – paýhas we antinomiýalar (*antinomiýa* – grekçe kanundaky gapma-garşylyklar) baradadyr. Onuň pikiriçe: "Neneňsi metafizika (filosofiýa) mümkin?" diýen soragyň jogabyny aňyň ukyplaryny derňemeklik esasynda açyp bolýar. Metafizikanyň garaýan meselesi aňyň garaýan meselesi kimin Hudaý, erkinlik we ruhuň bakylygydyr. Olara teologiýa, kosmologiýa we psihologiýa ýüzlenýärler. Akyl ýetiriş bilen bagly soraglara jogap berjek bolanda, aň, köplenç, gapma-garşylyga duçar bolýar. Onda-da, bu gapma-garşylyklar öz düzümi we manysy boýunça tapawutlanýarlar. Bu ýerde "ikitaraply görnüş" ýüze çykýar. Şonda Kantyň pikirine görä, **tezis** we oňa garşy *antitezis* birmeňzeş gowy delillendirilen ýaly bolup görünýärler. Eger olaryň haýsy hem bolsa bir tarapy diňlense, onda oňa "ýeňşiň" berilmegi mümkin. Şu hili gapma-garşylyklara Kant *antinomiýalar* diýýär. Kant üçin bu gapma-garşylyklar çözülip bilinmeýärler. Kantyň antinomiýalar baradaky taglymaty dialektikanyň taryhynda uly ähmiýete eýe bolupdyr. Bu taglymat filosofiki aňyň öňünde köp sanly filosofiki meseleleri, ilki bilen hem gapma-garşylyk meselesini goýýar. Gutarnyklylygyň we gutarnyksyzlygyň, sadalygyň we çylşyrymlylygyň, tötänligiň we zerurlygyň, mejburlygyň we erkinligiň gapma-garşylykly bitewiligini aýdyňlaşdyrmak meselesi öňe sürülýär. Kantyň antinomiýalary nemes klassyky filosofiýasynyň geljekki wekilleriniň dialektiki oýlanyşygy üçin güýçli itergi bolupdyr.

Kant ahlak kadalarynyň manysyna we esaslandyrylyşyna düşünmekligi filosofiýanyň esasy wezipeleriniň biri hasaplapdyr. Akyldar bu dünýäde iki zadyň, ýagny ýokardaky ýyldyzly asmanyň we özündäki ahlak kanunyň ony geň galdyrýanlygyny belläpdir. Kantyň aýtmagyna görä, adam bir gatnaşykda zerurlylyga görä ýaşaýar, ikinjide bolsa, azatdyr. Tebigatyň hadysalary ýaly hadysa bolan adam zerurlylyga boýun edilýär, ahlak jandar hökmünde bolsa ol akyl bilen ýetilýän zatlaryň dünýäsine – *noumenlere* degişli bolýar. Şu ýagdaýda ol erkin bolýar. Adam ahlak jandar hökmünde diňe ahlak borjuna boýun bolýar. Ahlak borjuny Kant ahlak kanun ýa-da düýpgöter ahlak *imperatiw* görnüşde kesgitleýär. Bu kanun her bir adam, onuň şahsy özüni alyp barşynyň düzgüni hemmelere düzgün bolup hyzmat eder ýaly hereket etmekligini talap edýär. Eger ahlak kanunynyň talaplaryna laýyk gelýän hereketlere adamy onuň duýgusy iterýän bolsa, onda ol hereketlere Kantyň aýtmagyna görä, ahlakly diýip bolmaýar. Diňe ahlak kanunyna hormat goýlup edilen hereket ahlakly bolup bilýär. Kant adamyň ahlak wezipeleriniň ähli bileleşigini derňeýär. Ilkinji orunda ol öz durmuşyny we janyny goramak barada alada edýän adamyň borjuny goýýar. Ol adamyň özüňe kast etmegini, arakhorlugyny, açgözlügini ahlaksyzlyk diýip kesgitleýär. Ol ahlaklylygyň hataryna dogruçyllygy, akýürekliligi, hoşniýetliligi, mertebeliligi goşup, olara ýalançylygy we ýaranjaňlygy garşy goýýar.

Kant wyždana "ahlak ýazgarma" hökmünde aýratyn ähmiýet berýär. Adamlaryň biri-birine degişlilikdäki iki borjuny Kant söýgüde we hormatda görüpdir. Akyldar adam ýigrenjiniň ýüze çykyşlary bilen baglanyşykly kemçilikleri: ýaman niýetliligi, gadyr bilmezligi, içigaralygy ýazgarypdyr. Ynsanperwerlik iň ýokary adamkärçilikdir. Kant hususyýetçilik bähbitleri bilen baglanyşykly dawalaryň hukugyň esasynda çözüp bolunjakdygyna ynanypdyr. Kantyň aýtmagyna görä, hukuk amaly paýhasyň ýüze çykmasydyr. Eger adam birbada ýokary ahlakly bolmasa hem kem-kemden ol gowy adam bolmaklygy öwrenýär. Kantyň sosial filosofiýasynda garalýan syýasata degişlilikde ahlagyň ilkinjiligi şu gün hem öz ähmiýetini ýitirenok. Akyldar ahlaksyz syýasata garşy durmaklygyň wajyp serişdesi hökmünde aýdyňlygy öňe sürýär.

**Fihtäniň we Şellingiň filosofiýasy.** ***Fihtäniň*** garaýyşlary sosial-taryhy we ahlak meselelerine degişlidir. Ol Kant hakykylygy we onuň esasyny aýan etmän gazanýar diýen netijä gelýär. Şonuň üçin Fihte filosofiýa takyk görnüşdäki, geometriýa kybapdaş görnüşdäki ylym hökmünde garaýär. Bu taglymatyň esasy bolup "Meniň" aňy çykyş edýär. Bu adaty aň, ýöne Fihtäniň taglymatynda ol adamdan aýrylyp, absolýuta öwrülýär. Ähli daşky dünýä "Men däl", ýagny "Meniň" döreden zady bolýar. "Men" "Men däli" öz garşydaşy görnüşinde döredýär. Şu iki gapma-garşylyklaryň göreşi esasynda adamyň öz-özüni aňlamaklyga ukyby ösýär. Ýokarky gapma-garşylyklary derňemeklik nukdaýnazaryndan ugur alyp, Fihte özboluşly "saýmak", "saýmazlyk" we "jemlemek" usulyny ulanyp, barlyk we pikirlenmek düşünjeleriniň ulgamyny ösdürýär. Bu usul şol döwrüň dialektikasynyň käbir taraplaryny ösdürmeklige esas döredýär. Fihte paýhasly akyl ýetiriş organy hökmünde hakykata gönümel gözegçilik etmekligi, ýagny "intellektual intuisiýany" kabul edýär.

Fihtäniň ahlak garaýyşlarynyň merkezi meselesi *erkinlik* meselesidir. Ol Spinoza kimin erkinlige sebäpsiz hereket däl-de, berk zerurlyga akyl ýetirmek bilen hakykaty gazanýan hereket hökmünde garaýar. Emma ondan tapawutlylykda, Fihte adamlara elýeter erkinligiň derejesini aýratyn adamyň paýhasy bilen däl-de, şol adamyň taryhy döwri bilen baglaýar.

Fihtäniň amaly filosofiýasy ilki bilen ahlak, hukuk we döwlet baradaky taglymatlar bilen baglanyşyklydyr. "Erkinlik" düşünjesi bu ýerde hukuga, döwlete we ahlaga gönügýär. Hukuk – bu jemgyýetde ýola goýlan kanuna meýletin boýun bolmakdyr. Döwlet bolsa her bir adama eýeçiligi üpjün etmelidir. Döwlet eýeçiligi gurnalmaly eýeçilik bolýar. Fihtäniň bu jümlesinde döwletiň ykdysady we sosial tebigaty barada çaklama ýatyr.

**Şelling** Fihtäniň subýektiw idealizmine tankydy nukdaýnazardan täzeçe garaýar. Tebigat diňe Fihtäniň "Men däli" bilen kesgitlenip bilinmeýär, ýöne ol Spinozanyň aýdyşy ýaly, ýeke-täk substansiýa hem däldir. Tebigat, Şellingiň pikiriçe, aýratyn "Men" däl-de, absolýutlylykdyr. Janly we jansyz tebigat filosof üçin "organizm" bolup çykyş edýär. Jansyz tebigat onuň üçin şindi "ýetişmedik aňlylyk" hökmünde çykyş edýär.

Şellingiň amaly filosofiýasynyň esasy meselesini “erkinlik” düşünjesi kesgitleýär. Bu meseläniň adamlaryň hereketiniň üsti bilen çözülmegi üçin “Ikinji tebigaty” (Şellingiň pikiriçe, hukuk düzgünini) döretmek zerur. Islendik döwletde hukuk düzgünini döretmek beýleki döwletleriňkä golaý bolmalydyr. Şelling taryhda daşlaşmak meselesiniň ýüze çykýanlygyny ilkinji bolup öňe sürýär. Ol adamyň oýlanyşykly hereketiniň esasynda ýöne bir garaşylmaýan we tötänleýin däl, eýsem erkinligi basýan gerek däl netijeler hem ýüze çykýar diýip belleýär. Erkinligi amal etmeklige bolan islegler baknalyga öwrülýär. Mysal üçin, Fransuz rewolýusiýasynyň netijeleri onuň beýik maksatlaryna ters geldi. Şelling ýöne ýerden “Taryhda eden-etdilik agalyk edýär. Teoriýa we taryhy praktika biri-birine düýbünden tersdir. Taryhda adamlaryň öňünde olara erksiz bolan gözsüz zerurlyk agalyk edýär” diýen netijä gelmeýär. Şelling obýektiw taryhy zerurlyk barada gürrüň açanda, taryhy kanunalaýyklygyň tebigatyny açmaklyga ýakynlaşýar.

**Gegeliň filosofiki sistemasy**. Bu sistema nemes klassyky filosofiýasyny jemleýär. Onuň düzümine Gegeliň esasy eserleri bolan “Ruhuň fenomenologiýasy” (1807), “Logika ylmy” (1812-1816) we “Filosofiýa ylymlarynyň ensiklopediýasy” (1817) girýär. Gegeliň filosofiki sistemasyna giriş hökmünde onuň “Ruhuň fenomenologiýasy” atly eserini kabul etmek mümkin. Onda filosof aňyň iň aşaky görnüşinden (*gönümel duýgulaýyn kabul etmek*) iň ýokary görnüşine (*absolýut ýada arassa bilime*) çenli hatary garap geçýär. Soňky görnüşde ähli daşky zatlaryň hötdesinden gelip, ruh diňe öz manysyny aňlaýar. “Ruhuň fenomenologiýasynyň” netijesi “Logikada” öz beýanyny tapýar. Bu eser Gegeliň filosofiki ulgamynyň birinji we örän wajyp bölegidir. Logikada özünden, ýagny öz görnüşinden daşary hiç hili empiriki many ýok. Bu ýerde logika taryhdan we tebigatdan öň gelip, olary döredijidir. Logika barlyk, many we düşünje baradaky taglymatlara degişli böleklere bölünýär. Onda barlyga we mana düşünjäniň öz ählumumylygynda we dolulygynda peýda bolmazyndan öň “geçýän” basgançaklary hökmünde garalýar. “Logikada” absolýut pikiriň ösüşi abstrakt logiki kategoriýalar görnüşinde jemlenýär. Onuň başlangyç nokady bar bolan umumylyk we “barlyk” baradaky arassa abstrakt pikirden ybaratdyr. Ol başda mana eýe bolmadyk “arassa barlygyň”

düşünjesi bolup, “bar zadyň” üsti bilen öz manysyna eýe bolmaklyga çalyşýar. “Bar zat” bolsa bu ýerde “kesgitli barlykdyr”. Gegeliň logikasynda absolýut pikir hut şu hili başlanýar. Barlyk baradaky taglymatda Gegel mukdaryň hile we hiliň mukdara geçişi barada dialektikanyň kanunlarynyň birini esaslandyrýar. Şonuň ýaly-da, ol ösüş hereketiniň birsydyrgyn bolmaýanlygyny, ösüşe “yzygiderligiň üzülişi” hökmünde garaýşyny hem beýan edýär.

Hadysa hökmünde düşünilýän barlykdan Gegel has çuň içki kanunalaýyklyga geçýär. Bu kanunalaýyklygyň esasy manysy filosofyň gapma-garşylyklaryň biri-birine girişmegi baradaky kanuny, olaryň bitewiligi, meňzeşligi we göreşi barada meseleleri açyp görkezmegi bilen beýan edilýär. Gapma-garşylyklar baradaky taglymaty ösdürip, Gegel her bir üýtgeýşiň we ösüşiň çeşmesi hökmünde içerki zerurlygyň, öz-özleýin hereketiň, her bir zadyň “özüniň hereketlenişiniň” çykyş edýänligi baradaky netijä gelýär. Üýtgemeklikde ýüze çykýan meňzeşlik bilen tapawutlylygyň özara gatnaşygyna olaryň esasynda ýatan gapma-garşylygy açmak bilen akyl ýetirilýär. Gegel logikadan tebigatyň filosofiýasyna geçýär. Tebigaty dörediji bolup bu ýerde Absolýut paýhas çykyş edýär. Ol özüniň “barlygynyň ýoklugyny” – Tebigaty döredýär. Tebigatyň ösüş basgançaklary bolup mehaniki, himiki we organiki ýagdaýlar çykyş edýärler. Absolýut paýhasyň ösüşiniň soňky basgançagy bolan ruh *subýektiw ruh*, *obýektiw ruh* we *Absolýut ruh* derejeleri geçýär. Ýokarda bellenilişi ýaly, Absolýut ruh tebigatdan we adamdan öň bolan “arassa paýhas” bolýar. Ol tebigaty we jemgyýeti döredýär. Gegel ähli zada sistemalaýyn garaýar. Sistema “üçlük”, ýagny **tezis**, **antitezis** we **birikme** esasynda gurulýar. Bu “üçlük”, bir tarapdan, Gegeliň filosofiki sistemasyny berk we takyk edýän bolsa, ikinji tarapdan, onuň filosofiýasy dünýäniň ösüşiniň yzygiderliligini görkezmäge, bilimiň ensiklopediki mümkinçiligini ulanmaga esas döredýär.

**Gegeliň dialektikasy.** Gegel dialektikanyň taglymatyny işläp düzmekde aýratyn işleri bitirendir. Ol dialektiki ösüş barada mümkin bolan doly taglymaty esaslandyrýar. Bu ösüş hil taýdan üýtgemeklik, aşaky görnüşlerden ýokarky görnüşlere tarap hereket, könäniň täzä geçmegi, her bir hadysanyň öz garşydaş ýagdaýyna geçmegi hökmünde görkezilendir. Gegel dünýädäki ähli hadysalaryň baglanyşykda bolýandygyny nygtapdyr.

Ol ösüşi gapma-garşylyklaryň biri-birine geçmegi esasynda döreýän hereket, olaryň ösüşi hökmünde düşündiripdir. Her bir düşünje onda beýlekiler bilen içerki zerur baglanyşykda bolýar. Mysal üçin, mümkinlik ösüşiň dowamynda hakykata, mukdar – hile, sebäp – netijä öwrülýär we tersine. Ol gapma-garşy kategoriýalaryň – forma bilen mazmunyň, düýp mazmun bilen hadysanyň, tötänlik bilen zerurlygyň, sebäp bilen netijäniň bitewiligini nygtaýar. Gegel bu "jübüt kategoriýalaryň" gapma-garşylygyny, biri-birine girişýändigini we geçýänligini görkezýär. Akyldar şu wagta çenli ähmiýeti birjik hem peselmeýän kategoriýalaryň tutuş bir sistemasyny döredýär.

Gegel dialektikanyň esasy kanunlaryny: mukdar-hil üýtgemekliginiň kanuny, gapma-garşylyklaryň göreşi kanunyny we inkär etmäni inkär etmeklik kanunlaryny işläp düzýär. Kategoriýalaryň dialektiki baglanyşygynyň üsti bilen filosof esasy kanunlaryň hereketiniň mehanizmine garaýar. Her bir zat hiliniň üsti bilen öz bolşuna eýe bolýar. Hilini ýitirip, zat özlügini hem ýitirýär. Barlyk üçin mukdar onuň daşky kesgitliligidir. Ol barlygy san üsti bilen häsiýetlendirýär. Gegel mukdar-hil we hil-mukdar üýtgemekligi kanunyň ählumumy häsiýetini derňäp, onuň her bir aýratyn ýagdaýdaky özboluşlylygyny görkezýär. Gapma-garşylyklaryň biri-birine girişmegi baradaky kanun Gegele öz-özleýin ösüş pikirini esaslandyrmaga mümkinçilik berýär. Gapma-garşylyklaryň bitewiliginde we göreşinde akyldar ösüşiň çeşmesini görýär. Gegel pikirlenmegiň gapma-garşylygynda, düşünjeleriň dialektikasynda zatlaryň gapma-garşylygyny we olaryň dialektikasyny aňýar. Inkär etmäni inkär etmeklik kanunynda Gegel diňe bir absolýut pikiriň yzygiderli ösüşini görmän, eýsem her bir zadyň ösüşini görýär. Akyldaryň aýtmagyna görä, pikir ilki bilen tezis görnüşinde çaklanýar, ondan soňra öz-özüne garşy goýulýar. Ahyrynda jemleýji ýokary pikir bilen çalşylýar. Akyldar dialektiki inkärlemegiň tebigatyna garap, onuň manysynyň total inkärlemek däldigini, inkärlenýän zadyň oňaýly tarapynyň saklanmagynyň gerekligini nygtaýar.

**Gegeliň sosial-filosofiki garaýyşlary.** Akyldaryň bu ugurda öňe süren pikirleri häzirki döwürde hem öz ähmiýetini ýitirmän gelýär. Raýat jemgyýeti, hukuk döwleti, hususy eýeçilik, şahsyýet aňy hem-de jemgyýetçilik aňy, öz-özüňi aňlaýyş, jemgyýetçilik aňynyň görnüşleri barada alymyň öňe süren pikirleri jemgyýetçilik ylymlarynda häzir

hem giňişleýin ulanylýar. Gegel raýat jemgyýetini we syýasy döwleti biri-birinden tapawutlandyrýar. Onuň pikirine görä, raýat jemgyýeti aýratyn şahsyýetleriň şahsy maksatlaryny we bähbitlerini amal edýän gurşawdyr. Filosof raýat jemgyýetiniň üç tarapyny: 1. Isleg ulgamy; 2. Adalatlylygy amal etmeklik; 3. Polisiýa we birleşmek (kooperasiýa) taraplary biri-birlerinden tapawutlandyrýar. Raýat jemgyýeti üçin diňe bir hususy eýeçiligiň barlygy wajyp bolman, eýsem onuň kanun, kazyýet we polisiýa tarapyndan goraglylygy hem wajypdyr. Şonuň bilen bilelikde, raýat jemgyýeti üçin aç-açanlygyň wajyplygy: kanunlaryň jemagat öňünde beýan edilmegi, adalatlylygyň köpçüligiň öňünde amal edilmegi we oturdaşly kazyýetiň gerekligi bellenilýär. Raýat jemgyýeti bilen döwlet Gegeliň taglymatyna görä, akyl bilen paýhasyň baglanyşygyna kybapdaş bolýar. Raýat jemgyýeti – bu "daşarky döwlet", "mätäçligiň we akylyň döwleti", hakyky döwlet bolsa paýhasly, ol raýat jemgyýetiniň esasy bolýar. Gegel döwleti dürli hili: erkinlik pikiri hökmünde, bitewi organizm hökmünde, konstitusion monarhiýa hökmünde, "syýasy döwlet" hökmünde düşündirýär. Gegel üçin erkinlik, adalatlylyk, hukuk diňe "döwlet pikirine" laýyk gelýän döwletde mümkin bolýar. Gegel Lokkyň we Monteskýeniň erkinligi köpçüligiň öňünde kepillendirýän döwlet we häkimiýet bölünişigi baradaky pikirini goldaýar. Şeýle döwletde häkimiýetiň şahalarynyň biri-biri bilen gatnaşygy, bitewiligiň we onuň bölekleriniň gatnaşygyny aýan etmelidir.

**Feýerbah** Gegeliň obýektiw idealistik filosofiýasyny ulgamyny tankytlan ilkinji filosofdyr. Feýerbah Gegeliň logiki pikiriniň tebigata dönmegi tezisiniň esaslandyrylmanlygy baradaky netijä gelýär. "Arassa paýhas" onuň aýtmagyna görä, absolýut ideýanyň diňe bir başga zat hakynda däl, eýsem pikirlenmek barada hem ýeterlik düşünje berip bilmeýär. Feýerbahyň pikiriçe, Gegel tebigaty logikadan ähli logiki düzgünleri bozup çykarýar. Şonuň bilen bilelikde, Feýerbah filosofiýa bilen diniň baglanyşygy meselelerinde hem Gegel bilen ylalaşmaýar. Ol Gegeliň tebigatyň absolýut ideýa tarapyndan döredilmegi baradaky taglymatyny teologiýanyň tebigaty Hudaýyň döredenligi baradaky pikiriň rasional görnüşi diýip hasaplaýar. Feýerbah Gegeliň filosofiýasyny "geçmiş dünýäsi" hökmünde häsiýetlendirip, onuň geljege gollanma bolup bilmejekligini aýdýar. Feýerbah Gegeliň dialektikasynyň ähmiýetine hem kembaha garapdyr.

Feýerbah ýeke-täk hakyky zat bolup, tebigatyň we adamyň çykyş edýänligini belleýär. Ol o dünýä degişli manylar barada oýlanmakdan tebigaty we adamy öwrenmäge geçmeklige çagyrýar. Filosofiýanyň gözbaşynda absolýut pikir däl-de, adam durmaly. Şonuň üçin Feýerbahyň özi öz filosofiýasyny "antropologiýa" diýip atlandyrýar. Feýerbah barlyk bilen onyň meselesini çözmekligiň başlangyjy hökmünde adamy alýar. Onuň pikirine görä, adam materiýanyň we ruhuň bitewiligidir. Ýöne Feýerbah üçin adam abstrakt biologiki, tebigy jandar bolup çykyş edýär.

Feýerbah **antropologiki materializmiň** nukdaýnazaryndan jemgyýetçilik aňynyň dürli görnüşlerini, ylaýta-da, dini derňemeklige çalyşýar. Hudaý adamy döretmän, adam Hudaýy döredýär. Feýerbahyň pikiriçe, Hudaýyň manysy aýratyn adamdan aýrylan adamyň manysyndan başga zat däl. Barlygyň we akyl ýetirişiň ähli meselelerini filosof adamyň manysynyň üsti bilen düşündirmeklige çalyşýar. Ol tebigaty materiýa hökmünde häsiýetlendirýär. Tebigat, onuň pikiriçe, baky, onuň başlangyjam, aýagam ýok. Tebigat – bu ýagtylyk, elektrik hadysasy, howa, magnetizm, suw, toprak, ösümlikler, adam we başgalar. Hil zatlaryň barlygyndan aýra bolmaýar we hakyky barlyk bolýar. Materiýanyň ýaşaýşynyň görnüşleri bolup giňişlik we wagt çykyş edýärler.

Feýerbahyň antropologiki materializmi onuň sosial filosofiki garaýyşlaryny kesgitleýär. Bu ýerde mesele Feýerbahyň diniň, ahlagyň, taryhyň manysynyň meselelerini aňlanda, adamyň abstrakt biologiki jandarlygy hakyndaky garaýyşdan ugur alýanlygy bilen baglydyr. Ol adamy onuň duýgularynyň pikiriniň we erkiniň bitewiliginiň üsti bilen häsiýetlendirýär. Onda-da adamyň haýwandan tapawutlylygy onda özboluşly dini duýgynyň bolýanlygyndadyr. Şol sebäpli, Feýerbahyň pikiriçe, dürli hili dinler, şol sanda hristian dini hem döreýär.

Feýerbah dürli halklaryň dininiň taryhyny derňäp, hut tebigatyň dini duýgularyň taryhy çeşmesi bolýanlygyny belleýär. Ol adama oýlap tapylan däl-de, hakyky Hudaýy bolan "hakyky din" gerek diýen netijä gelýär. Onuň pikirine görä, şeýle Hudaýyň "enesi" söýgi bolmaly. Feýerbah diniň adamlaryň arabaglanyşygynyň ählumumy görnüşi bolýandygyny nygtaýar. Onuň üçin her bir gatnaşyk dini gatnaşykdyr. Adamzadyň taryhy dinleriň çalşylyşynyň taryhydyr.

### 11.11. Marksistik filosofiýa


K. Marks

Nemes filosoflary **Karl Marksyň** (1818-1883 ý.) we **Fridrih Engelsiň** (1820-1895 ý.) filosofiki pikirleri XX asyrda uly täsirlilige eýe bolýar. Dialektiki materializm düşünjesini Engels XIX asyryň 90-njy ýyllarynda öz hatlarynda "ykdysady materializme" garşylykda girizýär. Dialektiki materializm filosofiýasy Marksyň taryhy materialistik nukdaýnazardan düşündirmegi esasynda döreýär. Bu taglymat materializmi "ýokarsyna" çenli gurnap, tebigatyň we jemgyýetiň, obýektiwligiň we subýektiwligiň, materiýanyň we ruhuň organiki bitewiligini açýar. Adamy hem-de onuň durmuş hereketini hil taýdan täze tarapdan düşündirmeklige esas döredýär.

Jemgyýetçilik durmuşyny derňemekde materialistik dialektikany ulanyp, Marks we Engels iki düýpli açyşy: kapitalistik jemgyýetde goşmaça nyrhyň "syryny" we taryha materialistik nukdaýnazardan düşünmekligi amal edýärler. Bu açyşlar marksizmiň esaslary bolan iki filosofiýany, ýagny syýasy ykdysadyýeti we ylmy kommunizmi işläp düzmeklige esas döredýar. 1844-1846-njy ýyllarda Marks we Engels bilelikde "Keramatly maşgala" we "Nemes ideologiýasy" atly işleri ýazýarlar. Olar bu işleriniň üsti bilen Gegeliň filosofiýasyna we onuň idealistik yzyny ýöredijilere garşy çykyş edýärler. Hut şu işlerde olar jemgyýetçilik hadysalaryny materializmiň we dialektikanyň nukdaýnazaryndan derňeýän filosofiýanyň gerekligi barada aýdýarlar. Marks 1845-nji ýylda özüniň "Feýerbah baradaky tezislerinde" Feýerbahyň materializminiň kemçiliklerini tankytlaýar. Bu ýerdäki kemçilikler hökmünde synlaýjy metafiziki we birtaraply garaýyşlar görkezilýär.

Marks we Engels Feýerbahy tankytlap, özleriniň taryhy materialistik taglymatyny esaslandyrýarlar. Taryha şeýle garaýyş hakyky durmuşy maddy taýdan gurnamakdan ugur alyp, jemgyýetçilik önümçiliginiň hakyky hereketini derňemek hem-de şol önümçilik usuly bilen baglanyşykly we onuň esasynda döreýän pikir alyşma görnüşlerine, ýagny

bütin taryhyň esasy hökmünde raýat jemgyýetiniň ähli basgançaklaryny düşündirjek bolýarlar. Soňra bolsa döwlet durmuşynyň gurşawynda raýat jemgyýetiniň hereketini şöhlelendirýärler. Şonuň ýaly-da, olaryň täsiri bilen döreýän dürli nazaryýet garaýyşlary we aňyň görnüşlerini, şol sanda dini, filosofiýany, ahlagy we başgalary düşündirýärler. Şol sosial esasda olaryň döreýşini yzarlamagy we onuň esasynda jemgyýetiň ösüşini açyp görkezmegi maksat edinýärler.



**F. Engels**

Şeýlelikde, Marks we Engels adamzat paýhasynyň taryhynda ilkinji gezek aňyň asla özbaşdak güýç bolman, jemgyýetdäki ähli hadysalar kimin, öz esasynda maddy durmuş hereketlere eýedigine ünsi çekýarler. Şol bir wagtda hem olar sosial barlygyň we jemgyýetçilik aňynyň esasy kanunlaryny hem açýarlar.

**K.Marks we F.Engels praktika barada.** Marks we Engels Feýerbahyň materializminiň ýetmezçiliklerini ýeňip geçmek üçin adamzat jemgyýetinde we adamzat taryhynda tejribäniň ornuny täzeçe düşündirýärler. K.Marks eýýäm özüniň irki işlerinde teoretik pikiriň, şol sanda filosofiýanyň diňe bir düşündirmek däl, eýsem özgerdijilik wezipäni hem ýerine ýetirýänligine ünsi çekýär. Soňra ol bu wezipäni teoriýanyň praktika gulluk edýänligi, praktikanyň bolsa teoriýany kesgitleýänligi bilen baglaýar.

Marks we Engels praktikany kesgitlemeklige dürli hili çemeleşýärler: praktika – hereketiň predmetliligi, praktika – bu adamlaryň hereketi, praktika – adamlaryň jemgyýetçilik-taryhy hereketi, praktika – adamyň durmuş hereketiniň häsiýetnamasydyr. Häzirki döwürde hem praktika kesgitleme berlende Marksyň “Feýerbah baradaky tezislerinde” subýekt we obýekt düşünjeleri düşündirişine ünsi çekip, bu ýerdäki ýörelgeler ulanylýar. K.Marks bu işinde öňki materializmiň, şol sanda Feýerbahyň materializminiň kemçiligi zadyň, hereketiň we duýgynyň adamyň duýgulaýyn hereketi däl-de, diňe obýekt ýa-da daşyndan synlamak hökmünde alynýanlygyny belleýär. Marks praktikanyň bu ýerde subýektiw zat bolup çykyş etmeýändigini görkezýär. Akyldar

üçin obýekt subýektiň, adam güýjüniň goýlup özgerdilýän zadydyr. Subýekt bolsa bu ýerde diňe bir aýratyn adam bolman, eýsem dürli hili adam birleşmeleri bolan sosial toparlar, synplar, halklar, milletler, şonuň ýaly-da, döwlet we başgalardyr. Marks praktikanyň iki görnüşine aýratyn üns berýär. Olar: "tebigatyň adamlar tarapyndan işläp bejerilmegi maddy-önümçilik işi, "adamlaryň adamlary işläp bejermegi" sosial-özgerdiji işdir. K.Marks jemgyýetçilik durmuşynyň esasyny adamlaryň zähmet hereketleriniň düzýänliginden ugur alyp, jemgyýetçilik durmuşy öz manysy boýunça praktiki häsiýetlidir diýip belleýär. Marks özüniň "1844-nji ýylyň ykdysady-filosofiki golýazmalary" atly işinde praktika meselesine köp üns berýär. Ol senagatyň taryhynyň we onuň esasynda döreýän senagatyň barlyk predmeti „adamyň manylaýyn güýçleri" bolýandygyny görkezýär. Bu manylaýyn güýçleriň özboluşlylygy, olaryň zatlara gönügip maddylaşýanlygyndadyr. Ahyrynda praktikanyň netijesi maddy we beýleki jemgyýetçilik gatnaşyklaryň üýtgemegi bolýar. Meseläniň şu tarapyny K.Marks özüniň "**Kapital**" atly meşhur eserinde düýpli derňeýär.

**K.Marks we F.Engels filosofiýanyň esasy meseleleri barada.** "Praktika" kategoriýasynyň marksizmde akyl ýetiriş işini derňemeklige (praktika akyl ýetirişiň esasy we maksady, hakykylygyň ölçegi) girizilmegi, diňe bir *agnostisizmi* ýeňip geçmeklige mümkinçilik bermän, eýsem taryhy materialistik nukdaýnazardan düşündirmek taglymaty bilen gnoseologiýany bitewilige öwrüp, olaryň has düýpli işlenip düzülmegine itergi berýär. Şol bir wagtda "praktika" kategoriýasy ontologiýanyň meselelerini derňemek üçin hem esas bolup hyzmat edýär. Mysal üçin, Marksyň aýtmagyna görä, aňyň manysyny açmak, ilki bilen onda adamlaryň maddy durmuşynyň we ähli jemgyýetçilik barlygyň şertleriniň şöhlelenmegini göz öňünde tutýar. Hatda adamyň maksadynyň kesgitlenilmegi hem soňky netijede şol maksady kesgitlemek we oňa ýetmek üçin maddy şertleriň, ony amal etmek üçin gerekli serişdeleriň barlygy bilen kesgitlenilýär. Maksady kesgitlemek işi hakyky dünýäni geljekki tejribeleýin işiň nusgasy hökmünde şöhlelendirmekdir. Marksyň kesgitlemesine görä, maksat dörediljek bolunýan zadyň ideal obrazydyr. Bu obraz ol zady döretmekden ozal aňda emele gelýar. Şeýlelikde, Marks jemgyýetçilik durmuşynyň öz manysyna görä praktika bolýanlygyny

görkezýär. Şonda sosial subýektiň özara baglanyşykda bolan ähli hadysalaryna we işlerine akyldar ozal bolan ýa-da geljekde boljak adam hereketiniň, onuň teoretiki we amaly, obýektiw we subýektiw pursatlarynyň çylşyrymly özara täsiriniň netijesi hökmünde garaýar.

Marks we Engels öz işlerinde dialektika berlendiklerini yzygiderli nygtaýarlar. Olar Gegeliň dialektikasyna tankydy garap, **materialistik dialektikany** işläp düzýärler. K. Marks özüniň "1844-nji ýylyň ykdysady-filosofiki golýazmasynda" Gegeliň dialektikasy – bu ruhuň, pikirlenmäniň, "pikiriň hereketiniň" dialektikasy diýip belleýär. Bu dialektika adamyň asyl güýçlerine düşünmeklige kömek bermeýär. Gegel üçin subýekt bolup hakyky adam däl-de, diňe adamyň abstraksiýasy, onuň öz-özüni aňlaýşy çykyş edýär. Adamyň asyl güýçleri bolsa bu ýerde pikirlenýän, logiki ruhuň, ruhuň hakyky görnüşini aňlamak bolýar. Şeýlelikde, Gegel ähli bar zatlaryň hakykylygyna adamyň däl-de, dörediji pikiriň hereketiniň netijesi hökmünde garaýar.

Şol bir wagtda hem Marks we Engels Gegeliň işläp düzen ösüş taglymatyny diňe bir ýokary bahalandyrman, eýsem ony giňden ulanypdyrlar. Olaryň döredijiliginde Gegeliň gapma-garşylyklar baradaky, daşlaşýan we oňaýly pursatlary öz içine alýan predmetleýin hereket hökmünde gapma-garşylyklary aradan aýyrmak barada, mazmunyň we formanyň dialektikasy barada, şonuň ýaly-da, tötänligiň we zerurlygyň, ýekeleýinligiň, aýratynlygyň we umumylygyň, abstraktlygyň we konkretligiň, taryhylygyň we logiki yzygiderliligiň dialektikasy baradaky taglymaty giňden ulanylýar.

Marks idealistik dialektikanyň hadysalaryň manysyny açyp bilmeýänligi baradaky netijä gelýär. Olar dialektiki usulsyz açylyp hem bilinmeýär. Hut dialektiki usul materialistik dialektikanyň baş usuly bolmalydyr. Dialektika üçin hakyky bilimleriň çeşmesi bolan hakyky zatlara we hadysalara ýüzlenmek wajypdyr. Marksistik filosofiýa dialektikanyň baglanyşygyny obýektiwligiň we subýektiwligiň, tebigatyň, jemgyýetiň we akyl ýetirişiň dialektikasy hökmünde, obýektiw dialektikany adam aňynyň, dialektikanyň taglymatynyň şöhlelendirmesi hökmünde açyp görkezýär.

K.Marksyň "Kapital" atly eserinde materialistik dialektikanyň işlenip düzülişi ähli çuňlugynda açylýar. Onda dialektika iki hili çemeleşme,

ýagny teoriýa hökmünde we kapitalistik jemgyýetiň hem-de adamzat taryhynyň kanunlaryna akyl ýetirmegiň usuly hökmünde garalýar. Marks hadysalaryň üýtgeýşini, bir görnüşden başga görnüşe geçişini derňäp, kanunalaýyk baglanyşyklara garap, olaryň özboluşlygyny göz öňünde tutup, takyk şertler bilen kesgitlenýän kanunlary açýar. Marks gapma-garşylyklaryň üsti bilen hadysalaryň ösüşine garap, olaryň manysyny anyklap, ykdysady we beýleki kanunlary açýar.

Marksistik filosofiýa dialektikanyň kategoriýalaryny we kanunlaryny, dialektikanyň esasy ýörelgeleri bolan – ösüş, arabaglanyşyk, determinizm we beýlekileri derňeýär.

Marksistik filosofiýada akyl ýetiriş işiniň dialektikasy ilki bilen akyl ýetirişiň esasy, maksady we ölçegi bolup çykyş edýän jemgyýetçilik-taryhy praktikanyň ösüşinden ugur alýar. Marksistik filosofiýa akyl ýetirişe absolýutlylygyň we otnositelligiň, obýektiwligiň we subýektiwligiň, duýgynyň we rassionallygyň dialektikasynyň üsti bilen garaýar.

K. Marks jemgyýetçilik hadysalara akyl ýetiriliş aýratynlygyna, dialektiki usullaryň konkretlikden abstraktlyga we abstraktlykdan konkretlige geçmek usulyna hem-de taryhy we logiki usullaryň bitewiligine uly üns berýär. Şeýlelikde, Marks we Engels materialistik dialektikany dünýäniň we adamyň aňynyň ösüşiniň has umumy kanunlary baradaky ylym hökmünde ösdürýärler.

Marksizmiň adamzadyň tejribesine daýanýan we ony aňlaýan garaýyşlaryň sistemasy bolup çykyş edýänligine hem üns bermek gerek. Şu aýratynlyk esasynda marksizme filosofiýa diňe bir paýhasa söýgi hökmünde we “medeniýetiň ruhy” hökmünde garamaklyga hem-de ony adam aňynyň häsiýeti hökmünde düşünmeklige däl, eýsem öz wagtynda Aristotel tarapyndan şindi howaýy kesgitlenen barlygyň we akyl ýetirişiň umumy ýörelgeleri baradaky işlenilen taglymaty hem görmek başardýar. Onda-da, şol ýörelgeleri tebigatyň, jemgyýetiň we adamzat oýlanyşynyň kanunlary hökmünde derňemeklik hem başardýar.

Gynansak hem marksizme adamzat tejribesi esasynda üýtgeýän, ösýän, täze mana eýe bolýan taglymat hökmünde garamak soňky marksistleriň köpüsine başartmady. Olaryň arasynda marksizmi ösýän we özgerýän industrial jemgyýeti derňemek üçin ulanmaklyga çalyşýanlar hem (nemes filosofy E.Bernşteýn, italýan filosofy A.Gramşi, wenger filosofy D. Lukaç) tapyldy. Ýöne XX asyrda köp

marksistlere oňa dogmatik taglymat hökmünde garamak häsiýetli boldy. Sowet marksizmi bolsa syýasy bähbitlerden ugur alyp, ony ýoýmakdan hem çekinmedi. Ine, şonuň üçin wagtyň geçmegi bilen, marksizme, oňa belli bir derejede häsiýetli bolan utopiki garaýyşlar esasynda baha berildi.

## 11.12. XIX-XX asyrlaryň rus marksistik filosofiýasy we günbatar filosofiýasy

XIX asyryň ikinji ýarymynda marksizm Russiýa ýaýrap başlady. Bu döwürde Russiýada marksistik taglymatyň ýaýraýşy we soňra ösüşi örän gapma-garşylykly hem-de çylşyrymly ruhy hereket hökmünde ýüze çykdy. Şonuň üçin biz bu ýerde onuň käbir wekilleriniň bitiren işleriniň üstünde durup geçmekligi maksadalaýyk hasapladyk.

Ilki bilen hem *halkçylaryň* we olaryň Russiýada marksizmiň ýaýramagyna eden täsiri barada durup geçeliň. Halkçylyk ideologiýa hökmünde agrar demokratiýanyň we daýhan utopiki sosializminiň garyşmagy bilen häsiýetlendirilýär. Russiýada bu ugry esaslandyryjylar bolup **A.Gersen** we **N.Çernyşewskiý** çykyş edýärler. Olar ilkinji gezek marksizmde jemgyýetçilik ösüşiniň ýokary derejesi hasaplanylýan kommunizme daýhan obşinasynyň üsti bilen geçmek baradaky pikiri öňe sürýärler. XIX asyryň 70-nji ýyllarynda halkçylar rus demokratik hereketinde esasy güýje öwrülýärler. Bu ugruň ideologlary bolup **M.Bakunin, P.Lawrow** we **P.Tkaçew** dagy çykyş edýärler. Bu ideologiýa nazaryýet manyda öňki döwrüňkiden yza çekilmeklik hem bolan bolsa, demokratik hereketde ilki *anarhizmiň* we soňra *terrorizmiň* güýjemegine esas döredýär. XIX asyryň 70-nji ýyllarynda filosofiýada bu akymyň tarapdarlary pozitiwistik pikirleri wagyz edijiler hökmünde çykyş edýärler. Şol asyryň 80-nji ýyllarynda bu ýerde düýpli çökgünlik ýüze çykýar. Olar ownuk daýhan hojalygyny kapitalizme garşy goýýarlar. Mysal üçin, Tkaçew döwleti terroryň we başbozarçylygyň üsti bilen "gowy taýýarlanan" topar tarapyndan ýykyp, syýasy häkimiýeti ele almaklygyň gerekligini wagyz edip başlaýar. XIX asyryň ahyrynda we XX asyryň başynda şeýle garaýyş uly täsirlilige eýe bolupdyr.

Marksizmiň Russiýada düýpli kök urup başlamagy **G.W.Plehanowyň** (1856-1918) ady bilen baglanyşdyrylýar. Ol XIX asyryň

80-nji ýyllarynda Marksyň we Engelsiň eserlerini düýpli öwrenip, halkçylardan kesgitli arany açýar. Ol marksizmiň ynamly tarapdary we ony wagyz ediji bolup çykyş edýär. Plehanowyň Şweýsariýada esaslandyran "Zähmeti azat etmeklik" (1883 ý.) topary marksizmiň ýaýramagynda we onuň rus azat edijilik hereketinde ýeňmeginde kesgitleýji orun eýeleýär. Filosof halkçylaryň we "legal marksizmiň" ideologiýasyna garşy göreşip, marksistik taglymaty ösdürmeklige saldamly goşant goşýar. Plehanow özüniň "Taryha monistik garaýşyň ösüşiniň meseleleri" (1895 ý.), "Marksizmiň taryhy baradaky oçerkler", (1896 ý.). "Taryhda şahsyýetiň orny" we beýleki işlerinde marksistik taglymatyň çuňňur beýanyny berýär. Ol marksizmi filosofiýanyň täze bir basgançagy hökmünde bahalandyryp, onuň ozalky filosofik we sosiologik taglymatlardan hil taýdan tapawutlylygyny açyp görkezýär. Filosof jemgyýetçilik barlygynyň we jemgyýetçilik aňynyň çylşyrymly gatnaşyklaryny açyp, taryhda materialistik garaýşy ösdürýär. Plehanow marksistik estetikany we çeper tankydy esaslandyryjylaryň biridir. Ol sungata jemgyýetçilik durmuşyny şöhlelendirmegiň bir görnüşi hökmünde garap, sungatyň gelip çykyşy baradaky taglymaty ösdürýär. Plehanow rus jemgyýetçilik aňynyň marksistik başlangyjyny goýýar. Ol rus rewolýusion demokratlaryna Russiýada marksizmiň düýbüni tutujylar diýip baha berýär. Filosof diniň gelip çykyşy we ösüşi, onuň jemgyýetde tutýan orny, diniň jemgyýetçilik aňynyň beýleki görnüşleriniň arasyndaky orny barada gymmatly netijeler çykarýar. Ol öz ömrüniň bütin dowamynda taryhy we dialektiki materializmiň arassalygy barada göreşipdir.

Plehanowyň filosofiki eserleriniň köp sanlylygy we olaryň ynandyryjy häsiýete eýe bolýanlygy, beýan edilişiniň gyzyklylygy we sadalygy olary marksizmi öwrenýänler üçin şu gün hem wajyp gollanma öwürýär. Olaryň sowet marksizminiň soňky döwürde täzeden aňlanylýan döwründe ähmiýeti has hem uludyr. Sosialistik rewolýusiýanyň Russiýada amal bolmagynyň mümkinçiligi, Plehanowyň bu meselede Lenin bilen ylalaşmanlygy, ýagny "*rewolýusiýanyň çöregini bişirmek üçin gerek bolan dänäniň Russiýada şol döwürde ýetişmänligi*" baradaky pikiri, onuň garaýyşlarynyň ylmy derejesiniň ýokarylygyna güwä geçýär.

XX asyrda marksizmiň diňe bir Russiýada däl, eýsem bütin dünýäde hem giňden ýaýramagyna **W.Leniniň** (1870-1924) döredijiligi

we eden işleri örän güýçli täsir edipdir. Ol 1889-1893-nji ýyllarda marksizm taglymatyny çuňňur öwrenip, belli marksist bolup ýetişýär. Lenin özüniň 1894-nji ýylda ýazan “Halkyň dostlary kimler we olar sosial-demokratiýa garşy nähili göreşýärler?” diýen eserinde halkçylaryň ideologiýasynyň we taktikasynyň ýerliksizligini görkezip, rus işçi synpynyň gitmeli ýoluny özüçe beýan edýär.

Lenin 1900-nji ýylda daşary ýurtda “Iskra” atly rus marksistik gazetini döredýär. Şol gazetiň üsti bilen ol öz garaýyşlaryny beýan edip, özüne tarapdar adamlary daşyna ýygnap, 1903-nji ýylda RSDRP-niň (Russiýanyň sosial-demokratik işçi partiýasy) II gurultaýynda bolşewikleriň partiýasyny esaslandyrýar. Şol partiýa 1917-nji ýylda Russiýada ýurt ýolbaşçylygyna gelýär. Şeýle batly ösüşiň sebäbi nämede? Dogrudan hem W. Lenin marksizmi Russiýanyň şertlerinde ösdürip, bolşewiklere ýeke-täk dogry ýoly görkezip bilipmi? Bu soraglaryň jogabyny bermezden ozal Leniniň marksistik filosofiýa eden goşandynyň üstünde durup geçeliň. Lenin özüniň 1916-njy ýylda ýazan “Imperializm kapitalizmiň iň ýokary derejesi” atly eserinde Marksyň meşhur “Kapitalynda” berlen kapitalistik önümçilik usulynyň derňewini dowam etdi diýip hasap edilýär. Dogrudan hem ol özüçe kapitalizmiň monopolistik ýagdaýda ösüşiniň ykdysady we syýasy kanunlaryny açýar hem-de sosialistik rewolýusiýanyň taglymatyny işläp düzýär. Dünýäniň ýurtlary şol döwürde başlanan Birinji jahan urşy sebäpli, örän çylşyrymly döwri başlaryndan geçirýärler. Şonuň üçin, Leniniň kapitalistik önümçilik gatnaşyklaryň ösüşiniň kanunlary baradaky çykaran ähli netijeleriniň ylmy derejesini kesgitlemeklik örän kyn. Ýöne şondan soňky geçen döwür kapitalizmiň “ölýän, çüýreýän döwri” diýip, Leniniň çykaran netijesiniň dogry däldigini doly tassyklady.

1908-nji ýylda W.Lenin “Materializm we empiriokritisizm” atly filosofiki eserini ýazýar. Ol bu işinde tebigaty öwrenýän ylymlaryň gazanan netijelerini jemlemeklige çalyşýar. Marksistik filosofiýanyň köp meseleleri barada öz garaýşyny berýär. Lenin has hem materialistik dialektikany ösdürmek bilen baglanyşykly meseleleriň üstünde durup geçýär. Ol dialektikanyň ösüş taglymaty hökmünde köptaraplydygyny görkezýär we dialektikanyň, logikanyň we akyl ýetirişiň bitewiligi baradaky düzgünnamany esaslandyrýar. Marksyň “Kapitalynyň”

şeýle bitewiligiň nusgasy bolýanlygy baradaky pikiri öňe sürüp, ol filosofiýa barada wajyp garaýyşlaryň üstünde durup geçýär (mysal üçin, materiýanyň kesgitlemesi). W.Lenin soňra marksistik filosofiýany ösdürmek bilen has “işewür” meşgul bolýar. Mysal üçin, 1914-1916-njy ýyllarda eden belliklerinde (“Filosofiýa depderçesi” atly işinde) dialektikanyň meselelerini giňişleýin derňeýär, filosofiýanyň taryhyny beýan edýär. Lenin bu taryhy ilki bilen materializmiň we idealizmiň göreşinde görýär. Ol dialektiki materializmiň ýeke-täk ylmy usulyýet bolup çykyş edýänligini belleýär. Leniniň döredijiligine we syýasy işine marksizmi beýleki filosofiki akymlara garşy goýmak, syýasy göreşi ähli meseleleri çözmekligiň ýeke-täk usuly hökmünde görkezmek häsiýetli bolýar. Hatda bolşewikler ýurdy eline alanlaryndan soňra ýazan uly bolmadyk “Söweşjeň materializmiň ähmiýeti barada” (1922) atly makalasynda hem Lenin dine garşy göreşi pursadyň iň esasy meselesi hökmünde öňe sürýär. Onuň şu kesgitlemesi marksistik nazaryýetiň we amalyýetiň beýleki görnüşlerde hem göreşi “mukaddesleşdirmek” baradaky garaýyşlara getirýär. Onuň şeýle garaýyşlary sowet marksizminiň birtaraply ösmekligine, soňra bolsa dogmatik ýagdaýa eýe bolmaklygyna teoretik esas bolup hyzmat edýär. Sowet marksizmi marksizmden gaýdýan beýleki akymlar we garaýyşlar (sosial demokratik garaýyşlar we akymlar) bilen hiç haçan düşünişip bilmedi. Bu hem ahyrynda onuň ideologiýa hökmünde inkär edilmegine getirdi.

Indi biraz XIX asyryň ahyrynda we XX asyrlaryň başyndaky günbatar filosofiýasynyň aýratynlygynyň üstünde durup geçeliň. Bu döwrüň filosofiýasynyň aýratynlygy döwrüň medeniýetiniň, ylmynyň we tehnikasynyň ösüşiniň özboluşlylygy bilen kesgitlenýär. Adamzat taryhynyň garalýan bu döwri örän gapma-garşylykly, adamlaryň durmuşynyň dürli gurşawlarynda rewolýusion özgerişleriň bolup geçen we geçýän döwrüdir. Ol özgerişler, esasan:

- bitewi dünýä bazarynyň, transmilli birleşmeleriň ýüze çykmagy we şol bir wagtda-da ýurtlaryň arasyndaky düýpli sosial-ykdysady tapawutlylyk;
- jahan uruşlaryna ýol berilmeli däldigine we olaryň weýran ediji häsiýetine düşünmek, şol bir wagtda hem olara ýol açmak;
- medeniýetiň we medeni durmuşyň milliara häsiýete eýe bolmagy, şol bir wagtda-da milliara we dinara dawalaryň güýjemegi;

- adam paýhasynyň kuwwatynyň dabaralanmagy we onuň öz işiniň miwesini çäklemeklige ukypsyzlygy ýaly hadysalar

bilen baglanyşyklydyr.

Şu durmuşy-medeni gapma-garşylyklaryň çäginde filosofiýada filosofiki meseleleriň goýluşynda üýtgeşmeleriň boljaklygy öz-özünden düşnüklidir. Bu ýagdaý örän aýdyň görnüşde eýýäm XIX asyrda nemes filosofy **A.Şopengaueriň** (1788-1860) eserlerinde ýüze çykýar. Ol ilkinjileriň biri bolup *irrasionializme* esaslanýan filosofiki oýlanmany öňe sürýär. Şol döwürde Gegel we Marks tarapyndan ýokary derejede beýan edilýän klassyky filosofiýadan klassyky däl filosofiýa tarap geçilip başlanýar.

XIX asyryň aýagynda XX asyryň başynda filosofiýa aşakdaky zatlardan ýüz öwrüp başlaýar:

- akyl ýetirişiň, adamlaryň özüni alyp barşyny we hereketini paýhas bilen baglaýan filosofiki oýlanmanyň ýeke-täk we kesgitleýji usuly bolan rasionalizmden;
- haçan-da islendik filosofiýa dünýägaraýyş hökmünde kabul edilip, "partiýalylyk" häsiýete eýe bolup, ol ýa-da beýleki synpa gulluk edýän ýagdaýyndaky berk ideologiki determinizmden;
- ähli filosofiki mekdepleri materialistik we idealistik ugurlara bölmekden;
- filosoflaryň dogmatizmden we belli awtoritetlere salgylanmak däbinden çekinmekliginden.

XIX asyryň aýagynda XX asyryň başynda filosofiýa nähili täzelikleri öňe sürýär? Ilki bilen bu soraga: "Bu döwürde filosofiki oýlanmalarda **plýuralizm** (lat. *pluralis* – köpsanlylyk) öňe sürülýär" diýip, jogap berse bolar. Bu döwrüň filosofiýasy köpsanly filosofiki ugurlarda, taglymatlarda, mekdeplerde, ýagny materialistik we idealistik, rasionallyk we irrasionallyk, dini we ateistik we başga görnüşlerde ýüze çykýar, öz beýanyny tapýar.

Bu döwürde filosofiýada tebigy ylymlara gözügýän, ylmy şertlendirmelerden ugur alýan **ssiýentizm** (lat. *scienta* – ylym) we **antissiýentizm** täsirli bolýar. Ssiýentizm, esasan, pozitiwizmiň dowamydyr. Antissiýentizm bolsa, tersine, özüniň delillerinde we esaslarynda irrasionallyga we intuitiwlige daýanmaklyga çalyşýar. Häzirki döwrüň filosofiýasy bularyň ikisini hem inkär etmeýär.

## 11.13. XVIII-XIX asyrlarda ýaşan türkmen akyldarlarynyň filosofiki garaýyşlary

Ýokarda belläp geçişimiz ýaly, orta asyrlarda musulman siwilizasiýasy biziň jemgyýetimizde peýdaly ylymlary, peýdaly filosofiýany döredip bilipdir. Ol sebitde filosofiki aňy kemala getirip, bu ýerde ýaşaýan milletleriň ruhy medeniýetiniň ýokarlanmagyna esas döredipdir. Onuň täsir edýän meýdanynda sosial-ykdysady ösüş üçin-de ýol açylypdyr.

Medeniýetleriň we ylymlaryň ýeten ýokary derejesi, bu ýerde gazanylan üstünlikler jemgyýetiň ähli taraplaryna peýdaly täsir edipdir. Ol biziň türkmen halkymyzyň mysalyndan görnüşi ýaly, belent ahlaklylygy hem döredipdir. Ýöne türkmen halkynyň dagynyk döwründe bu ýerde belli bir kynçylyklar hem döräpdir. Emma şol sebäpli soňky döwre döredijilik, şol sanda filosofiki göredijilik asla häsiýetli bolmandyr diýsek ýalňyşarys. Bu döwürde türkmen halkynyň adaty gymmatlyklary saklanyp galypdyr. Şol zatlary göz öňünde tutup, türkmen halkynyň dagynyk döwrüniň filosofiki garaýyşlarynyň aýratynlyklaryny açyp görkezmek maksady bilen, biz adaty jemgyýet meselesine ünsi çekmek isleýäris. Bilşimiz ýaly, adaty durmuş akylpaýhasyň gazanan netijelerini özboluşly özleşdirýär. Belli türkmen filosofy **G.Mülliýew** biziň halkymyzyň naturalistik aňynyň aýratynlygyna ünsi çekip, tebigatyň pasyllaryny öwrenmekde, haýwanat we ösümlik dünýäsini düşündirmekde halk köp sanly fantastik obrazlary döredipdir diýip belleýär. Şolaryň üsti bilen halk özüniň tebigatyň elhenç hadysalarynyň öňünde alaçsyzlygyny görkezipdir. Şu ideýalaryň köpüsi hatda öňdebaryjy alymlaryň eserlerine-de siňipdir. Şol döwrüň tebigat bilimi mifologiki we sholastiki filosofiýa bilen utgaşypdyr. Döwrüň halkyň medeniýetine eden täsirini alym özboluşly düşündirýär. Onuň aýtmagyna görä, adamlaryň durmuşynda dörän obýektiw zerurlyk olary tebigat bilen iş salyşmaga, onuň hadysalarynyň ösüşine, aýratynlyklaryna gözegçilik etmäge mejburlyk döredýär. Köp wagtyň dowamynda adamlar meteorologiki hadysalary özakymlylyk bilen öwrenip, onuň bilen baglanyşykly geljekki hadysalary öňünden aýdyp bilmegi başarypdyrlar. Emma tebigat hadysalarynyň kanunynyň gutulgysyzlyk bilen orta düşýändigine üns bermän, ony "hudaýtarapyn" hasaplapdyrlar. Bu ýagdaýyň, birinjiden, tötänleýin däldigini we ikinjiden, şol döwrüň medeniýetine doly gabat gelýänli-

gini belläliň. Sebäbi, adamlar öz töweregini gurşap alýan hadysalaryň olara bagly bolman, özbaşdak hakykylykda ýaşaýandyklaryny ünsden düşürip bilmeýärler. Ýöne olaryň şol hadysalary emele getirýän çeşmeleri, sebäpleri ýüze çykarmaklygy doly ylmy esasda başarmandyklary üçin, olaryň ýokary tebigy güýje ýüzlenjekdikleri gümansyzdyr. Yslam medeniýetiniň şertlerinde bu ýagdaý öz-özünden düşnüklidir. Ýöne şol şertlerde adamlar durmuşda ýüze çykýan meseleleri akyllybaşly gurnamagy başarypdyrlar. Tejribe esasynda toplanan bilimleri, endikleri, döredijilik ukybyny, hojalygy gurnamak we alyp barmak ýörelgelerini halk aýawly saklap, nesillerden-nesillere geçirip bilipdir. Şol aýawlylyk türkmen halkynyň bütin taryhynda, kyn günlere garamazdan saklanyp gelnipdir. Aýawlylyk bilen saklanan gymmatlyklar halkyň gazaply tebigy we durmuş şertlerine uýgunlaşmagyna, her bir ýagdaýda öz durkuny saklamagyna hemaýat edipdir.

Umuman, biziň halkymyza nepislik, danalyk we duýgurlyk mahsus bolupdyr. Şeýle häsiýetleri özünde taplap bilen halk öz çylşyrymly, galagoply, dagynyk ýyllarynda hem döredijilige, ýaşaýşa ukyplylygyny saklap bilipdir. Şeýle ukyplylyk ilki bilen halkymyzyň bütin taryhynyň dowamynda toplan akyl-paýhasyndan ugur alyp, külli türkmeniň bähbidini aňladyp, adamlara görelde bolup öňe çykan şahsyýetlerimiziň üsti bilen amal edilipdir. Bilşimiz ýaly, türkmeniň taryhynda şeýle şahsyýetler örän kän bolupdyr. Olara mysal edip, Ärsary babany, Keýmir köri, Gowşut hany, akyldarlarymyz Döwletmämmet Azadyny, Magtymguly Pyragyny we beýlekileri görkezmek bolar. Olaryň birnäçesi ýowuz günlerde türkmeniň asyl gymmatlyklaryna daýanyp, halkyň durmuşyny täzeden gurnamaklyga ýol açyp bilen bolsalar, beýlekileri milli özboluşlylygy aňladyp, halkymyzyň medeniýetiniň baýlaşmagyna, halkyň özboluşly filosofiýasyny döretmäge uly goşant goşupdyrlar.

**Döwletmämmet Azady** (1700-1760) XVIII asyryň görnükli akyldary bolupdyr. Azady bize özüniň “Wagzy-Azat” poemasyny, “Hekaýat Jaýr-ensar”, “Rubagyýat ruhy-zary we doga” eserlerini, birnäçe goşgulary miras galdyrypdyr. Akyldaryň esasy eseri bolan “Wagzy-Azat” traktaty goşgy görnüşinde ýazylan, dört bölekden ybarat uly möçberli kitapdyr (möçberi boýunça 6000 setir töweregi). Akyldar bu kitabyny ýazmakda Gündogaryň Firdöwsi, Nyzamy, Sag-

dy, Nowaýy ýaly beýik şahyrlarynyň wagyz-nesihat beriji “Şanama”, “Syrlar hazynasy”, “Gülüstan”, “Bostan”, “Haýratul-ebrar” ýaly poemalaryndan görelde alypdyr. Olary döredijilikli özleşdiripdir. Şeýlelikde, öz kitabyny ýazyp başlamanka dil, ylym we terbiýeçilik babatda özünde köp pikirleri jemläpdir. Kiçi göwünli akyldar kähalatlarda bu uly işiň hötdesinden gelip biljegine müňkürlenýän ýaly görünýär. Hut şol kiçigöwünliligiň äheňi bilen bu kitabyň ýuwrumy ýetirilipdir. Azady öz kitabyna mylaýymlylyk, özboluşly gözellik reňkini çaýypdyr. Onuň üsti bilen okyjyda ýagşy pikirleri oýarmaga çalşypdyr. Bu ajaýyp kitabyň birinji babynda häkimler we olaryň wezipeleri, ikinji babynda barly adamlaryň kömegi bilen adamlaryň güzeran ýagdaýyny aýaga galdyrmak, adamkärçilik kadalary, üçünji babynda ylmyň peýdasy, alymlaryň sypatlary, dördünji babynda bolsa garyp-gasarlaryň, derwüşleriň durmuşda tutýan orunlary hem-de olaryň hak-hukuklary barada söhbet açylýar.

Azadynyň döredijiliginde türkmen halkyny bir döwlete birleşdirmek meseleleri hem uly orun eýeleýär. Ol döwletiň başynda ýokary düşünjeli, adyl, öz halkyny eý görýän, söýýän adamyň bolmagyny arzuw edipdir. Adamyň adama sütem etmeýän döwletiniň bolmagynyň ýollaryny derňäpdir. Azadynyň döredijiliginiň häsiýetli aýratynlygynyň biri hem onuň şygyrlarynda edep-terbiýe meselesiniň baş orunda goýulýanlygydyr. Akyldar “Baýlyklaryň baýlygy – parasat, miraslaryň iň gymmatlysy – edep-terbiýe, gedaýlygyň gedaýlygy – nadanlyk” diýipdir.

**Magtymguly Pyragynyň filosofiki garaýyşlary**. Täze döwürde türkmen medeniýetini ösdürmekde **Magtymguly** (1733-1790) şahyr bahasyna ýetip bolmajak işleri ýerine ýetiripdir. Onuň döredijiligi biziň halkymyzyň aňynda Gündogaryň galkynyş döwrüniň ylmynyň we filosofiýasynyň öçmejek yz galdyrandygyna şaýatlyk edýär. Tebigy hadysalary, halkyň keşbini suratlandyrmakda Magtymguly dürli ölçeglerden ugur alyp, köp özgerişleri Hudaýyň emele getiren we ugrukdyran önümi hasaplasa, ahlagy, dini we ähli ruhy özgerişleri hut adamyň



**Magtymguly**

döredijilik dünýäsiniň şekili hökmünde öňe sürýär. Magtymgulynyň eserlerinde adamyň töweregini gurşap alýan hemme tebigy hadysalar, jemgyýetçilik wakalary güýçli ruh (Hudaý) tarapyn ýaradylypdyr. Dünýäniň özi tutuşlygyna we onuň dürli-dürli hadysalary ebedilik halynda durman özgerýärler we şol bir ýagdaýda bu dünýä “pany” dünýä ýagdaýynda galýar. Ebedi özgermezlik diňe Hudaýa degişlidir. Edil şol bir wagtda hem ähli özgerişleriň we zatlaryň esasy sebäbi bolup çykyş edýän Hudaýyň hut özüne mahsus bolan mazmuny ebedi bolsa-da, onuň “önümi hökmünde” ýüze çykan hadysalar ösüşe, özgerişe sezewar bolýarlar. Görşümiz ýaly, Magtymguly Hudaýyň önümi bolan “kämil däl dünýäniň”, adamzat jemgyýetiniň özgermäge, ösüşe ukybynyň bardygyny belleýär. Şol ösüş neneňsi bolýar we adam oňa nähili täsir edip bilýär? Akyldar adamyň dünýäni özgertmek mümkinçiligini iki hili häsiýetlendirýär. Şahyr ilki bilen adamlary kanagatlylyga çagyrýar. Mysal üçin:

Magtymguly bir guldur,
Gullugyna kaýyldyr –

diýen setirlerinde ol kiçigöwünlilikden, kanagatlylykdan ugur alýar. Ýöne akyldaryň kanagatlylygy wagyz etmekligi kähalatlarda göwnüçökgünlik, ykbala kaýyllyk pikirleri bilen utgaşýar. Şahyryň “Galyp men” diýen goşgusynda aşakdaky setirlere duş gelýäris:

Bu dünýäni göçüp barýan göç bildim,
Işini bet aňdym, özün puç bildim –

diýip, akyldar bu dünýäniň aladasyndan daş durmak isleýär. Akyldaryň eserlerinde şu hili garaýyşlardan düýpgöter tapawutly setirler hem az däl. Durmuşyň kynlygyna, adamlaryň dürlüligine garamazdan, jemgyýeti özgertmeklige gerek bolan güýçleriň, onuň öz içinde barlygyna ol ynanypdyr. Şahyr jemgyýetiň kämilligini adamlaryň akyl-paýhasly hereketi esasynda gazanylyp bolunjakdygyny yzygiderli nygtapdyr. Magtymguly akyl-paýhaslylygy, edenliligi wagyz ediji bolup çykyş edip, “özüni özgelere göz etmeklige” çalyşýar.

Belli bolşy ýaly, Magtymguly öz döwründe täze türkmen medeniýetini esaslandyryjy bolup çykyş edýär. Onuň eserleri halkyň aňyna berk ornaşyp, şol aňy häsiýetlendirýär diýsek ýalňyşmarys. Şol dö-

würdäki milli aňyň durmuş meselelerini çözmäge bolan ukybyny iki hili häsiýetlendirmek mümkin. Bir tarapdan, ol aň durmuşy özgerişleri adam bilen däl-de, Hudaý bilen baglaýar. Ikinji tarapdan, bu aň öz durmuşyny özgertmek üçin adamyň özüniň hereket etmelidiginden ugur alýar. Bu adamlaryň tapawutly aýratynlygydyr, özlerini ynamly alyp barmaklarydyr we edýän işlerinde tutanýerliligidir. Olar edenli we erkana bolup, akyldaryň: "*Ýigit özüni maglum eder işinde*" diýen ýörelgesinden ugur almaly.

Magtymguy özüniň ösüş we özgeriş baradaky pikirlerini özakymlaýyn dialektiki çemeleşmäniň üsti bilen beýan edýär. Şahyr gapma-garşylykly pikirleri özara çaknyşdyryp, üçünji bir pikiri – hakykylygy tapmak usulyny ussatlyk bilen ele alan akyldardyr. Mertlik-namartlyk, husytlyk-jomartlyk, nebis-iman, akmak-akylly, dana-nadan ýaly gapma-garşylykly jübüt pikirler arkaly şahyr täze adamlara gerek pikir gymmatlyklaryny tapmagy başarypdyr. Şu hili ikiýanly garaýyş has hem Magtymgulynyň estetiki meseleleri çözüşi üçin häsiýetlidir. Şahyryň etiki we estetiki pikirleriniň aýrylmaz baglanyşykda bolşy ýaly, ýagşylyk we gözellik beýik şahyryň garaýşynda biri-birinden aýrylmazdyrlar. Hakyky gözelligi, ilki bilen adamyň içki dünýäsiniň gözelligini görmek, bahalandyrmak, olar bilen öz we özgeleriň hereketlerini deňemeklige akyldaryň belleýşi ýaly, adamyň özüniň ruhunyň baý bolmagy zerur. Adamyň içki dünýäsiniň gözelligini aňlamaklygyň gerekligi şahyryň döredijiliginiň içinden eriş-argaç bolup geçýär.

Türkmen klassyky edebiýatyny esaslandyryjy Magtymguly onuň geljekki ösüşine, türkmen halkynyň ruhy dünýäsiniň ähli ugurlaryna uly täsir eden we edip gelýär. Türkmen jemgyýetiniň filosofiki, jemgyýetçilik-syýasy, ahlak durmuşy we çeper döredijiligi ondan soňky döwürde beýik akyldaryň döredijiligini baýlaşdyrmak arzuwy bilen ösýär. Onuň döredijiliginiň täsiri bilen birnäçe paýhas derýalary joşup akdylar. **Zelili** beýik akydaryň watançylyk, **Seýdi** gahrymançylyk, **Mollanepes** we **Kemine** yşky-söýgi pikirlerini ösdürdiler.

**Keminäniň we Mollanepesiň estetiki garaýyşlary. Mämmetweli Kemine** (1770-1840) Magtymguly tarapyndan esaslandyrylan türkmen klassyky edebiýatynyň öňdebaryjy däplerini ösdüren şahyrlaryň biri hasaplanylýar. Ol öz ussadynyň ajaýyp däplerini ösdürip,

olara has ýiti durmuşy gözükmekligi, jemgyýetçilik-demokratiki ýaňlanma berýär. Şonuň bilen bir hatarda Kemine Magtymgulynyň dünýägaraýşynyň, sosial garaýyşlarynyň esasynda akyldaryň estetiki garaýyşlaryny hem ösdürýär. Köp derejede Keminäniň döredijiligi tankydy-satiriki häsiýete eýe bolan hem bolsa, şahyr ajaýyp söýgi we liriki goşgulary bize miras goýupdyr. Tankydy we örän inçe liriki eserleriň biri-biriniň üstüni ýetirmegi akydaryň döredijiliginiň köptaraplylygyna, giň çeperçilik zehinine şaýatlyk edýär. Satiranyň we lirikanyň şu hili çeper-ideýa baglanyşygy Keminäniň döredijiligine aýratyn häsiýet berýär. Onuň ýiti satirasy şahyryň öz aýdyşy ýaly, "asyryň betnyşanlyklaryna garşy" gönükdirilendir. Şahyryň söýgi-liriki eserleri ýürek ýylysy we ýiti köňül duýgusy bilen aralaşýar. Kemine, bir tarapdan, zulmuň, adalatsyzlygyň taryhy ýerliksizligini görkezse, ikinji tarapdan, gözelligiň döredijilik ukybyny açmaklyga çalyşýar.



**Kemine**

Magtymgulynyň däplerine eýerip, Kemine sungatyň we çeper sözüň ähmiýetine uly baha beripdir. Sungatyň iň ýokary wezipesini şahyr halka gulluk etmeklikde görüpdir. Çeper döredijiligiň kömegi bilen ol adamlarda durmuşy ýamanlyklara garşy durmaklyga çagyrýar. Onuň "*durmuşy aladalara özüňi basdyrma, sebäbi ters bolan ýagdaýynda aladanyň özi seni ýok eder*" diýen ajaýyp pikirleri, şahyryň döredijiliginde göwher daşlary kimin köp duş gelýär.

Kemine ahlaklylygy we ruhy gözelligi ilki bilen halallykda, dogruçyllykda, zähmete söýgüde, halka we Watana gulluk etmekde, ýalana we adalatsyzlyga garşy durmakda görýär. Onuň üçin estetiki ideal bolup, ýokary ruhlulygy, ahlak arassalygy göteriji konkret adam çykyş edýär.

**Mollanepesiň** (1810-1862) döredijiligi türkmen halkynyň estetiki aňynyň taryhynyň ajaýyp sahypalarynyň biridir. Onuň eserlerinde adamyň iň inçe duýgularynyň beýan edilişi özüniň gaýtalanmazlygy, ýokary çeperçiliLigi we şahyranalygy bilen tapawutlanýar. Şahyryň "Zöhre-



**Mollanepes**

Tahyr” dessany adamzat söýgüsiniň beýik senasydyr. Magtymgulynyň, Keminäniň, Zeliliniň we belli gündogar akyldarlarynyň däplerini dowam edip, Mollanepes öz döredijiliginde birnäçe estetiki esaslary, has hem gözelligiň, tragikiligiň meselelerini baýlaşdyrýar. Bu gymmatlyklaryň täze taraplaryny ösdürip, olaryň ynsanperwerlik manysyny çuňlaşdyrýar. Şahyryň estetiki garaýyşlary öz döwrüniň öňdebaryjy jemgyýetçilik-syýasy garaýyşlary bilen berk baglanyşyklydyr. Onuň öňe süren pikirleri halkyny bagtyýarlykda, Watanyny bitewi we garaşsyz derejede görmek bilen ruhlanýar. Olar şahyryň şu beýik maksatlary amal etmeklige işewür aralaşanlygy bilen baglydyr. Ol 1855-nji ýylda Gowşut hanyň ýolbaşçylygynda bolan Saragt urşuna gatnaşýar. Şol söweşde Hywa hany Muhammet eminiň we onuň goşunlarynyň ýok edilmegi şahyryň bitewi döwlet baradaky arzuwlarynda täze ynanç esaslaryny döredýär.

Hakykylyga gulluk etmekligiň şahyryň borjy hökmünde duýan Mollanepes sungatyň we estetikanyň meselelerini ýokary ideýa-çeperçilik derejä galdyrýar. Hakykat, hakykylyk düşünjeleri şahyryň döredijiliginde howaýy-simwoliki häsiýetini doly ýitirmese-de, has durmuşylyk, reallylyk häsiýete eýe bolýar. Ony biz şahyryň öz eserlerinde gahrymanlara real häsiýetleri berişinde hem görýäris. Mysal üçin, “Zöhre-Tahyr” dessanynda hakykylygy we adalatlylygy gazanmaklykda sungatyň orny örän kesgitli we ýiti goýulýar.

Türkmen şahyrlarynyň estetiki pikirleri, adamyň gözelligini açmak we kemala getirmek meseleleri ruhy çäklilikden çykmak, ahlak arassalygyny gazanmak, adalatsyzlyga we haramlyga garşy göreşmek bilen berk baglanyşykda suratlandyrylýar. Şonuň üçin bu pikirler häzirki döwürde hem biziň halkymyza, onuň ruhy galkynyşyna hyzmat edip gelýärler.

## 11.14. XX asyryň filosofiýasynyň esasy ugurlary we aýratynlyklary

**XX asyryň filosofiýasynyň tolerantlylygy** (lat. *tolerantia* – sabyr-takat). Filosofiýanyň dürli mekdepleri we ugurlary biri-birine sabyrlylyk bilen garaýarlar, köplenç, garşy durmaklykdan saklanýarlar. Şol sebäpli hatda bir filosofiki mekdebiň içinde hem rasionializm we empirizmiň, ylmylygyň we irrasionallygyň tapawudy ýitýär. Mümkin boldugyça, häzirki döwrüň filosofiki akymlary özara täsirde dialoga esaslanýarlar. Dialog diňe bir filosofiki däpleriň içinde däl, eýsem Gündogar we Günbatar medeniýetleriniň arasyndaky hyzmatdaşlyk üçin hem mahsusdyr. Häzirki döwrüň filosofiýasynyň ýene bir aýratynlygy integratiwlikdir (lat. *integratio* üstüni ýetirmek) bolýar. Bu aýratynlyk has hem XX asyryň ikinji ýarymynda güýjeýär. Onuň güýjemegine ylymda *sinegretikanyň* ýörelgeleri, ylmyň matematika bilen esaslandyrylmagy, *ählumumy ewolýusionlyk* ýörelgesi, *sistemalaýyn çemeleşmeler* we beýleki usullar täsir etdi. Olaryň takyk ylymlara ornaşmagy filosofiýanyň tebigy we gumanitar ylymlar bilen birleşmegine itergi berdi.

**XX asyryň filosofiýasynyň antroposentrizmi**. Filosofiýanyň taglymatlarynyň, oýlanmalarynyň merkezinde adam, onuň manysy we ýaşaýşy, adamyň ýaşaýşynyň we hereketiniň manysy bilen baglanyşykly soraglar durýarlar. Bu döwrüň filosofiýasy adamy taryhyň subýekti we obýekti hökmünde, onuň ähli gapma-garşylygynda we bitewiliginde görýär. Filosofiýa diňe bir adamyň dünýä bilen köpdürli gatnaşyklaryny däl, eýsem öz-özi bilen gatnaşygyny hem derňeýär.

Täze döwrüň filosofiýasynyň dürli ugurlary we akymlary aşakda aýratynlykda derňelýänligi sebäpli, bu ýerde biz ylmyň filosofiýasynyň üstünde durup geçeliň. Ylmyň filosofiýasy filosofiýanyň bir ugry bolup, ylmy işiň häsiýetini we özboluşlylygyny öwrenýär. Ol ylmy pikir ýöretmek ölçegleriniň dogrulygyny we ylmyň häzirki medeniýetdäki ornuny kesgitlemeklige gulluk edýär.

**Ylmyň filosofiýasy** XX asyryň ortalarynda kemala gelýär. Onuň döremegine **pozitiwizm** akymynyň wekilleri **O.Kont, R.Awenarius, E.Mah** ýaly alymlar uly goşant goşýarlar. Pozitiwistleriň nukdaýnazaryndan filosofiýanyň maksady abstrakt akyl ýöretmekde we meta-

fiziki meseleleri barlamakda däl-de, bar zatlary empiriki beýan etmek arkaly “pozitiw” bilimi almakdadyr. Bu ýerde empirizm ýörelgesi pikir ýöretmekligiň ylmy we metafiziki häsiýetiniň araçägini kesgitleýän ölçeg bolup çykyş edýär.

Ylmyň filosofiýasynyň ösüşine **analitiki filosofiýanyň** görnükli wekili **Lýudwig Witgenşteýniň** (1889-1951) pikirleri uly täsir edýär. Onuň pikiriçe, filosofiýanyň ähli meseleleri ylmyň dilini derňemek bilen baglydyr. Pikiriň dilde beýan edilýänligi sebäpli, dil oýlanmanyň çägidir. Ondan hem başga adamyň diliniň çägi onuň dünýäsiniň hem çägidir.

**XX asyryň filosofiýasynyň esasy ugurlary.** Häzirki zaman filosofiýasy XX asyrda emele gelen taglymatlaryň çylşyrymly sistemasydyr. Onuň plýurialistik häsiýeti diňe bir ylmyň we praktikanyň ösmegi bilen bagly bolman, eýsem ondan öňki ýüzýyllygyň dowamynda, has-da XIX asyryň ikinji ýarymynda, filosofiýada köp dürli täze garaýyşlaryň ýüze çykmaklygy bilen baglanyşyklydyr. Geçen asyryň filosofiki taglymatlarynyň hataryna **ekzistensializm, pragmatizm, empirizm, instrumentalizm, neotomizm, neopozitiwizm, logiki semantika, fenomenologiýa, struktualizm, postmodernizm, germenewtika, sinergetika, psihoanaliz** ýaly taglymatlar girýär.

Häzirki zaman filosofiýasy 2500 ýyllyk taryhy bolan filosofiýanyň özboluşly dowamydyr. Onuň häsiýetli aýratynlyklaryna, öňki filosofiýalardan nähili tapawutlanýanlygyna düşünmek üçin häzirki zaman filosofik taglymatlaryň käbirleriniň üstünde durup geçeliň. Gürrüňi diýseň özboluşly hasaplanylýan **ekzistensializmden** başlalyň.

**Ekzistensializm** – (ýaşaýyş filosofiýasy) öz ugrukmasyna görä antropologik garaýyş hökmünde ýüze çykýar. Onuň esasy meselesi adam we onuň bu dünýädäki ýaşaýşy bilen baglydyr. Ol belli bir derejede göwnüçökgünlik dünýägaraýşa eýerýär. Ol: “Ýiti gapma-garşylyklaryň we taryhy çökgünlikleriň şertinde adam nähili ýaşamaly?” diýen soragy öňe sürýär. Akymyň wekilleri bu soragyň jogabyny tapmak üçin geçen filosofiki oýlanmalara hem-de häzirki döwrüň adam durmuşynyň, medeniýetiniň görnüşlerine ýüzlenýärler.

Ekzistensializm filosofiýasynda **Karl Ýaspers** (1883-1969) we **Martin Haýdegger** (1889-1976) tarapyndan esaslandyrylan nemes hem-de Ikinji jahan urşy döwründe dörän we ilki bilen **Žan Pol**

**Sartryň** (1905-1980), **Albert Kamýunyň** (1913-1960), **Gabriel Onore Marseliň** (1889-1973) atlary bilen bagly fransuz mekdeplerini tapawutlandyrýarlar.

Ekzistensializm jahan uruşlary döwründe (Birinji jahan urşy döwründe – nemes, Ikinji jahan urşy döwründe – fransuz) tötänleýin ýüze çykmaýar. Bu filosofiýa XX asyryň gaýgyly pursatyny dirilik we ölümiň aralygynda goýlan adamyň ýaşaýyşdan daşlaşmagyny şöhlelendirýär. Onuň üçin daşlaşma, bu, bir tarapdan, adamyň döreden zatlarynyň oňa garşy durýan güýje öwrülmegi, ikinji tarapdan bolsa, döwletiň, onuň dürli hili edaralarynyň adama garşy durmagy we başgalardyr.

Has hem ekzistensializm daşky dünýäden daşlaşan (kesekileşen) adamyň özüniň başdan geçirmelerini (göwnüçökgünlik, ýekelik, parhsyzlyk, gorky we ş.m.) giňişleýin derňeýär. **Haýdeggeriň** aýtmagyna görä, gorky, howsala, alada we başgalar adamyň subýektiw barlygyny ýa-da "dünýädäki barlygyny" düzýär. Olary filosof ilkinji hasap edýär. Alymyň pikiriçe, bu ilkinji "dünýädäki barlyk" adamyň aňy bilen ýüze çykýar. Şeýlelikde, Haýdegger daşky dünýäniň barlygy içki dünýäniň barlygynyň üsti bilen döredilýär diýip hasap edýär. Daşky barlygy bolsa wagt döredýär. Haýdegger özüniň "Barlyk we wagt" atly işinde barlygyň ýagdaýynyň dürli aňladylyşy bolan "ekzistensial" düşünjesini girizýär we onuň bütin ulgamyny tertipleşdirýär. Her bir barlygyň görnüşiniň manysyna düşünmek üçin adam ähli tejribeleýin, maksatlaýyn görkezmelerden ýüz öwürmeli. Şahsy barlygyň manysyna eýe bolmak diňe adamyň öz "Menini" gözläp, barlyga eýe bolýanlygy sebäpli mümkin.

Fransuz ekzistensialistleri hem bu meselä ýüzlenýärler. Mysal üçin, **Ž.P.Sartr** "Barlyk we hiç zat" atly eserini ýazýar. **A.Kamýu** "Sizif baradaky mif" atly eserinde: "Durmuş, ony geçmek üçin mynasypmyka?" diýen soragy öňe sürýär. Ol adamyň durmuşy manysyz diýen netijä gelýär. Filosof Sizifiň zähmetiniň manysyzlygyna düşünip, agyr zähmetini hudaýlary günälemeklige öwrenligini ýatlap, ol şu hereketi bilen manysyzlyga many berdi diýip belleýär. Kamýu bu "manysyz dünýäde" adamyň ýekelikde galýanlygyny nygtaýar. **Kamýu, Sartr** we **Marsel** ekzistensial düşünjeleri diňe bir aýratyn adama degişli etmän, eýsem adamzada hem degişli edip görkezýärler.

“Serhetdäki ýagdaýda” duran adamzat olaryň aýtmagyna görä, ählumumy betbagtçylygyň öňünde gorky duýgusyny başdan geçirýär.

XX asyryň filosofiýasy üçin gapma-garşylykly garaýyşlar häsiýetledir. Bu ýerde ynamsyzlyk bilen bir hatarda **pragmatiki** (grekçe *pragma* – peýdaly, bähbitli iş, hereket) garaýyşlar hem öňe sürülýär. Bu filosofiýanyň üns merkezinde “pragmatik ýörelge” diýlip atlandyrylýan jümle durýar. Bu akymy esaslandyryjy **Çarlz Sanders Pirs** (1839-1914 ý.) bilimiň tejribede ähmiýetlidigini tassyklamagynyň gerekligini belleýär. Ol ösüş taglymatyny işläp düzýär. Bu taglymat ösüşiň ugrukdyryjy güýji hökmünde “tötänligi” we “söýgini” görkezýär.

Pirsiň esasy pikirlerini amerikan filosofy **U.Jeýms** (1842-1910) ösdürýär. Ol tejribä belli bir usul, özboluşly hakykylyk taglymaty hökmünde garaýar. Tejribe usul hökmünde filosofiki dawalary ol ýa-da beýleki taglymatyň praktiki ähmiýetiniň üsti bilen çözmeklige niýetlenýär. Şu usul esasynda filosof materializm bilen idealizmiň arasyndaky gadymdan gelýän dawany soňkynyň bähbidine çözýär. Adaty durmuşda bolsa bu iki ugruň birini saýlamak üçin Jeýms “Ynanja erk” diýip bellenen ýörelgesini hödürleýär. Onuň pikiriçe, bu ýörelge şeýle saýlawy amal etmeklige mümkinçilik berýär. Ýörelgä görä, eger bu iki alternatiw çözgütleriň arasynda saýlaw rasional esasda mümkin bolmaýan bolsa, onda adam bu hili saýlawy rasional däl-de, duýgy esasynda amal etmeklige ahlak taýdan hukuklydyr.

Älemiň doly döredilip gutarylmanlygy sosial tejribäni hem öz içine alýar we dünýäni çäksiz kämilleşdirmeklige mümkinçilik açýar. Häzirki döwürde ol tamamlanmadyk hem bolsa adamlaryň ony özgertmäge bolan ukyplaryny we öz güýçlerini birleşdirmeklige ynansalar, onda adamlaryň ony kämilleşdirip biljekdiklerine Jeýms ynanypdyr.

**Neopozitiwizm.** XX asyryň filosofiýasynda pozitiwistik garaýyşlar uly orun eýeleýär. Pozitiwistik (lat. *positivus* – oňaýly) filosofiki ugur XIX asyryň 30-njy ýyllarynda kemala gelip, şu günlere çenli öz täsirliligini ýitirmän gelýär. **Pozitiwizm** öz ösüşiniň dowamynda üç döwri geçýär. Onuň başlangyç, ýagny birinji döwri **O.Kontuň, G.Spenseriň** we beýlekileriň ady bilen baglydyr. XIX asyryň ahyrynda – XX asyryň başynda kemala gelen ikinji döwri **R.Awenarius, E.Mah, A.Puankare** we beýlekileriň ady bilen bagly bolup, **empiriokritisizm**

ýa-da **mahizm** ady bilen bellidir. Üçünji döwür **neopozitiwizm** ýa-da logiki **pozitiwizm** diýip atlandyrylýar.

**Neopozitiwizmiň** soňky döwri XX asyryň 20-nji ýyllarynda Ýewropa ýurtlarynda başlanýar we soňra Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda giňden ýaýraýar. Bu ugruň wekilleriniň arasynda iňlis filosofy **B.Rasseli**, awstriýaly filosof **L.Wilgenşteýni**, "Wena kružogynyň" agzalary **M.Şliki, R.Karnapy, K.Gedeli, F.Franky**, nemes alymy **G.Reýhenbahy** we beýlekileri görkezmek bolar. Logiki pozitiwizmiň ýüze çykmaklygy ylmyň täze pudaklarynyň, ylmy barlagyň täze usullarynyň kemala gelmegi bilen baglydyr. B. Rasseliň belleýşi ýaly, "häzirki döwrüň analitiki empirizmi barlagyň adaty görnüşlerinden tapawutlylykda, özüne matematikany alyp, güýçli logiki tehnikany ösdürýär. Ýöne neopozitiwizmiň özboluşlylygy diňe logikanyň tehnikasyny kämilleşdirmek bilen çäklenmeýär. Ylmy taglymatlaryň düzümi çylşyrymlaşýar, ylmyň ýörite dilini işläp düzmek gerekligi ýüze çykýar. Logiki pozitiwizmiň tarapdarlarynyň akyl ýetirilişe garaýyşlaryna laýyklylykda, ylmy diýip häsiýetlendirip boljak iki hili ýüze çykarma bar. Tebigat, jemgyýet we adam baradaky empiriki ylymlarda biziň duýgularymyzy aňladýan "protokollaýyn sözlemlerde" görkezilen subutnamalar, gözegçilikler baradaky bilimlerdir. "Formal" ylymlaryň esasyny analitiki ýa-da **tawtalogiki**[29] sözlemler düzýär. Bu sözlemler öz manysyna görä aýdylan zatlary özgertmekligiň düzgünleri bolýarlar. Neopozitiwistleriň pikiriçe, ylmy diýip atlandyryp boljak başga hiç bir aýdylan zat bolup bilmez. Neopozitiwizmiň esasy ýörelgesi bolup **werifikasiýa** (lat. *vereus* – hakyky, *facere* – bitirmek) ýörelgesi çykyş edýär. Bu ýörelgä laýyklykda ylmyň esaslandyryjy sözlemlerinden, "protokollaýyn sözlemlerden" daşda aýdylanlar mana eýe bolup bilmeýärler. Şeýle manysyz sözleriň hataryna, olaryň pikiriçe, köpsanly filosofiki we dini pikirler girýärler. Mysal üçin, "ruh bakydyr" ýa-da "materiýa substansiýadyr" diýen ýaly kesgitlemeler. Öz gözüň bilen görüp, gurallaryň kömegi bilen synlap bolunmaýan zatlar, pozitiwistleriň aýtmagyna görä, ylmy barlagyň meselesi bolup bilmeýär.

Geljekde ylmyň empiriki esaslaryny saklamaklyga bolan çemeleşmeler **K.R.Popper** (1902-1994) tarapyndan **werifikasiýa** ýörelgesi-

[29] ***Bellik.*** Tawtologiýa diýlip, şol bir pikiriň dürli söz düzümleriniň üsti bilen gaýtalanyp durulmagyna düşünilýär. (Ö.M.)

17. Sargyt №

niň **galplaşdyrylma** (*falsifikasiýa*) ýörelgesi bilen çalşylmagyna getirdi. Eger werifisirlemek barlamaklyga bolan mümkinçiligi aňladýan bolsa, ylmy taýdan aýdylan zatlary galplaşdyrmak, empiriki taýdan ýalana çykarmaklygy aňladýar. Eger haýsy hem bolsa bir aýdylan zady ýalana çykaryp bolýan bolsa, ol tejribe bilen deňeşdirilip bilner. Galplaşdyrmak ýörelgesi ylymdan "metafiziki" taýdan aýdylan zatlary aradan aýyrmak üçin netijeli zat boldy. "Taryhda ösüş bardyr" diýen jümläni galplaşdyryp bolmaýar, sebäbi taryhyň agyr sahypalary hem öz aklanmasyny tapýar.

**Fenomenologiýa.** Fenomenologiýa (grek. *pheinomenon* – gelýän we *logos* – bilim) XX asyryň iň bir täsirli filosofiki akymydyr. Bu akym nemes filosofy **Edmund Gusserl** (1658-1938) tarapyndan esaslandyrylýar we **Martin Haýdegger** (1889-1976) tarapyndan ösdürilýär. Fenomenologiýa üçin iň esasy mesele bolup aňyň meseleleri çykyş edýär. Bu bolsa taglymatda manylaryň ideal logiki baglanyşygynyň özboluşlylygyny kesgitlemek meselesinden gelip çykýar. Gusserl: "Manyny ideal bitewilik hökmünde gurnaýan aňyň düzümi nähili?" diýen soragy öňe sürýär. Onuň filosofiýada düýpli özgeriş diýip yglan eden garaýyşlary alymyň "Filosofiýa berk ylym hökmünde" atly makalasynda beýan edilýär. Filosof *naturalizmiň relýatiwizmine* aň baradaky berk ylmyň usulyýetini garşy goýýar. Şeýle garaýşyň esasynda many dörediji aňyň akymyna *refleksiýany* gönükdirmek baradaky talap ýatyr.

Aň baradaky taglymatda berklik, birinjiden, zatlaryň barlygy we olaryň giňişlik-wagt we sebäpli baglanyşyklary barada refleksiýasyz "ýöne" tassyklamakdan saklanmagy; ikinjiden, başdan geçirmäniň sebäpli-assosiatiw baglanyşyklaryna degişlilikde aýdylanlardan saklanmagy göz öňünde tutulýar. Şeýle garaýyşlar esasynda amal edilýän fenomenologiýanyň akyl ýetiriş taglymaty ilki bilen *transsendentliligi* (lat. *transcendentis* – çäklerden daşary çykýan) tankytlaýar. Bu filosofiki akymyň wekilleri öz göz öňüne getirmeleri, hereketi bilen dünýäni döredýän arassa subýekt ýok diýip nygtaýarlar.

"Dünýä bar" diýen düşünje Haýdeggeriň filosofiýasynyň merkezi kategoriýasydyr. Adam dünýä barada, hatda ylmyň üsti bilen bilýän ähli zadyny durmuş tejribesi bilen gazanýar. Fenomenologiýa hem şeýle tejribä gaýdyp gelmegi ündeýär. Gusserliň "zatlaryň özüne gaýdyp gelmegi" baradaky çagyryşy hem ýaşaýyşly dünýä gaýdyp gelmekligi aňladýar.

Zatlaryň özüne, ýaşaýyşly dünýä gaýdyp gelmekligi üçin *reduksiýany* (lat. *reductio* – gaýdyp gelmek) amal etmeli bolýar. Tebigy we jemgyýetçilik ylymlaryň dünýä barada aýdýan zatlaryny, onuň gurluşy we ösüşi baradaky ähli mifleri we ýalan garaýyşlary aradan aýyrmalydyr. Şonda dünýä ony düşündirjek bolanyndan ozalky biziň ýaşaýşymyzyň, biziň tejribämiziň dünýäsi görnüşinde ýüze çykar. Reduksiýa – bu dünýä geň galmaklykdyr. Dünýä – bu meniň pikir edýän zadym däl-de, meniň ýaşaýan zadym. Haçan-da men dünýäde ýaşaýan öz “Menime” gaýdyp gelenimde, ylmy hakykylygy däl-de, dünýäde ýaşamaklyga borçly edilen adam bolýaryn.

Ähلumumylyk we dünýä adamyň ýüreginde ýerleşýär. Eger dünýä diňe obýekt hökmünde garalsa, oňa düşünip bolmaýar. Haçan-da dünýä biziň tejribämize öwrülende, biziň özümiz dünýägaraýyşdan başga zat bolmagymyzda bu aýdyň bolýar. Şonda biziň iň gizlin psihikofiziki damar urmamyz dünýä barada habar berýär.

Tebigy sebäpler, mysal üçin, ýer titremesi esasynda ýene bir dagyň ýa-da gorpyň döremegi bilen dünýäde hiç zat üýtgemeýär. Ýöne adam bu dünýä gelende dünýä başgaça bolýar. Sebäbi adam geljegi herekete getirýär. Bu ýerde netijäni kesgitleýän sebäbiň däl-de, ýagdaýyň döremegi, onuň başlanmagy bilen, gutarnyksyz çözülişe getirýär. Täze gurşaw emele gelýär we dünýä täze many gatlagyny eýeleýär. Çaganyň dünýä inen öýünde ähli zat öz manysyny üýtgedýär. Olar ondan şindi mälim bolmadyk ýüzlenmä garaşýarlar. Aň hereketleri bir bitewilige birleşdirýän dünýäniň merkezinde duran “Men” däl-de, eýsem gaýtalanmaýan tejribe, ýaşaýşyň gaýtalanmaýan “birleşmesi”. Çaga öz doglan pursatyndan başlap, özüni aýdyňlaşdyryp, her bir häzirki pursatda özüni tassyklaýar.

Ýokarda aýdylanlary jemläp, fenomenologiýa taglymatynyň wekilleriniň zähmeti bilen dünýäniň özara täsirine düýpgöter täzeçe düşünmeklige esas döränligini aýtsa bolar. Şu düşündiriş ösdürilen we takyklanan halatynda, biziň adam we onuň Älemdäki tutýan orny baradaky garaýyşlarymyz hem kesgitli üýtgäp biler.

**Germenewtika.** “Germenewtika” (grekçe *düşündiriş,* teswirleme) tekstleriň manysyny ýüze çykarmaklygyň sungaty we teoriýasy. Gadymy akyldarlar hem germenewtika ýüzlenipdirler. Olar dürli hili pikirleri, atalar sözlerini, mifleri, simwollary, pikirleri teswirlemek bilen meşgul bolupdyrlar. Orta asyrlarda biziň ýurdumyzyň çäginde

ýaşan filosoflar, ilki bilen hem al-Faraby Platonyň, Aristoteliň we beýleki filosoflaryň eserleriniň üstünde işläpdirler. Mysal üçin, musulman filosofy Gazaly Gurhany teswirläpdir. Häzirki döwürde gadymy ýadygärlikleri germenewtiki usulda düşündirmeklige uly üns berilýär.

Germenewtika filosofiki mesele hökmünde nemes filosoflary **F.Şlegel** (1772-1829) we **F.Şleýermaher** (1768-1834) tarapyndan öňe sürülýär we işlenip düzülýär. Olary ilki bilen poeziýada, sungatda we medeniýetiň dürli fragmentlerinde obýektiw-gözellik meseleleriniň "filosofiki dilini" şöhlelendirmek gyzyklandyrypdyr. F.Şlegeliň "Poeziýa barada söhbetdeşlik", "Grek poeziýasyny öwrenmeklik" we F.Şleýermaheriň "Monologlar", "Dialektika" atly eserleri oňa şaýatlyk edýär.

Nemes filosofy **W.Dilteý** (1833-1911) germenewtikanyň döreýşiniň taryhyny derňäp, ony derňelýän döwrüň "duýgy-ruhy" durmuşyny janlandyrmak esasynda geçmişiň medeniýetini teswirlemekligiň usuly diýip kesgitleýär. Ol Şleýermaher tarapyndan öňe sürlen: "Tebigaty biz düşündirýäris, adama bolsa düşünýäris" diýen jümlesi bilen ylalaşýar. Medeniýetiň adam tarapyndan döredilýänligi sebäpli, kesgitli hadysalary logiki taýdan kanuna getirmek bilen düşündirmek ýeterlik bolmaýar. Barlagçynyň öwrenilýän döwre "girişmek" bilen özüni ol ýa-da beýleki awtoryň ýerinde goýmaklygy bilen hadysalara düşünmekligi mümkin bolýar. Bu ýerden germenewtikanyň tarapdarlary ol ýa-da beýleki döwrüň medeniýetini we onuň fragmentleriniň ýüze çykmasyny teswirlemek üçin düşündirmek esas bolýar diýip hasaplaýarlar. Düşünmek işinde üç düzüm böleklerini: 1) gepi täzeden seslendirmek (rekonstruirlemek); 2) takyk tekstiň awtorynyň – takyk adamyň döredijilik işini täzeden dikeltmek; 3) tekstiň awtorynyň özboluşly aýratynlygyny, onuň esasy "durmuş pursatlaryny" tapmak tapawutlandyrylýar.

Häzirki zaman günbatar filosofiýasynda germenewtikanyň meseleleriniň işlenip düzülmegi dürli nazary we dünýägaraýyş gözükmelerden ugur alýan barlagçylaryň ünsüni germenewtikanyň meselelerine, ilki bilen hem tejribe bilen baglanyşykda garalýan usulyna çekdi. Germenewtikanyň awtorlarynyň biri nemes filosofy **H.G.Gadamer** oňa tejribe hökmünde garaýar. Gadameriň pikiriçe, düşünmek "onuň çäklerinde ýaşap we oýlanyp bolýan däpler bilen berilýär". Özem düşünmek bada döremeýär, ondan öň "düzedip" bolýan "öňki düşün-

mek” döreýär. Ýöne soňkudan doly azat bolup bolmaýar, sebäbi, “öňki düşünmeklik her bir düşünmekligiň gözükmesi däldir. Dil däplere düşünmekligiň göterijisi hökmünde çykyş edýär. Germenewtikanyň filosofiki ylym hökmünde düşünmek işini derňemeklikdigini, hakykylyga tarap hereketdigini yzygiderli nygtaýarlar. Şonuň ýaly-da, germenewtikanyň netije däl-de, bilime tarap ýol hakykylygy gazanmaklygyň tejribesidigi barada hem pikir aýdylýar.

Görşümiz ýaly, germenewtika filosofiýasy köp sanly gyzykly meseleleri öňe sürýär. Olar indiden beýläk hem üstünde işlenmegini, çuňlaşdyrylmagyny ýa-da täzeçe goýulmagyny talap edýär. Germenewtiki meseleleriň esasy derňewi öňdedir.

**Psihoanaliz.** XX asyr filosofiýasynda aýgytlaýjy orunlaryň biri *psihoanaliz* (başgaça ady *freýdizm*) taglymatyna degişlidir. Bu taglymat **aňsyzlygyň** adamyň we jemgyýetiň ýaşaýyş durmuşyndaky ornuny düşündirmeklige çalyşýan filosofik taglymatdyr. Taglymaty esaslandyryjy awstriýaly lukman-psihiatr **Zigmund Freýd** hasaplanylýar. Taglymatyň esasynda Z.Freýdiň aňsyzlygyň ýadrosyny jynsy gatnaşyga bolan meýliň – *libidonyň*, ýaşamaklyk instinktiniň (*erosyň*) we ölüm instinktiniň (*tanatosyň*) düzýänligi baradaky garaýyşlary ýatyr.

Freýd adamyň psihikasynyň üç bölekli şekilini berýär. Onuň bölekleri: birinji ýokarky derejesi – ýokary aň, Ýokarky Men; ikinji orta derejesi – aň, Men; üçünji aşaky derejesi – aňsyzlyk, Ýokarky aňa – adama jemgyýet tarapyndan berilýän özüňi alyp barmaklygyň düzgünleri, ata-enäniň duýduryşlary, ahlak gözegçilikleri we başgalar degişlidir. Aňsyzlyk – öz tebigaty boýunça biologiki kuwwata eýe bolan biziň gutarnyksyz baý gorumyz: gorkular, instinktler we duýgulardyr. Aň – psihikanyň belli bir aralyk bölegidir. Aşakdan ony endikler we duýgular iterse, ýokardan – jemgyýetçilik talaplary iterýär. Öz endikleriňe eýermek bolmaýar, jemgyýet oňa ýol bermez. Olary gysyp çykaryp hem bolmaýar, sebäbi şeýle ýagdaýda psihiki keseller, gaharjaňlyk, garasöýmezlik ýaly näsazlyklar döreýär. Diýmek, şu hili iki taraplylyga uýgunlaşmaly bolýar. Freýdiň çykaran esasy netijesi: adam hiç haçan özüni soňuna çenli aňlap bilmez. Aňsyzlygyň çuň gatlaklary bolup, ol doly aňlanyp bilinmeýär. Ol gutarnyksyz çuňňurlyk bolup, onda biziň tebigatdan gaýdýan durkumyzdan miras galan gabanjaňlyk duýgularymyz, çagalyk döwrümizde eýe bolan gorky

we beýleki kemçiliklerimizdir. Mysal üçin, çaga bir zatdan gorkup, ony ýatdan çykarjak bolýar, aňyndan aýyrýar. Ýöne psihika hiç zady ýatdan çykaranok, bu başdan geçirmeler aňsyzlyk gurşawyna gysylyp çykarylýar. Çagalykda şu we beýleki ýagdaýlara düşen adamda dürli hili geňlikler bolup bilýär. Biri ýatmazdan öň jaýyň ähli burçlaryna seretse, beýlekisi köwüşlerini şertlendirilen görnüşde ýerleşdirýär. Çagalykda başyndan geçiren haýsy täsirler zerarly adamyň şu ýa-da beýleki ýagdaýa düşýänini bilmek kyn. Bu täsirleriň adamy aňyndan aýyrýan, örän çylşyrymly netijesiniň bolmagy mümkindir.

Aňsyzlyk adamyň biologiki güýjüniň gutarnyksyz çeşmesidir. Bu güýç dürli görnüşli lezzetlere eýe bolmaklyga sarp edilibem ýa-da edebi, sungat eserlerini döretmeklige gönükdirilip hem bilner. Döredijilik adamsy özüniň döredijilik güýjüni, ylhamyny aňsyzlyk çeşmesinden alýar. Aňsyzlygyň adamyň ýatan wagty, düýşünde ýüze çykmaklygy mümkin. Adam ukudaka Ýokarky Men aradan aýrylyp, ol adamyň aňyna eýe bolýar. Şonda adamyň düýşüne hiç haçan onuň oýuna, pikirine gelmeýän zatlar hem girip biler. Adam bir zat diýýär, emma onuň aňsyzlygy ony başga zada iterýär. Ir-u-giç adam öz hakyky islegleri barada aýtmaly bolýar. Psihoanaliz adama özüniň kimligine düşünmegine kömek berýär. Freýd XIX asyrda açylmadyk adamyň many-mazmunynyň çuňluklaryny açýar. Ol psihoanaliziň nukdaýnazaryndan adamzadyň taryhyny düşündirmeklige çalyşýar. Ol bu taryhy ilkidurmuş urug jemgyýetinde atalaryň we ogullaryň arasynda dörän gapma-garşylyk (ata kast etmek, ganjaryşmak) esasynda düşündirjek bolýar. Şol kyn ýatlamalar esasynda dörän duýgular diniň döremekligine esas bolýar. Şol duýgular gahar-gazaba bolan itergileri beklemäge, olary Ýokarky Mene geçirip, dürli görnüşli çäklemeleriň ulgamy bolan medeniýetiň döremegine getirdi diýip, Freýd belleýär.

Freýdiň psihoanaliz taglymaty soňra **A.Adleriň, W.Raýhyň, G.Markuzäniň, K.G.Ýungyň** we **E.Frommyň** taglymatlarynda özbolusly ösüşe eýe bolýar.

**A.Adler** – adamyň kesselleriniň we adatdan daşary garaşylmaýan hereketleri etmekliginiň esasynda “özüni gereksiz duýmak kompleksi” ýatyr diýip hasaplapdyr. **W. Raýh** – jemgyýet, jemgyýetde kabul edilen kadalar adamy basgylaýar, ony öz isleglerine görä hereket etmekliginden mahrum edýär diýip hasaplaýar. Freýdiň okuwçysy

**Karl Gustaw Ýung** adamzat taryhy *arhetiplerde* (şifrlenilen kodlarda) jemlenen diýip nygtaýar. Şol kodlar "*köpçülikleýin aňsyzlygyň*" elementleri hökmünde ýüze çykýar. Şol kodlary açyp bilmeklik, Ýungyň pikirine görä, filosofiýanyň baş maksady bolmaly. **G.Markuze** adamyň diňe bir ölçegi bar diýip hasaplapdyr, ýagny ol industrial jemgyýetiň önümi bolup, diňe sarp etmekligi bilýär. Adamy ýetmezçiliklerden azat etmek üçin, oňa ilkinji nobatda seksual erkinligiň berilmekligi baradaky pikir Markuzäniň filosofiýasynyň esasy ideýalarynyň biridir.



**A. Adler**

**Erih Fromm** (1900-1980) – nemes-amerikan psihology we sosiology *neofreýdizm* taglymatyny esaslandyryjylaryň biri hasaplanylýar. Bu taglymatda psihoanaliziň esasy ideýalary sosiologik teoriýalar bilen utgaşdyrylýar. Fromm özüniň "Erkinlikden gaçmak" (1941) diýen eserinde "sosial aňsyzlyk" düşünjesini girizip, onuň esasy manysyny adamlaryň esasy köplügi üçin mahsus bolan gysylyp çykarylan psihiki material düzýär diýip hasaplaýar.

E. Fromm şahsyýetiň barlygynyň esasy häsiýetnamasy onuň içki aktiwliginde diýip hasaplaýar. Özüniň "Eýelik etmelimi ýa-da ýaşaýyşda bolmalymy?" (1976) diýen eserinde E. Fromm her bir adam özüne mahsus zehinini, ukybyny, başarnygyny ýüze çykarmaklyga çalyşmalydyr diýip nygtaýar.

Nemes filosofy **Hellinger Bert** psihoanaliziň ideýalaryny özboluşly ösdüren filosoflaryň biri hasaplanylýar. Ol, esasan, özüniň *terapewtik metody* – maşgalada sistemalaýyn ornaşdyrma metody bilen belli bolup, onuň taglymaty ***Ruhuň Hereketi*** (Spirit Mind) diýen ady göterýär. Onuň taglymatynyň baş ideýalary häzirki döwürde şahsy, sosial we syýasy situasiýalaryň düýp mazmunyny açyp görkezmekde giňden peýdalanylýar.

**Sinergetika.** XX asyryň 80-nji ýyllarynda ylymda "sinergetika" diýlip atlandyrylýan ugruň ýüze çykmagy **G.Hakeniň** we **I.Prigožiniň** ady bilen baglanyşdyrylýar. *"Sinergetika"* sözi raýdaşlyk, hyzmatdaşlyk, bileleşip, täsir etmek ýaly manylary berýän *sinergetikos*

diýen gadymy grek sözünden gelip çykýar. Sinergetika çylşyrymly halda özara hyzmatdaşlykda bolan iňňän köp böleklerden ybarat uly sistemalary öwrenýän ylym hasaplanylýar. Taglymatyň esasy ideýasy uly sistemalaryň (esasan, açyk sistemalaryň) ozal belli bir derejede bitertip ýerleşen, özbaşdak hereket edýän elementleriniň (podsistemalarynyň) sistema daşdan howp abanan ýagdaýda, ýygjamlaşyp, jebisleşip, tertipleşen görnüşde özara raýdaşlyk we hyzmatdaşlyk hala geçip, sistemanyň ýaşaýşynyň dowam etmegine esas döreýänligi baradaky ideýa bilen baglanyşyklydyr.

Sinergetikanyň öňe sürýän ideýalary filosofiýadaky sistema, struktura, element, bölek zat we bitewi zat hakyndaky garaýyşlara täzeden seretmeklige getirýär.

Sinergetikanyň gazananlary diňe bir filosofiýa üçin täzelik bolman, eýsem ykdysady we syýasy ylymlardaky garaýyşlara hem öz täsirini ýetirýär. Häzirki döwürde sinergetikanyň prinsipleri ykdysady sistemalaryň derňewinde giňden ulanylyp başlanyldy we bu ugurda käbir öňegidişlikler hem gazanyldy.

Görşümiz ýaly, XX asyryň filosofiki garaýyşlary örän giň. Ýokarda görkezilen akymlar bilen bir hatarda bu döwürde täze-täze akymlar we ugurlar döredi. Biz bu döwrüň filosofiýasy baradaky gürrüňimizi şol asyryň 80-90-njy ýyllarynda giňişleýin ýaýran **intuitiwizm** bilen tamamlamak isleýäris. Bu ugur intuisiýa (duýgurlyga) diňe bir akyl ýetirişiň esasy serişdesi hökmünde garaman, eýsem ony häzirki zaman ylymlary – lukmançylyk, biologiýa, fizika we beýlekiler bilen birikdirmek isleýär. Intuiwitizmiň ozalky wekillerine intuisiýany paýhasa garşy goýmak häsiýetli bolupdyr. Ýöne filosofiýanyň taryhynda olary birikdirmeklige, olaryň biri-biriniň üstüni ýetirmekligi gazanmaklyga çalşylan döwürler hem bolupdyr (Dekart, Şelling, rus filosoflary N. Losskiý, S. Frank we başgalar). Häzirki döwrüň intuitiwistleri adamyň ýerdäki duýgulaýyn tejribesinden daşary çykyp ruhy we dini tejribelere daýanmaklygy ündeýärler. Meseläni şeýle goýmak üçin ylmyň, tehnikanyň we paýhasyň has ýokary derejä galmaklygy zerur.

## 11.15. XX asyrda Türkmenistanda filosofiýa ylmynyň ösüşi

XIX asyryň 80-nji ýyllarynyň başynda Türkmenistan Russiýa imperiýasynyň düzümine birikdirilenden soňra, türkmen milletiniň ruhy

dünýäsine rus medeniýeti täsir edip başlar. 1917-nji ýylda Russiýada bolşewikler ýurt başyna geçenlerinden soň, bu ýerde hem marksizmiň täsiri duýlup başlandy. Şol döwürde sowet döwletiniň düzüminde bolan Türkmenistanda filosofiýa ylmy marksizmiň täsiri bilen kemala geldi. Türkmenistanda sowet häkimiýetiniň dikeldilmeginiň öňüsyrasynyň we onuň ilkinji ýyllarynyň syýasy-jemgyýetçilik pikiri dogrusynda aýdylanda, ilkinji türkmen magaryfçylary hasaplanylýan *Artykgül (Tatýana) Tekinskaýanyň*, *Garaşhan Ýomudskiniň* we *Muhammetguly Atabaýewiň* atlary tutulmaga doly mynasypdyr.

1951-nji ýylda döredilen Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň ilki Filosofiýa we hukuk bölüminiň, soňra bolsa institutynyň, ýokary okuw mekdeplerinde jemgyýeti öwreniş ylymlary kafedralarynyň döredilmegi marksistik filosofiýanyň jemgyýetiň ruhy dünýäsine ornaşmagynyň esasy şerti boldy. Türkmenistanda filosof alymlaryň topary döredi. Olar filosofiýa ylmyna degişli işleri ýerine ýetirip başladylar. Awtorlar topary tarapyndan taýýarlanan “Türkmenistanda filosofiýa we jemgyýetçilik-syýasy pikiriň taryhynyň oçerkleriniň” neşir edilmegi (1970) bu ugurda gazanylan uly üstünlik boldy. Bu işde türkmen halkynyň filosofiýa we jemgyýetçilik-syýasy pikiriniň baý taryhy yzarlanýar. Azady, Magtymguly, Kemine, Seýdi, Zelili, Mollanepes ýaly şahyrlaryň filosofiki garaýyşlary derňelýär. Şonuň ýaly-da, bu işde XX asyryň ortalaryndan respublikada filosofiýa ylmynyň ösüşi häsiýetlendirilýär. Akademik Geldi Çaryýewiň “Türkmenistanda jemgyýetçilik pikiriň taryhyndan” (1954), “Magtymguly – akyldar” (1971), filosofiýa ylymlarynyň doktory Gylyç Mülliýewiň “Magtymgulynyň eserinde sada materializmiň we özakymly dialektikanyň käbir meseleleri” (1959) hem-de filosofiýa ylymlarynyň kandidaty Ýomut Hojaýewiň işlerinde filosofiki we etiki meseleler düýpli derňelýär.

Filosofiýa ylymlarynyň doktorlary N.Baýramsähedow, T.Hydyrow, G.Akmyradow, D.Ataýew, Ş.Nuryýew, B.S.Şanyýazowa, M.A.Atajanowa, O.S.Rejepowa, O.Danagulyýew, G.B.Akynyýazow, Ý.Öwlýägulyýew we beýlekiler, sosiologiýa ylymlarynyň doktory, professor Ö.B.Muhammetberdiýew, psihologiýa ylymlarynyň doktory, professor B.Basarow, filosofiýa ylymlarynyň kandidatlary H.Bekmyradow, A.Rahmanow, T.Baýarow, D.Bekiýew, Ý.Möjekow,

M.Garygulyýew, A.A.Burynow, S.Nazarowa, A.Baýgeldiýew, J.Mämmedow, A.T.Nurberdiýewa, A.A.Garlyýewa, O.S.Ezimowa, T.Orazow, I.Ymamgulyýewa, M.Annanurow, D. Babaýew, A.Haýydow, Ş.A.Atajanowa, M.Hanaýewa, P.Aýdogdyýew, N.Berdigylyjowa, F.Ylýasow, M. Çaryýewa, W. Mollakow, A. Pälwanowa, B.Karaýew we beýlekiler, şeýle hem taryh ylymlarynyň doktory A.Rejepow, taryh ylymlarynyň kandidatlary Ç.Öwezberdiýew, G.Kärizow, K.Annagulyýew, A.Gurbanow, N.Suwhanow, sosiologiýa ylymlarynyň kandidaty R.A.Agabaýew, syýasy ylymlaryň kandidaty G.B.Geldiýewa, ýazyjy we publisist H.Durdyýew, ýazyjy O.Ödäýew, etnograf S.Demidow, edebiýatçy alym M.Amansähedow dagylar özleriniň XX asyryň 70-nji-90-njy ýyllarynda ýazan ylmy we ylmy-populýar işlerinde Türkmenistanda jemgyýetçilik-syýasy durmuşyň, ruhy medeniýetiň we milli aňyň ösüş aýratynlyklary hem-de beýleki wajyp sosial-filosofik meseleleri derňediler.

## SÖZSOŇY

Şunuň bilen biz paýhas dünýäsi hasaplanylýan filosofiýanyň dürli meselelerine, onuň çäginde öňe sürülýän dürli garaýyşlara, taglymatlara we onuň uzak taryhy baradaky gürrüňleri jemleýäris. Elbetde, 2500 ýyllyk taryhy bolan filosofiýanyň hemme meseleleri dogrusynda bir kitabyň çäginde jikme-jik gürrüň bermek aňsat iş däl. Asla şeýle wezipäni amala aşyrmak okuw kitaplarynyň we gollanmalarynyň esasy maksady hem hasaplanylmaýar. Olaryň baş maksady talyby, okuwçyny degişli ylmyň esaslary bilen tanyşdyrmakdan ybarat. Galyberse-de, filosofiýa doly manysynda ylym däl-de, ylym bilen ylmy däl dünýägaraýyşlaryň aralygynda ýerleşip, olary özara sazladyryjy özboluşly bir sungatdyr. Islendik sungat üçin bolsa, abstraktlyk mahsusdyr. Edil şol bir saz eseriniň dürli adamlar tarapyndan dürli hili düşünilip, dürli hili kabul edilişi ýaly, filosofiýanyň meseleleri babatynda hem dürli adamlaryň dürli garaýyşlary, has dogrusy, her bir adamyň hut onuň özüniň ykrar edýän filosofiýasy bolup biler.

Emma filosofiýa öz garaýan meselelerine takyk ylymlar ýaly gutarnykly we kesgitli jogap berip bilmeýänligine garamazdan, ol adamzady elmydama gyzyklandyrýan, ähmiýeti hiç haçan peselmejek ömürbaky meseleler bilen iş salyşýanlygy üçin hemmeleri özüne maýyl edýän sungatdyr, dünýägaraýyşdyr.

# MAZMUNY

Sözbaşy ........................................................................................... 7

## I bölum
## UMUMY FILOSOFIÝA

### Birinji bap
### Filosofiýa giriş

1.1. Filosofiýa – paýhasa söýgi ............................................................ 9
1.2. Filosofiýanyň predmeti ................................................................ 11
1.3. Filosofiýa we dünýägaraýyş............................................................ 13
1.4. Filosofiýanyň meseleleri ............................................................... 15
1.5. Filosofiýa metodologiýa (usulyýet) hökmünde. Filosofiýa we beýleki ylymlar.......................................................................... 18
1.6. Filosofiýanyň funksiýalary............................................................. 19
1.7. "Filosofiýa" kursunyň ýokary okuw mekdeplerinde öwrenilmeginiň ähmiýeti ........................................................................ 20
1.8. Filosofiýanyň beýleki okuw dersleri bilen arabaglanyşygy................ 22

### Ikinji bap
### Ontologiýanyň esaslary

2.1. Barlyk näme? .................................................................................. 23
2.2. Materiýa we ol hakyndaky garaýyşlaryň köpdürlüligi ....................... 28
2.3. Hereket we onuň görnüşleri ........................................................... 34
2.4. Giňişlik we wagt .............................................................................. 37
2.5. Materiýanyň, hereketiň, giňişligiň we wagtyň birligi......................... 38
2.6. Kanun düşünjesi. Filosofiýanyň esasy kanunlary we kategoriýalary..................................................................................... 39
2.7. Kategoriýalar hakynda umumy düşünje ............................................ 40

2.8. Ählumumy arabaglanyşyk we özara täsir ........ 42
2.9. Ýekeleýinlik, aýratynlyk we umumylyk ........ 44
2.10. Sistema we element. Bölek zat we bitewi zat ........ 46
2.11. Mazmun, struktura we forma ........ 48
2.12. Düýp mazmun we hadysa ........ 50
2.13.Sebäp we netije ........ 51
2.14. Zerurlyk we tötänlik ........ 53
2.15.Mümkinlik, hakykat we ähtimallyk ........ 56
2.16. Ösüşiň dialektikasy we kanunalaýyklyklary ........ 58
2.17. Gapma-garşylyk ........ 59
2.18. Hil, mukdar, olçeglilik we böküş ........ 60
2.19. Inkär etme we onuň ösüşdäki orny ........ 63

**Üçünji bap**
**Filosofik antropologiýanyň esaslary**

3.1. Filosofik antropologiýa ........ 66
3.2. Adam hakynda umumy düşünje ........ 67
3.3. Adamda biologiki we sosial zadyň mynasybeti ........ 69
3.4. Adamyň Älemdäki orny. Adam we adamzat ........ 70
3.5. Indiwid we şahsyýet ........ 71
3.6. Pikirlenme we gepleşik dili. Dilleriň görnüşleri ........ 73
3.7. Özara habarlaşma ........ 75
3.8. Aň we onuň tebigaty ........ 76
3.9. Ruh, jan, ten we akyl ........ 82

**Dördünji bap**
**Gnoseologiýanyň esaslary**

4.1. Akyl ýetirilişiň düýp mazmuny we ähmiýeti ........ 84
4.2. Dünýäniň akyl ýetirerlikligi baradaky meselede optimizm, agnostisizm we skeptisizm ........ 84
4.3. Akyl ýetirilişiň görnüşleri ........ 86
4.4. Akyl ýetirilişiň subýekti, obýekti we predmeti ........ 89
4.5. Akyl ýetiriliş we praktika (tejribe) ........ 90
4.6. Akyl ýetiriş işine itergi beriji ideallaýyn häsiýetli güýçler ........ 91
4.7. Hakykylyk, azaşmaklyk, ýalňyşlyk we ýalan ........ 93

4.8. Hakykylygyň absolýutlygy we otnositelligi ........................................ 94
4.9. Hakykylygyň obýektiwligi we subýektiwligi ...................................... 95
4.10. Hakykylygyň konkretligi ........................................................................ 95
4.11. Praktika hakykylygyň kesgitleýji ölçegi hökmünde ............................ 96
4.12. Akyl ýetirişiň duýgulaýyn, rasionallaýyn, empiriki
we teoretiki derejeleri ...................................................................................... 97
4.13. Ylmy barlaglaryň metodlary .............................................................. 103
4.14. Akyl ýetiriliş işinde intuisiýanyň, fantaziýanyň we göz öňüne
getirmeleriň orny ........................................................................................... 105
4.15. Subutetmeler we ret etmeler .............................................................. 107

**II bölüm**

**SOSIAL FILOSOFIÝA**

**Bäşinji bap**
**Sosial filosofiýa giriş**

5.1. Sosial filosofiýa umumy filosofiýanyň düzüm bölegi hökmünde.
Sosial filosofiýa we beýleki jemgyýetçilik ylymlary ................................ 108
5.2. Jemgyýet sosial filosofiýanyň predmeti hökmünde.
"Jemgyýet" düşünjesi ..................................................................................... 110
5.3. Jemgyýetiň esasy gurşawlary .............................................................. 111
5.4. Jemgyýetiň ösüş basgançaklary ........................................................... 112
5.5. Jemgyýetçilik durmuşynda subýektiwliligiň
we obýektiwliligiň mynasybeti ...................................................................... 113

**Altynjy bap**
**Ykdysady filosofiýa**

6.1. Ykdysadyýet we onuň döreýşi ............................................................. 116
6.2. Ykdysady sistemalar .............................................................................. 118
6.3. Eýeçilik ideýasy we eýeçilik gatnaşyklary ......................................... 121
6.4. Adam, adam zähmeti. Adam ykdysady gatnaşyklar
sistemasynda .................................................................................................. 123
6.5. Pul we onuň esasy funksiýalary ............................................................ 127
6.6. Ykdysadyýet we döwlet ......................................................................... 130
6.7. Maddy önümçiligiň iki tarapy. Öndüriji güýçler
we önümçilik gatnaşyklary ............................................................................ 133

## Ýedinji bap
## Syýasy filosofiýa

7.1. Syýasat ........ 137
7.2. Syýasy sistemada döwletiň orny ........ 138
7.3. Döwletiň düýp mazmuny ........ 141
7.4. Syýasy häkimiýet ........ 142
7.5. Häkimiýetleriň bölünişigi ideýasy we häkimiýet institutlary ........ 143
7.6. Hukuk ideýasy we hukuk häkimiýeti ........ 145

## Sekizinji bap
## Jemgyýetiň sosial durmuşy

8.1. Jemgyýetiň sosial gurluşy ........ 148
8.2. Jemgyýet we adamzat ........ 150
8.3. Millet we onuň düýp mazmuny ........ 151
8.4. Maşgala we nika ........ 153
8.5. Demografik meseleler ........ 155

## Dokuzynjy bap
## Jemgyýetiň ruhy-medeni durmuşy

9.1. Jemgyýetçilik aňy ........ 157
9.2. Jemgyýetçilik aňynyň düzümi ........ 159
9.3. Jemgyýetçilik aňynyň formalary we olary çäklendirmekligiň ölçegleri ........ 164
9.4. Diniň filosofiýasy ........ 167
9.5. Ahlak aňy ........ 172
9.6. Medeniýet we sungat ........ 175

## Onunjy bap
## Taryhyň filosofiýasy

10.1. Halk taryhy esasy dörediji güýç hökmünde ........ 181
10.2. Mähelle we onuň psihologiýasy ........ 183
10.3. Taryhda şahsyýetiň orny ........ 184
10.4. Taryhyň manysy hakynda ........ 185
10.5. Taryhy progres hakynda ........ 187

## III bölüm

## FILOSOFIÝANYŇ TARYHY

### On birinji bap
### Filosofiýanyň taryhynyň esasy döwürleri we häzirkizaman filosofiýasynyň esasy ugurlary

11.1. Gadymy hindi we gadymy hytaý filosofiýasy ................................ 189
11.2. Gadymy grek filosofiýasy ........................................................... 191
11.3. Afin mekdebi – Sokratyň, Platonyň, Aristoteliň taglymatlary ........ 192
11.4. Ellin-rim filosofiýasy................................................................... 196
11.5. Orta asyr filosofiýasy .................................................................. 200
11.6. Orta asyr musulman dünýäsiniň filosofiýasy ................................ 203
11.7. Galkynyş (Renessans) döwrüniň filosofiýasy ................................ 208
11.8. Täze döwrüň filosofiýasy ............................................................ 215
11.9. Fransuz Magaryfçylygynyň filosofiýasy ....................................... 222
11.10. Nemes klassyky filosofiýasy ...................................................... 225
11.11. Marksistik filosofiýa .................................................................. 236
11.12. XIX-XX asyrlaryň rus marksistik filosofiýasy
we günbatar filosofiýasy ................................................................... 241
11.13. XVIII-XIX asyrlarda ýaşan türkmen akyldarlarynyň
filosofiki garaýyşlary......................................................................... 246
11.14. XX asyryň filosofiýasynyň esasy ugurlary
we aýratynlyklary.............................................................................. 253
11.15. XX asyrda Türkmenistanda filosofiýa ylmynyň ösüşi ................. 264

Sözsoňy ............................................................................................ 266

*Öwezdurdy Berdiýewiç Muhammetberdiýew, Nurýagdy Suwhanow*

# FILOSOFIÝA

Ýokary okuw mekdepleri üçin synag okuw kitaby


| | |
|---|---|
| Redaktory | *M.Jemilow* |
| Surat redaktory | *T.Aslanowa* |
| Teh. redaktory | *T.Aslanowa* |
| Suratçy | *Ý.Peskowa* |
| Neşir üçin jogapkär | *S.Süleýmanow* |

Ýygnamaga berildi 13.08.2010. Çäp etmäge rugsat edildi 31. 01.2011.
Möçberi 60x90 $^1/_{16}$. Ofset kagyzy. Edebi garniturasy.
Ofset çap ediliş usuly. Hasap-neşir listi 13,0.
Çap listi 17,0. Neşir № 51. Sargyt № . Sany 10 000.

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň “Ylym” neşirýaty.
744000. Aşgabat, Türkmenbaşy şaýoly, 18.